**B. Meredow**

# ATÇYLYK

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 378.636.1
M 41

**B. Meredow.**
M 41 **Atçylyk.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

Atçylyk okuw kitabynda ýurdumyzda ahalteke we ýomut atçylygyny ösdürmek we olaryň halkara abraýyny galdyrmak boýunça Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe alnyp barylýan döwlet işleri we maksatnamalary öz beýanyny tapýar.

Atçylyk okuw kitaby atlaryň gelip çykyşy, öýdekileşdirilişi, syna beden (eksterýer) we biologik aýratynlyklary, atlaryň tohumlary we halk hojalygyndaky ähmiýeti, tutýan orny, häzirki döwrüň talabyna görä atlary köpeltmegiň seçgi – tohumçylyk işleri we netijede atlaryň hilini kämilleşdirmegiň ýollary, türkmen atçylygynyň dünýäniň medeni atçylygyna täsiri we atçylyga degişli beýleki derwaýys meseleleri öwrenmegi öz öňünde wezipe edip goýýar. Kitapda Türkmenistanyň şertlerinde ahalteke we ýomut atlaryny seýislemegiň we aýlawlarda çapdyrmagyň, milli at üstündäki we sirk oýunlarynda, atly ýörişlerde, atly syýahatda we dynç alyş ýerlerde, milli baýramçylyklarda we medeni çärelerde ulanmagyň, halkara ýaryşlaryna gatnaşmagyň tertibini we usullaryny öwrenmeklige aýratyn üns berilýär.

Kitap ýokary okuw mekdepleriň talyplary üçin niýetlenip, atçylykda işleýän hünärmenler, seýisler we at söýüjiler üçin hem gollanma bolup biler.

TDKP № 208, 2012 KBK 46.11 ýa 73

© B.Meredow, 2012.



TURKMENISTANYN PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TURKMENISTANYN DOWLET TUGRASY**



**TURKMENISTANYN DOWLET BAYDAGY**

# TURKMENISTANYN DOWLET SENASY

Janym gurban sana, erkana yurdum,
Mert pederlen ruhy bardyr konulde,
Bitarap, garaşsyz topragyn nurdur,
Baydagyn belentdir dunyan onunde.

*Gaýtalama:*

Halkyn guran Baky beyik binasy,
Berkarar dowletim, jigerim-janym,
Başlaryn taji sen, diller senasy,
Dunya dursun, sen dur, Turkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir bizin ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller doş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyn guran Baky beyik binasy,
Berkarar dowletim, jigerim-janym,
Başlaryn taji sen, diller senasy,
Dunya dursun, sen dur, Turkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Döwlet adam üçindir" diýen syýasatyndan ugur alyp, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde ýakyn ýyllar üçin esasy maksat ýurdumyzyň durmuş – ykdysady ýagdaýyny we halkymyzyň maddy we medeni ýaşaýyş durmuşyny yzygider gowulandyrmaga ugrukdyrylandyr.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk zamanasynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt baştutanlygynda Turkmenistan gülläp ösýar, halkymyz eşretli durmuşda ýaşaýar. Ak mermere bürelen ajaýyp binalar gurulýar, gurulan we gurulýan awtomobil we demir ýollary, halkara gaz geçirijileri ýurdumyzy Ýewropa we Aziýa ýurtlary bilen söwda we dostlukly aragatnaşyklary saklamaga kömek edýär, halkymyzyň peýdasyna işleýär. Türkmenistanyň halk hojalygynda ylymda, bilimde, halkymyzyň ýaşaýyş durmuşynda gazananlaryny bütin dünýä ykrar edýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz" atly kitabynda "Gadymy türkmen topragyna XXI asyrda gelen Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ahalteke bedewi Türkmenistanyň dünýä arenasynda tutýan mynasyp ornuna we abraýyna laýyk gelýän hormat münberine çykýar" diýip örän ýerlikli belleýär. Şu jähtden ugur alyp, atçylyk pudagynda işleýän atşynas hünärmenleriň, seýisleriň, maldarçylyk we atçylyk hünärleri boýunça okaýan talyplaryň öňünde Türkmenistanyň ahalteke atçylygynda önümçiligi döwrebap derejede guramagy, ahalteke tohum atlarynyň asyl bedew keşbini yzygider kämilleşdirmegi, atlary hojalyk işlerinde we medeni çärelerde, milli at üstündäki oýunlarda, atly sirkde we atçylyk sportuň nusgawy

görnüşlerinde köpçülikleýin ulanmagy we önümçilige ornaşdyrmagy çuňňur öwrenmek ýaly wezipeler durýar.

Bäş müň ýyl taryhy bolan ahalteke tohum atlary türkmen halkynyň milli mirasy, guwanjy, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň baýlygy bolup durýar.

Atçylyk diýlip umumy bir düşünjä, ýagny jynsy taýdan arassa atlary köpeltmegi, saklamagy we idetmegi, ösdürip ýetişdirmegi we ulanmagy öz içine alýan halk hojalygynyň peýdaly pudagyna aýdylýar.

At we atçylyk türkmen halkynyň taryhy geçmişinde ata Watany keseki basybalyjylardan gorap saklamakda we olaryň gündelik ýaşaýyş durmuşynda bahasyna ýetip bolmajak öňdebaryjy harby we hojalyk ulag serişdesi bolup hyzmat edipdir. Türkmenler at saklamagyň we olary köpeltmegiň, atlary ösdürip ýetişdirmegiň, seýislemegiň, harby işlerde ulanmagyň we atlary çapdyrmagyň tilsimlerini dünýä halklarynyň arasynda ilkinji bolup gowy bilipdirler. At çapyşyklary, türkmen milli at üstündäki oýunlary, ilkinji at eýer esbaplary gadymy döwürlerde ilkinji gezek türkmenlerde döräp, soňra olar dünýäniň beýleki ýurtlaryna-da ýaýrapdyr. At adamlar bilen bir hatarda uly sport ýaryşlaryna, şol sanda halkara we Olimpiýa oýunlaryna gatnaşýan ýeke-täk öý haýwanydyr.

At münmek, at oýnatmak we at çapmak batyrlygy, ugur tapyjylygy, çalasynlygy, ýaşlarda edermenligi we watansöýüjiligi terbiýeleýär.

At münmek taýýarlygy Watany goraýan serhetçi esgerlere-de gerekdir. At bilen ysnyşykly gatnaşykda bolmak adamlarda ata bolan ýakyn duýgyny, şeýle-de ynsanperwerligi oýandyrýar. At münmek, atly syýahat – gezelençler etmek bedeniňi sagdyn terbiýelemäge, akyl-paýhasyňy durlamaga, medeniýetli dynç almaga kömek edýär.

Türkmenistanda ahalteke tohum atlaryny köpeltmek we olaryň hilini gowulandyrmak boýunça Halkara atçylyk sport toplumy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy, Aşgabadyň we welaýatlaryň atçylyk sporty toplumlary, S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke athanasy, Marynyň döwlet (Lebap bölümçesi bilen birlikde) athanasy, Ruhabat etrabynyň “Garadaşaýak”,“Akdaşaýak”

daýhan birleşikleriniň tohum atçylyk athanalary, Gäwers etrabynyň M.Sopyýew adyndaky Oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň atçylyk athanasy, Ahal we Mary welaýatlarynyň ýüzlerçe hususy kärhanalary uly işleri alyp barýarlar. “Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň ýanyn-da Atçylyk sporty merkezi, milli at üstündäki oýunlary boýunça “Galkynyş” atly topary we Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynda atçylyk sportuň nusgawy görnüşleri boýunça bölümler hereket edip, ol ýerde ýüzlerçe ýaşlar atly türgen, çapyksuwar we mil-li at üstündäki oýunlar boýunça hünär ussatlygyny kämilleşdirýärler.

Ýomut atlaryny köpeltmek işlerini Daşogzuň döwlet athanasy we onlarça hususy atçylyk kärhanalary alyp barýarlar.

Weterinar lukmanlary, maldarçylyk we atçylyk boýunça iş-lär ýaly ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda, atçylyga de-gişli ylmy işleri alyp barmakda we önümçilige ornaşdyrmakda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti oba hoja-lyk hünärmenleriň mekdebidir.

Çapyksuwarlaryň, atçy türgenleriň we ýaşlaryň müňlerçesi welaýatlaryň döwlet atçylyk athanalarynda bar bolan atçylyk sporty bölümlerde, döwlet aýlawlarynda at münmek, at işletmek, atlary sport ýaryşlaryna türgenleşdirmek we at çapmak ýaly işler bilen meşgullanýarlar atlaryny bolsa Halkara atçylyk sporty we at çapyşyk ýaryşlaryna, milli at üstündäki oýunlary boýunça çykyşlara, ýurdu-myzda geçirilýän atly-sport baýramçylyklaryna we atly dabaraly ýörişlere taýýarlaýarlar we üstünlikli çykyş edip halkymyza ruhy lezzet berýärler. Halkara atly sport ýaryşlaryna, uzak aralyklara at çapyşyklaryna, atly dabaralara we sirk oýunlaryna gatnaşyp üstün-likli çykyşlar etmek bilen, bedewlerimiziň we Berkarar döwletli eziz diýarymyzyň abraýyna – abraý, şöhratyna – şöhrat goşýarlar. “Türk-men atlary” döwlet birleşiginiň ýanynda Atşynas hünäri okuwlary hereket edýär. Ol okuwlarda ýaşlarymyz çapyksuwar we at üstündäki oýunlary boýunça türgenleşmek bilen hünär öwrenýärler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň hut özi yzygider at münmek we sportuň dürli görnüşleri boýunça tür-genleşmek bilen ýaş nesle uly görelde görkezýär hem-de uly guwanç

bilen “Gelejekde buýsanjymyza buýsanç goşýan, köňüllerimize ylham berýän bedew atlarymyz hakynda döwlet derejesinde edilýän aladalar birjik-de gowşadylmaz” diýip belleýär. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda çykaran karary esasynda 2008-nji ýylyň oktýabr aýyna çenli Türkmen döwlet merkezi aýlawynyň dürky täzelendi, onuň töweregindäki ýanaşyk ýerler abadanlaşdyryldy. Döwletimiziň paýtagty gözel Aşgabadymyzda halkara ülňülerine laýyk gelýän döwlet aýlawynyň bolmagy türkmen atşynaslygynyň ösüp örňemeginde, milli we halkara derejeli atly sport ýaryşlaryny, at çapyşyklaryny guramakda, ýurdumyzda bellenilip geçilýän ähli milli baýramlarymyzyň has-da dabaraly geçirilmegine bahasyna ýetip bolmajak ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň ilaty we diýarymyza dünýäniň dürli döwletlerinden gelýän myhmanlar bu ýerde behişdi bedewlerimiziň gözelligini ýakyndan synlap, egsilmez ruhy lezzet alýarlar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ak pata bermeginde 2009-njy ýylyň 26-njy aprelinde, ýagny ýurdumyzda milli Bedew baýramçylygynyň bellenýän gününde Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynda, sebitde iň uly Halkara atçylyk sport toplumynyň düýbi tutuldy. Bu ajaýyp häzirkizaman atçylyk toplumy 90 ga meýdany tutýar. Ol ýerdäki aýlawyň tomaşaçylar üçin münberi 7000 orunlyk bolup, olaryň 2000 orny at çapyşyklaryny söýüjiler üçin hemme amatlyklary döredilen ýokary derejeli, aýnalanan tomaşa etmäge oňaýly münberlerdir (1-nji surat). Halkara atçylyk sport toplumynda giň we ýagty athanalaryň 10-usy bolup, olarda 400 sany çapuw we sport atlary saklanar. Şol gün bir wagtyň özünde Balkan, Daşoguz, Mary we Lebap welaýatlarynda hem atçylyk medeni – sport toplumlarynyň düýbi tutuldy.

2011-nji ýylyň 24-nji aprelinde Türkmen bedewiniň baýramçylyk güni hormatly Prezidentimiz uly dabara bilen Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda häzirkizaman atçylyk sport toplumlarynyň ulanylmaga berilmegine ak pata berdi. Welaýatlarda gurlan häzirkizaman atçylyk sport toplumlary türkmen halkynyň gadymdan

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***Dünýä meşhur ahalteke atlary halkymyzyň göz-guwanjydyr, buýsanjydyr. Biz şeýle gymmatlyklarymyzyň bardygyna guwanmalydyrys we ony juda aýap saklamalydyrys.***



gelýän ajaýyp däplerini – milli atçylyk we seýisçilik sungatyny, türkmen at çapyşyklaryny Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täze belentliklere götermäge uly mümkinçilikleri döredýär. Welaýat atçylyk toplumlarynyň ýanynda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen welaýat döwlet ahalteke athanalary döredildi. Munuň özi hemme welaýatlarda ahalteke atçylygyny ösdürmäge, ýurdumyzyň ahalteke atlarynyň köpeldiliş çaklerini giňeltmäge ýardam eder. Höwesjeň atşynaslaryň, seýisleriň we çapyksuwarlaryň täze nesliniň kemala gelmegine uly itergi berer.

2011-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhammedow ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramçylygyna bagyşlanyp geçirilen dabaraly günde Halkara atçylyk sport toplumynyň ulanylmaga berilmegine ak pata berdi. Köpetdagyň eteginde ajaýyp jülgede ýerleşen toplumda halkara ülňülerine laýyk gelýän abzallaşdyrylan we enjamlaşdyrylan çapuw we seýisçilik ýodalary, tomaşaçylar, janköýerler üçin hemme amatlyklary bolan ýedi müň orunlyk münber, atçylyk sporty we milli at üstündäki oýunlaryň türgenleşik işlerini we ýaryşlaryny geçirer ýaly açyk we ýapyk meýdançalar, sirk jaýy bar. Şonuň ýalyda çapuw we sport atlaryny gowy şertlerde saklap ideg eder ýaly, seýisläp çapdyrmak, atlaryň saglygyny gözegçilikde saklamak üçin hemme şertler döredilendir (1-nji surat).

Hormatly Prezidentimiziň gurdurup beren Halkara atçylyk sport toplumy ahalteke atçylygynyň görelde mekdebine, halkara merkezine öwrüldi.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk zamanasynda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde türkmen atçylygy halkara derejesinde giň gerimlere eýe bolýar. Halkara ahalteke assosiasiýasyny döretmek barada halkara maslahatyny geçirmek hakyndaky Karary esasynda 2010-njy ýylyň 14-15-nji awgustynda Aşgabatda geçirilen Halkara maslahat türkmen atçylygyny, onuň ösüşini täze hil derejesine çykardy. Maslahat dünýä ahalteke atçylygynyň taryhyna altyn sahypa bolup girdi.

Hormatly Prezidentimiz maslahata gatnaşyjylara ýüzlenmesinde “Ahalteke bedewleri hakykatda iň aňrybaş nusgalyk hökmünde dürli





**1-nji surat. Halkara atçylyk sport toplumynyň baş derwezesi (ýokarda) we tomaşaçylar üçin 7000 orunlyk münberi (aşakda).**

döwürlerde dünýäniň çar künjüne ýaýrapdyr. Munuň esasy sebäpleri bolsa, bir görende özüne bendi edýän, ýelden ýüwrük, gamyşgulak, düşbi eýesine wepaly bedewlerimiziň gaýtalanmajak nusgalygyna uly hyrydarlygyň hiç wagt peselmänligidir.

Türkmen Diýary ahalteke bedewleriniň watany hökmünde bütin dünýäde tanalýar. Dünýä meşhur ahalteke atlary halkymyzyň göz-guwanjydyr, buýsanjydyr. Biz şeýle uly gymmatlyklarymyzyň bardygyna guwanmalydyrys we ony juda aýap saklamalydyrys" diýip belleýär.

Hormatly Prezidentimiz Halkara ahalteke assosiasiýasynyň esasy maksadyny we wezipelerini türkmen halkynyň dünýä medeniýetine goşan baş gymmatlyklarynyň biri bolan ahalteke atlarynyň arassa ganlylygyny saklap galmak we dünýäde atlaryň şan – şohratyny has-da ardyrmak; daşary ýurtlardaky ahalteke atçylyk assosiasiýalaryny bir gurama birikdirmek; daşary döwletlerde we ýurdumyzda bar bolan ahalteke atlarynyň gelip çykyşynyň şübhesizligini halkara derejeli barlaghananyň üsti bilen anyklanmak we halkara derejesinde arassa ganly ahalteke atlarynyň takyk hasabatynyň ýöredilişine gözegçilik etmek; halkara derejesinde atly-sport ýaryşlaryny guramak we şol ýaryşlara atşynaslaryň guramaçylykly gatnaşmaklaryna ýardam etmek; halkara atçylyk guramalary bilen tejribe alyşmak arkaly hünärmenleriň bilim we hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak; ahalteke atlarynyň syn sypatyny has-da kämilleşdirmek üçin arassa ganly tohum atlaryň genofondyny gorap saklamak we nesil ugrunyň gerimini giňeltmek ýaly wezipelerden ybaratdyr.

Berkarar döwletimizde türkmen ahalteke bedew atçylygyny ösdürmekde edilýän işler Halkara ahalteke assosiasiýasynyň döredilmegi we onuň Prezidentligine Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň biragyzdan saýlanmagy, onuň edara jaýynyň gözel paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşmegi – milli at çapyşyklarymyzyň, türkmen milli at üstündäki oýunlarymyzyň, milli baýramçylyklarymyzyň we toý-tomaşalarymyzyň bezegi – ahalteke tohumly bedew atlarymyzyň şan-şöhratyny bütin dünýä giňden ýaýmaga ak ýoldur.

“Türkmenistan sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy” kitabynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow “Biziň ýöredýän syýasatymyzyň baş maksady jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini wagz etmekden we sagdyn bedenli, belent ruhly nesilleri kemala getirmekden ybaratdyr. Biz sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurduny gurýarys” diýip örän ýerlikli belleýär.

At münmek, at çapmak, at oýnatmak, atly syýahat gezelençler etmek adamlarda berk bedenliligi we edermenligi, batyrlygy, çalasynlygy umuman sagdyn jemgyýeti terbiýelemäge kömek edýär, ruhy lezzet berýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda bar bolan ýedi sany atçylyk sport toplumlarda, ýüzlerçe döwlet we hususy atçylyk kärhanalarda müňlerçe ýaşlarymyz işlemek bilen olar atçylyk, at münmek, at seýislemek, at çapmak ýaly işler bilen meşgullanýarlar, özleriniň hünär ussatlyklaryny kämilleşdirýärler.

## Garaşsyzlyk zamanasyna çenli Türkmenistanda atçylygyň ýagdaýy

Gadym zamanlardan başlap orta asyrlarda we ondan soňraky döwürlerde türkmenleriň ýaşaýyş durmuşynda at we atçylyk örän uly ähmiýete eýe bolupdyr. Her bir türkmeniň öz hojalygynda hususy atlary bolup, olary hojalyk işlerinde müngi aragatnaşyk ulagy, harby ulag serişdesi hökmünde ulanypdyrlar. Türkmen atçylygynyň ýene-de bir aýratynlygy atlary işiginde saklap olary howlusynda köpeldipdirler hem-de ösdürip ýetişdiripdirler. Atlary ýylboýy örüde saklap sürüde köpeltmek usuly türkmenleriň arasynda giň ýaýramandyr.

Türkmenler Russiýa patyşalygyna birikdirilen döwründen başlap türkmen atçylygy pese gaçyp başlaýar. Ahalteke we ýomut atlarynyň bir bölegi şol döwürdäki rus atçylygyny gowulandyrmak maksady bilen günorta Russiýa äkidilýär. 1914 – 1918-nji ýyllarda birinji jahan urşy döwründe atlarymyzyň bir bölegi päleçilige alnyp, rus atly kawaleriýasy bilen günbatara – birinji jahan urşuna ugradylýar. 1917-nji ýylda rus patyşalygy ýykylyp, hökümet başyna Sowetler (bolşewikler) geçenden soň we soňra başlanan ak gwardiýaçylaryň we iňlisleriň basypalyjy, raýatlyk urşy we netijede emele gelen bulam-

bujarlyk ýyllarynda, türkmen atçylygy ýene-de uly ýitgilere sezewar bolýar. Ak gwardiýaçylar Bekrewedäki ahalteke atçylyk athanasyndan 60 baş saýlama atlary Demirgazyk Kawkaza äkidipdirler. Ilkiler baý diýlip tohum atlar eýeleriniň elinden zorlanyp alnypdyr. At eýeleri bolsa uzak we gazaply ülkelere sürgün edilýär. 1930-njy ýyllarda obalaryň tutuşlaýyn umumylaşdyrylmasy döwründe ýekebara daýhan hojalyklaryň bar bolan atlarynyň hemmesi zoraýakdan ellerinden alnyp ortalaşdyrylyp, täze gurlan kolhozlara, sowhozlara iberilýär. Şol ýyllarda ahalteke we ýomut atlarynyň bir bölegi Türkmenistandan Russiýanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň ýerli atlarynyň tohumyny gowulandyrmak üçin Çelýabinskä (Kegen atçylyk athanasyna), Gazagystanyň Jambyl atçylyk athanasyna, Demirgazyk Kawkaza we Özbegistana geçirilýär. Ol atlar ikinji jahan urşunyň başlanmagy bilen atly kawaleriýa alynýar, galanlary baran ýerlerinde ýitip gidýär. Şolardan soňra Gazagystanyň Lugowoýe athanasyna geçirilen atlaryň bir bölegi galýar.

Beýik watançylyk urşy ýyllarynda hem türkmen atçylygy uly ýitgä sezewar bolýar. Käbir maglumatlara görä, Türkmenistandan on iki müň at Beýik Watançylyk urşuna atly goşuna ugradylýar. Türkmen atly diwiziýasy General Ýakup Kulyýewiň ýolbaşçylygynda 1941-nji ýylda Moskwa şäheriniň eteginde söweşip Moskwany basybalyjylardan goraýar.

1986-njy ýyla çenli Türkmenistanda raýatlaryň hususy hojalyklarynda baýtal süýdüni we at etini öndürmek üçin diňe Balkan welaýatynda taýly baýtal saklamaga rugsat edilýärdi. Hususy hojalyklara ahalteke we ýomut tohum atlaryny saklamak we döwlet aýlawlarynda çapdyrmak gadagandy.

Geçen XX asyrda Türkmenistanda atçylygyň ýagdaýy aşakdaky maglumatlarda getirilýär. 1916-njy ýylda Türkmenistanyň öňki Zakaspiý welaýatynda degişli böleginde K.I.Gorelowyň maglumatlaryna görä, 96 müň at bar ekeni. Bulardan daşary 1912-nji ýylyň maglumatyna görä, Daşoguz sebitinde 36 müň at bar ekeni (Lebap welaýatyndaky atlaryň baş sany bu hasabatlara girmeýär).

Bar bolan maglumatlara görä, Türkmenistanda dürli ýyllarda atlaryň baş sany aşakdaky ýalydyr.

| | |
|---|---|
| 1941-nji ýylda | 70 müň baş; |
| 1953-nji ýylda | 57 müň baş; |
| 1955-nji ýylda | 66 müň baş; |
| 1961-nji ýylda | 46 müň baş; |
| 1970-nji ýylda | 21 müň baş; |
| 1975-nji ýylda | 13,35 müň baş; |
| 1980-nji ýylda | 12,8 müň baş; |
| 1985-nji ýylda | 14,4 müň baş; |
| 1988-nji ýylda | 15,7 müň baş; |
| 2010-njy ýylda | 24,8 müň baş. |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, 1960 – 1980-nji ýyllarda Türkmenistanyň ahalteke we ýomut atçylygyna uly zeper ýetýär, bu bolsa atlaryň baş sanynyň örän azalmagyna getirýär.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde tohum atlaryň sany köpelýär, hili gowulaşýar. Munuň özi geljekde atlaryň at çapyşyklarda, atçylyk sportunda, türkmen milli at üstündäki oýunlarda, atly syýahat gezelençlerde giňden ulanmaga, türkmen toý-tomaşalarynda we ilatyň dynç alýan ýerlerinde atly medeni hyzmatlary etmäge uly mümkinçilikleri döredýär.

* * *

XX asyrda bütin dünýäde demirýol, awtomobil gatnawynyň, uçarlarda howa gatnawynyň ösmegi, oba hojalygynda mehanizasiýalaşdyryş ulgamynyň giňden ornaşdyrylmagy – iş maly, ýük we aragatnaşyk ulagy bolan iş ýabylarynyň baş sanynyň azalmagyna getirýär. Bar bolan maglumatlara görä, 1910-njy ýylda bütin dünýäde 94,4 mln at bar bolsa olaryň baş sany 1966-njy ýylda 67,3 mln, 1971-nji ýylda bolsa 66,3 milliona çenli azalýar. 2000-nji ýylda bütin dünýäde 55 milliona golaý at bar ekeni. Atlaryň baş sany Ýewraziýa kontinentiniň ýurtlarynda azalýar. Günorta we Demirgazyk Amerika ýurtlarynda olaryň baş sany durkuny saklaýar.

Atlary iň köp saklaýan ýurtlaryň sanawyna Braziliýa, ABŞ, Hytaý, Meksika we Russiýa ýaly ýurtlar girýär. ABŞ-da atlaryň 30

2. Sargyt № 1310

sany dürli tohumlary bar. Ýurtda 7,8 mln at bolup, olaryň 40 000-den gowragy iňlis tohumly çapuw atlardyr. Medeni atçylygyň ösen ýurtlarynyň biri-de Angliýadyr. Ol ýurtda 134 müň at bolup, olaryň 12 müňi sap arassa ganly iňlis atlarydyr. Angliýada atçylyk industriýasy gowy ýola goýlupdyr. Atlary atçylyk sportuň nusgawy görnüşlerinde we at çapyşyklarda ulanmak üçin, ýurtda 45 aýlaw hereket edýär. Şonuň ýaly-da Angliýa we Irlandiýa ýokary derejeli iňlis tohumly atlary heniz gunanka köp ýurtlara eksport – satuwlara çykarýar.

Russiýada 3,5 mln at bar. Ýurtda atlaryň baş sany azalsa-da hil taýdan gowulaşýar. Gazagystanda 1,25 mln at bolup at eti, baýtal süýdi we gymyz, ýerli ilatyň azyk üpjünçiliginde uly ähmiýete eýedir. Ýewropa kontinentinde her 1 inedördül kilometr meýdana ortaça 2 at, Balkan ýurtlarynda bolsa bu görkeziji 4 ata deňdir. Mongoliýanyň her 100 ýaşaýjysyna 184 at, Günorta Amerika ýurtlarynda her 100 adama 10 at düşýär. Braziliýa at etini iň köp öndürýän we eksporta çykarýan ýurtdur. Ýaponiýa bolsa beýleki ýurtlardan at etini iň köp satyn alýan we azyk önümçiligine sarp edýän ýurtdur. At eti ýurduň et üpjünçiliginde15 %-ini tutýar.

XX asyryň ikinji ýarymyndan we XXI asyrda atlary köpeltmegiň we ulanmagyň maksadynyň, atçylyga bolan talabyň üýtgemegi bilen, atlaryň ulanylýan ýerleri halkara derejesinde üýtgedi. Atçylyk pudagynyň ähmiýeti we atlaryň halk hojalygynda ulanylyşy dürli ýurtlarda, ykdysady şertlere görä dürli-dürli bolup, esasan, aşakdaky ýalydyr:

– harby işlerde araçäkçi esgerler üçin ulag serişdesi hökmünde ulanmak;

– müngi ulag serişdesi hökmünde we öri meýdanlarynda mal bakmakda ulanmak;

– agyr ýük çekýän atlary ýükarabalara goşup ýük çekmekde, içki hojalygara işlerde, fermalarda, daýhan hojalyklarda ulanmak, mehaniki ulag serişdeleriniň barmasy kyn bolan daglyk we uzakdaky örülerde üstüne ýük urup ýük çekmekde ulanmak;

– karetalara, faetonlara goşup medeni çärelerde ulanmak;

– azyk önümini – at etini öndürmekde we baýtal süýdüni ulanyp gymyz öndürmekde ulanmak;

– biologiýa – derman senagatynda atlar keselleriň öňüni alyş serişdelerini we bejeriş dermanlaryny, gormonal serişdeleri öndürmekde ulanylýar.

Türkmenistanyň şertlerinde, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen atçylyk medeniýetiniň, seýisçilik sungatynyň gadymylygyndan ugur alyp, ahalteke we ýomut bedew atlarymyz toý-tomaşalarymyzyň, milli baýramçylyklarymyzyň bezegi bolup, türkmen milli at çapyşyklarynda, at üstündäki oýunlarda we milli atly sirk oýunlarynda, atçylyk sportuň nusgawy görnüşlerinde, atly syýahat gezelençlerde ulanylyp, halkymyza ruhy lezzet berýär we beden taýdan sagdyn jemgyýeti terbiýelemäge kömek edýär. Ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerlerinde – medeni atly hyzmatlary amal etmekde, atçylyk sport merkezlerinde ýaşlara at münmegi öwretmekde we mümkin bolan beýleki ýerlerde atlar giňden ulanylýar.

## I bölüm

# Türkmenistanda medeni atçylygy ösdürmegiň döwlet maksatnamalary

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk binýadynyň düýbi tutulandan soň, türkmen halkynyň geçmiş taryhyndaky, ýaşaýyş durmuşyndaky we milli medeniýetindäki türkmen atynyň ägirt uly ähmiýetini nazarda tutup, soňky ýüz elli ýyllykda pese gaçan we ýitip barýan ahalteke we ýomut tohum atçylygyny gorap saklamak we olary mundan beýläk-de ösdürmek barada uly aladalar edip, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti soňky ýyllarda ýörite Permanlary we Kararlary kabul etdi.

Türkmenistanda ahalteke sap ganly we ýomut tohum atçylygyny ösdürmegiň meseleleri we geljegi Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 2003-nji ýylyň 15-nji awgustyndaky 40-njy we 2006-njy ýylyň 25-nji oktýabryndaky 57-nji kararlary bilen tassyklanan – "Türkmenistany durmuş – ykdysady taýdan ösdürmegiň 2001 – 2020-nji ýyla we 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasy" bilen kesgitlenendir. Milli maksatnamada Garaşsyz döwletimizde 2020-nji ýyla çenli atlaryň umumy baş sanyny şol sanda ahalteke we ýomut tohum atlarynyň sanyny köpeltmek göz öňünde tutulýar. Şonuň bilen bir hatarda, ahalteke we ýomut tohum atlarynyň asyl bedew nusgalyk syna – sypatyny, hilini gowulandyrmak, ösdürim taýlary, çapuw we sport atlary ösdürip ýetişdirmegiň, atlary halkara bazara çykarmagyň we halkara atçylyk sporty, marafon at çapyşyklary ýaly ýaryşlara taýýarlamagyň ylmy nukdaý nazardan esaslandyrylan öňdebaryjy usulyýetlerini we tilsimlerini atçylyk pudagyna giňden ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şu maksatlar bilen Milli maksatnamada halkara ülňülerine laýyk gelýän döwrebap Ahalteke atçylyk toplumyny gurmak, Türkmen döwlet aýlawyny döwrebaplaşdyryp we abadanlaşdyryp dikeldip gurmak, S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda dikeldiş – gurluşyk işlerini amal etmek, welaýat merkezlerinde aýlawlar gurmak, atly syýahatlary guramak we beýleki işlerde we medeni çärelerde atlary giňden ulanmak göz öňünde tutulýar.

Ilki bilen atçylyga döwlet derejesinde ähmiýet bermek we bu baradaky işleri bir ýere jemlemek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti 1990-njy ýylyň 26-njy sentýabryndaky karary bilen "Türkmen atlary" döwlet birleşigini döretdi.

1991-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky "Türkmen atlary" döwlet birleşiginiň meseleleri" baradaky (№ 439) karary bilen Türkmenistanyň Prezidenti atçylygy ösdürmegiň Garaşsyzlyk ýyllaryndaky meselelerini we geljekdäki ugurlaryny kesgitledi. Ol meseleler ahalteke we ýomut tohum atlarynyň seçgi-tohumçylyk işlerini gowulandyrmak we olaryň asyl bedew at hilini kämilleşdirmek, at çapyşyklarda, atçylyk sportunda, türkmen milli toý-baýramçylyklarynda atlary giňden ulanmak, halkara atçylyk sport ýaryşlaryna gatnaşmak, ahalteke we ýomut atlaryny, halkara bazarlaryna çykarmak we türkmen atçylygynda bar bolan beýleki gaýragoýulmasyz işleri amal etmegi göz öňünde tutýar. Kararyň on dördünji jümlesinde "Atçylyk boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak boýunça çäreleri üpjün etmeli" diýlip bellenilýär. Şeýle-de, 2003-nji ýyldan başlap "Türkmen atlary" döwlet birleşiginiň ýanynda jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda "Atşynas hünäri" okuwlary hereket edip, ol ýerde ýüzlerçe hünärmenler, çapyksuwarlar taýýarlanyldy.

Ahalteke we ýomut tohum atlaryny gorap saklamak, olaryň baş sanyny artdyrmak maksady bilen Türkmenistanyň hökümeti 1991-nji ýylyň 13-nji noýabryndaky "Ahalteke we ýomut tohumyndan bolan atlary Türkmenistanyň çäklerinden daşary çykarmagy hem-de äkitmegi gadagan etmek hakynda" (№ 450) karary bilen 1991 – 1994-nji ýyllar aralygynda ahalteke we ýomut atlaryny Türkmenistanyň çäginden daşary satmagy we çykarmagy wagtlaýynça gadagan etdi.

Atçylykda işleýän ýokary derejeli atşynas hünärmenleriň abraýyny artdyrmak we şol esasda atçylygy ösdürmekde ýokary netijeliligi gazanmak maksady bilen 1992-nji ýylyň 24-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti "Türkmenistanyň at gazanan atşynasy" diýen Hormatly atlary dakmak barada" Permana gol çekdi. Hormatly ada ilkinjileriň hatarynda seýis – atşynaslar Annaguly Kiçiýew, Babaly Taýmazow, Kakamyrat Agamyradow ýaly ady belli ussat seýisler mynasyp boldular.

Halkymyzyň geçmiş taryhynda we milli medeniýetinde türkmen bedewleriniň ägirt uly ähmiýetini göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidenti 1992-nji ýylyň 13-nji fewralyndaky “Türkmenistanyň baýramçylyklary we däpleri” (№ 302) karary bilen her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesi “Türkmen bedewiniň baýramy” diýlip yglan edildi. Milli bedew baýramçylygy döwlet derejesinde atly – sport ýaryşlary we aýdym-sazly dabaralar bilen her ýyl şowhunly bellenip geçilýär.

Türkmen halkynyň öz bedew atyna bolan sarpasynyň uludygyny bellemek bilen Türkmenistanyň Mejlisiniň 1992-nji ýylyň 19-njy fewralyndaky karary bilen döwlet Tugramyzda ahalteke atynyň şekili ýerleşdirildi. 2000-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň döwlet Tugrasyny



**2-nji surat. Ýanardag altynsöw mele at, 1991-nji ýylda doglan. Ýalkymly we Dabaraly diýen atlaryň neslinden. Ýanardag Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynyň ortasynda ýerleşdirilendir.**

Ýanardag atly altynsow mele reňkli ahalteke aty bezeýär. *(2-nji surat)* Gözel paýtagtymyzyň merkezi böleginde 2001-nji ýylda türkmen atyna bagyşlanan uly ýadygärlik oturdyldy *(3-nji surat).*

2002-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň Prezidenti "Ahalteke atçylyk toplumyny" gurmak barada karara gol çekdi. Aşgabat şäheriniň günortasynda Köpetdagyň eteginde ajaýyp jülgede gurlan Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy 2004-nji ýylda ulanylmaga berildi. Halkara ülňülerine laýyk gelýän atçylyk toplumy türkmen ýaýlasyna görk berýän, milli atşynaslygymyzyň köşgüne öwrüldi. Ol ýerde at söýüjileriň at çapyşyklaryna tomaşa eder ýaly bäş müň orunlyk münberli aýlaw hem-de myhmanlar üçin münberler bar. Atçylyk toplumda tomaşa edip dynç alar ýaly tokaýly baglar, çagalar meýdançasy we at söýüjiler at müner ýaly gezim meýdançalar bar, şeýle hem tomaşaçylar ruhy lezzet we dynç alar ýaly ähli şertler döredilendir.

Ahalteke atçylyk toplumynda atlary saklar ýaly giň we ýagty athanalaryň ýedisi bolup, olarda Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynyň ahalteke bedew atlary saklanylýar. Athanalaryň ýanynda atlary gezimde saklap otarar ýaly, bir bölegi basdyrmaly – kölegeli, giň howluly gezim meýdançalary bar.

Häzirkizaman talaplaryna gabat gelýän kämil enjamlar bilen abzallaşdyrylan weterinar barlamhana, at kesellerini anyklaýyş otagy we ahalteke atlarynyň nesil taýdan gelip çykyşyny anyklaýjy barlamhana, atlary suwa düşürer ýaly howuz we beýleki enjamlaşdyrylan we abzallaşdyrylan desgalar bar. Atçylyk toplumda atlary köpeltmegiň, ösdürip ýetişdirmegiň we çapuwlara seýislemegiň, atçylyk sportunyň nusgawy görnüşlerine we milli at üstündäki oýunlaryna ahalteke atlaryny türgenleşdirmegiň öňdebaryjy usulyýetleri ornaşdyrylandyr.

Ol ýere waspy, şan-şöhraty äleme dolan ahalteke bedew atlaryny synlamaga dünýäniň çar tarapyndan myhmanlar gelýärler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy häzirki wagtda ahalteke sap ganly tohum atlarynyň halkara merkezine, türkmen atçylygynyň we atşynas hünärmenleriniň nusgalyk mekdebine öwrüldi.



**3-nji surat. Ahalteke bedewleriniň hormatyna Aşgabat şäherinde gurlan ýadygärlik. Heýkeltaraş Saragt Babaýew**

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan düýbi tutulan Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen atçylyk we seýisçilik sungaty täzeden dikeldildi, ol halkara arenasyna çykýar. Hormatly Prezidentimiziň goldaw we hemaýat bermeginde türkmen atşynaslary ahalteke bedew atlary bilen uly halkara çapuw ýaryşlaryna, marafon at çapyşyklaryna, atlaryň halkara sergilerine we atly şüweleňlere yzygider gatnaşyp, ajaýyp üstünlikleri gazanýarlar. 2007-nji ýylda Russiýa federasiýasynyň Prezidenti W.W. Putiniň çagyrmasy boýunça Don boýundaky Rostow şäherinde geçirilen Russiýa federasiýasynyň Prezidentiniň kubogy ugrundaky at çapyşyk ýaryşlarynda Şahymerdan atly gara at (Garakerwen we Ýelgamak diýen atlaryň neslinden) uly baýrakly orna mynasyp boldy. 2008-nji ýylda Pýatigorsk şäherinde geçirilen ýaryşda Gökhan (Goar – Tamaly) diýen mele at Russiýa federasiýasynyň Prezidentiniň kubogyna we uly pul baýraklaryna mynasyp boldular.



**4-nji surat. Polatly-2. Polatly, altynsow mele at, 2006-njy ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda doglan. Pyýada we Kenar diýen atlaryň neslinden. 2008-nji ýylda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirilen sergide "Türküstanyň ýyldyzy" diýen hormatly ada mynasyp bolýar we atlaryň halkara çempiony diýlip yglan edilýär**

Özbegistan respublikasynda atçylyk boýunça soňky ýyllarda "Türküstanyň ýyldyzy" ady bilen geçirilýän atlaryň şüweleňli gözellik sergi bäsleşiklerde 2008-nji ýylda Polatly 2 *(4-nji surat)*, 2009--njy ýylda Gerden (2007-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynda doglan Gaýduwsyz we Güleken diýen atlaryň neslinden bolan dor at, 79-njy surat) diýen bedewlerimiz ol hormatly ada mynasyp bolup çempion diýlip yglan edilmegi we ol ýerde geçirilen ýakyn we uzak (marafon) aralyklara geçirilen çapuwlarda ahalteke atlarymyzyň gazanan ýeňişleri, bularyň hemmesi hormatly Prezidentimiziň atçylygy ösdürmek baradaky döwlet maksatnamalarynyň aýdyň netijesidir.

Ahalteke tohum atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerinde asyl bedew nusgalyk atlary seçgiläp – saýlap, olary Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe atlary köpeltmekde giňden ulanmak maksady bilen Hormatly Prezidentimiz Türkmen bedewiniň baýramçylygyna

gabatlap, iň owadan ahalteke atlarynyň arasynda halkara sergi – gözellik bäsleşigini geçirmek barada ýörite Karar çykardy. 2009 – 2010 – 2011-nji ýyllarda Türkmen döwlet aýlawynda Bedew baýramçylygyna bagyşlanan dabaralarda geçirilen Gözellik bäsleşiklerinde Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynyň Şekilli (2006-njy ýylda doglan, Tebigat we Dürlügözel diýen atlaryň neslinden, 175 Meleguşuň ugry) diýen altynsow mele aty we 2010-njy ýylda Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy Ahmet Berdiýewiň hususy hojalygyna degişli bolan Görkli diýen altynsow mele aty we 2011-nji ýylda Hanbegler atly mele aty ýeňijiler bolup, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň şa serpaýyna mynasyp boldular. Ýeňijiler ýokary derejeli gymmat bahaly ýeňil awtoulagy hem-de ýörite Kubok bilen sylaglandylar, atlaryň üstüne ýeňijiniň atlas july ýapyldy.

2011-nji ýylyň aprel aýynda Türkmen bedewiniň baýramçylygyna bagyşlanyp halkara derejesinde geçirilen çärelerde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ata-babalarymyzdan miras galan, halkymyzyň buýsanjy we guwanjy ahalteke bedew atçylygy, türkmen seýisçilik sungaty täzeden dikeldildi. Türkmenistanyň hemme welaýatlarynda halkara ülňülerine laýyk gelýän atçylyk sport toplumlarynyň – aýlawlaryň gurulmagy we ol toplumlaryň 2011-nji ýylyň 24-nji aprelinde hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde dabaraly ýagdaýda ulanylmaga berilmegi, ahalteke atlarynyň watany bolan biziň ýurdumyzda ahalteke atlarynyň halkara assosiasiýasynyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde 2011-nji ýylyň 22 aprelinde geçirilen assosiasiýanyň maslahatynda daşary ýurtly we türkmenistanly atçylaryň assosiasiýanyň agzalygyna kabul edilmegi, 2011-nji ýylyň 23-nji aprelinde Aşgabat şäherinde ahalteke atlarynyň halkara gözellik bäsleşiginiň geçirilmegi – bularyň hemmesi Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň, onuň hormatly Prezidentiniň, türkmen ahalteke bedew atynyň halkara ykrar edilmesi bolup, Türkmenistan döwletine we onuň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowa bütün dünýäde goýulýan uly sarpa we hormatdyr.

Welaýat atçylyk sporty toplumlarynyň we olaryň ýanyndaky döwlet atçylyk athanalarynyň işläp başlamagy, hususy hojalyklarda atlaryň köpeldilmegi netijesinde, ýurdumyz möçberinde ahalteke atlarynyň baş sany köpelýär. Ýurdumyzda atçylykda işlemäge we okamaga höwesli ýaşlaryň, çapyksuwarlaryň, atçy türgenleriň sany hem barha artýar.

Ýurdumyzyň atşynas seýisleriniň, çapyksuwarlarynyň ahalteke atlary bilen halkara at çapyşyklaryna we marafon ýaryşlaryna, atçylyk boýunça geçirilýän halkara sergilere we atly dabaralara gatnaşmaklary we üstünlikli çykyşlar etmegi, türkmen milli atly sirkiniň döredilmegi, (5-nji surat) atly ýigitlerimiziň, çapyksuwarlarymyzyň milli baýramçylyklarymyzda toý-tomaşalarymyzyň bezegi bolan bedew atlary bilen ýaryşlar guramagy, milli at üstündäki oýunlar bilen çykyşlar etmegi, daşary ýurtlardan diýarymyza gelýän ýokary mertebeli myhmanlaryň öňünde milli at üstündäki oýunlary ýokary ussatlyk bilen görkezmekleri – bularyň hemmesi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan binýady tutulan Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ajaýyp miweleridir.



**5-nji surat. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Türkmen döwlet atly sirk öýunlary dikeldildi**

II bölüm

# Gylýallar maşgalasynyň ewolýusiýasy, öýdekileşdirilişi

## GYLÝALLAR MAŞGALASYNYŇ ÖSÜŞ ÝOLY

Haýwanlaryň zoologiýa toparlara bölüniş ulgamy boýunça atlar gylýallar (Eqwidaýe) maşgalasyna, täktoýnaklylar hataryna we görnüşi boýunça atlar (Eqwuus Caballus) toparyna degişlidir.

Gylýallaryň ewolýusiýasy – gelip çykyşy we ösüş ýoly, ewolýusion üýtgeýşi, dürli eýýamlara degişli ýer gatlaklaryndan gazylyp tapylan gadymy görnüşleriniň daşa öwrülen süňk galyndylarynyň esasynda öwrenilýär. Geologiki ösüşiň dürli eýýamlarynda daşky gurşawyň üýtgemegi we ol üýtgeşmeleriň täsiri netijesinde atlar maşgalasynyň nähili ewolýusion özgerişlere sezewar bolanlygy rus paleontology W.O.Kowalewskiý tarapyndan çuňňur öwrenilýär.

Atlar maşgalasynyň gelip çykyşy we olaryň ewolýusiýa prosesinde dürli görnüşli şahamçalara – maşgalalara bölünmek bilen, taryhy ösüş ýoly – diwergensiýasy – umumybiologiýa ylmynda hem ähmiýete eýe bolmak bilen, haýwanlaryň ewolýusion ösüşini öwrenmekde nusgawy mysal bolup uly gyzyklanma döredýär. Rus alymy W.O.Kowalewskiý “anhiteri” atly işinde (1873) täktoýnaklylaryň gazylyp tapylan görnüşleriniň arasynda aralyk görnüşleriniň bolanlygyny anyklaýar. Bu topardaky jandarlaryň kanuny ösüş ýollaryny öwrenmek we baýlaşdyrmak bilen “Anadaptiw we adaptiw ewolýusiýanyň kanunlaryny” öwrenýär. Atlar maşgalasynyň ösüş ýoluny öwrenmek bilen ol, ewolýusion paleontologiýanyň düýbüni tutujy hasaplanylýar. Atlaryň düýp başky ata-babalarynyň (protogylýallaryň) iň gadymy görnüşi hasap edilip çaklanylýan – fenakodus Demirgazyk Amerikada Kaýnozoý erasynyň üçünji döwrüniň (70 mln ýyl mundan öň başlanýan) birinji eýýamyna degişli gatlakdan tapylypdyr. Onuň bäş barmagy bolup, ol barmaklarynyň üçüsine daýanypdyr. Dişleri gowy ösmedik, diňe ýumşak iýmitleri, miwe we ýapraklar ýaly ot-

lary iýmäge ukyply bolupdyr. Paleontologiýa ylmyna aşaky eotsen döwründen başlap gylýallaryň has aňry arkalary bellidir (eotsen Kaýnozoý erasynyň üçünji döwrüniň ikinji eýýamy).

Olardan Demirgazyk Amerikada mundan 50 mln ýyla golaý öň ýaýran jandar eogippus we Ýewropada gazylyp alnan tapyndylaryň arasynda duşýan girakoterium bellidir. Eogippusyň boýy 25 – 56 sm aralygynda bolup, olar öň aýaklaryndaky dört we artky aýaklaryndaky üç barmaklaryna daýanypdyrlar. Eogippusyň dişleri galňan we birneme ösen bolsa-da, olar ýumşak gök otlar bilen iýmitlenipdirler.

Aşaky oligotsen (üçünji döwrüň üçünji eýýamy 30 mln ýyl ozal) döwründe Demirgazyk Amerikadan gazylyp tapylan süňk galyndylary öwrenilende mezogippus diýlip atlandyrylýan uly bolmadyk jandaryň aýaklary eýýäm üç barmakly bolupdyr. Olaryň dişleri ösen we üsti nätekiz, hem-de emal bilen örtülip başlan bolupdyr. Mezogippus daşky gurşawyň we klimatyň çürt-kesik üýtgemegi bilen giň ýaýramaýar we uzak döwürlere ösüşe eýe bolmaýar. Gylýallar maşgalasynyň ewolýusion ösüş döwrüniň aýgytlaýjy döwri miotsen hasaplanýar. Miotsen (üçünji döwrüň dördünji eýýamy, 10 mln ýyl mundan ozal) döwründe Demirgazyk Amerikada atlaryň has daş arkasy bolan jandarlaryň ýaşaýyş şertleriniň üýtgemegine we gaty baldakly sähra otlary bilen iýmitlenmäge uýgunlaşan, göwresi öňki görnüşlerden has iri, boýy 90 – 120 sm töweregi bolan, düzlük sähralarda ýaýran, çalasyn hereketli miogippus, paragippus we merigippus ýaly görnüşleri giňden ýaýrapdyr. Olaryň hemme dişleri gatlakly we berk üstki emal örtügi bilen örtülen we gowy ösen bolupdyr. Mezogippusyň Ýewropada ýaýran gapdal görnüşleriniň biri bolan anhiterium ewolýusiýa prosesinde ýaşaýyş şertleriniň we daşky gurşawyň gazaply üýtgeşmelerine çydaman, şol döwürlerde gyrlyp gutarypdyr.

Ýokarky miotsen döwründe Amerika we Ýewraziýa kontinentlerinde giň ýaýran üç barmakly we gowy ösen azy dişli gipparion beýleki toparlardan has ösen bolsa-da pliotsen üçünji döwrüň soňky bäşinji eýýamynda 2 – 3 mln ýyl mundan özal ýitip gidip, gyrlyp gutarypdyr. Pliotsen döwründe gipparion bilen bir hatarda bir barmakly atlaryň görnüşi pliogippus peýda bolýar. Pliogippus pleýstosen eýýamynda 1 mln ýyl mundan ozal Amerikada, Ýewraziýada we Af-

rikada giňden ýaýrapdyr. Şol döwürlere çenli Amerika we Aziýa gury ýer bilen birleşen bitewi bolup, atlaryň ata-babalary Aziýa, Ýewropa we soňralar Afrika geçip, gurak klimatly, uly giňişlikli düz sähralyk ýerlere ýaýraýar. Şol döwürlerde Amerikan kontinenti Aziýadan Bering bogazynyň emele gelmegi bilen bölünýär. Pliogippus Aziýanyň we Afrikanyň sähralyk düz ýerlerinde ýaýrap, onuň aýaklarynda diňe bir barmagy we toýnagy bolupdyr. Olaryň çalasyn we ýokary tizlikli hereketi bolupdyr. Gowy ösen azy dişleri emal bilen örtülen bolup guran gaty otlary we olaryň dänesini iýmäge ukyply bolupdyr.

Pliogippus we ondan pleýstosen döwründe dördünji döwrüň birinji eýýamynda 1 mln ýyl mundan ozal ýaýran plezippus Ýewropada, Aziýada we Afrikada biziň eýýamymyza gelip ýeten we ýaýran gylýallar maşgalasynyň ýabany görnüşleriniň düýbi hasaplanylýar. Ewolýusiýa prosesinde atlaryň has irki döwürlerde kiçiräk tokaý haýwany bolanlygyndan *(6-njy surat)*, açyk giň sähralarda ýaşaýan täk toýnakly çalasyn hereketli gylýallara öwrülipdir.



**6-njy surat. Gylýallar maşgalasynyň dürli eýýamlarda ösüş ýoly**

Olaryň diş ulgamy gaty baldakly sähra otlaryny iýmäge uýgunlaşýar. Morfologiýa üýtgeşmeleriň esasynda atlaryň kelle beýnisi ulalýar we ýaşaýyş şertlerine uýgunlaşmak ýaly ukyplylygy artýar.

Atlaryň Amerikadaky gadymy ýabany kowumdaşlary bolsa, ol kontinentde bolup geçýän üýtgeşme, ýagny buzlaşma zerarly gyrlyp gutarypdyr.

Ýewropalylar ilkinji gezek Amerika baranlarynda ýerli ilatyň arasynda at barada hiç hili düşünje bolmandyr. Ilki-ilkiler indeýler at görenlerinde gorkup gaçar ekenler. Ol ýere atlary orta asyrlarda ispanlar getiripdir. Awstraliýada we Okeaniýada atlar maşgalasynyň ýakyn we daş garyndaşlary hiç haçan bolmandyr.

## ATLAR MAŞGALASY WE OLARYŇ AÝRATYNLYKLARY

Gylýallar maşgalasy ewolýusiýa prosesinde dört görnüşe bölünip olaryň iki görnüşi Aziýada we iki görnüşi Afrikada duşýar. Olaryň iki görnüşi öýdekileşdirilip, iki görnüşi häzirlerem ýabany görnüşlerde häzirki döwre gelip ýetipdir.

**Hususy atlar (Eqwuus Caballus)** – toparyna ýabany atlar we öý atlary girýär. Ýabany atlara gadymy döwürlerde ýaşan Orta Aziýa tarpany ilkidurmuş we ondan soňraky döwürlerde ýaşan adamlar tarapyndan awlanylyp, gyrlyp gutarypdyr. Gündogar atçylyk edebiýatynda olara tulpar hem diýilýär. Türkmenleriň arasynda ýaýran rowaýatlara görä, sürüde atlaryň sany müňe ýetende, içinden tulpar (örän ýyndam at, biziň pikirimizçe ol ýabany atyň nesli bolmaly) döreýär. Göroglynyň Gyratynyň enesi hem suw aty diýilýän atyň nesli diýilse-de, ol biziň pikirimizçe ýabany atyň, Aziýa tarpanynyň nesli bolmaly. Atlar, şol sanda ýabany atlar suwdan gorkmaýarlar we derýalary ýüzüp geçýärler. Atçylyk edebiýatynda mälim bolan ýabany atlara Ýewropa tarpany (olaryň iň soňkusy XIX asyrda ýitip gidýär) we Prżewalskiniň ýabany aty *(7-nji surat)* girýär.

Ýewropa tarpany Eqwuus Caballus Gmelini-Antonius ýabany at baradaky maglumatlar syýahatçy S.G.Gmelin tarapyndan (1870-nji ý.) öwrenilip ýazylypdyr.

Häzirki döwre gelip ýeten ýeke-täk ýabany at bolan Prżewalskiniň atynyň ýaly dik, maňlaý saçy ýok, reňki symgylt jeren reňkli, arka bilinde kemer (penalaýjy reňk we alamat), boýy 125 – 135 sm töweregidir. Prżewalskiniň atynyň atlara mahsus bolan häsiýetleri bar. Olar öý atlary ýaly kişňeýär, horgurýar we hokranýar, ýöne suwa girmegi

kän bir halamaýar diýlip hasap edilýär. Olaryň sürüleýin gezmek häsiýeti ösendir. Sürini bir sany aýgyr at dolandyryp ol sürini bakýar, dürli höwplardan goraýar. Öý atlary bilen çakyşdyrylanda köpelmäge ukyply bolan nesil berýär. W.I. Gromowanyň, B.F. Rumýansewiň we B.P. Woýteskiniň Prżewalskiniň adyny göterýän ýabany atlar eldekileşdirilmändir diýen pikirleri ygtybarly hasaplamak bolar.



**7-nji surat. Prżewalskiniň aty**

Käbir adamlar meýdanlarda görýän başyna giden ýabany görnüşdäki atlara ýabany atlar diýýärler. Bu ýalňyşlykdyr. Şeýlelikde, öý şertlerinden üzňe düşüp nesilden-nesle tebigy şertlerde köpelip, sähralarda ýaşaýan atlara ýabanylaşan atlar diýseň dogry bolýar. Ýabanylaşan atlara Günorta Amerikada ýaýran mustanglary, Kanadanyň Seýbl adasyndaky ýabanylaşan atlary we Günorta amerikanyň preriýalarynda ýaýran ýabany atlary goşmak bolar.

**Zebralar (Eqwuus hippotigris)** – maşgalasy diňe Afrikada ýabany görnüşde duşýar. Zebralaryň endamyndaky çylgym-çylgym alabeder zolaklary, olaryň özboluşly alamatydyr. Afrikada tebigy ýaýran ýerleriniň ekologiýa şertlerine görä, ownuk dag zebrasyny, Sawannanyň çemenliklerinde duşýan has iri Grewi *(8-njy surat)* at-

landyrylýan zebralary we ata meňzeşräk Afrikada giň ýaýran kwagi diýlip atlandyrylýan zebralar ýaly görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar. Zebralar öý atlary bilen çakyşdyrylanda, ol görnüşleriň biri--birinden daş kowumdaşlykda bolanlygy sebäpli, nesil bermeýän zebroidler diýlip atlandyrylýan görnüşara gibridleri berýär.



**8-njy surat. Zebra taýçanagy bilen**

**Eşekler maşgalasynyň (Eqwuus assinis) iki görnüşi – abissin (hebeş) nubyýa** we **somaly eşekleri** Afrikada ýabany görnüşde duş gelýär. Eşekler gerşindäki we pilçesiniň üstünde haç görnüşli uzyn gara zolagy bilen beýleki görnüşlerden tapawutlanýarlar. Olardan somaly eşegi atlar eldekileşdirmezinden kän ýyl ozal Afrikada (Müsürde) öýdekileşdirilipdir.

Eşekleriň tebigy ýaýraýşy tekiz gyr daglyk ýerler we howa şertleri mylaýym tropiki bolany üçin olar suwa girmegi halamaýar, köpelişi atlar ýaly pasyllara bagly däl, islendik derejedäki saklanylyşy we idedilişi ýagdaýlarynda guratlygyny saklaýar. Ýylyň dowamynda islendik wagty köpelmäge ukyplydyr. Bogazlygy 12 aýa deňdir.

Eşekler uzyn gulakly we uly kelleli bolup ýaly kelte, göwresi uzyn we bili dogry bolup, sagrysy üçek şekilli bolýar. Eşekler muskulatura garyp bolup berk toýnaklydyr, olar aňňyrýar, synçgyrýar. Gadymy döwürlerde eldekileşdirilenligine garamazdan, eşekler öý şertlerinde üýtgemändir diýen ýalydyr. Olar örän çydamly bolup dürli şertlerde saklanylanda hem kän bir horlanmaýarlar ýa-da semremeýärler. Saklanylyşyna we idege uly bir talapkär haýwan däldirler. Agzalan aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen Afrika we Aziýa ýurtlarynda eşekler dürli hojalyk işlerde giňden ulanylýar.

Eşek bilen aty çakyşdyryp görnüşara gibrid gatyr almak Müsürde, Gresiýada has gadymy zamanlardan bäri bellidir. Gatyr (enesi baýtal atasy eşek) uzak ýaşaýar, örän çydamlylygy bilen tapawutlanýar, gadym döwürlerden şu günki güne çenli dürli işlerde we ulag serişdesi hökmünde bolup giňden ulanylypdyr. Erkek gatyrlar nesilsiz urkaçy gatyrlaryň nesil bermegi mümkin hasaplanylýar.

Eşekleriň Eýranda **hemedan** tohumy, Ispaniýada **katalon**, Türkmenistanda **mary tohumlary** iri we gowy tohumlary hasaplanylýar. Özbegistanda we Türkmenistanyň Lebap we Daşoguz welaýatlarynda **buhara** tohumly eşekler ýaýrapdyr. Buhara eşekleri ownuk we gara, gök, ak we goňur reňklerde bolup, olaryň häsiýetleri bet bolýar. Eşekler öý hojalyk işlerde, agyr bolmadyk ýükleri çekmekde, oba ýerlerinde häzirki döwürde-de giňden ulanylýar.

**Ýarym eşekler (Eqwuus hemionus)** maşgalasy Aziýanyň ýarym çöllük we sähra ýerlerinde, çemenliklerde ýaýrapdyr. Olaryň wekilleri **gulan** *(9-nji surat)*, **onagr** we **kiang** diňe ýabany görnüşde duşýar. B.I. Gromowa (1949) ýarym eşekleri özbaşyna atlar maşgalasynyň bir görnüşi diýip hasaplaýar. M.I.Belonogow (1970) bu pikir bilen diňe Afrikanyň ýabany eşekleriniň we gulanlaryň kelle süňklerini deňeşdirme usuly bilen öwrenilenden soň bu meselä gaýdyp gelmek bolar diýip hasaplaýar.

**Gulan** ýarym eşekler maşgalasynyň ýarym çöllüklerde we sähralarda ýaýran wekili bolup Türkmenistanda, Gazagystanda we Demirgazyk Hytaýda duş gelýär. Gulanlaryň beýikligi ortaça 115 sm bolup, göwresi ýeňil, aýaklary inçe we örän ýyndamlygy bilen (bar bolan maglumatlara görä, sagatda 70 km tizlikde) tapawutlanýar.

Özbegistanda 1930-njy ýyllardan gulanlary atlar bilen çakyşdyrmak we öýdekileşdirmek maksady bilen işler alnyp barylýar. Ça--kyşdyrylyp alnan birinji nesil, gibrid atgulanlar nesilsiz bolup çykýar.



**9-nji surat. Gulan**

Eliňizdäki kitabyň awtoryna 1984 – 1985-nji ýyllarda Gäwers etrabynyň öňki “Leningrad” daýhan birleşiginiň işçi baýtal sürüsinde bir gulanyň gezendigini (ähtimal ýaş aýgyr gulanlar tarapyndan gysylyp çykarylan) yzygider gözegçilikde saklamak miýesser etdi. Baýtallar ýataga gelende ol ýatagyň daşynda durýardy. Geljek ýylda baýtallaryň ikisi atgulan taý berdi. Olaryň ikisiniň hem art aýaklary zebroid şekilli alabederdi. Atgulanlar ýabany häsiýetini (instinktini) ýüze çykaryp, enesinden süýtden aýrylandan soň olary saklamak we öýdekileşdirmek örän kyn boldy.

Gulanlar Türkmenistanda Bathyzda ýaýrap, döwletimiz tarapyndan berk gorag astyna alyndy we Türkmenistanyň we halkara Gyzyl kitabyna girizildi. Döwletimizde gulanlaryň ýaýraýyş arealyny giňeltmek maksady bilen Aşgabada golaý bolan Köpetdagyň eteklerine, Gaplaňgyra ýaýradyldy we olar gadymy ata-babalarynyň ýaýran ýerlerinde gowy uýgunlaşdylar hem-de örňäp köpelýärler.

Kiang Tibetiň tekiz daglyk ýerlerinde we onagr Eýranda, Owganystanda we Gazagystanda ýabany görnüşde ýaýrapdyrlar.

## ATLARYŇ ELDEKILEŞDIRILIŞI WE ÖÝDEKILEŞDIRILIŞI

Adamlar tarapyndan öý atlarynyň öýdekileşdirilişi baradaky düşünjäni almak üçin, ilki bilen ýabany atlaryň haýsy görnüşleriniň nirede we haçan eldekileşdirilipdir we öýdekileşdirilipdir diýen soraglara jogap bermeli bolýar. Arheologiýa gazuw – agtaryş işlerinde tapyndy süňkleriň, maddy we medeni ýadygärlikleri öwrenmegiň esasynda alymlar tarapyndan öwrenilen hem bolsa, ol jedelli meseleleriň biri bolmagynda galýar.

B.I.Gromowa Prżewalskiniň ýabany aty bilen dürli geografiki ýerlerde we dürli ekologiýa şertlerinde ýaýran ýabany tarpanlaryň uly bir tapawudy ýok we diňe *ekologo – geografiýa* taýdan tapawudy bardyr diýip hasaplamak bilen, öý atlary Prżewalskiniň atyndan we onuň beýleki ýabany şahamçalaryndan öýdekileşdirilipdir diýip hasap edýär. M.W. Lomonosow adyndaky Moskwa uniwersitetiniň professory W.G.Geptner öz ýygnan arheologiýa tapyndylaryny we bu ugra degişli ylmy çeşmeleri seljerip jemlemek bilen, sähra tarpany bir görnüşiň içinde ýaýran ýerlerine baglylykda, biri-birinden tapawutlanýan ýabany atlaryň – sähra, dag we tokaý ýabany tarpanlary ýaly görnüşleri bolupdyr diýip hasaplaýar. Ol dünýädäki köp sanly at tohumlarynyň hemmesi-de, ýaýraýyş arealy boýunça dürli bolan, ýabany tarpanlardan gelip çykypdyr diýip hasaplaýar.

M.I.Belonogow (1971) “Öý atlarynyň gelip çykyşy hakyndaky” çap edilmedik ylmy habarynda, “Men W.G. Geptneriň öý atlarynyň gelip çykyşy baradaky pikirini ylalaşmak bilen, gadymyýetden ady belli massagetleriň aty, döreýiş taryhyny, köküni ilkinji eldekileşdirilen sähra (Aziýa) we dag tarpanlaryndan gelip çykandyr. Türkmenleriň ahalteke atlary bolsa gadymy massagetleriň atynyň gönüden-göni dowamat nesli bolup, ähli medeni at tohumlarynyň arasynda iň gadymy we ilkinji tohum atdyr diýip hasap edýäris” diýip ýazýar.

Häzirki döwürde öý atlaryny we olaryň dürli tohumlaryny öwrenýän alymlaryň köpüsiniň pikiriçe, bütin dünýäde ýaýran sähra, tokaý we dag we ş.m. at tohumlary, ýabany atlaryň ekologiýa

– biologiýa taýdan tapawutlanýan, köki boýunça şol bir ýabany görnüşden (tarpanlardan) gelip çykandygyny ykrar edýärler. Ol ýabany atlar biri-birinden diňe çäkli ýerlerde ýaýraýşy boýunça tapawutlanypdyr diýlip hasaplanylýar. Tarpanlaryň ýerli görnüşleri dürli at tohumlarynyň döredilmeginiň esasy çeşmesi bolup hyzmat edipdir. Taryhy döwürlerde Ýewropada ýaýran ýewropa tarpany diýlip atlandyrylýan ýabany aty E. Gmeliniň syýahatlarynda (1870) öwrenilýär. Ýewropanyň ýabany aty buzlaşma eýýamyndan soň Ýewropanyň we Aziýanyň sähra (sähra tarpany) we ýarymtokaýly (tokaý tarpany) ýarymsähralarynda ýaýrapdyr. Ol ýabany atlaryň beýikligi 135 santimetrden geçmändir, ýaly dik, maňlaýy giň we saçsyz, aýdylyşy ýaly "syçan" (kül) reňkli, bili kemerli, öň aýaklary alabeder, art aýaklary gowsuz bolupdyr. Ýewropa ýabany atynyň soňky galanjalary XIX asyrda adamlar tarapyndan gyrlyp gutarypdyr. Ýewropa tarpanyndan atlaryň bosniýa, polýak konikleri, gutsul we fiord ýaly at tohumlary gelip çykypdyr diýlip hasaplanylýar.

Professor W.O.Witt atlary eldekileşdirmek prosesi Aziýa we Ýewropanyň gündogar çäklerinde geçirilipdir diýip hasaplaýar. Professor Bogolýubskiý atlar ilkinji gezek Don we Dnepr derýalarynyň aralygynda, skif taýpalary tarapyndan eldekileşdirilipdir diýip hasap edýär.

Professor A.S.Krasnikow Amyderýanyň we Syrderýanyň boýlary (W.O.Witt bolsa gadymy Horezmi) ýabany atlaryň ilkinjiler bolup öýdekileşdirilen ojaklarynyň esaslarynyň biri bolup, Orta Aziýany gadymy öý atlarynyň mekany hasaplaýar.

Professor N.A.Ýurasow (1939) Aziýadan (Änewdäki gazuw agtaryş işleri göz öňüne tutmak bilen) gazylyp tapylan atlaryň süňkleri ägirt uly gyzyklanma döredýär diýip belleýär. Sebäbi, bu ýerde ýabany atlardan öý atlaryna geçiş döwrüniň pursatlaryny yzygider yzarlap öwrenip bolýar we Aziýa (Änew) atlary öýdekileşdirmegiň gürrüňsiz ilkinjisidir diýip hasaplaýar. Atlaryň Ýewropada öýdekileşdirilmegini bolsa N.A.Ýurasow atlaryň goşmaça eldekileşdirilip öýdekileşdirilmegi diýip hasap edýär.

1903 – 1905-nji ýyllarda Änewde geçirilen arheologiýa gazuw-agtaryş işleri döwründe tapylan ýabany we öý atlarynyň skeletlerini şweýsar zootehnigi Dýurstuň we amerikan alymy Pampelliniň

öwrenmegi bilen, olar beýleki halklardan 2 – 3 müň ýyl öň, ýagny 7–8 müň ýyl mundan ozal, şol döwürlerde bu ýerdäki sähralarda giň ýaýran aýaklarynyň süňkleri inçe bolan tarpanlardan (aziýa tarpany) öýdekileşdirilipdir diýen netijä gelýärler. Änewden tapylan inçe aýakly medenileşdirilen (öýdekileşdirilen) ýeňil öý aty ***Eqwuus Pampelli*** (ýagny amerikan alymy Pampelliniň) adyny alypdyr. Amerikan arheology Pampelli şol döwürde Änewde gazuw-agtaryş işlerini geçiren ekspedisiýanyň ýolbaşçysy bolupdyr.

N.A.Ýurasow Prževalskiniň atynyň üýtgeşik, has sypaýydan inçe aýakly Polýakowyň (Eqwuus Przewalski warietas Polýakow) "Prževalskiniň wariatsiýa üýtgän görnüşli Polýakowyň aty" (10-nji surat) diýen bir görnüşi bolan ýabany Orta Aziýa tulparyndan öý atlary eldekileşdirilendir diýen netijä gelýärler.



**10-njy surat. Polýakowyň aty atlandyrylýan Prževalskiniň üýtgän görnüşli aty**

Türkmenistanda bir wagtlar ýaýran hakyky Orta Aziýa tarpanynyň (tulparyň) bolanlygyna we olaryň ýerli ilat tarapyndan eldekileşdirilip öýdekileşdirilenligine şübhe bolup bilmez. Türkmenistan atlaryň mekanylygyna rus alymy W.I.Sarianidiniň soňky geçi-

ren arheologiýa gözleg, gazuw – agtaryş işleri we olarda tapylan at skeletleri, bir wagtlar bu ýerlerde at kultunyň bolanlygy (akademik A.Tolstow Gadymy Horezm kitabynda Horezmde at kultunyň bolanlygyny belleýär) aýdylanlaryň dogrulygyna güwä geçýär.

Belläp geçmeli zatlaryň biri-de gadymy Müsürde, Wawilonda (Mesopotamiýada), Assiriýada, Gresiýada b.e.öň 2000 – 1500-nji ý.ý. çenli aty bilmändirler. Persiýa bolsa biziň eýýamymyzdan öň 600--nji ýyllardan başlap gadymy Türkmenistanyň çäklerindäki Parfiýa döwletinden salgyt görnüşinde atlary alyp başlaýar we soňra ol ýerde atlaryň gadymy pars tohumy döredilýär.

Hytaýlylar medeni atlary saklamagy, köpeltmegi Orta Aziýada ýaşan gunlardan öwrenipdirler. At oty bolan ýorunjany ekmegi bolsa gadymy Gündogaryň Midiýa dowletinden öwrenipdirler diýen maglumatlar ylmy çeşmelerde duşýar.

## ATLARYŇ ÖÝ ŞERTLERINDE ÜÝTGEÝŞI

Öý atlary aram subtropiki sähralarda ýaýran ýabany atlardan nesle geçen häsiýetleriniň bir bölegini säklap galypdyr. Olar sowuga, yssa we gurakçylyga çydamly bolupdyr. Aram klimatly ýerleriň pasyllaryna baglylykda howa şertleriniň üýtgemegine ýeňil uýgunlaşýar. Çygly tropiki klimaty ýaramaz geçirýär. Öý atlary ýabany atlar ýaly çalasyn hereketli bolup, gijesine-de gaçyp bilýär hem-de taraplary gowy seljerýär. Atlar suwa girmekden gorkmaýar, derýalary ýüzüp geçip bilýär. Sonarly ýaýlalarda gowy semreýär. Ýylyň diňe maýyl, esasan, bahar paslynda köpelýär.

Adamlaryň döredijilikli çemeleşmegi netijesinde, biri-birinden syna beden gurluşy, önümliligi, ýerli şertlere uýgunlaşma häsiýetleri boýunça tapawutlanýan köp sanly dürli-dürli at tohumlary döredilipdir. Mysal üçin, sünnälenip ýasalan ýaly ahalteke, arap aty, Ýewropanyň agyr ýük çekýän atlaryndan ýa-da kiçijik ada atlary bolan ponilerden çürt-kesik tapawutlanýar. Şol bir wagtyň özünde mongol ýabysy bilen Prżewalskiniň ýabany atynyň daş syna – sypaty boýunça tapawudy az. Müngi atlarda ýabany atlardaky ýaly ylgaw hereketi ösen bolsa, agyr

ýük çekýän atlarda ol häsiýet ýitipdir. Öý atlary ýabany atlar ýaly süri bolup gezmek häsiýetini saklap galypdyr. Öý şertlerinde atlaryň göwresi ulalyp, agramy artypdyr. Onuň tersine Aziýanyň demirgazygynda ýaýran ýerli tohumlaryň, tokaý atlarynyň saklanylyşy we iýmitlendirilişi ýabany atlaryň tebigy ýaşaýşyna golaý bolup, mysal üçin, mongol, gazak, gyrgyz ýabylary we demirgazyk tokaý atlary öý şertlerinde az üýtgäpdirler. Olar çydamlylygy bilen tapawutlanýarlar.

Öý atlarynyň öý şertlerinde emeli seçginiň netijesinde köpelmek, kämilleşmek ukyby ýüze çykypdyr, adamyň islegine, talabyna görä üstüne adam mündürmek we onuň islegine görä hereket etmek ýaly gowy häsiýetleri ýüze çykypdyr. Köp sanly medeni at tohumlary bellibir derejede tebigy şertlerde iýmitlenmek, özbaşdak örňemek ukybyny ýitiripdir. Öý atlarynyň syna beden gurluşy, görnükleri we reňkleri üýtgäp, reňkleriniň we nyşanlarynyň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Atlaryň öý şertlerinde üýtgemegine – adamlar tarapyndan maksadalaýyk geçirilýän emeli seçgi, öý şertlerinde döredilen idegi, atlar üçin iýmit ýagdaýynyň döredilmegi we saklanylyşy, ulanylyşy uly täsir edipdir.

## AT BARADA DÜŞÜNJE

Ilki bilen at näme diýen soraga jogap bermek bilen atlaryň beýleki öý haýwanlaryndan tapawutlanýan hojalyk we biologik aýratynlyklary barada durup geçeliň.

Üstüne atlanan adamyň erkine tabyn bolmak, seýsiň, çapyksuwaryň, atly türgeniň isleglerine we ugrukdyryp sürşüne görä hereket etmek ýaly häsiýetleri atlaryň peýdaly häsiýetleridir.

Atyň bedeninde madda alyş-çalşygy, dem alyş, ýürek we gan aýlanyş ulgamlary, daýanç we hereketlendiriji ulgamy bolan süňk skeleti we aýaklary, muskulatura, siňir we baglaýjy ulgamlary örän gowy ösendir. Atlar duýgurlygy, syzyjylygy, ys alyjylygy, eşidiş ukyby bilen tapawutlanýarlar hem-de eýesini gowy tanaýarlar.

Atlar ýöreýän ýerini we töweregini gowy görýär, basjak ýerini seljerip basýar. Atlaryň agzalan aýratynlyklary we peýdaly häsiýetleri

olary müngi ulagy hökmünde peýdalanmaga, at çapyşyklarda, atçylyk sportda, atly gezelençlerde we mümkin bolan beýleki işlerde giňden ulanmaga mümkinçilik berýär.

Atlaryň seçelenip duran ýaly bolany üçin olara – gylýal hem diýilýär.

**Atçylyk** diýlip umumy bir düşünjä, jynsy arassa atlary köpeltmegi, olary saklamagy we ösdürip ýetişdirmegi, seýislemegi, çapmagy, atçylyk sporty ýaryşlarynda, sirkde we beýleki dürli işlerde ulanmagy öz içine alýan halk hojalygynyň peýdaly bir pudagyna aýdylýar.

**At** diýip häzirki türkmen dilinde jynsy arassa tohum atlara aýdylýar. Mysal üçin, ahalteke aty, ýomut aty we ş.m.. Şonuň ýaly-da at düşünjesi erkek jynsly we höwür atlary aňladýar.

**Taý** diýip 7 – 8 aýa çenli enesinden süýt emýän döwrüne aýdylyar. Taýlara **ýapaga** hem diýilýär. Mysal üçin, beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň hem: “Baýtal ýapagasyn çekermiş düze...” diýen setirleri bar.

**Gyrkman taý** diýip 1 – 2 ýaş aralygynda olary müngä öwredilýän döwrüne aýdylýar, şol döwürde türkmenlerde olaryň ýaly bir gezek gyrkylyp goýberilýär. Münüşe öwredilýänçä olara tutum taý hem diýilýär.

**Gunan** diýip 2 – 3 ýaşyndaky ýaş atlara aýdylýar.

**Dönen at** diýlip dört ýaşar atlara we boýnan at diýlip 5 we ondan uly ýaşdaky süňňi bekän atlara aýdylýar.

**Gysrak** diýip 3 – 4 ýaşyna çenli bolan baýtalçalara bogaz bolup gulunlaýança aýdylsa dogry bolar. Şeýle-de olara gunança hem diýmek bolar.

**Baýtal** – düşünjesi, bogaz bolup gulunlandan soňky baýtallary aňladýar. Dört ýaşyndaky taýly baýtallara dönejin hem diýmek bolar.

**Alaşa** diýip atasy ýa-da ene tarapy jynsy arassa tohum atdan gelip çykan we beýleki tarapy tohumy näbelli iş ýabysy bolsa aýdylýar.

Ýaby diýlip tohumy ýitip giden we tohumçylyk işi ýöredilmeýän iş atlaryna, önüm berýän atlara aýdylýar.

Beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragy jyns at bilen ýabyny aşakdaky ýaly tapawutlandyrýar:

At aýdar: aslym zordur,
Munça gymmatym bardyr,
Üstüme münen ärdir,
Dag-düz meýdan içinde.

Ýaby aýdar: men gende,
Üstüme münen bende;
Azabym köpdür günde,
Göwnüm arman içinde.

## ATÇYLYGYŇ TARYHY ÖSÜŞ ÝOLLARY

Adamzadyň ilkidurmuş ýaşaýyş durmuşyndan başlap, daşdan ýasalan gurallaryň kömegi bilen adamlar ýabany atlary awlapdyrlar, ýuwaş-ýuwaşdan atlary eldekileşdirip öýdekileşdiripdirler. Sähralarda ýaşaýan oturymly taýpalar we göçüp-gonup ýören çarwa taýpalar öýdekileşdirilen atlary ilkiler ýabany atlaryň ýaşaýyş şertlerinden kän bir üýtgeşik bolmadyk şertlerde saklap köpeldipdirler. Munuň özi şol döwürlerdäki sähra atlarynyň syna beden gurluşynyň we käbir häsiýetleriniň üýtgemegine täsir etmändir. Şol bir wagtyň özünde çarwaçylyk bilen meşgullanýan göçme taýpalar oturymly taýpalar bilen deňeşdirilende atlary köptaraplaýyn – müngi ulagy, ýük urmakda, araba goşmakda, azyk önümlerini, aýratynam baýtal süýdünden gymyz we at etini öndürmekde ulanypdyrlar. Şonuň ýaly-da gündogaryň göçme çarwa taýpalary atlary köpeltmegi **baýlyk toplamagyň bir görnüşi** hasaplap köpeldipdirler. Ýagny, atlary satmak bilen hem meşgullanypdyrlar. Şu ýerde ilkinji gezek oguz taýpalarynyň arabany oýlap tapanlygyny Abulgazy “Türkmenleriň şejeresi” kitabynda ýazýar. Nusgawy şahyrymyz Nurmuhammet Andalybyň Oguzhan barada aýdanlarynda aşakdaky ýaly setirler bar.

Senagat babynyň owwal binasy,
Resahatnyň jahanda diýip enesi.
Bina kyldy araba– ýük daşuwga,
Kömek boldy göçüp bir ýan aşuwga…
– diýip belleýär.

Ilkinji tehniki serişdeler bolan araba tigrini, jykyr, çarh tigirlerini, ýagny adamzadyň ilkinji oýlap tapan tehniki serişdelerini we at eýer esbaplaryny oguz turkmenleriniň oýlap tapanlygyna awtoryň pikiriçe hiç hili şübhe bolup bilmez. A.S.Krasnikowyň (1973) belleýşi ýaly, biziň eýýamymyzdan öň, birinji müňýyllykda Orta Aziýadan gelen göçme taýpalar çalasyn hereketli atly nökerleriniň kömegi bilen ýakyn Gündogary we Ýewropanyň bir bölegini basyp alýarlar. Awtoryň belleýşi ýaly, şol döwürlerde guraksy beden gurluşly, çalasyn hereketli ýyndam atlar gunlarda, Parfiýada, Horezmde, Midiýada we Eýranda köpeldilipdir. Müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýäniň köp halklary ol ýurtlardan tohum atlary edinipdirler.

**Tebigy (ýerli) we ýöriteleşdirilen zawod at tohumlarynyň gelip çykyşy (genezisi)**

**(W.O. Witt boýunça, 1964)**




**At tohumlarynyň gelip çykyşynyň çyzgydy**

Feodal jemgyýetçilik gurluşy döwründe Aziýa we Ýewropa ýurtlarynda atlary harby işlerde ulanmagyň ähmiýeti artypdyr. Haçly ýörişler döwründe agyr ýaraglanan rysarlar müner ýaly, Ýewropa ýurtlarynda ýaýran agyr at tohumlary döredilipdir. Akademik Tolstow bu pikiri ösdürmek bilen gadymy Horezm türkmen atlaryndan Ýewropanyň rysar atlary gelip çykypdyr we öz gezeginde orta asyr rysar atlaryndan Ýewropanyň häzirkizaman agyr ýük çekiji, ýöriş hereketli işçi atlary gelip çykypdyr diýip hasaplaýar.

Dürli at tohumlarynyň gelip çykyşynyň çyzgydy (W.O. Witt, 1964) ýokordaky ýalydyr.

## AT TOHUMLARYNY TOPARLARA BÖLMEGIŇ ESASLARY

Bütin dünýäde atlaryň ululy-kiçili we ulanylyşy boýunça dürli ugurlara degişli 250-den gowrak köp sanly tohumlary bar. At tohumlary örňeýän ýerleriniň geografiki klimat şertlerine görä, hojalyk ähmiýeti boýunça, dürli ýurtlarda dürli maksatlar üçin ulanylyşyna we köpeldilişine, seçgi-tohumçylyk işleriniň geçiriliş derejesine baglylykda we syna – sypaty, ownukly-iriligi boýunça biri-birinden örän tapawutlanýarlar. Şol sebäpli, ol at tohumlaryny öwrenmek üçin, ugur-ugur toparlara bölüp tertipleşdirmeli bolýar. Şonda at tohumlarynyň gelip çykyşyny, geografik taýdan ýaýraýşyny, morfologiýa aýratynlyklaryny we tohumynyň hilini göz öňünde tutup toparlara bölmek gerek.

At tohumlaryny toparlara bölmekde bu meseläni kynlaşdyrýan zatlaryň biri-de, taryhy döwürde öý atlary haýsy ýabany atdan eldekileşdirilenligi we ödekileşdirilenligi barada pikirleriň ýokarda belläp geçişimiz ýaly deň däldigidir. At tohumlaryny toparlara bölmek boýunça dürli awtorlar tarapyndan ulanylýan alamatlaryň we esaslanmalaryň, tutalgalaryň, ol ýa-da beýleki toparlara bölmegiň tertibi boýunça-da biri-birinden üýtgeşikligidir.

Atşynas alymlar at tohumlaryny toparlara bölmegi ilkinji gezek ekologik ýaýraýşy we zoologik alamatlary – kelle süňkleriniň gurluşy boýunça bölüpdirler. Olardan has bellileri aşakdakylardyr.

**Frank – Neringiň toparlara bölüşi.** Ähli at tohumlaryny ikä, ýagny gündogar (Aziýa) hem-de günbatar (Ýewropa) toparlaryna bölýär. Gündogar toparyna inçe süňklek, uzyn aýak, giň maňlaýly we ýeňil kelleli, guraksydan berk beden gurluşly, derisi ýuka, örtük tüýleri, ýaly hem-de guýrugy selçeň we örän gujurly at tohumlary degişli. Günbatar (Ýewropa) toparyna bolsa – süňklek, kelte aýakly, öte ösgün uly kelleli we mylky beden gurluşly, hamy galyň hem-de tüýlek, haýal gobsunýan at tohumlary degişli. Gündogar tohumlarynyň toparyna ahalteke, arap, ýomut we günbatar tohumlarynyň hataryna agyr ýük çekýän atlar girizilipdir.

**K.Ýuartyň toparlandyryşy.** K.Ýuart düýpbaşdan gelýän at tohumlaryny, olaryň geografik taýdan ýaýraýşy boýunça, her bir at tohumyny özbaşdak ýabany görnüşden gelip çykypdyr diýip hasap etmek bilen, aşakdaky üç sany zonal toparlara:

a) dag etekleri gyrlyk, çöllük, ýarymçöllük ýerleriň atlary – häsiýetleri boýunça gündogar atlaryna meňzeş;

b) tokaý atlary – kelteden giň we tekiz ýüzli, guýrugy aşagrakda ýerleşen we ýaýraň, uly toýnakly atlar;

ç) sähra tohumlary – uzyndan inçe ýüzli, tüňňi maňlaýly, beýleki tohumlar bilen deňeşdirilende inçe we uzyn aýaklylygy we kiçi toýnaklylygy bilen tapawutlandyrylýar.

**A.A.Brauner bar bolan at tohumlaryny olaryň görnügi boýunça iki topara:**

1.Günorta atlara we olary hem öz gezeginde iki topara:

a) tekiz maňlaýly (ahalteke, arap atlary we ş.m. ol topara degişli hasaplamak bilen) we;

b) tüňňi maňlaýly (warwar atlary) atlar.

2. Demirgazyk atlara – olary hem iki topara:

a) günbatar atlary Ýewropa tohum atlaryna meňzeş atlary özbaşyna topara we:

b) gündogar topara we olaryň içinde iki topary tekiz maňlaýly gyrgyz atlaryny we tüňňi maňlaýly mongol atlaryny tapawutlandyrýar.

Ýokarda getirilen at tohumlaryny zoologik taýdan toparlara bölmegiň usullary nazary taýdan ähmiýetli bolsa-da, medeni atçylygyň iş tejribesinde ulanmaga has oňaýsyzdyr.

**At tohumlaryny zootehniki – hojalyk ähmiýeti boýunça toparlara bölmek.** At tohumlaryny hojalyk taýdan peýdaly we ulanylýan alamatlaryna, zootehniki häsiýetnamalaryna we tohumlaryň medenileşdirilen derejesine esaslanýan toparlandyryş ulgamynyň önümçilik ähmiýeti bolup, atçylygyň iş tejribesinde ulanmaga peýdalydyr.

Ilkinji gezek Ç.Darwin (1859) öý haýwanlaryň tohumlarynyň döredilmeginde tebigy we emeli seçginiň ahmiýetini we atlaryň nähili şertlerde idedilýänligini we köpeldilýänligini, başgaça aýdylanda at tohumlaryny medenileşdirmäge we ýöriteleşdirmäge näderejede adam zähmetiniň siňdirilenligini göz öňünde tutup, olary üç topara:

1. Tebigy tohumlara (saklanylyşy we idedilişi tebigy şertlere golaý bolan, mysal üçin, mongol, gyrgyz atlary we ş.m.);
2. Emeli (mysal üçin, iňlis, ahalteke, arap);
3. Aralyk – geçiş toparlara (don, lokaý atlary we ş.m.) bölýär.

Rus akademigi Middendorf 1885-nji ýylda at tohumlaryny iş öndürijiligi boýunça:

1. Çalasyn hereketli at tohumlaryna (ol topara oňürdik – ylgaw çapýan we gorgun tohum atlary;
2. Haýal (ädimläp ýöreýän) hereketli toparlara bölýär.

Professor P.N.Kuleşow Middendorfyň toparlandyryşy bilen ylalaşmak bilen, öz gezeginde çalasyn hereketli atlary olaryň görnükleri boýunça dört topara:

1. Arap (warwar), sähra, tokaý we garyşyk tohumlara we; haýal hereketli atlary iki topara: orta we ownuk ululykdaky işçi atlaryň tohumlaryna bölýär. Şeýlelikde, P.N.Kuleşow Middendorfyň toparlandyryş usulyny, hojalyk ähmiýeti boýunça toparlandyrylyşy bilen birikdirmäge synanyşýar.

L.W.Kaştanow Ç.Darwiniň usulyna eýerip emeli tohumlary – zawod tohumy, aralyk we ýerli tohumlara bölýär. Öz gezeginde zawod tohumlaryny müngi tohumlara, müngi – arabakeş, agyr ýükçi

arabakeş, arabakeş tohumlara; aralyk – geçiş tohumlary günorta çöllük we oazislerde ýaýran at tohumlaryna, sähra tohumlaryna we daglyk ýerlerdäki tohumlar ýaly zonal toparlara bölmek bilen, olaryň içinde müngi, müngi – arabakeş we müngi ýük urulýan atlara bölýär. Ýerli tohumlary hem zonal toparlara – tokaý, sähra, daglyk we ada atlary – ponilere bölýär.

Atçylyk iş tejribesinde we atlaryň tohumlaryny öwrenmekde aşakda getirilýän A.S Krasnikow (1973) tarapyndan teklip edilen zootehniki – hojalyk ähmiýeti boýunça at tohumlaryny toparlandyryş usuly has oňaýlydyr. Şonda atlaryň tohumlary aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:

1. Ýerli tohumlar: sähra (mongol, gazak, burýat, başgyrt we ş.m. at tohumlary);

Daglyk (altaý, gyrgyz, lokaý, gutsul we ş.m. at tohumlary) we, tokaý (ýakut, narym, wýat, karel) at tohumlary.

2. Zawod we aralyk – geçiş tohumlar: Müngi – (ahalteke, ýomut, arap, tersk, iňlis, trakenen), müngi – araba goşulýan (don, budýonnyý, garabaýyr), müngi – ýük urulýan (lokaý, gutsul, kabardin), gorgunly – orlow, rus, amerikan we fransuz gorgunly tohumlary), agyr ýük çekýän – (perşeron, wladimir, arden, rus) we araba goşulýan – (toriý, latwiýa, woronež, belorus) ýaly at tohumlarynyň toparlaryna bölünýär.

III bölüm

# Atlaryň anatomiýasynyň we fiziologiýasynyň esaslary

Janly organizmleriň gurluşy hakyndaky ylma anatomiýa diýilýär. Ol bedeniň süňk skeleti, siňirdir muskulatura, garyn we içege ýaly organlaryny öwrenýär. Janly organizmde bolup geçýän madda alyş-çalşygy, gan we gan aýlanyş, nerw we iç bölüp çykaryş mäzleri, ýagny gumoral ulgamlaryny we proseslerini öwrenýän ylma fiziologiýa diýilýär.

Atlaryň anatomiýasynyň we fiziologiýasynyň esaslaryny bilmeklik olaryň daýanç we hereketlendiriji organlarynyň, deri örtüginiň, kislorod alyş-çalyş we gan aýlanyş, nerw ulgamlarynyň aýratynlyklaryny öwrenmek, atlaryň saglygyny gorap saklamaga we şonuň bilen birlikde onuň bütin organizmini kämilleşdirmäge kömek berýär. Bu bolsa atlary ulanylýan ýerlerinde doly güýjüne we uzak wagtlaýyn peýdalanmaga ýardam edýär.

## ATYŇ SKELETI

Atyň süňňüniň we bütin bedeniniň, şol bir wagtda hereketlenýän wagty hereketiniň esasy daýanjy bolup onuň süňk skeleti hyzmat edýär. Skelet we muskulatura, baglaýjy siňirler we bogunlar bilen bilelikde atyň ýere bolan daýanjyny üpjün edýär we hereketlendiriji funksiýany ýerine ýetirýär. Atyň daşky formasyny we gurluşyny kesgitleýär. Skeletiň süňkleri beýni, süňk ýiligi, ýürek, burun, öýken, garyn – içege, böwrek, ýatgy ýaly ýaşaýyş üçin möhüm organlary gorap saklaýan boşluklary emele getirýär.

Beýleki mallara garanyňda taýçanaklar enesinden doglanda onuň süňk ulgamy has ösen bolup, diri agramynyň 23 – 25 %-ini tutýar. Netijede ýaňy doglan taý eýýäm aýak üstüne galyp ýöräp bilýär. 5 – 6 ýaşyna çenli atyň süňkleri doly ösüp gutarýar we atyň tohumyna, semizlik derejesine baglylykda onuň agramynyň 7 – 12 %-ini tutýar.

Skeletiň turbajyk şekilli süňkleriniň içki boşlugynda süňk ýiligi ýerleşip, ýilikde gyzyl we ak gan bedenjikleri (öýjükleri) emele gelýär. Süňküň diwarlary dykyz we berk süňk maddasyndan – dentinden ybarat. Atyň süňki berk we uzyndyr. Süňküň üsti aýratyn perde, süňküň ösmegine kömek berýän süňk örtügi bilen örtülendir.

Süňkleriň üstünde dürli-dürli güberçekler, düwürtikler, tümmüller, oýuklar we büdür-südür ýerler bolup, olara muskullar we siňirler birleşýärler.

Skeletiň süňkleriniň biri-biri bilen birikmegi hereketli we hereketsiz bolup biler. Şonda süňkleriň esasy üç hili birleşmesi tapawutlandyrylýar. Kelle-çanak süňkleri hereketsiz bolup, biri-birleri bilen *tikin şekilli ilteşikler* arkaly birleşýärler, oňurga süňkleri baglaýjy siňir şekilli dokumalar we kitirdewük arkaly birleşýärler. Ähli hereketlenýän turbajyk şekilli süňkler *bogunlaryň kömegi bilen* birleşýärler.

Atlarda süňk birleşme bogunlaryň esasy iki sany görnüşini tapawutlandyrmak bolar. Bir süňküň ujunyň üsti beýleky süňküň tümmi ujy ýerleşer ýaly çuň oýuk bolanda, şeýle bogun *köp okly bogun* bolýar. Ol bogunlaryň uçlarynyň islendik taraplara aýlanmagyna mümkinçilik berýärler. Atlarda çatalba – ýanbaş we çigin – pilçe birleşme bogunlary şeýle bogunlardyr. Bogun üstüniň biri tümmüli “köçerjik”, beýlekisi bolsa şol köçerjige laýyk oýukdan ybarat bolanda *bir okly bogun* diýilýär. Bognuň şeýle görnüşi öň we art aýaklaryndaky dyz we aşyklyk bogny diňe bir tarapa, öňe we yza hereket etmegine mümkinçilik berýär, hem-de atyň hereketde wagtynda öň we artky aýaklarynyň bükülmegi we ýazylmagy üçin oňaýly hyzmat edýär. Öň aýaklaryň tirsek, dyz we bakan, artky aýaklaryň aşyklyk we bakan bogunlary şeýle görnüşli bogunlardyr.

Her bir bogun, baglaýjy dokuma bilen bogun haltajygyny emele getirip, biri-birleri bilen berk baglanýarlar. Bogun haltajygy örän typjyk suwuklyk (sinowial) işläp çykarmak bilen, iki süňküň biri-birine sürtülýän üstüni örtýär we süňkleriň biri-birine sürtülip degmezligine we öňe-yza ýeňil hereket etmegine kömek berýär.




**11-nji surat. Atyň skeleti.**

1. Burun süňki
2. Çekge süňki
3. Atlant (1-nji boýun oňurga)
4. Epistrofeý (2-nji boýun oňurga)
5. 3 – 7-nji boýun oňurgalar
6. Döş oňurgalar
7. Bil oňurgalar
8. Çatalba oňurgalary
9. Türre oňurgalary
10. Gapyrgalar
11. Pilçe
12. Çigin süňki
13. Ýaýjyk we tirsek süňki
14. Tirsek
15. Dyz süňkleri
16. Öň injik
17. Bakan süňki
18. Täç süňki
19. Toýnak süňki
20. Çatalba süňkleri
21. Ýanbaş süňki
22. Dyzçanak
23.Uly baldyr süňki
24. Kiçi baldyr süňki
25. Aşyklyk süňkleri
26. Artky injik
27. Döş süňki

Atyň skeleti ýokardaky *(11-njy surat)* esasy böleklerden: kelle skeletinden, göwre skeletinden, öň we art aýaklaryň skeletinden ybaratdyr.

Kelle skeleti iki bölümden: beýni süňküniň we ýüz süňküniň bölümlerinden ybaratdyr. Beýni bölüminiň süňkleri kelle beýnisini

daşarky şikeslerden gorap saklamak üçin hyzmat edýän kelle çanagyny emele getirýär. Ýüz bölüminiň süňkleri iki sany boşlugy – burun boşlugyny we agyz boşlugyny emele getirýär. Burun boşlugy kitirdewükli burun germewi bilen ikä bölünýär we öň tarapynda iki sany burun deşigi hem-de maňlaýda bokurdaga we kekirdege açylýan iki deşigi bar.

Agyz boşlugynyň ýokarky we aşaky äňlerinde uly atlarda 40 sany we baýtallarda 36 sany dişleri bar.

Göwre skeleti dört sany bölüme: boýun, döş, bil we çatalba bölümlerine bölünýär. Kelleden guýruga çenli barýan oňurga sütüni, göwre skeletiniň esasy köçeri bolup hyzmat edýär. Oňurga sütüni üstündäki dik we kese (ganat) ösüntgileri bolan oňurgalardan ybaratdyr. Muskullar we siňirler ol ösüntgilere birleşendir. Göwre skeletiň boýun, döş, bil, çatalba we guýruk böleklerinde ýerleşişine görä, oňurgalar dürli görnüşlerde bolýarlar. Oňurga sütüniniň boýun bölümi 7 oňurgadan ybarat bolup, birinji oňurga atlant kelläni ýokary galdyrmaga we aşak egmäge mümkinçilik berýän bogun arkaly kelle bilen birleşýär. Ikinji boýun oňurga epistrofeý atlant bilen aýratyn şekilde birleşip, kellesini iki tarapa aýlanma hereketini etmäge mümkinçilik döredýär.

Göwre skeletiniň döş bölümi 18 oňurgadan we 18 jübüt gapyrgalardan we döş süňkünden ybaratdyr. Döş bölüminiň öň bölek oňurgalaryndaky dik we uzyn ösüntgiler atyň gerşini emele getirýär. Öň tarapdaky gapyrgalaryň 8 jübüti döş süňki bilen birleşip döş kapasasyny emele getirýär. Döş kapasasynda ýaşaýyş üçin örän möhüm organlar bolan ýürek we öýken ýerleşýär.

Atyň bedeni diňe hemişe täzelenip durmak, ýagny daşky gurşawdan iýmitleniş önümlerini we howanyň kislorodyny hemişe sarp edip, maddalaryň üznüksiz çalşyp durmagy bilen ýaşap we ösüp bilýär. Olaryň iýýän ot-iýminde dürli ýokumly himiki maddalar bar.

Gylýallaryň iýmit siňdiriş organlary agyz boşlugyndan başlap, artbujakda gutarýan, 30 metre çenli uzynlykdaky turbajyk şekilli garyn we içegelerden ybaratdyr *(12-nji surat).* Iýmit siňdiriş pursaty agyzda başlaýar. Bu ýerde ot-iým dişler tarapyndan çeýnelip owradylýar, sülekeý bilen çyglandyrylýar we gyzylödegiň içi bilen garynda soňra içegelerde, ýokumly maddalar, özleşýär we siňýär.

**Gylýalyň iýmit siňdiriş, dem alyş we garyn-içege ýaly organlarynyň ýerleşişi**




**12-njy surat.**

1 – agyz boşlugy;
2 – 3 – sülekeý mäzleri;
4 – damak;
5 – burun – agyz bokurdak deşigi;
6 – gyzylödek;
7 – aşgazan;
8 – bagyr;
9 – aşgazan asty mäzi;
10 – içegäniň inçe bölümi;
11 – kör içege;
12 – uly boýuntyryk içege;
13 – kiçi boýuntyryk içege;
14 – göni içege;
15 – burun boşlugy;
16 – bokurdak;
17 – kekirdek;
18 – öýken;
19 – ýürek;
20 – böwrek;
21 – peşew ýoly;
22 – peşew haltasy;
23 – jyns organy;
24 – oňurga ýiligi;
25 – uly beýni;
26 – beýnijik;

Skeletiň bil bölümi – atlarda 6 oňurgadan ybarat bolup berk bogunlar bilen birleşendir. Olaryň uly kese ganatlary, garyn boşlugynyň we böwregiň üstüni örtýärler. Çatalba oňurgalary bir-birleri we çatalba süňkleri bilen bitişen oňurgalardan ybaratdyr.

Çigin ýa-da alynky guşaklykdaky iki sany giň we ýasy pilçe süňki, öň we art aýaklar bilen göwräniň döş bölüminiň gatnaşygyny üpjün etmek üçin hyzmat edýär. Öň aýaklar üç bölekden – çigin, ýaýjyk we tirsek süňkünden we injikden ybaratdyr. Dyz, dyz bognuny emele getirýän kiçijik gysga süňkleriň iki hatary bilen emele gelýär.

Injik süňküniň aşaky ujy bakan bognuny emele getirip ol bakan (barmak süňki) bilen birleşendir. Atlaryň aýagynyň bir barmagy ösendir. Barmak – bakan, täç we toýnak süňkünden ybarat bolup örän berk bogunlar bilen birleşendir. Çapuw wagtynda ol bogunlara örän uly agram düşýär.

Çatalba ýa-da artky guşaklyk, çatalba boşlugyny emele getirýär. Ol boşlukda jyns organlaryň içerki bölekleri, peşew haltasy we içegeligiň yzky bölekleri ýerleşýär. Atlaryň art aýaklary ýanbaş, baldyr, aşyklyk, artky injik we barmak süňklerinden ybaratdyr. Ýanbaş süňki bir ýanbaş süňkünden ybarat bolup, onuň ýokarky ujy çüýjügi çatalba bilen, aşaky ujy bolsa baldyr süňki bilen birleşýär. Ýanbaş süňküniň aşak böleginiň öňünde dyzçanak bar. Ýanbaş süňki bilen uly baldyr süňki we dyzçanak – ýanbaş – baldyr birleşme bognuny emele getirýär. Baldyr süňki iki: uly baldyr süňkünden we kiçi baldyr süňkünden ybaratdyr. Baldyryň esasy daýanç süňki uly baldyr süňküdir.

Aşyklyk bogny üç hatar ýerleşen süňkjagazlardan durýar. Art aýaklaryň injiginiň we barmak süňkleriniň gurluşy öň aýaklaryňky ýaly atlandyrylýar.

Atlarda siňirdir baglaýjy ulgamy gowy ösendir hem-de olaryň aýaklary berkligi bilen tapawutlanýandyr.

Şonuň bilen birlikde atlar agyr işledilende, çapuw we atçylyk sporty ýaryşlarda olaryň aýaklaryna şikes ýetmegi we siňirdir muskullarynyň, süňkleriniň zorukmagy, alawlamagy mümkin. Süňk getirme, süňk alawlamasy, rahit, süňk jaýrylmasy we süňk çykmagy, siňir zorukmasy, sary suwuklyk we bogun haltasynyň alawlamasy we ş.m. bolup biler. At daşyndan seredilip gözden geçirilende, şonuň ýaly ýetmezçilikleri bar bolsa olary elläp, rentgene düşürip anyklamaly hem-de, weterinar lukmana bejertmeli bolýar.

## Skelet muskulaturasy

Süňkler berk ýapyşan muskullaryň dartylmagy, ýygrylyp ýazylmagy netijesinde herekete gelýärler. Skelet muskulaturasy üsti birleşdiriji dokuma muskul örtügi – ýuka perde bilen örtülen aýry-aýry muskullardan ybaratdyr. Şol perde bolsa muskullary biri-birinden

aýyrýar. Muskullaryň daşyny örtýän we muskullaryň içine hem geçýän birleşdiriji dokuma örtügi boýunça gan akdyryjy, nerw we limfatiki damarlar geçýärler. Şol damarlar boýunça muskullara ýokumly we energetiki maddalar we kislorod barýar. Muskullar özleriniň ýerleşýän ýerine we bitirýän funksiýalaryna baglylykda, görnüşi we ulylygy boýunça dürlüdirler. Uzyn, inli, ýasy, halka şekilli we ş.m. görnüşlerde bolýarlar. Muskullar siňirler arkaly süňklere birleşendir.

Muskullaryň işi nerw gyjynmalarynyň täsiri bilen, muskul öýjükleriniň yzly-yzyna dartylyp ýazylmagyndan ybaratdyr.




**13-nji surat. Gylýalyň muskulaturasy.**

1 – trapesiýa görnüşli muskul;
2 – gol-kelle muskuly;
3 – gerş öňi (predost) muskul;
4 – goluň üçbaşly muskuly;
5 – delta görnüşli muskul;
6 – gol muskuly;
7 – aşaky (wentral) diş-diş muskul;
8 – injik üstüniň gary ýazyjy muskuly;
9 – gol bognunyň tirsek ýazgyjy;
10 – umumy barmak ýazgyjy;
11 – gapdal barmak ýazgyjy;
12 – ýanbaş muskullarynyň topary;
13 – buduň iki başly muskuly;
14 – ýarym perdeli muskul;
15 – ýaýbaň perdäni dartyjy muskul;
16 – uzyn barmak ýazyjy;
17 – gapdal barmak ýazyjy;
18 – öň we yz aýaklaryň ýüzleý barmak epiji muskuly;
19 – öň we yz aýaklaryň çuň barmak epiji muskuly;
20 – arkanyň ýaýbaň muskuly;
21 – dorsal diş-diş muskul;
22 – garnyň daşky gytak muskuly;
23 – plastyr görnüşli muskul;

Hor düşen we işledilmedik atlarda tiz ýadawlyk emele gelýär we muskulatura ýygrylmak ukybynyň we atyň işjeňliginiň haýsydyr bir bölegini ýitirýär. Şonuň ýaly ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy üçin atlary dogry we doly iýmitlendirmek we çapuw atlary yzygider seýislemek hem-de, olaryň işledilişini we dynç alşyny başarnykly guramak gerek. Artykmaç işledilende atyň siňirdir muskullaryna şikes ýetmegi mümkin we olary weterinar lukmanlarynyň bejermegi gerek bolýar.

Bedeniň ähli muskullaryny üç sany uly – kelle, göwre we aýak topar muskullara bölmek bolar. Kellede gulaklary, gözleri, gabaklary, duluklary we aşaky äňi herekete getirýän ýüzüniň we çeýneme muskullary tapawutlandyrylýar *(13-nji surat).*

Göwre muskullary üç bölüme: oňurga sütüniniň, döş kapasasynyň we garyn diwarynyň muskullaryna bölünýär. Oňurga sütüniniň muskullary onuň birneme epilmegini we ýazylmagyny üpjün edýär. Döş kapasasynyň muskullary atyň dem alan wagtynda döş kapasasynyň göwrüminiň giňelmegini we daralmagyny üpjün edýär.




**14-nji surat. Atyň öň aýaklarynyň siňir we baglaýjy ulgamy.**

1 – uly barmagyň dolanan uzyn siňri
2 – şöhle şekilli dyz ýazgynlaýjy;
3 – kese baglaýjy siňir;
4 – umumy barmak ýazyjy;
5 – barmak ýazyjy gapdal siňir;
6 – ösüntgi temen süňki;
7 – süňkara orta muskulyň şahasy;
8 – barmak epiji ýüzleý siňir;
9 – çuň barmak epijiniň goşmaça dyz siňir bölegi
10 – barmak epijisi çuň ýerleşen siňir;
11 – süňkara orta muskul.

Garyn diwarynyň muskullary dem alanda döş kapasasynyň muskullaryna kömek berýär we garnyň uly göwrümli we agyr organlaryny saklap, garyn boşlugynyň galyň diwarlaryny emele getirýärler.

Alynky çigin we çatalba – artky guşaklyk bölegine we süňklerine birigýän aýaklaryň muskullary hem öz gezeginde aýry-aýry toparlara bölünýärler we ol muskullar *(14-nji surat)* aýaklaryň epilmegi, bükülmegi we ýazylmagy üçin hyzmat edip, olary herekete getirýärler.

## DERI ÖRTÜGI

Atyň deri örtügi onuň organizmini daşky gurşawyň täsirinden goraýar, dem almagyna, derlemek bilen artykmaç ýylylygyň we duzlaryň, ýaglaryň (der ýagy žiropot görnüşinde) bölünip çykmagyna kömek edýär hem-de goşmaça duýgy organy bolup hyzmat edýär. Ahalteke atlarynyň derisi ýukadyr we inçejik gan damarlary (kapilýarlar) bilen gowy üpjün edilip, seýislenýän atlaryň derisinde, işlenilýän ýa-da çapylýan wagty gandan dolan damarjyklaryň tor şekilli örtügini emele getirýär. Munuň özi bedende emele gelen artykmaç ýylylygyň (85 %-ine çenli) deriniň üsti bilen bölünip çykmagyna ýardam edýär.

Atyň bedeninde madda alyş-çalşygy, okislenme – dikeldiş prosesleriň netijesinde ummasyz mukdarda ýylylyk bölünip çykýar. Aýratyn hem sport we çapuw ýaryşlary wagtynda, işeňňir seýislenilende, çapýan wagty, agyr işlerde işledilende, energiýanyň köp harajat edilmegi netijesinde öndümli madda alyş-çalşygy emele gelýär. Energiýanyň harajatynyň yigrimi essä çenli köpelmegi mümkin. Emele gelen artykmaç ýylylygy organizm aşakda görkezilen esasy ýollar bilen bölüp çykarmaga ukyplydyr:

1) dem alnanda öýkene barýan sowuk howanyň ýylamagy we öýkenden çykýan ýyly çyg bug bilen ýylylyk bölünip çykýar;

2) deri üstüniň ýelpenmegi (konweksiýa) bilen;

3) derlemek bilen we ýyly deriň, deriniň üstünde bugarmagy netijesinde endamyndan ýylylyk bölünip çykýar.

At ähli endamy bilen derleýär. Seýislenmedik atlar köp derleýär, özleri hem sabynlanan ýaly ak köpük derleýär. Gowy seýislenen atlar az we gury suw derleýär we ol çalt guraýar. Der bilen bilelikde madda alyş-çalyş pursatlarynda emele gelen zyýanly artykmaç maddalar, duzlar, ýaglar bölünip çykýar.

Deri örtüginiň üýtgeşmelerine – atyň göwresiniň her ýyl çalyşýan örtük tüýleri, gorag (ýaly, guýrugy, saçy) gyllary, gözüniň töwereginde, dodaklarynda we burnunda, gulagynda nerw süýümleriniň ujy bilen bagly bolan duýgy gyllary, gow, gyllaw we bakanyň iç tarapyndan ösýän buýnuz ösüntgi we toýnak (toýnak buýnuzy) girýär.

Ahalteke, arap, iňlis atlarynyň örtük tüýleri ýumşak, inçe we keltedir. Ahalteke atlarynda olar özboluşly öwüşginlidir, ýaly, guýrugy selçeňdir. Demirgazyk sebitlerde ýaýran at tohumlarynyň derisi galyň, örtük tüýleri gür we ýaly, maňlaý saçy has ösgündir.

Atyň ýüzündäki aýlawly *burma üstüniň şekili* aýrybaşga atlarda dürli-dürlüdir we käwagtlar atlary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin ulanylýar.

Gow we bakan buýnuzy (şpor) atlaryň ata-babalaryndan galan 2 we 4 barmaklarynyň ornunda galan ösüntgilerdir.

## DEM ALYŞ ORGANLARY

Burun, burun boşlugy (seňrik), kekirdek we öýken atyň dem alyş organlarydyr. Dem alma organizm bilen daşky gurşawyň arasynda howa – kislorod alyş-çalşygydyr. Daşky dem alyş öýjükleriniň kislorody ulanyp, kömürturşy gazy emele getirmek we bölüp çykarmagy bilen bolup geçýär. Içki ýa-da dokumalaryň dem almagy, ganyň (gemoglobiniň) her bir dokuma baryp, kislorody berip, madda alyş-çalşygy pursatlarynda bolup geçýär. Dem alşyň görnüşleri gursak bilen diafragmanyň kömegi, garnyň kömegi we garyşyk gursak bilen garnyň hereketlenmeginiň kömegi bilen bolup biler.

Burun boşlugynda dem alnan howanyň temperaturasy kadalaşýar. Atlar dynç wagtynda minutda 8 – 16 gezek ýygylykda dem alýan bolsa, çapýan we seýislenýän atlaryň işledilýän wagty dem alşy ýygylaşýar. Minutda 120 gezege çenli baryp ýetmegi mümkin. At dynç wagtynda bir demde 5 – 6 litr howany dem alýan bolsa, çapýan ýa-da sport ýaryşlary wagtynda 12 – 18 litre çenli howany dem alýar.

Atyň öýkeniniň minutlyk howa göwrümi dynç wagtynda ortaça 40 – 60 litre deň bolsa, onuň hereketde wagty 400 – 500 litre we uza-

boýuna çapýan wagty 2000 litre çenli baryp ýetmegi mümkin. Atyň dem alyş ulgamynyň ätiýaçlygy örän uludyr. Atyň ýöriş wagty dem alýan howasy 4 – 6 gezek, gorgun sürlende 6 – 8 we öňürdiklände 12 – 15 gezek köpelýär.

Aşa güýçli işledilip çapylýan atlarda kislorod ýetmezçiligi (gipoksiýa) ýüze çykmagy mümkin. At birbada ilki zor bilen işledilip ýa-da çapylyp başlanda myşsalara barýan kislorod gereginden azlyk edýär, netijede organizmde madda alyş-çalşygy zerarly emele gelen süýt kislotasy doly dargap ýetişmeýär, turşulyk (PH) köpelýär. Süýt kislotasy gana geçip kislorod ýetmezçiligini döredýär. At ýygy-ýygydan hasylap dem almaga başlaýar. Öýkende haýsydyr bir agyry peýda bolýar. Soňra kömür kislotasynyň (bufer bolup hyzmat edýän) köp bölegi gandan öýkene geçýär, turşulyk (PH) peselýär we dem alyş kadalaşýar. Şondan soň atyň ikinji dem alyş ýolunyň açyldygy hasap edilýär.

Kem-kemden yzygider işledip seýislemegiň netijesinde atyň dem alyş ulgamy kämilleşýär we ikinji dem alyş ýolunyň agyrysyz we çalt açylmak ukybyny artdyrmak bolar.

Çala seýislenen we zor işledilip çapylýan atlarda, öýkene düşýän agram zerarly ökeniň we onuň öýjükleriniň (alweollarynyň) giňelmegi we alawlamagy mümkin. Şeýle-de, şonuň ýaly atlarda çalt-çalt doly däl dem almak (odyşka), öýkeniň batmagy (zapal), öýken çişme (emfizema) ýaly keselleriň ýüze çykmagy mümkin.

Şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak üçin çapyp gelen atlary deri gaýdyp demini gowy dürseýänçä, üstüne jul atyp gezim bermek esasy şertleriň biridir.

## GAN WE GAN AÝLANYŞ

Ýürek esasy gan aýlanyş organy bolup, ol atlaryň dynç wagtynda minutda 15 – 40 litr we çalasyn hereketlenýän wagty 150 – 250 litr gany öz üstünden aýlaýar.Ýüregiň işiniň möçberini kesgitleýän görkeziji ýürek urgusydyr (pulsudyr). Atyň dynç wagty ýürek urgusynyň ýygylygy minutda 28 – 44 urga barabardyr.

Atyň ýürek urgusynyň ýygylygy onyň saglygyna, seýisleniş derejesine, ýaşyna, jynsyna baglylykda üýtgäp durýar. Seýislenýän atlarda ýürek urgusy seýreklenýär, işeňňir işledilenden soň çalt kadalaşma ukyby ýüze çykýar. Şeýle-de bolsa çapyp barýan we sport ýaryşlary wagtynda atyň ýürek urgusy minutda 120 – 130 urga çenli baryp ýetýär. Atyň ýürek urgusy onuň seýisleniş derejesiniň görkezijisi bolup hem hyzmat edýär. Gowy seýislenen atlarda uly ýaryşlardan soň atyň ýürek urgusy tiz kadalaşýar. Atyň ýürek urgusynyň ýygylygy aşaky äňiň aşagyndaky arteriýa damarynyň üsti bilen, guýruk we bakan arteriýa gan damarlarynda ölçenilip bilner.

Atyň bedeninde onuň aýlanýan gany diri agramynyň 7 – 8 %-ine deňdir. Gorgun ýöreýän atlaryň 1 mm kub ganynda ortaça 9 mln gyzyl gan bedenjikleri (eritrosit) bar bolsa, müngi atlarda 10 mln. gyzyl gan bedenjikleri bardyr. Çapyp barýan atlaryň ganynda gan bedenjikleriň sany 12,8 mln (28 %-e) çenli köpelýär. Ganyň esasy görkezijileriniň biri gandaky gemoglobiniň konsentrasiýasydyr. Gemoglobiniň mukdary atlaryň ganynda ortaça 16 gram %-e deňdir.

Atyň gany we gan aýlanyş ulgamy onuň 37,5° C-ä deň bolan hemişelik temperaturasyny saklamaga kömek edýär.

Ganyň normal ýagdaýdaky aşgarlygy PH – 7,40. Gan plazmasynyň aşgar ätiýaçlygy gorgun ýöreýän atlarda 580 – 620 mg %-e, ýük çekýän iri atlarda 450 – 540 mg %-e deňdir. Gandaky aşgar ätiýaçlygy işeňňir işledilmekden emele gelýän güýçli madda alyş-çalşygynyň netijesinde, atyň ganynda emele gelen turşulyklary (süýt kislotasy we ş.m.) neýtrallaşdyrmaga harçlanylýar. Mysal üçin, çapylýan atlar duran wagty aşgar ätiýaçlygy 540 mg göterim bolsa, ol çapuwdan soň 270 mg %-e çenli azalýar.

Sportda ulanylýan atlar seýislenýän we ýaryşlara gatnaşýan döwründe onuň seýisleniş derejesini we ýaryşlara taýýarlygyny, esasy fiziologiýa görkezijilerini yzygider barlamak bilen goşmaça anyklamaly bolýar. Şonuň ýaly barlaglar atyň ýürek urgusynyň ýygylygyny, dem alyş ýygylygyny we bedeniniň temperaturasyny barlamak bilen geçirilýär. Eger-de gan, dem alyş we bedeniniň temperaturasynyň görkezijileri kadaly bolmaly derejesinden ýokary bolsa, atyň seýislen-

mek ýa-da çapmak zerarly ýadaw ýa-da ýarawsyzlygyny aňladýar. Halkara marafon at çapyşyklarynda we atçylyk sporty boýunça ýaryşlaryň arasynda 20 minut dynç alandan soň, atyň ýürek urgusy 64 urgudan, dem alyş ýygylygy 34 gezekden we temperaturasy 38,3° -dan geçmeli däldir.

## ATYŇ NERW ULGAMY WE GUJURLYLYGY (TEMPERAMENTI)

Atyň merkezi nerw ulgamy onuň bitewi organizmini reflexleriň kömegi bilen daşky gurşaw bilen özara baglanyşdyrýar. Refleks – daşky gurşaw bilen organizmiň arasyndaky arabaglanyşyk we oňa jogap reaksiýasydyr. Mysal üçin, ata münüp debsileseň ol ýöreýär, çapýar, jylawyny çekseň durýar. Merkezi nerw ulgamy haýsydyr bir täsiriň netijesinde organizmiň daşky gurşawyň täsirine oýanmaklygyny (wozbuždeniýe) we saklanmaklygyny (tormoženiýe) sazlaşykly ugrukdyrýar. Atyň nerw ulgamy onuň ýaşyna, jynsyna, idegine we biçilmegine bagly bolýar.

Dürli usullar bilen atlary seýisläp “terbiýeläp”, olaryň nerw ulgamyny haýsydyr bir derejede ösdürip we kämilleşdirip bolar. Şertsiz refleksler mallarda enesinden dogabitdi bolýar. Şertli refleksler soňra döreýär we yzygider türgenleşdirmek bilen olary ösdürmek, kämilleşdirmek we berkitmek bolýar.

Atlaryň ýokary nerw ulgamy gowy ösendir. Olarda ýatkeşlik, münen adamyň ugrukdyryjy hereketlerine düşünmek we boýun egmek, onuň islegine görä hereket etmek duýgusy bardyr. At özüne bolan gowy ýa-da ýaramaz gatnaşygy syzýar. Atbakar aty sypap-sermäp mylaýymlyk bilen seredýän bolsa, ol ony kişňäp garşylaýar. Sanjym geçýän, gan alýan mal lukmanyndan bolsa gorkýar. Abaýlanan ýa-da urlan ýerini ýadyndan çykarmaýar. At bilen iş salşylanda ondan gorkmaly däl, teblehanada ýa-da isle başga ýerde bolsun, onuň ýanyna ýuwaşlyk bilen barýanyňy bildirip gapdal tarapyndan barmaly. Gerşinden, boýnundan, maňlaýyndan sypalasaň at aňsat boýun egýär. Esasy zat bolsa aty gorkuzmaly we ürküzmeli däl.

Atlar gowy eşidýär, gündizine hem-de gijesine gowy görýär we ýolda-yzda gowy ýol tapýar.

Atyň gujurlylygy onuň nerw ulgamy bilen umumy baglanyşykda bolmak bilen atyň tebigy ýagdaýda özüni alyp barşydyr. Müngi (çapuw atlary) şol sanda ahalteke atlary duýgurlygy, galdawlygy, örän gujurlylygy bilen tapawutlanýar. Işçi ýabylar ýuwaş gujursyzrak bolýar.

Gujurlylykdan tapawutlykda atyň gylyk-häsiýetinde tapawut bar. Gujurlylyk dogabitdi bolsa, atyň gylyk-häsiýeti soň döreýär we ol dürli ýagdaýlarda atyň özüni alyp barşyny häsiýetlendirýär. Gowy we ýaramaz gylykly, ýaramaz endikli atlary hemişe tapawutlandyrmak gerek. Gylyksyz atlar ýanyna adam goýbermeýär, jylawlatmaýar, üstüne müneni alyp gaçýar, jyrtlap ýykýar, süren ýeriňden ýöremeýär, depýär, dişleýär we ş.m. Atyň ýaramaz endiklerine duş gelen zady, iým ahyryny, diwary gemirmek, agzyndaky iýmini pytratmak, kellesini silkmek, teblehanada çaýkanyp durmak we dilini şapyrdadyp çykarmak ýaly ýaramaz endikleri degişlidir. Gowy gylyklar we endikler ata taýlygyndan başlap hemişe mylaýymlyk bilen öwredilmelidir.

IV bölüm

# Atlaryň beden gurluşy we daşky synasy

## ATYŇ BEDEN GURLUŞY

Atyň beden gurluşy (konstitusiýasy) diýlip atyň nesilden alan we hususy ösüşinde kemala gelen anatomiýa – fiziologiýa häsiýetleriniň, onuň syna – sypaty, daşky gurluşy, işjeňlik we önümlilik ukyplylygy ýaly ýüze çykmalary, daşky gurşawyň gyjyndyrmalaryna jogap reaksiýasy we saglyk ýagdaýy bilen özara arabaglanyşykda bolan tutuş umumybeden bitewüligine düşünilýär (konstitusiýa – latyn sözi bolup gurluş diýmekdir).

Atyň beden gurluşynyň tejribede bize görünýän bölegi atyň synasy – daşky görnüşidir (eksterýeridir).

Anatomiýa organlary, fiziologiýa madda alyş-çalyş pursatlary, nerw we içki sekresiýa mäzleri – beden gurluşynyň bize görünmeýän has çylşyrymly içki (interýer) gurluşydyr. Şeýlelikde, umumy bedengurluş, içki we daşky özara arabaglanyşykly bir bitewi organizmiň ýüze çykmalarydyr.

Atlaryň beden gurluşy dürli alymlar tarapyndan öwrenilip, olary dürli toparlara bölüpdirler. Beden gurluşy boýunça toparlara bölmek ilkinji gezek Sigo (1908) we Kreçmer tarapyndan teklip edilýär. Olar iki topara bölmekligi teklip edýär:

1. Dem alyş ulgamy ösen (ýa-da dem alyş – nerw – muskul) beden gurluşly atlar, mysal üçin ahalteke, iňlis, arap atlary.

2. Iýmit siňdiriş ulgamy ösen (ýa-da muskul – iýmit siňdiriş) beden gurluşly atlar. Şeýle beden gurluşly atlar toparyna ädimläp ýöreýän agyr ýük çekýän atlar girýär.

Weýdenreýh we Witt beden gurluşyň iki görnüşini tapawutlandyrýarlar. Birinjisi dar göwre (leptosom) beden gurluşly we giň göwre (eýrisom) görnüşli atlardyr. Agzalan beden gurluşyň görnüşleri ylmy we biologiýa taýdan dogry bolsa-da, atçylykda amatsyz we düşnüksiz bolup galýar.

Tohumçylyk işlerinde we seçgilenilende, atlara baha bermekde we olary saýlap almakda önümçilik iş tejribede P.Kuleşowyň, M.Iwanowyň we E.Bogdanowyň teklip edýän beden gurluşynyň toparlara bölünişi uly ähmiýete eýedir. Ol toparlar aşakdakylardyr.

1-nji topar: Berk beden gurluşly (M.Iwanow boýunça), dykyz ýa--da nyk (P.Kuleşow) we guraksy beden gurluşly (E.Bogdanow) atlar ýaly görnüşlere bölýärler. Şeýle gurluş atlarda islenilýän we köp ulanylýan esasy beden gurluşydyr. Şonuň ýaly atlar süňňüniň sagatlygy, görnükliligi, süňküniň berkligi, muskul ulgamynyň nyklygy, ýokary işjeňligi we sazlaşykly beden gurluşy bilen tapawutlanýar.

2-nji topar: Agajet, ýognas, öte ösgün beden gurluşly atlaryň aýratynlyklaryna süňkleklik, muskulaturasy öte ösgün we derisi galyň, dyz, aşyklyk we beýleki bogunlary ýognas we gowy bildirmeýär. Agajetden öte ösgün beden gurluşly atlar gazak, gyrgyz ýabylarynyň arasynda köp duşýar. Şol bir wagtda ol tohumlardan bolan atlar bedeniniň berkligi, çydamlylygy bilen tapawutlanýar.

3-nji topar: Näzikbeden beden gurluşly atlar ahalteke atlaryna mahsus bolup, olar näzikden guraksy bolsa islenilýän beden gurluşlydyr. Şeýle atlara süňk inçeligi we süňk berkligi, nyk muskulatura, derisiniň dykyzdan ýukalygy, bogunlary, siňirleri guraksydan gowy bildirip duran we göwresiniň tüý örtügi we ýaly, guýrugy köse atlardyr.

4-nji topar: Mylky beden gurluşly atlar ädimläp ýöreýän agyr ýük çekýän atlaryň arasynda köp duşýar.

Agzalan toparlardaky beden gurluşy bilen bir hatarda agajetden berk bedenli, öte ösgünden mylky ýaly aralyk beden gurluşly atlar ýerli sähra we tokaý atlarynyň arasynda köp duşýar. Ýokarda getirilen beden gurluşynyň görnüşleri her bir at tohumynyň içinde hem duşup biler.

## ATYŇ SYNASY, SYNA AGZALARY

Atyň synasy (eksterýeri) diýip her bir atyň aýrybaşga hususy aýratynlyklaryna baglylykda, onuň daşky syna görnüşine aýdylýar. Daşky syna aýratynlyklary atyň tohumçylyk häsiýeti, ýyndamlygy,

şonuň ýaly-da beden gurluşynyň berkligi bilen özara arabaglanyşykda bolýar.

Atlar dürli maksatlar üçin seçgilenip saýlanylanda, olaryň tohumçylyk gymmaty kesgitlenende, satuwa we sergi gözden geçirişlere çykarylanda, at çapyşyklaryna we atçylyk sportuna saýlanylanda, ilki bilen onuň daşky synasyna, beden gurluşyna, durkuna baha bermek bilen saýlanylýar, onuň tohumçylyk gymmaty kesgitlenilýär. Atyň synasyna baha bermegiň esasy üç usuly bar:

1) göz çaky bilen baha bermek;
2) göwre gurluşynyň ölçeglerini almak;
3) surata düşürmek.

Birinji usul boýunça baha berlende, aty tekiz ýere çykaryp onuň umumy durkuna, müçesine, syna – sypatyna, beden agzalaryna, reňkine, nyşanlaryna we ýöredip görmek bilen dürli hereketlerine, şonuň ýaly-da, bar bolsa ýetmezçiliklerine we gowy taraplaryna, gylyk-häsiýetlerine baha berilýär. Göz çaky bilen baha bermek mysaly bolup şeýle bahany kämil atşynas hünärmenler berip bilýär. Göz çaky bilen baha berip atlary saýlamak türkmenlerde ulanylan gadymy we ilkinji usullaryň biridir.

Syna agzalary – munuň özi atyň bellibir işleri (funksiýalary) ýerine ýetirýän aýrybaşga beden bölekleridir. Olara bölekleýin seredilip, umumy daşky syna – sypatyna, beden gurluşyna jemleýji baha berilýär. Atyň esasy syna beden agzalarynyň türkmen dilinde atlandyrylyşy 15-nji suratdaky ýalydyr.

Atlary ölçemek – anyk we aýdyň baha bermek usuly bolup atyň göwresiniň uly-kiçiligine, süňklekligine takyk baha bermäge, döş aýlawynyň ölçegi bolsa atyň gursaklakdygyna we döş kapasasynyň göwrüminiň ululygyna şonuň bilen birlikde bolsa ýürek we dem alyş ulgamyna gapdallaýyn baha bermäge mümkinçilik döredýär. Atlar seçgilenip tohumçylyk klasy kesgitlenilende, ahalteke we ýomut tohum atlary döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylanda, göwre ululygyna baha bermek we beýleki maksatlar üçin, atlaryň esasy dört ölçegi santimetrlerde alynýar. Atlar çep tarapyndan ýörite atlary ölçemek üçin niýetlenen ölçeg taýagy we tasma metriň, sirkulyň kömegi bilen ölçenilýär.

# Atyň göwre synasynyň agzalary




**15-nji surat. Atyň daşky synasy.**

1 – Maňlaý
2 – Dodak
3 – Aşaky we ýokarky äň
4 – Burun
5 – Seňrik
6 – Göz
7 – Göz üsti oýuk
8 – Gulak
9 – Alkym
10 – Ýeňse
11 – Saç
12 – Ýal
13 – Boýun
14 – Geriş
15 – Ýagyrny
16 – Bil
17 – Sagry
18 – Kümpüç
19 – Türre we guýruk
20 – Gursak
21 – Döş süňki
22 – Döş kapasasy we gapyrgalar
23 – Ýamyz
24 – Pilçe
25 – Pilçe we çigin tümmüsi
26 – Gary (çigin)
27 – Ýaýjyk we tirsek
28 – Dyz we dyz bogny
29 – Injik
30 – Bakan
31 – Täji
32 – Gündüşmezi
33 – Toýnak (toýnak buýnuzy)
34 – Çatalba ýanbaş tümmüsi
35 – Ýanbaş
36 – Baldyr
37 – Dyzçanak
38 – Aşyklyk
39 – Söbük
40 – Gow
41 – Artky injik
42 – Artky bakan
43 – Gyllawy
44 – Topuk
45 – Çatalba tümmüsi

Her bir atyň dürli ýaşdaky ölçegleri, olaryň aýrybaşga resmi ýazgylaryna we tohumçylyk şahadatnamalaryna hem ýazylýar. Atlaryň ölçeglerini almagyň we olary ulanmagyň usullary barada yzda giňişleýin durlup geçilýär.

Atlara ýokarda agzalan usullarda baha berlip saýlanylanda olaryň tohumy, jyns aýratynlyklary, ýaşy göz öňünde tutulmalydyr. Ahalteke atlary saýlanyp seçgilenende onuň asyl bedew at syna – sypatly görnügine aýratyn üns berilýär.

Atlar resmi ýazgylar we beýleki maksatlar üçin ýörite surata düşürilende, suratçy atyň çep tarapyndan üç göwre uzynlygy daşlykda we sekizinji gapyrganyň ýerleşýän ýerine dogry durmak bilen atyň gujurlanyp, gobsunyp duran wagty surata almaly. Şonda atyň dört aýagynyň göwresiniň aşagynda dik we dogry durmagyna üns berilmelidir. Suratlar atyň hususy tohumçylyk ýazgy – sertifikatlaryna ýelmenilýär. Häzirki wagtda düzgüne laýyk dogry alnan suratlaryň kömegi bilen elektron usulda hem atlara baha berilýär.

Atyň daşky syna beden gurluşyna baha berlende onuň agzyny açyp dişlerini görmeli, ýaşy barada jedelli ýagdaýlar ýüze çyksa, dişleri boýunça ýaşyny kesgitlemeli. Aýaklaryny elläp siňirdir baglaýjy ulgamlaryny barlamaly. Endamyna şikes ýetip, agsak, ýagyr we aýaklarynda dürli ýumşak we gaty çişli ýetmezçilikleri bar bolsa olary anyklamaly we weterinar lukmana bejertmeli. Ýaramaz (depegen, dişlek) we gowy gylyk-häsiýetlerini anyklamaly. Atyň syna beden agzalary we ony öwrenmegiň ähmiýeti barada ahalteke atlary hakyndaky we atlaryň seçgi tohumçylyk işleri barada kitabyň ýörite bölümlerinde yzrakda giňişleýin durlup geçiler. Syna, beden gurluşy bilen bir hatarda atyň reňki, nyşanlary, tebigy we öwredilen hereketleri, ýagny peýdaly häsiýetleri bile öwrenilýär.

Atlaryň syna beden gurluşyny öwrenmekde olaryň reňkini, nyşanlaryny öwrenmeklige aýratyn üns berilýär. Atlaryň beden gurluşyna, reňkidir nyşanlaryna, atlaryň hereketlerine we häsiýetlerine degişli türkmen dilindäki sözlük adalgalar has baýdyr we köpdürlüdir.

## Keşbi nusgalyk synasy ýerbe-ýer, asyl bedew görnükli ahalteke aty



**16-njy surat.**

**Ahalteke atlary tohumyna mahsus bolan örän ýaraşykly, owadan syna beden gurluşly, muskullary gowy ösen we nyk, siňirdir baglaýjy ulgamlary gowy bildirip duran we örän gujurlylygy bilen tapawutlanýar.**

**– Asyl görnükli bedew ahalteke atlarynyň kellesi ýeňilden kiçi, keýerjekläp duran gamyşgulak, oýnaklap duran alma gözli bolýar;**

**– Boýny inçeden uzyn (dal boýun) we göwresinden dik çykan, ýeňsä golaý ýeri egremçe şekilli egrelen – guw boýunly, gerşi beýik, ýagyrny we bili uzyn, kähalatlarda eýerlikli ýumşak, toýnak buýnuzy berk bolýar;**

**– Ýaly, guýrugy selçeňden köse, örtük tüýleri kelte we mylaýym, özboluşly öwüşginli, uly bolmadyk depel, sakar, sekil nyşanly bolýar;**

**– Hereketi: Uzyn-uzyn ädimli, gorgun hereketi erkin, öňürdik – ylgaw hereketi ýokary tizlikde bolup, çapanda ýeriň üstünden gaýyp barýan ýaly örän tekiz çapýar.**

Tohum atçylykda, aýratynam, ahalteke tohum atlaryny köpeltmekde, olaryň reňkine, nyşanlaryna, atlara lakam dakmaklyga aýratyn üns berilýär. Atlar biri-birinden reňki, nyşanlary we beýleki hususy alamatlary bilen, hem-de olara dakylan lakamlary – atlary bilen tapawutlandyrylýar.

Daşky syna beden gurluşyny seljerip baha bermek we atyň gymmatyny kesgitlemek türkmenlerde gadymdan gelýän usullaryň biridir.

Beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň:

Bir bedewni saýlap alar bolsaňyz,

Synasyn, sagrysyn, ýörüşin görüň… – diýen setirleri türkmenleriň atlary saýlap seljerenlerinde, onuň daşky synasyna aýratyn üns berendiklerine şaýatlyk edýär.

Islenilýän syna – sypat diýlende atyň ýokary işjeňligi (mysal üçin, ýyndamlygy), süňňüniň sagdyn we berk beden gurluşy, görnükliligi *(16-njy surat)* ýaly düşünjeleri hem öz içine alýar. Her bir aýrybaşga atyň daşky syna beden aýratynlygyny gözden geçirip baha bermek onuň ýaşy, göwresiniň uly ýa-da kiçiligi, berk bedenliligi, turuwlylygy we gujurlylygy barada mysaly netijeleri çykarmaga mümkinçilik berýär.

Syna beden agzalaryny öwrenmek bilen atyň seýislenen derejesi we kondisiýasy, deri örtügi, saglyk ýagdaýy, idedilişi we ulanylyşy barada maglumatlary alyp bolar. Atlaryň sergilerinde we gözden geçirişlerinde, tohumçylyk işlerinde, seçgilenilende tohum aty ülňä laýyk bolmaly, ýagny göwresiniň ululygy, daşky beden gurluşynyň ýerbe-ýerligi, çapuw we sport atlary üçin bolsa gowy hereketi we berk beden gurluşy, reňki (ahalteke we ýomut atlary üçin) daşky syna beden gurluşyna baha bermek bilen kesgitlemek hökmany şertleriň biridir.

Şonda aty tekiz meýdança çykaryp daşyndan seredip, göz çaky bilen baha bermek we hilini kesgitlemek esasy we barlanylan ynamly usuldyr. Gözden geçirilende ilki bilen onuň tohumyna kybapdaşlygyna we bolmaly görnügine (tipine), soňra bolsa aýry-aýry syna agzalaryna we bedeniniň topar agzalaryna jemleýji baha bermeli bolýar.

Häzirki döwürde atlaryň işeňňirlik we tohumçylyk hilini gözegçilikde saklamakda morfologiýa, fiziologiýa we biohimiki derejede baha bermek üçin onuň içki (interýer) aýratynlyklaryny çuňňur öwrenmek we baha bermek usullary işlenilip düzülýär we önümçilige ornaşdyrylýar. Ýöne, ol usullar goşmaça bolup, şejere arkasyny we nesliniň hilini göz öňünde tutmak bilen, ölçeglerini almak, agramyny kesgitlemek, göwresiniň indekslerini hasaplamak, çapuwlarda synag etmek ýaly alamatlaryna baha bermekligi çalşyp bilmeýär.

Atyň ösüşine, beden agzalarynyň we olaryň ýerine ýetirýän funksiýalaryna, hereketlerine laýyk gelýänligi, şonuň ýaly-da talap edilýän ýaraşykly beden gurluşy, güýç-kuwwaty we çydamlylygy syna agzalaryny öwrenmegiň gowy tarapy hasap edilýär.

Daşky syna agzalarynyň ýetmezçiligi olaryň bolmaly ýagdaýyndan görnüşi boýunça anatomiki üýtgeşmeleridir. Ýetmezçilikler we kemçilikler atyň işjeňligini, tohumçylyk işindäki gymmatyny we bahasyny kemeldýär. Olary bilmek we ýetmezçilikler barada dogry netije çykarmak gerek bolýar.

## ATYŇ DAŞKY SYNASYNY ÖWRENMEGIŇ ÄHMIÝETI

Atyň bedeniniň bellibir işleri amal edýän böleklerine syna – sypatyna dogry häsiýetnama we baha bermek üçin, ol agzalaryň anatomiýa esasyny we ýerleşişini, ululy-kiçiligini, bitirýän işini, gowy tarapyny, ýetmezçiligi we kemçiligi ýaly aýratynlyklaryny gowy bilmeklik gerek. Daşky beden böleklerini ýa-da syna agzalaryny öwrenmekde olaryň türkmençe atlandyrylyşyny bilmek zerurdyr. Atyň synasynyň esasy uly böleklerine ýa-da topar agzalaryna – kelle, boýun, göwresi, öň we art aýaklary girýär.

Atyň her bir syna agzasyna aýratyn seredip, topar agzalaryna bölekleýin we jemleýji baha berilýär. Syna agzalaryna ýekän-ýekän seredip baha berlende, göwre bölekleriniň özara arabaglanyşygy we bütin organizmiň bitewüligini, tohum aýratynlyklaryna bagly her bir aýrybaşga tohumyna mahsus bolan beden gurluşyny bir bitewülikde hasaba almak bilen seljerip baha bermeli. Atyň haýsydyr bir ownuk

kemçiligi bolsa ony bilmeli, ýöne oňa dalaşyp durmaly däl, mynasyp baha bermeli. Göz çaky bilen baha berlende, bellibir tertipde kellesinden başlap aýaklarynda gutarmaly, aşakdaky tertipde gözden geçirmeli.

**Kelle.** Atyň kellesiniň ululygy onuň süňk ulgamynyň ösenligi we umumy beden gurluşy bilen bagly bolýar. Çalasyn hereketli atlarda, mysal üçin, ahalteke *(17-nji surat)* we arap atlarynyň kellesi guraksydan kiçi bolsa, agyr ýük çekýän we ýaby tohumly atlarda uly we etlekdir. Sähra atlarynyň kellesi (gazak, mongol we tokaý atlarynda) "öte ösgünligi" bilen tapawutlanýar. Kelläniň ululygyna baglylykda uly, kiçi, ýeňil we öte ösgün görnüşleri tapawutlandyrylýar. Maňlaýy we ýüzüniň görnüşi boýunça giň maňlaýly ýa-da aýdylyşy ýaly at ýüzli, dar maňlaýly, tüňňi ýa-da egmek (arap atlarynda) ýüzli görnüşleri bolup biler. Käbir ahalteke atlarynda duşýan gommuk seňriklilik, olaryň tohum aýratynlygy bolup kemçilik hasap edilmeýär. Torbalygy inçe "çortan kelle" atlar arap atlarynyň tohum aýratynlygy bolup olaryň arasynda köp duşýar.



**17-nji surat.**

**Atyň syna beden agzalary. Ahalteke atlaryna mahsus bolan 450 Kişmiri atly dor atyň kellesi. Kişmiri 1935-nji ýylda Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynda doglan. 254 Hajybaý we 269 Guş diýen atlaryň neslinden. 10 a Toýçynyň ugry**

Atyň kellesinde görüş, eşidiş, ys we tagam alyş ýaly duýgy organlary ýerleşendir. Çalasyn hereketli günorta tohumly (mysal üçin, ahalteke, arap) atlarda gözleri uly we gowy hereketli, hanasynyň daşynda diýen ýaly ýerleşen almagözlüdir. Demirgazyk tokaý we agyr ýük çekýän atlarda gözleriniň töweregi gasynlak, etlek, gözleri ýarym ýapyk diýen ýaly hem-de haýal hereketlidir.

Ýaramaz görýän atlar ürkek bolýar, ýörände aýagyny has ýo-

kary göterip gorka basýar we netijede olar büdregiç bolýar. Bir gözi çala görýän atlar görüş ýetmezçiligini eşidişi bilen dolmak üçin, görmeýän tarapyna diň salyp, şol tarapky gulagyny ýapyryp seredýär.

**Gulak** – günorta atlary diýilýän müngi atlarda, daglyk at tohumlarynda inçeden uzyn, oýnaklap duran gowy hereketli gamyşgulak bolýar. Keýerjekläp duran çalasyn hereketli, gamyşgulaklyk ahalteke atlaryna mahsus bolup, atyň gujurlylygyny, galdawlygyny häsiýetlendirýär. Ker, güň atlaryň gulagy oýnaklamaýar. Ýaramaz görýän ýa-da bir gözi kör atlaryň gulaklary gözüniň çala görýänligini eşidiş organy bilen dolmak üçin dürli taraplara bakyp durýar. Atlarda salpygulaklyk çamanlygyň alamatydyr. Häsiýetsiz – dişlek atlar kellesini öňe uzadyp, gulagyny yza ýapyryp "gypjynyp" dursa topulmagyň alamatydyr.

**Burun (seňrik)** – çalasyn hereketli atlarda uly we burun deşigi has giň (aýratynam arap atlarynda) bolýar. Burun deşiginiň kitirdewük bölegi atyň hereketde wagty çalt-çaltdan dem alanda giňelip ýene öňki kaddyna gelmäge, ýagny özboluşly giňelip – daralmak ukyby bar. Netijede atyň çapýan wagty burun deşigi dem alyş ýygylygyna laýyklykda örän çaltlyk bilen giňelip-daralyp durýar.

Üzlem-saplam ýa-da hasylap doly däl dem almak öýken batma, öýken çişme ýa-da dem alyş ýollarynyň alawlamasynyň alamatydyr. Burun deşiginiň iç tarap perdesiniň has solak bolmagy ýa-da gyzgylt bolmagy, şonuň ýaly-da myşlap burnundan suw aksa – dümew (grip), ketew (myt), iriňli maňka gelmegi – maňka (sap) ýaly keselleriň alamaty bolmagy mümkin. Onuň ýaly atlary weterinar lukmanlara barlatmaly bolýar.

**Atyň dodaklary** – agzyny ýapmak bilen, dürli iýmitleri ýeňillik bilen alyp agzynda saklamaga kömek berýär. Garran atlaryň dodaklary gasyn atýar hem-de garradygyça salparýar. Aşaky dodaklary ýokarky dodagyndan kiçi bolsa, agzyny açyp aşaky äňini görmeli, äňi kelte (kempi) bolsa ýetmezçilik hasaplanýar. Keý Kabusyň "Kowusnama" kitabynda atyň salpydodaklaklygy gowy alamat diýlip bellenilýär. Başgaça aýdylanda dodaklak at gowy hasaplanylýar.

**Alkym** – giň bolsa gowudyr. Bokurdakda kekirdek ýerleşip onuň üsti bilen iýmit we dem alyş ýollary geçýär. Atyň kellesi dürli here-

ketde wagty bokurdak darlyk edip ýuwdunmagyna ýa-da dem almagyna päsgel bermeli däldir. Şonuň üçin aşaky äňiň çekge süňkleriniň bokurdak tarapynyň arasy (alkymy) çapuw atlarda näçe giň bolsa şonça gowudyr. Çekge süňkleriň arasynyň ölçegi uly bolup, alkyma eliň ýumrugy sygsa, ol giň we gowy hasaplanylýar.

**Ýeňse** – giň we uzyn bolsa (birinji we ikinji boýnoňurganyň uzynlygynyň hasabyna) “at jylawlanylanda”, jylawy dartyp ýygnak saklanylanda, ýeňsesini tüňňerdip boýnuny egremçe şekilli (guw boýun) tutýan bolsa, ol at daşyndan synlanyňda örän owadan görünýär.

**Atyň ýaly we maňlaý saçy** (käkili) – ahalteke atlarynda beýleki tohum atlara seredeniňde selçeňdir we olar köseräkdir. Ýal bir tarapa ýatan bolsa gowudyr. Tokaý we sähra atlary örän ýallak bolup, ösgün ýal we guýruk olaryň ýüzüni, jyns organlaryny siňeklerden, gögeýinden we çybyn-çirkeýlerden goranmaga kömek edýär.

**Boýun.** Esasyny 7 sany gowy hereketli boýun oňurgalary düzýär. Boýun kelläniň ýeňsesinde çüwdeden başlap boýun oňurgalaryň üsti bilen yz tarapda geriş oňurgalaryň ösüntgisine ýapyşyan güýçli saçuzyn diýlip atlandyrylýan berk birleşdiriji sary dokuma bilen birleşendir. Ol boýun muskullary bilen bilelikde kelläni we boýny berk saklamaga kömek edýär.

Boýun kelläniň ululygyna kybapdaş ululykda, uzyn we gowy hereketli bolup, müngi atlarda dikleň we uzyndyr. Ýük çekýän atlarda gysga we ýogyndyr. Boýnuň ýally tarapy gerş şekilli bolup aşak tarapy ýogyn we togalagrakdyr. Boýnunyň daşky görnüşi boýunça dogry boýunly, uzyndan dik boýunly (ahalteke atlarynda 16-njy surat), ýeňse tarapy tükgeren egri guw boýun, sugun boýun görnüşleri tapawutlandyrylýar. Boýnuň uzynlygy kellesiniň uzynlygyndan 20 % uzyn bolsa atyň boýny uzyn hasaplanylýar. Inçeden uzyn egremçe şekilli (atyň kellesinden beýikde ýerleşen) boýun atlar gezim oýnadylanda olary owadan görkezýär. Boýnuň gorizonta garanyňda göwreden çykyşy boýunça kadaly – 45 gradus burç bilen, dik 45 gradusdan ýokary we pes 45 gradusdan kiçi burç bilen çykyşyny tapawutlandyrmak bolar. Ahalteke atlarynyň boýny uzyn we ýokarlygyna (18-njy surat) has dik çykandyr.



**18-njy surat. Atyň syna beden agzalary. 875 Gürgen dor at, 1969-njy ýylda doglan (721 Gaplaň we 1262 Köýmet diýen atlaryň neslinden). Ahalteke atlaryna mahsus bolan uzyn we dik, aýdylyşy ýaly dal boýunly at. Gürgen Moskwa şäherinde halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1984-nji ýylda 1-nji derejeli attestat bilen sylaglanýar. Ahalteke atlarynyň arasynda owadanlykda etalon çempion diýlip yglan edilýär.**

Kelle bilen boýun atyň islendik hereketini ugrukdyryjydyr. At kellesini we boýnuny öňe uzadanda, aty herekete getirýän bize görünmeýän deňagramlyk merkezi öňe süýşüp onuň öň aýaklaryna agram düşýär, galdyrsa art aýaklaryna, saga we çepe öwürse şol tarapa agram düşüp ata hereketlenmäge we saga – çepe öwrümler etmäge mümkinçilik döredýär.

**Geriş.** Esasyny 2 – 10 döş oňurgalarynyň ýokarky ösüntgileri emele getirýär. Gerişlek we gerşi pes atlar tapawutlandyrylýar. Gerşe pilçe süňki we atyň hereketlenmegine ýardam edýän boýnuň, ýagyrnyň we öň aýaklaryň muskullary ýapyşýar. Beýikden uzyn gerişlek geriş müngi çapuw atlar üçin gowudyr. Gerşi pes atlarda eýer öňe süýşýär. Atyň gerşine eýer degmegi we beýleki şikesleriň ýetmeginde ýagyr öýkene tarap deşilip iriň akmagy ýaly şikes ýetmegi zerarly gerişde döreýän keseller ýüze çykyp biler.

**Ýagyrny.** Anatomiýa esasyny 11 – 18-nji döş oňurgalar we oňa laýyklykdaky gapyrgalaryň ýokarky bölegi we atyň arkasynyň muskullaryny emele getirýär. Atyň ýagyrny bil bölegi bilen bilelikde öň we artky guşaklygynyň arasynda köpri bolup hyzmat edýär *(19-njy surat)*.



**19-njy surat. Atyň synasy – kelle, boýun, geriş, ýagyrny we sagrysy**

Atyň ýagyrnysynyň uzynlygyna, inine, görnüşine, muskullaklygyna we berkligine baha berilýär. Görnüşi boýunça kadaly dogry, ýumşak (eýerlikli) ýagyrnyň gurluşy tapawutlandyrylýar. Çöket ýa-da güberçek ýagyrny atlaryň ýetmezçiligidir.

Atyň bili bil oňurgalaryň kömegi bilen emele gelip iň ejiz ýeridir. Bil uzynlygy we ini, görnüşi boýunça häsiýetlendirilýär. Çöket ýa-da güberçek gurluşly bil kemçilik hasaplanýar. Uzyn ýagyrny we uzyn bil ahalteke atlaryna mahsusdyr. Ol atyň görnügini (formatyny), owadanlygyny kesgitleýär. Uzyn göwre atyň mylaýymdan ýumşak hereketini, ädim uzynlygyny üpjün edýär.

Gasyk – ahyrynjy gapyrgadan ýanbaş süňküniň ujuna çenli bolan we dem alanda gymyldaýan aralykdyr. Gasyk ortaça we gysga bolsa gowudyr. Onuň boýy biliň boýy bilen baglanyşyklydyr. Gasyk giň we çökük bolanda (aç bykyn), adatça, atyň bili ýaramaz we şunlukda, bedenini saklaýşy gowy bolmaýar.

**Sagry** – atyň göwresiniň iň bir muskullak bölegi bolup, onuň esasyny çatalba süňkleri we çatalba oňurgalary emele getirýär. Sagrynyň muskulatura bölegi ýanbaş we uýluk muskullary gowy ösen bolsa, atyň hereketlenmegine güýçli itergi berýär. Ata baha berlende sagrysynyň uzynlygy, ini ýa-da giňligi, ýapgytlygy we görnüşi hasaba alynýar.

Hemme atlar üçinem sagrysy uzyndan giň we etlek bolsa gowudyr. Türkmenleriň atyň sagrylaklygyna *(19-njy surat)* aýratyn üns berýänligi muňa şaýatlyk edýär.

Sagrynyň uzynlygy kümpüçden çatalba tümmüsine çenli ölçenilýär. Sagrynyň ortaça uzynlygy atyň göwresiniň uzynlygynyň üçden bir bölegine (30 %-ine) deňeçerdir. Müngi atlaryň sagrysy beýleki tohumlara seredeniňde uzyndyr. Dar sagry taýka ösüşden galan atlarda duşýar. Onuň ýaly atlaryň art aýaklary biri-birine golaý bolýar we söbüginiň çakyşmagyna getirmegi mümkin. Sagrynyň ýapgytlygy gorizonta garanyňda ortaça 20 – 30 gradus töweregi bolýar. Dogry sagry, eşek (üçek) sagry kän bir islenilmeýär we art aýaklarynyň ipderiji güýjüni, şeýlelikde, hereketini peseldýär. Şonuň ýaly atlar art aýaklaryny göwresiniň dik aşagyna däl-de göwresinden yza galdyrybrak basýar. Sagrysy yz tarapyndan has pes (30 – 40 gradus ýapgyt-

lykda) atlaryň, köplenç, art aýaklary göwresiniň dik aşagyna däl-de öňrägine basýar, olaryň aýaklarynyň aşyklyk bognunyň içki burçy kiçi bolýar. Tegelek, kese tegelek görnüşli sagry muskullarynyň gowy ösenliginiň alamatydyr. Agyr ýük çekýän atlarda we taýlarda goşa sagry hem duşýar. Onuň tersine "eşek sagry" çatalba oňurgalaryň üst ösüntgileriniň ösgün we sagry ete garyp (gaňňyş) atlarda ýa-da atlar hor düşende duşýar.

"Ýanbaş" diýlip atlarda kümpüç süňküň ganatynyň ujy döwlüp, sagrynyň bir tarapy gyşyk we ýapgyt bolanda aýdylýar. Ol atyň görküni peseldýär. Atyň çatalbasynyň iň ýokary nokadyndan ýere çenli beýikligi, çalasyn hereketli müngi atlarda gerşine çenli beýikliginiň 75 % töweregi bolsa gowy hasaplanýar.

**Döş kapasasy** – döş (gursak) oňurgalary we gapyrgalaryň, döş süňküniň kömegi bilen emele gelendir. Müngi atlaryň gursagy giň, döş kapasasy çuň, gapyrgalary yza tarap ýapgyt bolsa ol giň we gowy hasaplanylýar. Döş kapasasynyň kese kesimi çalasyn hereketli atlarda ellips şekilli bolsa, agyr ýük çekýän atlarda tegelek görnüşlidir. Döş süňki uzyn we oňa 12 gapyrga birigen bolsa gowy bolýar. Döş süňküniň üstünde eýeriň çekisi ýatýar.

Türre we guýruk – atyň art bujagyny we jyns organlaryny siňeklerden we çybyn-çirkeýlerden goramaga kömek edýär. Günorta tohumly müngi atlarda guýruk kelte we ujy inçelen bolsa, demirgazyk tokaý atlarda uzyn we topbakdyr.

**Artky guşaklyk.** Art aýaklary – atyň göwresini öňe itekleýji häsiýetine baglylykda – kümpüç, çatalba we çatalba oňurgalary ýaly bir bitişen süňkleriň çatalba süňküne ýanbaş süňküniň çüýjük diýilýän tommarçakly ujy bilen çatalba – ýanbaş bognuny emele getirip berk birleşendir. Atyň artky bölegine uly agram düşýär. Art aýaklaryň süňkleri uzyn we gowy ösen bolup, gowy hereketlenmäge ukyply bolýar we atyň agyr göwresini, çalasyn hereketde öňe omzatmaga we hereketlenmäge ugrukdyrýar.

Ýanbaş we baldyr süňkleri muskullara baý (etlek) we uzyn boldugyça hereketlenýän wagty göwräni öňe güýç bilen iteklemäge mümkinçilik döredýär.

Aşyklyk – art aýaklaryň hereketlenýän wagty ýüze çykýan urgulara ressor hökmünde ýumşaklyk berýär. Atyň aşyklygy kuwwatly, guraksydan giň we süňklek bolsa gowudyr. Söbük (ökje) süňki we oňa berkişýän ahilla siňri aýagyň aşaky bölegini hereketlendirýär. Ýanbaşyň iç tarapky muskullary art aýaklaryň güýçli we netijeli hereketlenmegine kömek edýär.

Aşyklygyň içki burçy 150 gradus ýazgyn burç bolsa müngi atlar üçin gowudyr. Ol burç kiçeldigiçe (140 gradusdan az) atyň art aýaklary egri we çaýşygrak bolýar. Has ýazgyn gurluşly (dogry) aşyklyk hem gowy bolmaýar (*21-nji a, b, ç surat*). Ýöne şeýle atlaryň art bakanlary we toýnagy ýatyk bolýar. Aşyklyk böleginiň gurluşynyň kemçiligine iki söbügi biri-birine golaý bolanda “X” (iks) görnüşli we tersine aşyklyk daş tarapa gyşaran we aralary açyk bolanda söbügiň “O” görnüşli gurluşy diýilýär. Şonuň ýaly-da aşyklyk bölеginde uly ýetmezçiliklerden waha – aşyklyk bognuň daş tarapynyň aşagynda gaty çiş ýognanmasy, iç tarapynda süňk çykma (şpat) ýetmezçiligi bar bolsa art aýaklaryny silkip ýöremek bilen (“horaz ýörişli”) hereketiň bozulmalary ýaly we beýleki ýetmezçilikler duşýar. Aşyklyk bognuň we art injigiň dürli sebäplere görä gowy ösmedik ýagdaýlarynda bognuň aşagynda art injigiň ýokarsynda bogdak şekilli “boglan” görnüşli bolmagy mümkin.

Artky injik – art aýaklaryny ýere uranda toýnak bilen bakandan soň, ýerden gelýän esasy urgyny kabul edijidir. Munuň özi artky injigiň berk bolmagyny talap edýär. Artky injik süňki gapdal tarapyndan gysylan bolup oňa hiç hili muskul ýapyşmaýar. Ýerleşişi dik bolup azajyk iç ýa-da gapdal tarapa ýapgydrak bolmagy mümkin. Bu bolsa oňa “urgyny ýumşadyjy” bolup hyzmat etmegine ýardam edýär.

**Atyň öň aýaklary** – göwresiniň agramynyň esasy böleginiň düşýän ýeriniň aşagynda bolup, aýaklaryň arasy art aýaklaryna seredeniňde giňdir *(20-nji surat)*. Süňkleri göwräniň aşagynda dikleň ýerleşendir. Şeýle gurluş öň aýaklarynyň muskullaryna zor agram salmalaryň öňüni alýar (atyň hereketlenýän wagty art aýaklaryna berkişen muskullaryna uly agram düşýär).



a b ç d

**20-nji surat. Öň aýaklarynyň goýluşy. a– öňünden we; b – gapdalyndan seredende dogry goýluşy; ç – çala yza we d – gaty öňe goýlan**



a b ç

**21-nji surat. Art aýaklarynyň goýluşy.**
**a –dogry; b – öňe goýlan; ç – yza goýlan**

Pilçe güýçli muskullar bilen basyrylan ýasy süňk bolup, diş şekilli uly myşsalar bilen gerşe we aşakda döş süňküne berk ýapyşandyr we ol öň aýaklarynyň hereketlerini ugrukdyrýar. Pilçe ýeterlik erkin we giň hereketli bolup aýaklaryň hereketiniň gerimliligi pilçä bagly bolýar. Pilçe bölege baha berlende onuň muskullaklygyna (etlekligine), uzynlygyna we keseleýin yz tarapa ýapgyt ýerleşişine baha

berilýär. Uzyn pilçe, pilçe – çigin birikmesiniň öňe süýşmegini üpjün edýär, aýagy göterip ýere tarap öňe uzatmaga, şeýlelikde giň gerimli hereket etmäge ata ýardam edýär. Yza ýapgyt pilçe, öň aýaklaryň ýere bolan urgularynyň güýjüni peseltmäge hem ýardam edýär. Müngi – çapuw atlarda pilçe uzyn we ýapgytdyr. At pilçeden (goltukdan) agsa-sa çapuw häsiýetini köp wagtlap ýitirýär, bejermesi kyn bolýar. Pilçe – çigin birikmesiniň içki burçy az bolsa atyň hereketlendiriji ryçagy gowy işleýär, çalt hereketlenmegini üpjün edýär, ýere bolan urgy ýumşak we netijede süňk bogunlaryna agram düşmeýär. Dik ýerleşen pilçede çigin süňki hem dik ýerleşýär. Şonda atyň ädim uzynlygy kel-teräk we hereketde wagty üstüne münen adam üçin bijaýrak bolýar.

**Tirsek we ýaýjyk.** Tirsek we ýaýjyk öň aýaklaryň hereketini ugrukdyryjy siňirlere we muskullara ýapyşalga we daýanç bolup hyz-mat edýär. Uzyn, döş kapasasyna degmän yza tarap gyşaran tirsek hereketde wagty netijeli işleýär.

Atyň tirsegi goltuga gysylan bolsa öň aýaklarynyň bakany we toýnagy daşa tarap gyşarýar, onuň tersine tirsek daş tarapyna köp çykyp (gursagy giň atlarda) ösen bolsa, atyň aýagy iç tarapa gyşarýar.

Atlar gaty we sowuk ýerde ýatanda nally toýnak goltuga degip siňir we deriara nemli gatlagyň alawlamasy zerarly ýumşak tirsek çişiniň (bursit) döremegi mümkin. Ol atyň işjeňligini peseltmeýär. Aýagyň ýaýjyk bölegi etlek we injikden uzyn bolsa (üçden bir esse) gowy alamatdyr. Öň guşaklykdaky ýaýjyk we art guşaklykdaky bal-dyr süňki näçe uzyn bolsalar, at pessaýdan gowy gulaçlap, giň gerimli hereketlenýär. Gysga ýaýjyk we tirsek we uzyn injik atyň aýaklaryny epläp diýen ýaly we has ýokary galdyryp ýöremegine ýa-da ylgama-gyna sebäp bolýar.

Gow ikinji barmakdan galan yz bolup, tüýsüz gara tegmil gör-nüşinde bolýar. Onuň üstüniň şekili her bir atda aýrybaşgadyr, ol ge-rek bolsa atlary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin hem ulanylýar.

Dyz gowy ösen we onuň bogny guraksydan aýyl-saýyl bildirip duran hem-de yz tarapyndaky goşmaça süňki (grifel) gowy ösen bol-malydyr. Injik süňküň we ösüntgi süňküň siňirleriniň gowy ösmedik ýagdaýlarynda dyzyň aşagy bogdak görnüşli bolýar we ol kemçilik hasap edilýär.

Dyz – injik bölegiň kemçiliklerinden dyzyň öňe gyşarmagy we geçiniň aýagy ýaly öňe çykmagy (geçidyz), dyzyň yza ýatyk bolmagy (göle dyz) ýaly ýalňyş aýak goýuşlar *(20-nji surat*) we dürli görnüşli ýumşak we süňk çykma ýaly gaty çişler duşýar. Dar gursak atlarda dyzlaryň arasy biri-birine golaý bolup toýnagyň daş tarapa çaýşyk bolmagy mümkin. Atyň öň aýaklaryndaky kemçilikler we ýetmezçilikler atyň gönümel hereketlenmesini bozýar. Ol kemçilikleriň käbiri görnüp duran bolsa, käbirlerini aty ýöredip görmek bilen anyklamaly bolýar.

Öň injigiň esasyny barmak süňki we injigiň ýokarsyna ýapyşyp ösen iki sany ösüntgi süňkleri, kuwwatly aýak epiji muskullaryň siňirleri we iç tarapdan geçýän süňkara orta muskul we beýleki, öň tarapyndan geçýän aýak geriji siňirleri öz içine alýar. Kelteräkden gowy ösen, dik we göwresiniň aşagynda dogry goýlan injik gowy hasaplanýar. Injige seredilip baha berlende onuň ýogynlygyna (gerek bolsa aýlawlaýyn ölçemek bilen), uzynlygyna, görnüşine, guraksylygyna, siňirleriň gowy bildirip duranlygyna baha berilýär. Ahalteke atlarynda aýak epiji we aýak ýazyjy muskullary we siňirleri örän gowy bildirip durýar. Ussat seýis B.Taýmazow atyň injigini görüp siňirlerine dutaryň kirşi ýaly diýerdi.

Bakan bognuň yz tarapyndaky ösgün topbak gyllara gyllaw diýilýär. Agyr ýük çekýän we tokaý tohumly atlaryň gyllawy gür we ösgündir. Uzyn ugurlara degişli käbir ahalteke (ig) atlarynda gyllawy ösmedik kelte ýa-da onuň ornuna buýnuz (şpor) ösüntgi ösýär.

Atyň öň we artky bakany we bogunlary atyň göwresini göterip saklamakda, ýörände we ylganda toýnagy uly agram bilen ýere basyp galdyranda döreýän urgulary pessaýlatmakda we ata hereketlenmäge itergi (impuls) bermäge ýardam edýär. Bakanyň yz tarapynda iki sany mäki süňkjagazlary ýerleşip, olar siňirler bilen bilelikde atyň göwre agramy zerarly bakanyň ýatmagynyň öňüni alýar, ýere urulýan toýnakdan ýeten urgynyň güýjüni peseldýär. Atyň öň bakany yzky bakana seredeniňde dikleňräk bolýar. Onuň ýere ýapgytlygy 55 – 60 gradus töweregidir. Öň bakanlary dik (ýapgytlygy 50 gradusdan kiçi) atlara dikaýak diýilýär. Umuman atlarda esasy agram bakan, duşaklyk täç süňklere we olaryň adybir bogunlaryna düşmek bilen

dikaýak atlaryň üsti bijaýrak, nätekizräk bolýar. Dargursak atlarda bakan böleginiň we onuň bilen birlikde toýnagyň daşa gyşarmasy bolup biler.

Art bakanlarynyň yz tarapyndan has ýapgyt (bakany ýatyk) bolanda, art toýnaklarynyň öň aýagynyň bakanyna degip aýagy çakyşmagy we şikes ýetirmegi mümkin. Şonuň ýaly halatlarda öň bakanyna gaýyş daňy (nagawka) daňmaly bolýar. Aýagy sekil atlaryň gyrmyzy tenli ýerlerinde öň we art bakanlarynyň yz tarapynda suwjumak deri keselleriniň (ekzema) duşmagy mümkin.

Hemme atlar üçin hem aýaklaryň bakan bölegi gowy ösen we berk, gowy bildirip duran guraksy gurluşly we şikessiz bolsa gowudyr. Bakan bogunlarynda we olaryň siňirara boşluklarynda we bogun haltajyklarynda sary (sinewial) typjyk suwuklygyň ýygnanmagy we ýumşak çişleriň emele gelmegi mümkin. Her hili çişler, süňk getirme, bakany çykma, suwjumak deri keselleri we dürli şikesler atyň öň aýaklarynda köp duşýar. Bakan süňklerinde süňk örme (žabka) öň aýagyň uly ýetmezçiligi bolup, şonda at kem-kemden işjeňlik ukybyny doly ýitirýär. Şonuň ýaly atlarda keseliň nesil yzarlamak mümkinligini göz öňünde tutup, tohumçylyk işinde ulanmakdan (hatardan çykarylýar) aýrylýar.

Toýnak aýagyň ýer bilen galtaşýan bölegini toýnak buýnuzyny, toýnak süňküni we toýnagyň maýasynda ýerleşen toýnak peýkamyny öz içine alýar we hemişe ýere ilteşmek bilen daýanç we aralyk "goraýjy" funksiýalary ýerine ýetirýär. Öň toýnaklaryň aşagy tegelek bolsa artky toýnak görnüşi boýunça kese tegelek görnüşli we kiçidir. Toýnagyň maýasynyň "peýkam" diýlip atlandyrylýan bölegi maýyşgak bolup ýere degendäki döreýän urgyny azaldýar. Toýnaklaryň görnüşi we berkligi atyň umumybeden gurluşynyň berkligine (konstitusiýasyna), jynsyna, ýaşyna we daşky gurşawa bagly bolýar. Toýnagyň reňki aýagyň täç böleginiň tüýleriniň reňkine (sekil) baglylykda ol tüýler ak bolsa ak toýnak, gara bolsa gara toýnak bolýar. Toýnagyň görnüşiniň bozulmagy, buýnuzynyň ýumşaklygy, döwülgiçligi, aýagyny gyşyk basmagy mümkin. Wagtly-wagtynda toýnagy gyrylman gözlegi ýetmese, toýnakda kemçilikler ýüze çykýar. Olardan toýnagy ýatyk we ökje tarapynyň pes bolmagy, dik (stakan) toýnak, gyşyk,

halka şekilli boglan, ýa-da büdür-südür, döwülgiç, jaýryk we ş.m. toýnaklar bolup biler. Kän bir hereketlenmän duran atlarda, baýtallarda we taýlarda hemişe dort aýagyna bir deň agram düşmeýänligi zerarly toýnagyň we netijede atyň aýaklarynyň gyşarmagy, toýnaklarynyň çöwrülip ösmegi ýaly kemçilikler duşýar. Şonuň üçin atyň toýnaklaryny hemişe arassalap, gyryp durmaly, gözegçilikde saklamaly bolýar.

Atçy hünärmenleriň wezipesi atyň ýetmezçiliklerini we kemçiliklerini bilmek bilen çäklenmän, eýsem, atlaryň idegini we ulanylyşyny gowulandyrmak bilen, olaryň döremeginiň öňüni almak bolup durýar.

## ATLARDA DUŞÝAN ÝETMEZÇILIKLER WE KEMÇILIKLER

Atlary gözden geçirip daşky synasyna baha berlende, atyň gowy taraplary bilen bir hatarda, onuň ýetmezçilik we kemçilik saýylýan beden üýtgeşmeleri bar bolsa, olary gözden sypdyrmaly däl. Ýetmezçilikler we kemçilikler, dürli şikesler atlary işde, çapuwda, atçylyk sportda ýalňyş ulanylanda we käbirleri bolsa nesil yzarlamak bilen ýüze çykýar. Olaryň döremeginiň sebäplerini we öňüni almagyň ýollaryny atçy hünärmenleriň bilmegi gerek.

Atyň ýetmezçiligi diýlip dürli sebäplere görä organlarynyň we beden agzalarynyň anatomiki üýtgeşmeleriniň netijesinde ýüze çykýan, atyň tohumçylyk we işeňňirlik häsiýetlerini peseldýän ýa-da ýitirýän, nesle geçijilik ähtimallygy bolan uly ýetmezçiliklere aýdylýar.

Atyň kemçiligi diýlip onuň synasynda duşýan we halanylmaýan ýa-da görküne zeper ýetirýän uly bolmadyk ýa-da dürli şikeslerden soň döreýän beden bölekleriniň üýtgeşmelerine aýdylýar. Kemçilikler atyň işeňňirlik ukybyny we tohumçylyk işindäki ähmiýetini kän bir peseltmeýär.

**Atyň kellesinde we göwresinde duşýan ýetmezçilikler we kemçilikler.** Atyň gözüniň garaçygyna ak nokat (belmo), şikes ýetip

“gül” düşmegi, gözüne garasuw inmegi mümkin. Gözüne garasuw inen atlar görmeýärler. Iki ýa-da bir gözi “hekek göz”(gözi çakan, göz almasynyň töwereginde ak tegelek), aýnagöz (dury gözli) köplenç, akýalmele çakan (albinos) atlarda göz almasynyň pigmentsizligi zerarly we özi hem enesinden doga bolýar. Atlarda şikes ýetip bir ýa-da iki gözi sokur kör bolmagy mümkin. Çakan hem aýnagöz atlar (aýratynam ilkagşamyň alagaraňkylygynda) ýaramaz görýär, gözleri güne gamaşýar we ýaşargyç bolýar.

Gözi şikesli atlar ýaramaz görýär, ürkek bolýar, ýörände we ylganda aýaklaryny has ýokary galdyryp gorka basýar we netijede büdregiç bolýar.

**Aşaky äňi kelte (kempiý)** – atlar otuny, iýmini gowy iýip bilmeýär, agzyndan iýmini gaçyrýar. Äňi kemlik iki barmak inli ini we ondan uly kelte bolsa uly ýetmezçilik hasap edilýär. Döremeginiň sebäpleri taý enesiniň garnyndaka baýtalyň hor düşmegi we mineral maddalaryň ýetmezçiligi bolup biler. Äňi kelteligiň nesilden geçip hem döremegi mümkin. Ol uly ýetmezçilik hasaplanyp äňi kelte bolsa, ol atlary köpeltmekde ulanmak maslahat berilmeýär, seçgilenilenilip tohumçylyk häsiýetine baha berlende ikinji derejeden ýokary baha berilmeli däldir.

**Uly ýetmezçilikleriň biri syýkyldyly bogulma (rorer)** kekirdekde susak şekilli kitirdewügiň (kiçi diliň) alawlamasy netijesinde ýognamasy we onuň batmagy sebäpli döreýär. Atyň dem almasy kynlaşýar. At hereketlenip başlanda bokurdagyndan güýçli syýkyldyly ses çykýar. Kekirdegiň gowşaklygy we syýkyldyly bogulma keseliniň döremeginiň nesil yzarlamagy mümkin. Şonuň üçin ol atlar tohumçylyk işinde ulanmagyň hataryndan doly aýrylmaga degişlidir. Atçylyk boýunça ylmy çeşmelerde syýkyldyly bogulma iňlis atlarynda köp duşýar diýlip bellenilýär. Häzirki döwürde hirurgiki usul bilen bejerilýär diýen maglumatlar hem bar. Görogly şadessanynda Sapar Kösäniň Bozduman diýen atynyň wagty bilen gyzyp gowy ýöremeýänligi, Göroglynyň ýanyna kömek bermäge gyssanmaç gidip barýarka kyrk taýagy urup döwenden soň kyrk birinji taýaga gezek gelende Bozduman gyzyp doly güýji bilen çapyp başlanda, onuň bo-

kurdagyndan çykýan horruldy ses bir menzilden eşidilýärdi diýen maglumatlar bar.

**Ýagyr** – atyň gerşinde, ýagyrnysynda oňurgasynyň üstünde wagty bilen bitmeýän iriňli ýara bolup, arkasyna eýer degende, işde ýalňyş ulanylanda, agyr agram göterip eýer batmagy ýaly sebäplere görä döremegi mümkin. Kä halatlarda ýagyr atlarda gapyrganyň arasy deşilip, wagty bilen bitmeýän ýaradan iriň akýar. Ýagryň bejermesi köp wagty talap edýär we ol ýara aty köp wagtlap iş ukybyndan hatardan çykarýar.

**Gara nokatlar we gaharly çişler,** esasan, gyr atlaryň endamynda teňňe ululykdaky tüýsüz gara nokatlar (çernowiki) we guýrugynyň aşagynda, jyns organlarynda we başga ýumşak ýerlerine hamyň aşagynda kem-kemden ulalýan gaharly çişler (melanosorkoma) görnüşinde duşýar. Ol çişleriň nesil yzarlamak ähtimallygy bardyr. Köplenç, gyr reňkli atlarda duşýar.

Ýekinek we ineksiz atlaryň bir ýa-da iki inegi ýaryp çykman garyn boşlugynda galýar. Ýekinek atlary ýokary derejeli bolsa höwürde ulanyp bolar, ýöne ineksiz atlar tohumçylyk işinden (höwür aty toparyndan) aýrylmaga degişlidir. Ýekineklik we ineksizlik atyň bahasyny kemeldýär.

Ýanbaş – kümpüç süňküniň ganatynyň ujunyň şikes ýetip döwülmegi netijesinde döreýär. Atyň işjeňligini peseltmeýär, ýöne görküne zeper ýetirýär.

**Atyň öň aýaklarynda duşýan ýetmezçilikler we kemçilikler.** Öň aýaklarynyň kemçiligine aýak epiji muskullaryň zorugyp dartylmagy netijesinde döreýän“geçidyz”, dyzynyň yza ýatmagy “göledyz”, öň aýaklarynyň aşaky bölekleriniň iç tarapa ýa-da daş tarapa gyşarmasy “çaýşyklyk”, injigiň siňir çişi (bukşin) süňk örtük perdesiniň şikes ýetip, alawlap süňk we siňir ýognamasy ýaly we dürli sebäplere görä dörän ýumşak we gaty çişler girýär.

**Injigiň siňir çişi (bukşin, periostit)** – gaty çişler toparyna degişli bolup ýaş, ýaňy münüşe öwredilen taýlar ýodalarda seýislenip başlanan döwründe, injigiň öň tarapynyň ortasynda süňk asty örtüginiň we barmak ýazyjy siňirleriň zorukmagy we netijede alawlamasy zerarly döreýär. Örän agyryly çiş.Taýlary müngä öwredip ilkinji seýislenip

başlanýan döwründe, aýak siňirlerine agram düşmegi zerarly döremegine sebäp bolýar. Taýlary münmegi esli wagtlap ýatyrmaly we agyryly çişi weterinar lukmanlara bejertmeli bolýar.Gutulan soň gaty çişiň yzy galýar, sypalap göreniňde gowy bildirýär, ýöne ol soňra atyň işjeňlik (çapuw) ukybyny peseltmeýär.

Dyzlarynda we bakan bogunlarynda duşýan agyrysyz ýumşak çişler (bursit, naliw) – deri asty we siňirara nemli gatlagyň alawlamasy sebäpli döreýän we atyň işjeňligini peseltmeýän ýumşak çişlerdir. Olar atyň umumybeden gurluşynyň gowşaklygynyň alamatydyr. Bejeriş ýapgylardan soň ol çiş yzyna sorulýar. Atyň iş ukybyny peseltmeýär. Atlarda söbügiň ujunda, goltugyň ýanynda tirsek süňküň ujunda alma ululykdaky ýumşak çişler – tirsek çişi (bursit), söbük çişi (pip-gak) – bogun haltajygynyň süňkara doldurýan typjyk sary suwuklygyň çapuwlarda, atçylyk sporty ýaryşlarda zor görüp boşluklara, deriniň astyna syzyp çykmagy (sinowiti) sebäpli döreýär.

**Gulak getirmek** (brok ýa-da brokdaun) (tendenit) iň ýyndam atlarda, güýçli çapuwlarda ýa-da seýislenýän wagty güýçli daruw işledilende atyň injiginiň yz tarapynda aýak epiji süňkara orta muskulyň zor görüp sozulyp zorukmagynyň, şonuň ýaly-da onuň injik süňke ýapyşýan böleginiň, injigiň ortadan aşak böleginde süňkden gopar derejesine ýetmegi netijesinde döreýär. At aýagynyň uly ýetmezçilikleriniň biri bolup, şonda at doly agsaýar. Atyň işjeňligini ýyllap ýa-da doly ýitirmegine getirýär.

Bejerilenden soň aýakda bolup geçýän üýtgeşmeler öňki kaddyna bitmeýär, doly bejerilmeýär, gaty çişiň ýognan yzy hemişelik galýar. Gulak getirmegiň nesle geçmegi, başgaça aýdanyňda siňir gowşaklygyň nesil yzarlamak ähtimallygy bardyr.

**Duşaklykda süňk ösme** (žabka) – öň aýagynyň bakan – täç we täç – toýnak bogunlarynyň töwereginde süňk ösmegi ýaly anatomiki üýtgeşmeler, köplenç, garry atlarda duşýar.

Bakan we täç süňklerinde büdür-südür süňk ösüp gitdigiçe ýognap ulalýar, elläp göreniňde we daşyndan seredeniňde gowy bildirýär. Şonuň ýaly süňk ösme aty kem-kemden beter agsadýar we hatardan çykmagyna getirýär. Döremeginiň sebäpleri enesiniň içinde we taýka rahit keseli bilen kesellemegi we süňk çykarmaga ýykgyn edýän beden gurluşynyň (konstitusional) gowşaklygy bolup biler.

**Waha (kurba)** – aşyklyk bognuň yz tarapynyň aşagynda, ökje (söbük) süňküň çykýan ýeriniň aşagynda) ýognalan gaty çiş görnüşinde duşýar.

Döremeginiň sebäpleri köpdürlüdir: 1) deriniň we deriasty nemli (fassiý) gatlagynyň alawlamagy we netijede üýtgäp ýognamagy; 2) daşky ösüntgi (grifel) süňküň aşak böleginiň ýognamagy; 3) aýak epiji siňirleriň zorugyp, soňra gatap ýognamagy we 4) süňk çykmagy bolup biler. Süňk we baglaýjy ulgamlarynyň zanny gowşaklygy we şol sebäpli wahanyň döremegi nesil yzarlaýar diýlip hasaplanylýar. Döremeginiň sebäpleri ýaş atlara seýislenýän wagty we çapuwlarda, ýokarlygyna bökmekde gereginden köp işledilip, atyň art aýaklaryna köp agram düşende ýa-da nesilden geçip döremegi mümkin. Waha atyň işjeňlik ukybyny kemeltmeýär, ýöne nesil yzarlamagy mümkin bolany üçin şonuň ýaly atlary höwürde habardar ulanmak maslahat berilýär.

**Aşyklygynda süňk ösme** (şpat ýa-da deformiruýuşiý artrit) – atyň uly ýetmezçiligidir. Aşyklyk bölegiň içki we aşak tarapyndan süňk örüp, ol atyň hereketiniň bozulmagyna getirýär. Ol kömelek ýaly süňk örmegi netijesinde doreýär. Köplenç, garry atlarda (we eşeklerde) duşýar. Ilki-ilkiler at hereketlenip (ilki 10 – 15 minut) başlanda art aýaklaryny silkip alýar we oňa “horaz ýörişi” hem diýilýär. Soňabaka at art aýagyny hemişe silkip alýar we iş ukybyny kem-kemden doly ýitirýär.

Aýak silkip alma nerw bozulmalarynyň netijesinde hem bolup biler. Ony hünärmenleriň süňk getirmeden tapawutlandyrmagy gerek.

Atlar gözden geçirilip baha berlende (satyn alnanda we ş.m.) süňk ösme ýetmezçiligini barlamaly bolýar. Şonda atyň art aýagyny garnyna çenli göterip 2 – 3 minut saklamaly we soňra ýöredip görmeli. Süňk ösýän bolsa at agyrýan art aýaklaryny ýere basyp bilmän göterip durýar. Beýleki bir usulda atyň jylawyndan tutup göwresini birden yza basdyrylanda hem, atyň art aýagyna agram düşüp şondan soňra süňk getiren bolsa, esli wagt agyrydan ýaňa at aýagyny göterip durýar. Şonuň ýaly ýetmezçilikli atlar tohumçylyk işinde ulanmakdan aýrylmaga degişlidir.

Nesle geçmegi mümkin bolan ýetmezçilikler – waha, dürli görnüşli süňk ösmeleri we köp sanly ýumşak çişler, aşaky äňi keltelik,

toýnagy ýatyklyk, toýnak maýasynyň gaharly rak çişi ýaly ýetmezçiliklerdir.

Atlar bilen işlenilende, olara baha bermek üçin gözden geçirilende olaryň ýaramaz gylyklaryny, häsiýetlerini we ýaramaz endiklerini bilmeli bolýar. Ol gylyklar teblehanada duran wagty, arassalap eýerläniňde gowy ýüze çykýar. Atlaryň ýaramaz häsiýetlerine – depmek, adama topulmak we dişlemek we ýaramaz endiklerine diwary, iýmahyry gemirmek, duran ýerinde çaýkanyp durmak (çaýkanma), agyzdyrygy çeýnemek, dilini şapylatmak, çignini we aýagyny dişlemek, teblehanasyna adam goýbermezlik, arassaladyp eýerletmezlik, jyrtlap üstündäki adamy ýykmak, alyp gaçmak, suwa girmezlik we süren ýeriňden ýöremezlik ýaly ýaramaz gylyklary we endikleri girýär.

Atlaryň ulanylýan hem-de ýaş döwri elden-ele satylýan mallar toparyna degişliligi bilen baglylykda, dürli sebäplere görä talaba laýyk gelmeýän ýetmezçilikli atlar arzan we ylalaşylan bahadan satylýar.

## ATLARYŇ GURLUŞYNDA JYNS WE ÝAŞ AÝRATYNLYKLARY

Daşky syna beden görnüşleri boýunça atlar we baýtallar biri-birinden kän bir tapawutlanmaýarlar. Baýtallar birneme näzigräk bedenli, boýy pesräk, tüý örtügi kelte we gorag gyllary kelteden köseräk bolýar.

Atlar boýnunyň we kellesiniň dikligi, gujurlylygy bilen tapawutlanýarlar. Baýtallaryň gursagy kelteden döş kapasasynyň aýlawy uly, gasygy we art çatalba guşaklygy gowy ösen bolýar.

Atlar süňklekligi, iriligi, muskul ulgamynyň gowy ösenligi, bogunlarynyň we injiginiň ýognaslygy bilen tapawutlanýarlar. Gerşi uly we beýik, pilçesi uludan yza tarap has ýapgyt, gursagy giň, sagrysy uzyn we muskullak bolýar. Baýtallarda atlara garanda jyns ýüze çykmasy has güýçli ösendir.

Ýaş taýlaryň göwresi kelte bolup, olar uzynaýak görünýärler. Olaryň kellesi uly, boýny kelte, çekge süňkleri gowy ösmedik we gerşi aýyl-saýyl bildirmeýär. Taýlaryň örtük tüýleri ýumşakdan

uzyn we garamtyl reňkde bolup doglandaky örtük tüýleri, enesinden süýtden aýrylýança çalşyp ýetişýär. Şonuň üçin taýlaryň reňkini we nyşanlaryny doglandaky tüý örtügi çalşansoň, süýtden aýrylýan döwri ýene bir gezek goşmaça anyklamaly bolýar.

Atlaryň syna beden gurluşyny öwrenmekde olaryň reňkini, nyşanlaryny öwrenmeklige aýratyn üns berilýär. Atlaryň beden gurluşyna, reňkidir nyşanlaryna, dürli hereketlerine we häsiýetlerine degişli türkmen dilindäki sözlük adalgalar has baýdyr we köpdürlüdir.

## ATLARYŇ REŇKI, NYŞANLARY, LAKAMY

Tohum atçylykda, aýratynam, ahalteke tohum atlaryny köpeltmekde, olaryň reňkine, nyşanlaryna, atlara lakam dakmaklyga aýratyn ähmiýet berilýär. Atlar biri-birinden reňki, nyşanlary we beýleki hususy alamatlary bilen hem-de, olara dakylan lakamlary – atlary bilen tapawutlandyrylýar.

Keý-Kabusyň «Kowusnama» kitabynda atlaryň reňkini «Bir atda bolup, beýlekisinde duşmaýan sypat onuň reňkidir» diýip kesgitlenilýär.

**Atyň reňki** – onuň göwresini örtýän örtük tüýleriniň we gorag (ýaly, saçy (käkili) we guýrugy) ösgün gyllarynyň reňkleri boýunça kesgitlenilýär.

**Atyň nyşanlary** diýlip onuň hususy reňkine meňzeş bolmadyk, endamynda duşýan dürli ululykdaky ak we beýleki reňkli tegmillere aýdylýar. Nyşanlardan – atyň maňlaýynda dürli ululykdaky depeller, sakar, gyrmyzy tegmiller, aýaklarynda sekil, göwresinde başga reňkli menekler duş gelýär. Atyň reňkleri we nyşanlary barada anyk häsiýetnamalar bermek bilen aşakda durup geçeris. Atyň reňki we nyşanlary enesinden doga bolup (gyr reňkden başgasy) ol üýtgemeýär, nesle geçijilik kanunlaryna laýyklykda nesil yzarlaýar. Atlarda enesinden dogandan soňra emele gelýän üýtgeşik tegmillere, nyşanlara bolsa bellikler diýlip, olara tagma, ýagyrdan soň çykýan ak tüýler we ş.m. girýär.

Her bir atyň şejere arkasynda dürli reňkler bolup, olaryň köpüsi nesilde ýüze çykmaýar we köplenç ýagdaýlarda atlaryň enesiniň ýa-

-da atasynyň reňki agdyklyk etmek bilen nesle geçýär. Diňe al we gyr reňkleriň nesle geçijilik häsiýeti güýçli bolup, nesilde beýleki reňkleri basýar. Mysal üçin, eger taýyň enesi ýa-da atasy gyr, al bolsa, onuň taýlary hem köplenç, al ýa-da gyr bolýar.

Atlarda ýönekeý we çylşyrymly reňkli atlary tapawutlandyrmak bolar. Al, gara, akýalmele çakan ýönekeý, ýagny bir reňkli atlar bolsa, dor, gär, mele, gyr reňkler çylşyrymly – iki we ondan köp reňkleriň kömegi bilen emele gelýär.

Mele, akýalmele, dor, gara reňkler özboluşly altynsow, kümüşsöw öwüşginleri bilen ahalteke tohum atlaryna mahsus bolsa, arap we ýomut atlaryna gyr reňk, iňlis we don atlarynda al reňk we uludan sakar, sekil nyşanlary bilen köp duş gelýär.

Atyň reňki bilen onuň işjeňlik – ýyndamlygynda, häsiýetinde arabaglanyşyk barmyka diýen soraga seredeliň. A.S.Krasnikow (Екстерьер лошади, Москва, 1954) „Gündogaryň atçylyk edebiýatynda gyr atlar ýyndam hasap edilýär“ diýip belleýär. Şonuň ýaly pikiriň arap atlary üçin dogry bolmagy ähtimaldyr.

Keý-Kabusyň „Kowusnama“ kitabynda „Iň gowy reňkli at hurmaýy öwüsýän dor atdyr. Ol hem owadandyr, hem yssa-sowga dözümli, hem çydamlydyr“ diýip bellenilýär.

Görogly şadessanynda Jygalybeg, rumlularyň kowgulap gelýän atlylarynyň reňki boýunça olaryň häsiýetlerini we ýetmezçiliklerini dogry kesgitleýär. Görogly bilen artlaşykly suw atynyň (ýabany atyň) nesli bolan gysragy bilen, kowga el bermän duşmanlardan gaçyp gutulýar.

Jygalybeg yzymyzdan ýetip gelýän atyň reňki nähili diýip Görogludan soraýar. Görogly al at diýip jogap berýär. Jygalybeg reňki al bolsa onuň gözi çakandyr Günüň aşagyna gaç – gözi gamaşyp, ol at basym yzymyzdan galar diýýär. Soňra olaryň yzyndan garador atly kowgulaýar. Jygalybeg ol atyň goturlan atdygyny bilip jeňňelden-jeňňele, tokaýdan-tokaýa tutduryber, olar ýaly atyň gijilewügi üç ýyllap gitmezmiş diýýär. Soňra boz atly ýetdim-ýetdim kowgulanda daga-daşa sür, ol atyň toýnagy daşlyga bolmaz, demirgyr atly kowalanda – demirgyra ýaraşypmy biziň yzymyzdan kowup ýetmek, indi biziňki getirdi, çöle, gumluga ata Watana tarap tutduryber, toýnagy biziň bilen deň gelmez, gumuň içinde gybyrdyklap galar diýýär.

Hakykatdan hem, çakan atlaryň gözi Güne bolmaýar, ýaşarýar, ýaramaz görýär, şonuň ýaly-da ak toýnak atlaryň toýnagy ýumşak – döwülgiç bolýar we olar ýaly atlar türkmenlerde halanmaýar.

Türkmenlerde çep öň aýagy sekil atlar ady belli ýyndam ýa-da garaçy, häsiýetsiz bolýar diýen yrym bar. Keý Kabusda şonuň ýaly atlar, ýöne çep aýagyndan ýöräp başlaýan atlar ýaramaz endikli bolýar we arjal at diýlip atlandyrylýar. Ol yrymyň takyklygyny delillendirmek örän kyn.

Köp ýyllyk iş tejribämiziň netijesinde atyň sakar, sekil ýerlerinde derisiniň teni gyrmyzy (pigmentsiz) bolmagy mümkin we şol ýerlerde suwjumak deri keseli (ekzema), şonuň ýaly-da gyr, akýalmele çakan atlarda deri allergiýasy keselleriň ýüze çykýandygyny bellemek gerek. Indi atyň reňklerine we olaryň nähili kesgitlenýändigine seredip geçeliň.

**Dor** – göwresiniň örtük tüýleri goňur, gorag tüýleri (saçy, ýaly, guýrugy) we aýaklarynyň dyzyndan we aşyklygyndan aşagy gara (garamtyl) reňkli bolsa (aýaklarynda ak sekili duşsa-da) dor diýilýär. Dor at – açyk dor, hurmaýy dor, garador öwüsýän reňklerde bolup biler *(22-nji surat)*.



**22-nji surat. Hurmaýy dor reňkli at**

**Mele** – göwresiniň örtük tüýleri altyn öwüşginli mele ýa-da sary çäge reňkli, saçy, ýaly, guýrugy we aýaklary dyzyndan we aşyklygyndan aşagy gara bolsa *(23-nji surat)* aýdylýar.

Öwüşginleri: altynsow mele, gurtmele, açyk mele reňklerde bolýar.



**23-nji surat. Mele reňkli at**

**Gär** – atyň örtük we gorag tüýleri gara reňkli bolup, kellesinde, bykynynda we käbir beýleki ýerlerinde oýultym-oýultym ýanyk, goňras reňkli bolsa aýdylýar.

**Gara at** diýlip durky bilen birmeňzeş şar gara reňkde bolsa aýdylýar.

**Al** diýlip maňlaý saçy, ýaly, guýrugy we göwresiniň örtük tüýleri birmeňzeş al (açyk gyzyl) reňkde bolsa aýdylýar.

Öwüşginleri: altynsow al, açyk al, garamtyl al.



**24-nji surat. Akýalmele reňkli at**

**Akýalmele** – örtük we gorag tüýleri, aýaklary birmeňzeş açyk mele (24-nji surat) ýa-da sary çäge reňkli bolýar (kähalatlarda, gorag tüýleri çalymtyk reňkde bolmagy mümkin). Akýalmele atlar garagözelek bolsa gowy hasaplanylýar, olar dözümli bolýar.

Akýalmele çakan (izabelaýa) – açyk agymtyl sary reňkli bolup, ol atlar gyrmyzy tenli bolsa (derisi pigmentsiz) albinosdyr, gözleri aýna ýaly gögümtil dury gözli bolup, olar ýaramaz görýär, Güne gözi gamaşýar. A.S. Krasnikow „Atyň eksterýeri“ kitabynda ýewropa atçylyk edebiýatyna salgylanyp „atlarda albinos duşmaýar“ diýip bellese-de, ahalteke tohum atlarynda akýalmele çakan atlar duşýar. Akýalmele çakan atlaryň gara tenlisi hem bolýar.

**Gyr** – çal we gara ýa-da beýleki reňkli örtük tüýleriň gatyşygynda emele gelýär *(25-nji surat)*.

Gyr taýlar enesinden doglanda gara, dor, al, mele we gyr reňkli bolup biler. Ýaşy ulaldygyça gyr atlar çalarýar, endamynda nokat-nokat ýa-da çylgym-çylgym goňur ýa-da çabdar menekler emele gelmegi mümkin. Öwüşginleri: açykgyr, garagyr, gyzylgyr, demirgyr, melegyr, alma menekli gyr. «Kowusnamada» gyzyl gyr atlara aşkar atlar hem diýilýär. Görogly şadessanynda gyr atlaryň Gyrat, Bozduman, Howalygyr ýaly öwüşginleri atlaryň ady bilen baglydyr.



**25-nji surat. Gyr reňkli at**

**Akýal** – göwresiniň örtük tüýleri goýy goňras şokolad reňkli, ýaly, guýrugy çal ýa-da ak reňkli bolýar. Ahalteke atlarynda akýal reňk örän seýrek duşýar, ýomut atlarynda duşmaýar.

**Ala at** diýlip göwresinde, böwründe we başga ýerlerinde uly ak zolaklar ya-da ala bolanynda aýdylýar.

Çabdar (çubaraýa) – enesinden doga üýtgemeýän ak reňkde, endamynda goňur tegmiller ýa-da goňur uzyn-uzyn çylgym zolaklar bolýar. Çabdar atyň gyr atdaky ýaly reňki ýaşyna baglylykda üýtgemeýär. Çabdar atyň endamynda uzyn-uzyn goňur zolaklar bolsa olara dalgyr hem diýilýär.

**Çabdar** atlara "Kowusnamada" ablak at hem diýilýär. Atlaryň beýleki tohumlarynda duşýan çal (çalaýa) – enesinden doga üýtgemeýän çal reňkli, symgylt (kauraýa) – göwresiniň ýarysyndan ýokarsy çypar al bolup, aşaklygyna – garna we aýaklaryna tarap kem--kemden açyk agymtyl reňke geçse aýdylýar.

Jeren (sawrasaýa) – göwresiniň ýokarsy goňur (dor) reňkden aşaklygyna garna we aýaklaryna tarap açyk sary agymtyl reňke geçse aýdylýar. Çabdar, çal, symgylt reňkler türkmen atlarynda duşmaýan ýa-da örän seýrek duşýan reňklerdir.

Atlarda nähili nyşanlaryň duşýandygy barada anyk durup geçeliň. Öňi bilen atyň ak we beýleki reňkdäki nyşanlarynyň, onuň çetdäki syna böleklerinde (ýagny maňlaýynda, tumşugynda we aýaklarynyň ujunda) duşup, deňagramlyk merkeze tarap kem-kemden uly nyşanlaryň azalýanlygyny belläliň. Ýokarda agzalan ala reňk bu düzgüne boýun egmeýär. Şeýlelikde, esasy nyşanlar duşaýanda-da, köplenç, atyň maňlaýynda we aýaklarynda toýnagyna golaý ýerlerinde duşup, deňagramlyk merkeze tarap azalmak we seýrek duş gelmek bilen bolýar.Ýomut tohum atlarynda nyşanlar seýrek duş gelýär, ahalteke tohum atlarynda hem köp we uly nyşanlar bolmasa ýa-da kiçi we az bolsa gowudyr. Atlarda duşýan esasy nyşanlar aşakdakylardyr *(26-njy surat).*

## Atlarda duşýan esasy nyşanlar



**Maňlaýynda sakar, tumşugy gyrmyzy tenli.**



**Maňlaýynda uzyndepel, burnara gyrmyzy tegmil.**



**Maňlaýynda depel**



**Sag öň bakany bakan bognuna çenli, çep öňi dyzyna çenli sekilli.**



**Sag art bakany bakan bognuna çenli, çep art bakanynyň ½ bolegi deň däl sekilli.**



**Sag ardy bakany bilen, çep ardy ½ injigi deň däl pahna şekilli sekilli**

**26-njy surat. Atyň nyşanlary**

**Depel** – atyň maňlaýynda duşýan, uly bolmadyk, ak reňkli tegmillerdir.

**Gyrmyzy tegmiller** – atyň burun aralarynda, dodaklarynda – derisi (pigmentsiz) gyrmyzy tenli tegmiller görnüşinde duşýar.

**Sakar** diýlip atyň maňlaýy, ýüzi tutuşlygyna ak bolanda aýdylýar.

**Sekil** diýlip atyň aýaklarynda duşýan dürli ululykdaky ak reňkli nyşanlara aýdylýar.

**Gara tegmiljikler** – sekil (ak) aýakda uly bolmadyk teňňe şekilindäki gara tegmillere aýdylýar.

**Täji ak** diýlip toýnak buýnuzynyň öň we gapdal tarapyny basyrýan tüýjagazlar ak bolsa aýdylýar.

Gündüşmezi ak diýlip toýnagyň yz tarapynda (ökjesinde) ak bolsa aýdylýar.

**Menekler** – atyň endamynda duşýan dürli reňkdäki uly bolmadyk menek-menek tegmillere aýdylyar. Menekler – gyr reňkde köp duşýar, ol atyň beden gurluşynyň (konstitusiýasynyň) berkliginiň alamatydyr.

**Kemer** – atyň bil oňurgasynyň üstünde gerşinden başlap türresine çenli uzaboýuna uzalýan gara ýa-da goňur uzyn zolak görnüşinde bolýar. Kemer mele, dor, gyr atlarda duşýar.

Mele reňk, kemer we käbir türkmen dessanlarynda duşýan at atlary Bozat (Gorkut ata), Bozduman, Howalygyr, Gyrat (Görogly) ýaly at atlary, tebigat bilen baglanyşykly ýabany atlarda duşýan “penalaýjy” reňkleri sypatlandyrýar.

## ATLARY RESMI ÝAZGA ALMAK, LAKAM (AT) DAKMAK

Tohum atçylykda atlara lakam – at dakylýar. Atlara dakylýan lakamlar türkmen we beýleki dillerde ýeňil aýdylýan we düşnükli bolsa gowy bolýar. Taýlara dakylýan adyň, at taý bolsa atasynyň adynyň baş harpy, gysrak taý bolsa enesiniň adynyň baş harpy bilen başlanýan lakamlary dakmak maslahat berilýär. Diňe türkmenlerde we iňlislerde atlara adam (köplenç, eýesiniň) adyny dakmak ýörgünlidir. Mysal üçin, Eýeberdi Teleke, Toporbaý, Döwlet Işan, Begnazar al, Aýbölek, Dürdäne, Baýerleý Türk, Darleý Arabyýan we ş.m.

Ahalteke tohum taýlary enesinden doglandan soň, bir hepdäniň içinde hasaba alynýar, olara at dakylýar, reňki, nyşanlary bellige alnyp atyň resmi ýazgylaryna ýazylýar.

Taýlaryň reňkini, nyşanlaryny, belliklerini ýazga almak aşakdaky tertipde geçirilmelidir: taýa at dakylýar, reňki kesgitlenilýär, soňra kellesinde, maňlaýynda, seňriginde, dodaklarynda we aýaklarynda nähili nyşanlary bar bolsa, olar bolşy ýaly belgä alynýar. Mysal üçin, maňlaýynda depel (uzyn depel, inçe depel), sakar, burnara gyrmyzy

tegmil, dodagynda gyrmyzy tegmil, aýaklarynda – täji, gündüşmezi ak, bakany bilen, ýarym bakany sekil, injigi (ýarym injik) sekil, dyzyna ýa-da aşyklygyna çenli ak, ak nyşanyň içinde gara tegmil we ş.m. tertipde ýazylýar.

Şeýlelikde, atyň maňlaýynda, aýaklarynyň haýsysynda nähili ululykdaky nyşanlar bar bolsa, olar görnüşi ýaly ýazga alynýar. Atyň tagma ýa-da beýleki haýsydyr bir bellikleri bar bolsa, olar hem belgä alynýar.

Haýsydyr bir atyň çalşyrylandygy, ýaşy barada ýa-da beýleki bir jedelli ýagdaýlar ýüze çykanda, satylanda ýa-da satyn alnanda, bir ýerden başga ýere äkidilende, resmi ýazgylaryň esasynda – reňki, nyşanlary, bellikleri boýunça şol ýa-da beýleki atdygy anyklanylýar, dişi boýunça ýaşy kesgitlenilýär.

Ahalteke tohum atlarynyň lakamy, suraty, doglan senesi, reňki, nyşanlary atyň resmi tohumçylyk ýazgylaryna we berilýän zooweterinar sertifikatlaryna doly ýazylýar.

## ATLARYŇ ÝAŞYNYŇ KESGITLENILIŞI

Atlar dürli maksatlar üçin ulanylmaga saýlanylanda, satyn alnanda, ýaşy barada jedelli ýagdaýlar ýüze çykanda ýa-da doglan wagty näbelli atlaryň ýaşyny kesgitlemeli bolýar. Atyň ýaşy, esasan, iki usul bilen kesgitlenilýär.

1.Atyň resmi zootehniki ýazgylarynda (dokumentlerinde) görkezilen senesi – doglan güni, aýy, ýyly boýunça;

2.Atyň ýaşyna görä diş ulgamynda bolup geçýän üýtgeşmeler – süýt dişleriniň çykmagy we olaryň sürtülýän üstüniň gyrylmagy, süýt dişleriniň hemişelik alyn dişlere çalyşmagy we alyn dişleriniň üstüniň atyň ýaşyna görä yzygiderlikde gyrylmagy boýunça kesgitlenilýär.

Tohum atçylykda – şol sanda ahalteke we ýomut atlarynyň doglan senesi atyň zootehniki resmi ýazgylarynda takyk görkezilýär. Resmi ýazgylaryň ýitmegi ýa-da ýaşy barada jedelli meseleler ýüze çykan halatlarda, şonuň ýaly-da resmi ýazgylary bolmadyk atlarda, olaryň ýaşy dişi boýunça kesgitlenilýär.

Atlaryň diş ulgamy beýleki öý haýwanlary bilen deňeşdirilende örän gowy ösendir we ýaşyna baglylykda bellibir yzygiderlikde çalyşýar, üsti gyrylýar we üýtgeýär. Türkmenlerde çagalaryň guzy dişleri düşende olary atyň yzyna gömüp, “meniň dişim ata çyksyn, atyň dişi maňa çyksyn” diýip yrym edilýär. Bu bolsa atyň dişiniň berkligini aňladýar.



**27-nji surat. Atyň agzyny açyp dişini görmek**

Atyň dişleri ýerine ýetirýän işleri boýunça alyn dişlere, gyýak dişlere, çalyşýan we çalyşmaýan azy dişlere bölünýär *(27-nji surat)*.

Dişleriň esasy süňk bölegi (dentin) bolup, daşy emal we sürtülýän üsti sement diýlip atlandyrylýan gaty madda bilen örtülendir.

Alyn dişler oty kertip, gapjap almaga hyzmat edýär, azy dişler ot we iýmleri üwäp iýmäge kömek etse, gyýak dişler howp abananda goranmaga ýa-da topulmaga hyzmat edýär.

Uly ýaşar atlarda dişleriň ýerleşiş tertibi we sanawy aşakdaky ýalydyr.

Ýokarky äňi        6a.d.+2 g.d.+6 ç.a.d.+ 6 h.a.d.
--------------- = ------------------------------------ = **40** diş atlarda.
Aşaky äňi          6a.d.+2 g.d.+6 ç.a.d.+ 6 h.a.d.

Şu ýerde: a.d. – alyn dişler;
g.d.– gyýak dişler;
ç.a.d.– çalyşýan azy dişler;
h.a.d. – hemişelik azy dişler.

Baýtallarda jemi **36 diş** bolup, gyýak dişler bolmaýar.

Taýlar dişsiz doglup birinji hepdede alyn dişleri çykyp başlaýar we 9 aýlygyna çenli at taýlarda aşakdaky tertipde **28** dişi bolýar.

Ýokarky äňi        6 ç.s.d.+2 g.d.+6 ç.a.d
-------------- = -------------------------------- = **28** diş at taýlarda.
Aşaky äňi          6 ç.s.d.+2 g.d.+6 ç.a.d

Şu ýerde:
ç.s.d. – çalyşýan süýt alyn dişler;
g.d. – gyýak dişler;
ç.a.d. – çalyşýan azy dişler.

Atyň aşaky äňinde 6 we ýokarky äňinde 6 sany alyn dişleriň öň tarapda ýerleşen 2 dişi we ýokarky äňinde ýerleşen 2 dişi kertiji dişler, olaryň aňyrsynda, aralykda ýerleşen 2+2 dişi orta we äňiň dişsiz bölegi – gyýak diş tarapynda ýerleşen 2+2 dişi çetki alyn dişler diýlip atlandyrylýar. Olar aşakdaky yzygiderlikde ýerleşendir.

Ýokarky äňi – 2 kertiji + 2 orta +2 çetki alyn dişler
Alyn dişler = ---------------------------------------------------- ;
Aşaky äňi – 2 kertiji + 2 orta + 2 çetki alyn dişler

Atlaryň 6 jübüt süýt dişleriniň we olar çalşandan soň çykýan hemişelik alyn dişleriniň sürtülýän (gyrylýan) üsti okarajyk şekilli gara oýuk *(28-nji surat)*, bolýar. Şeýle-de taýlarda çalyşýan süýt alyn dişler kiçi bolýar.




**28-njy surat. Alyn dişiň gurluşy:**

**1 – 3 ýaşynda, ýokarsy gara oýuk we gyrylmadyk;**
**2 – 5 ýaşynda dişleriň üsti gyrlyp başlan;**
**3 – 9 ýaşynda okarajyklar doly gyrlan;**
**4 – Gartaşan atlarda dişler özenine çenli we ýokarsyndan iç tarapa aşaklygyna gyrlan. Suratyň ýokarsynda: a – okarajik şekilli gara oýuk; b – dişiň gyrlan bölegi (ştrihlenen)**

Hemişelik alyn dişler iri (merjen ýaly) we dişleriniň arasy biri--birine gysylyp duran *(36-njy surat, a)* bolýar. 2 ýaşyna çenli atlaryň ýaşyny kesgitlemek kän bir gerek bolmaýar.

## Atyň dişleri boýunça ýaşynyň kesgitlenilişi

Atyň ýaşy – atyň aşaky we ýokarky äňinde alyn süýt dişleriniň ýaryp çykmagy we ol dişleriniň düşüp, hemişelik alyn dişlere çalyşmagy we soňra alyn dişleriniň üstündäki gara okarajyk şekilli oýuklaryň kem-kemden gyrlyp aýrylmagy we gyrylýan üstüň şekiliniň üýtgemegi boýunça kesgitlenilýär.

Atyň 2,5 ýaşyna çenli aşaky äňiň süýt alyn dişleriniň gara okarajyklary gyrlyp ýitýär. Daşky görnüşi boýunça ol süýt dişler kiçi bolýar.

**Süýt alyn dişleriň hemişelik dişlere çalyşýan döwri:**



**2,5 ýaşynda** atyň aşaky äňinde 2 sany kertiji süýt alyn dişleri düşýär, täze hemişelik alyn diş ýaryp çykýar we;

**3 ýaşyna çenli,** ol iki diş doly çykýar

**3,5 ýaşynda** ortaky süýt alyn dişler hemişelik dişlere çalyşýar *(29-njy surat)* we;

**4 ýaşyna çenli** ol 2 diş beýleki dişler bilen deňleşýär.

**4,5 ýaşynda** çetki 2 süýt alyn dişler hemişelik dişlere çalyşýar we;

**5 ýaşynda** *(29-njy sur.)* olar doly ösüp çykýar. Gyýak dişler doly ösen bolýar.

**29-njy surat.**




6 ýaşly atlarda aşaky äňiň alyn dişleriniň kertiji 2 dişleriniň *(30-njy a surat)*;




7 ýaşda orta 2 dişleriniň *(30--njy b sur. ser.)* we;

8 ýaşynda çetki alyn dişlerinde *(30-njy ç sur.)* sürtülýän üsti gyrylýar. Olaryň gyrylýan üstüniň ortasyndaky diş okarajyklarynyň yzy uly ak (sary) tegelekler görnüşinde gowy bildirýär.




**30-njy surat.**

Atlaryň ýaşyny kesgitlemekde goşmaça aşakdakylary bilmek peýdalydyr: Atyň çalyşýan (süýt) azy dişleri 6 sanysy aşaky äňinde we 6 sanysy ýokarky äňinde 9 aýlygyna çenli çykyp gutarýar we olar 2,5 – 4 ýaş aralygynda hemişelik azy dişlere çalyşýar. Bir gezek çykýan hemişelik azy dişleriň 1-nji jübütleri 1 ýaşynda, 2-nji jübütleri 2 ýaşynda we 3-nji jübütleri 4 ýaşynda çykyp gutarýar.

9 ýaşynda aşaky äňiň kertiji (*29-njy surat*, aşaky äňi) dişleriniň, 10 ýaşynda ortaky (*31-nji sur.*) we 11 ýaşynda aşaky äňiň çetki alyn dişleriniň (*32-nji surat)* sürtülip gyrylýan üsti kese tegelek görnüşinde bolýar.




**31-njy surat.**

9 – 11 ýaş aralygynda atlaryň ýaşyny kesgitlemekde goşmaça aşakdakylary bilmek peýdalydyr: 9 ýaşynda ýokarky äňiniň kertiji alyn dişleriniň, 10 ýaşynda ortaky we 11 ýaşynda çetki alyn dişleriniň sürtülýän üstündäki gara okarajyklar gyrylsa-da *(31 – 32-nji suratlar)* atyň ýaşy şol esasda kän bir kesgitlenilmeýär.




**32-nji surat.**




**33-nji surat.**

12 ýaşly atlarda aşaky äňiniň alyn dişleriniň kertiji dişleri (*33-nji surat,* ýokarda), 13 ýaşynda ortaky we 14 ýaşynda (*34-nji surat,* aşaky äňi) çetki dişleriniň gyrylýan üsti haýsydyr bir derejede tegelek görnüşinde bolýar. Dişleriň ortasynda diş özeniniň yzy *(34-nji surat, a)* gowy bildirýär.




**34-nji surat.**

15 ýaşynda atlaryň aşaky äňiniň kertiji alyn dişleriniň (*34-nji surat,* aşaky äňi) sürtülýän üsti, 16 ýaşynda orta (*35-nji sur.* aşaky äňi) we;




**35-nji surat.**

17 ýaşynda çetki alyn dişleriniň sürtülip gyrylýan üsti üçburçluk görnüşinde bolýar.

18 ýaşynda aşaky äňiň kertiji alyn dişleriniň, 19 ýaşynda ortaky we 20 ýaşynda çetki alyn dişleriniň üsti ters tegelek görnüşinde, ýagny dişiň ýokarsyndan başlap iç (dil) tarapa aşaklygyna (ters tegelek görnüşde) gyrylýar. Daşyndan seredeniňde garry atlaryň torbalygy inçelip süýnmek görünýär (*36-njy b surat*), gözleriniň töwereginde ýygyrtlar peýda bolýar. Atyň ýaşyny kesgitlemekde goşmaça alamat hökmünde alyn dişlerinde peýda bolýan "ýyldyz" görnüşli diş özeniniň yzlaryny peýdalanmak bolar.




**36-njy surat.** Dürli ýaşdaky atlarda agzyny ýumanda dişleriň görnüşi.
a – ýaş atlarda; b – garran atlarda.

Diş özeniniň yzy aşaky alyn dişlerde 7 – 9 ýaşlarynda goňur reňkli oýujak görnüşinde, ilki dişiň dil tarapynyň üstünde peýda bolýar we atyň ýaşy garradygyça dişleriň ortasyna süýşmek we ulalmak bilen garry atlarda ol yzlar hemişelik galýar. Dişleri ýumlanda daşky görnüşi 34-nji suratdaky ýaly ýaş atlarda *a* we garry atlarda *b* görnüşde bolýar.

Atlaryň ýaşy dişi boýunça kesgitlenilende mümkin bolan ýalňyşlyklar 2 – 5 ýaş aralygynda ýarym ýaş ýalňyşylmagy, 6 – 10 ýaş aralygynda bir ýaş ýalňyşlyk, 11 – 15 ýaş aralygynda 2 ýaş we 16 ýaşdan ýokary ýaşdaky atlarda 3 ýaş ýalňyşlyk bolmagy mümkindir. Ol ýalňyşlyklaryň sebäbi birinjiden, atlaryň iýýän ot-iýmleriniň gaty ýa-da ýumşaklygyna baglylykda dişleriň wagtyndan öň ýa-da soň gyrylmagy we ikinjiden, atyň ýaşyny kesgitleýjiniň ýalňyşmagy mümkindir.

## ATLARYŇ GÖWRESINIŇ ÖLÇEGLERI WE ÖLÇEGLERINIŇ BIRI-BIRINE GATNAŞYKLARY

Atlaryň göwresiniň ölçeglerini almak, diri agramyny kesgitlemek ösüşini, boý alşyny gözegçilikde saklamaga, iriligini, syna beden gurluşyny takyk öwrenmäge we baha bermäge kömek edýär. Göwresiniň ölçegleri we agramy boýunça bellibir derejede atyň tohumy, aýrybaşga (indiwidual) aýratynlyklary barada netije çykarmak bolar. Ölçegler dürli hojalyklarda ösdürilip ýetişdirilýän atlaryň, taýlaryň boý alşyny deňeşdirmäge we olaryň saklanylyşy we ösüşi barada netije çykarmaga kömek edýär.

Atlar seçgilenilende, höwür atlary ene baýtallara jübütleşdirilende, şonuň ýaly-da hojalyk boýunça dürli ýaşdaky atlaryň aňryçäk ýokary, orta we aňryçäk aşak bolmaly ülňi ölçegleri döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylanda, gözden geçirilende baha bermek üçin esasy dört ölçegi alynýar. Ylmy maksatlar we atyň daşky syna beden gurluşyna doly häsiýetnama bermek üçin göwresiniň aşakdaky ölçegleri alynýar.

**I. Esasy ölçegleri:**

1. *Gerşine çenli beýikligi* – ýerden gerşiniň ýokarky nokadyna çenli, ölçeg taýagy bilen santimetrlerde ölçenilýär;

2. *Göwresiniň kese uzynlygy* – pilçe – çigin tümmüsinden çatalba tümmüsine çenli keseleýin, ölçeg taýagy bilen ölçenilýär;

3. *Döş göwrüminiň aýlawy* – ýokarda gerşiniň üsti, pilçäniň yz tarapy we aşakda döş süňküniň üsti bilen tasma metr bilen ölçenilýär;

4. *Injiginiň ýogynlygy* – öň injiginiň ortasyndan ýokarda iň inçe ýerinden, tasma metr bilen ölçenilýär;

**II. Goşmaça ölçegleri:**

1. *Çatalbasyna çenli beýikligi* – ýerden çatalbanyň üstünde iň ýokarky nokadyna çenli ölçeg taýagy bilen ölçenilýär;

2. *Aýagyň tirsege çenli beýikligi* – ýerden tirsegiň yz tarapynyň çetki iň ýokary nokadyna çenli dikligine (ölçeg taýagy ýa-da tasma metr bilen) ölçenilýär;

3. *Gursagynyň çuňlugy* – gerşiniň ortasynda beýik nokadyndan döşüň aşak üstüne çenli (ölçeg taýagy bilen) ölçenilýär;

4. *Gursagynyň giňligi* – öň tarapynda çigin – pilçe tümmüsiniň daşky çetki nokatlarynyň aralygy ölçeg sirkuly bilen ölçenilýär;

5. *Sagrynyň ini* – kümpüjiň daş tarapyndaky tümmi ýerinden iki kümpüjiň aralygy sirkul bilen ölçenilýär;

6. *Sagrynyň uzynlygy* – kümpüjiň tümmi ýerinden çatalba tümmüsine çenli (sirkul bilen) ölçenilýär.

Ylmy taýdan öwrenmek we beýleki maksatlar üçin ýokarda agzalan ölçeglerden başga-da atyň göwresiniň dürli uzynlyk we burç ölçegleri (uglomer bilen) alnyp bilner.

Atyň ölçegini almak üçin ony tekiz meýdança çykaryp ölçemek gerek. Aty ölçeýän hünärmen hemişe atyň çep tarapyndan baryp ölçemelidir. Şonda ölçemek adam üçinem, at üçinem oňaýly bolýar. Olçenilýän atyň dört aýagy ýere dogry basylan, boýny, kellesi aralyk ýagdaýda dik bolmalydyr.

Atlary ölçemek üçin Lidtiniň ölçeg taýagy, tasma metr, Wilkensiň sirkuly we gerek bolsa burç ölçeýji abzallar ulanylýar. Nallanan atlar ölçenilende beýikliginiň ölçegini 1 – 2 sm azaltmaly bolýar. Injigiň ýogynlygy 0,5 ýa-da 0,25 sm, galan ölçegleri 1,0 sm takyklykda hasaba alynýar.

Gerşine çenli beýikligi atyň esasy ölçegi bolup, ownukly-iriligini häsiýetlendirýär. Ahalteke atlary üçin beýikligi 163 santimetrden ýokary bolsa iri atlar, 155–162 sm aralyk orta ululykdaky we 154 – 150 sm kiçi we 149 sm kiçi bolsa ownuk atlar hasaplamak bolar.

Göwresiniň keseleýin uzynlygy takyk almasy kyn ölçeg bolup, ol atyň görnügini we uzynlygyny häsiýetlendirýär. Döş aýlawy dem alyş, öýken, ýürek gan damar ulgamyna gapdallaýyn baha bermäge mümkinçilik berýär. Injigiň ýogynlygy atyň süňklek ýa-da süňklek däldigi barada netije çykarmaga kömek edýär.

Atyň ölçeglerinden gerşine çenli beýikligi we göwresiniň keseleýin uzynlygy bilen bilelikde atyň görnügini (formatyny) kesgitleýär. Atyň keseleýin uzynlygy beýikliginden kelte bolanda atyň görnügi dikleň gönüburçluk, beýikligi we uzynlygy deň bolanda inedördül gönüburçluk we keseleýin uzynlygy uzyn bolanda tekizlikde ýatyk gönüburçluk görnüşde bolýar.

**Ölçeg indeksleri. Indeksleri hasaplamak.** Atyň daşky syna beden gurluşyna, görnügine (tipine) häsiýetnama bermek üçin indekslerini, ýagny ölçegleriň biri-birine göterim gatnaşygyny hasaplamaly bolýar.

Atlaryň daşky syna – beden gurluşyny häsiýetlendirýän esasy indeksleri aşakdakylardyr:

$$1.\ \text{Görnüklilik (format)} = \frac{\text{Göwresiniň keseleýin uzynlygy}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}} \times 100;$$

$$2.\ \text{Döş aýlawy} = \frac{\text{Döş göwrüminiň aýlawy}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}} \times 100;$$

$$3.\ \text{Ykjamlygy} = \frac{\text{Döş göwrüminiň aýlawy}}{\text{Göwresiniň keseleýin uzynlygy}} \times 100;$$

$$4.\ \text{Gursagynyň çuňlugy} = \frac{\text{Gursagynyň çuňlugy}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}} \times 100;$$

Aýagyň tirsege çenli beýikligi

5.Uzynaýaklyk = ------------------------------------------ X 100;
Gerşine çenli beýikligi

Injiginiň ýogynlygy
6. Süňkleklik = -------------------------------- X 100;
Gerşine çenli beýikligi

Agramy, kg
7. Dykyzlylyk (birlikde) = ---------------------------;
Gerşine çenli beýikligi

Agramy, kg
8. Agram (birlikde) =------------------------------------------ ;
Döş göwrüminiň aýlawy

Agramy, kg
9. Injige düşýän agram (birlikde) =----------------------- ;
Injigiň ýogynlygy

Indeksleriň özi empiriki san görkeziji bolup hiç zat aňlatmaýar. Olary hasaplamak we dürli tohumlara degişli ýa-da dürli tipdäki, ýaşdaky, jynsdaky atlaryň indekslerini deňemek bilen, ol atlar barada netije

*1-nji maglumatnama*

**Käbir tohum atlaryň ölçegleriniň indeksleri (ortaça, %)**

| Atlaryň tohumy | Görnüklilik (format) | Döş aýlawy | Süňkleklik |
|---|---|---|---|
| Ahalteke atlarynda | 101,2 | 111,6 | 12,1 |
| Ýomut atlarynda | 102,0 | 112,0 | 12,4 |
| Iňlis atlarynda | 100,0 | 111,1 | 12,2 |
| Perşeron agyr ýük çekýän atlarda | 106,2 | 123,1 | 13,8 |

çykarmak bolar. Mysal üçin, görnüklilik indeksi uzyn göwre skeletiniň, çetki aýak skeletine özara gatnaşygy bolup, müngi atlarda olaryň görnüklilik biçimi inedördüle golaý 100 – 103 %-e deňdir, agyr ýük

çekýän atlarda bolsa 106 – 108 % töweregidir (1-nji maglumatnama), olary otnositel deňeşdirip alanyňda göwresi uzyn, boýy pes görünýär.

## ATLARYŇ DIRI AGRAMYNYŇ KESGITLENILIŞI

Atlaryň diri agramyny bilmek olaryň ösüşini, gündelik artýan agramyny, kondisiýasyny, güýjüni kesgitlemek we kadaly iýmitlendirmek üçin gerek bolýar. Atlar ýörite enjamlaşdyrylan uly gapan terezilerde ölçenilýär. Ýöne atyň galdaw, ürkek häsiýetleri, kähalatlarda bolsa oňaýly ergenekli gapanyň ýoklugy zerarly kynçylyk döredýär. Şonuň üçin atlaryň agramyny gapdallaýyn usul bilen, göwresiniň ölçegleri boýunça kesgitlemek bolar. Ol usullar aşakdakylardyr.

1. A.M.Matoriniň usuly – hemme tohumly atlar üçin şol bir aşakdaky formula boýunça :

$A = 6X – 620$;

bu ýerde: A – atyň diri agramy, kg; X – döş aýlawy, sm we 620 – empiriki koeffisiýent.

2. Ulrih Dýurstyň usuly – $A = O \cdot K$ formula boýunça, bu ýerde: A – atyň diri agramy, kg; O – döş aýlawy, sm; K – empiriki koeffisiýent – ýeňil atlar üçin 2,7, orta atlar üçin 3,1 we agyr atlar üçin 3,5-e deňdir.

3. Orta Aziýa atlary üçin Şekiniň usuly – $A = 5X – 505$, bu ýerde: A – atyň diri agramy, kg; X – döş aýlawy, sm we 505 – empiriki koeffisiýent.

## ATLARYŇ SEMIZLIGI WE KONDISIÝASY

Müngi, çapuw we sport atlarynda, iş atlarynda semizlik düşünjesi kän bir ulanylmaýar. Semizlik düşünjesi diňe azyk önümini berýän atçylykda ulanylýar.

Atlarda olaryň kondisiýasyny kesgitlemäge uly ähmiýet berilýär.

Atlar ulanylýan ýerine baglylykda bellenilen semizlik derejesinde saklanylýar. Şonda olaryň bolmaly birnäçe semizlik derejesini – kondisiýasyny tapawutlandyrmak bolar.

Kondisiýa diýlip atyň bellibir maksatlar üçin atlary ulanmagyň şertlerine bolan talaby kanagatlandyrýan semizlik derejesine aýdylýar.

Atlarda ulanylýan ýerine baglylykda aşakdaky ýörite saklanylýan semizlik derejesi we kondisiýasy tapawutlandyrylýar:

Zawod kondisiýasy gowy semizlikde bolup atlar we baýtallar jyns taýdan işeňňirligini saklaýarlar. Köpeldilýän atlar zawod kondisiýasynda bolmalydyrlar.

Sergilik kondisiýasy sergilerde görkezmek üçin atlar ýörite bakylyp – bejerilip, gowy semizlikde gurat saklanylýar. Ol atlar daşyndan gowy görünýär, tüý örtügi ýalpyldap duran we atyň özi orta çykarylyp görkezilende mesliginden oýnaklap dursa gowudyr.

Işçi we seýislenen kondisiýada kanagatlanarly semizlik derejede bolup, atlaryň bedeninde artykmaç ýag we suw saklanmaýar. Ol atlaryň iş öndürijiligi, çapuw, ýaryş ukyby ýokary bolýar. Seýislenen kondisiýa atlary ýörite seýislemek bilen üsti ýetirilýär.

Kanagatlanarsyz semizlik atlar ýaramaz saklanylanda we ýaramaz iýmitlendirilende, garry atlarda, arryk hor düşende bolup biler. Şeýle ýagdaýdaky atlar iş ukybynyň, çapuw häsiýetiniň bellibir bölegini ýa-da bütinleý ýitirýär, kesellere garşy durnuklylygy we önümliligi pes bolýar.

## ATLARY GÖZDEN GEÇIRMEGIŇ WE BAHA BERMEGIŇ TERTIBI

Atlar gözden geçirilip baha berlende işiň maksady, olaryň nirede ulanylýanlygy ýa-da ulanyljakdygy göz öňünde tutulmalydyr. Atyň hiline edilýän talap at çapyşyk ýaryşlaryna, atçylyk sporta, tohumçylyk işinde ulanylmaga, satuwa ýa-da satyn alynýanlygyna baglylykda dürli-dürlüdir.

Daşky syna beden gurluşyna baha bermek ýokarda belleýşimiz ýaly, ata bitewülikde jemleýji baha bermek bolup – şonda olaryň tohumyna, gujurlylygyna, hereketine we beden agzalaryna bölekleýin seredilip jemleýji baha berilýär. Atlarda hiç hili ýetmezçiligiň ýoklugy entek onuň ýokary işjeňligini we örän gowulygyny aňlatmaýar. Gözden geçirilip baha berlende atyň görnügi, beden berkligi, ýognaslygy, aýaklarynyň berkligi barada gowy düşünje almaly bolýar. Höwür atlar

gözden geçirilip, seçilip saýlanylanda olaryň tohum arassalygy, öz tohumyna mahsus bolan görnügi we häsiýetleri gowy bildirmelidir.

Haýsy maksatlar üçin gözden geçirilýänligine garamazdan, atlary ilki athanada duran wagty, ot we iým iýýän we suw içýän pursatlary, athanalaryň we atlaryň arassalanýan, jylawlap eýerlenýän wagty gözden geçirmeli. Şonda atlaryň gylygy, gowy we ýaramaz häsiýetleri, atbakara, seýse, çapyksuwara we beýleki adamlara bolan gatnaşygy we eger bar bolsa käbir at keselleri barada goşmaça maglumatlary almak bolar. Aty idip, athananyň agzynda saklap gözüniň görşüni barlamaly, agzyny açyp dişlerini görmeli, alkym – bokurdak giňligini ýumruk bilen barlamaly.

Görkezmek üçin meýdança çykarylanda aty başarjaň atbakara tutdurmaly. Aty daşaryk çykaryp gözden geçirilýän wagty gykylyklamaly däl, ürküzmeli ýa-da gorkuzmaly däl. Garamtyl reňkli atlary dury howada, açyk we gyr atlary gök agaçlaryň öňünde saklap seretseň, olar gowy görünýär. Aty Gün şöhlesiniň düşüşine 45 gradus burç bilen tutsaň, göwresiniň ownuk bölekleri gowy bildirýär. Gözden geçirmegiň soňunda bellenilen tertipde atyň suratyny almak bolar.

Soňra aty ýöredip, gorgunladyp we ylgawyna sürüp dürli hereketlerini görmeli, ýetmezçilikleri we kemçilikleri bar bolsa anyklamaly bolýar.

Baha bermek üçin gözden geçirmelerden daşgary atçylyk zawodlarda, döwlet atçylyk athanalarda atlaryň ösdürilip ýetişdirilişini, tohumçylyk işleriniň netijesini köpçülige görkezmek maksady bilen ýa-da ýokary derejeli myhmanlara atlaryň dabaraly ýagdaýlarda gözden geçirilişleri guralýar. Ol gözden geçirmelere atlar arassalanyp, ýörite yzygiderlikde görkezmek üçin (ranžirlenip) taýýarlanylýar. Görkezilýän atlar bellibir yzygiderlikde görkezilmelidir. Ilki bir ýaşar taýly baýtallar, soňra höwür atlar we beýleki atlar görkezilýär. Iň soňunda iň owadan atlar görkezilýär. Şonuň ýaly gözden geçirilişlerde atlara baha berilmeýär, hojalygyň tohum atlary ösdürip ýetişdirmekdäki işlerine baha berilýär.

Garaşsyz Türkmenistanda, döwlet derejeli milli baýramçylyklarda ahalteke atlarynyň şowhunly gözden geçirilişleri hem geçirilýär. Şonuň ýaly-da Türkmenistana gelýän ýokary derejeli myhmanlara

ahalteke atlaryny, türkmen milli at üstündäki oýunlaryny dabaraly ýagdaýlarda görkezmek Garaşsyz döwletimizde däbe öwrüldi.

Güýzki çapuw möwsüminiň ahyrlarynda aýlawda çapuw atlaryň sergi gözden geçirilişi geçirilip ýeňiji atlara çempionlyk derejesi berilýär, ikinji we üçünji orunlary eýelän atlara diplomlar gowşurylýar.

## ATYŇ USULLY YZYGIDER HEREKETLERI

At münmek, at çapmak, at oýnatmak, at üstünde dürli oýunlar etmek we atlary seýislemek, onuň peýdaly häsiýetleriniň biri bolan dürli hereketini nesilden-nesle kämilleşdirmäge ýardam edýär.

**Atyň usully yzygider hereketi** diýlip birmeňzeş depginde (tempde), birmeňzeş ýygylykda we tizlikde, at aýaklarynyň atanaklaýyn (diagonal) ýa-da ugurdaş (parallel) bir aýlaw doly hereketiniň, dowamly gaýtalanýan yzygider hereketlenmesine aýdylýar.

Atlar tebigaty boýunça örän çalt we çalasyn hereketleri bilen tapawutlanýarlar. Atyň dürli görnüşdäki usully hereketleri onuň hilini, çapuw, sport we ulag häsiýetlerini, tohumçylyk işinde we beýleki işlerde gymmatyny kesgitleýär.

At aýagynyň ýüwrük – ýyndamlygy atyň esasy gerek we ulanylýan peýdaly häsiýetleriniň biridir. Şeýle nukdaý nazardan at hereketiniň tilsimlerini öwrenmek atlary seýislemekde, çapdyrmakda, atçylyk sportunda ulanmakda häzirki döwürde-de derwaýys meseleleriň biri bolmagynda galýar. Kitabyň awtoryna atyň çapuw, ýöriş, gorgun, ýorga hereketlerini iş tejribesinde ýakyndan öwrenmäge mümkinçilik boldy.

Eýsem, at nähili hereketlenýär?

Atyň hereketlenmegine onuň kellesiniň, boýnunyň we aýaklarynyň ugrukdyryjy hereketleri we göwresiniň göze görünmeýän deňagramlylyk merkeziniň öňe we yza üýtgäp durmagy (deňagramlylyk merkezi at duran wagty 8-nji bilen 9-njy gapyrganyň orta gürpünde ýerleşýär) uly ýardam edýär.

Umuman, atyň hereketi fiziki hadysa gatnaşykly (otnositel) hereket bolup, at göwresiniň ýygnalyp, deňagramlyk merkeziniň öňe süýşmegi we at öňe omzap, ol merkeziň ýene öňki kaddyna barmagy, we şol hadysanyň yzygider gaýtalanmagy bilen bolup geçýär. Has

sada dilde aýdanymyzda at öz deňagramlyk merkezini hemişe kowalamak bilen hereketlenip ýöreýär, ylgaýar we ol, şol bir wagtda ýere bolan daýanjyny saklap ýykylmaýar.

Sagrynyň we buduň, pilçäniň we gursak myşsalarynyň ýygrylyp dartylmagy we ýazylyp uzalmagy atyň usully yzygider hereketleri etmegine, kelledir boýnuň uzap ýokaryk, aşak we gapdala hereketleri bolsa ata islendik tarapa öwrümler etmäge ya-da çarpaýa galmaga we öwredilen emeli hereketleri ýerine ýetirmäge söýget berýär. At hereketiniň tilsimlerine hereketiň depgini (tempi), aýaklarynyň atanaklaýyn (diagonal) ýa-da ugurdaş (parallel) hereketleri, dört aýaklarynyň ýerden göterilip, daýançsyz howada öňe gaýmak ýaly hereketleri girýär.

Hereketlenýän wagty atyň dört aýagyny gezekli-gezegine, ýeke-ýekeden ýa-da jübüt-jübütden bir aýlaw göterip ýere goýbermegine hereketiň depgini diýilýär. Dürli hereketlerde at dürli depginlerde hereketlenýär.

Dört aýaklarynyň atanaklaýyn hereketi, at hereketlenýän wagty ýere bolan daýanjyny artdyrýar, onuň durnukly we ynamly hereketlenmegine kömek edýär. Atlary dürli hereketlerde yzygider seýislemek bilen onuň dogry we deňölçegli ýygylykdaky birdeň sazlaşykly hereketlenmegini kämilleşdirmek bolar. Atlary seýislemegiň maksady hem şol sazlaşykly hereketi kämilleşdirmekden gelip çykýar. Yzygider hereket diýilmeginiň sebäbi, ol hereket bellibir wagt aralygynda (çapuw wagty, ýöriş süreňde we ş.m.) bellibir depginde, bellibir tizlikde birmeňzeş hereketlenýänligi üçin aýdylýar. Atyň tebigy, ýagny enesinden dogabitdi we öwredilen (emeli) hereketleri tapawutlandyrylýar. Onuň tebigy hereketlerine *ädim ýa-da ýöriş, gorgun* (loňkuldawyk), *ýorga* we *öňürdikleme – ylgaw* ýaly dürli görnüşdäki usully hereketleri girýär.

Öz maýdalyna ýöriş ýa-da ädim atyň ýuwaş hereketi bolup, at aýaklarynyň bir aýlaw hereketi dört depginde bolup geçýär. Mysal üçin, eger at ilki çep öň aýagy bilen ätläp başlasa (birinji depgin), soňra atanaklaýyn sag yzky aýagyny göterip ätleýär (ikinji depgin) we sag öň aýagyny (üçünji depgin) we çep yzky aýagyny (dördünji depgin) ätlemek bilen, aýaklaryny atanaklaýyn hereketlendirip dört depginde (doly ädim) ýöreýär. At ýuwaş ädimlände onuň gezekli-

gezegine üç aýagy ýerde, bir aýagy howada bolýar *(37-nji surat)*. Kelteden ädimläp gyssanmaç, aýratyn bir ýöriş bilen ýöründe bolsa at ilki üç aýagyna, atanaklaýyn iki aýagyna, ýene üç aýagyna we gapdal iki aýagyna daýanyp (diagonal we parallel hereketleriň gatyşygynda) ýöreýär. Şeýle ýöriş ata münen adam üçin örän jaýlydyr, tizligi ýokarydyr.

Atlary seýislemegiň gorgun, öňürdik ýaly çalasyn at işletme we aty ýadadýan hereketlerde seýislemegiň arasynda, ýöriş – gezim hereketde işletmek, at üçin "dynç alyş" arakesme bolup hyzmat edýär. Atlary seýislemekde ýöriş hereketiniň atyň muskulaturasyny "özi oýkalan" hasabynda beden berkidiji häsiýeti bardyr. Aty seýisläp işletmek hemişe gezimden, ýagny ýöriş bilen başlap ýöriş bilen gutarýar.



**37-nji surat. Atyň ýöriş – ädim hereketi.**
**Gezekli gezegine bir aýagy howada, üç aýagy ýerde.**

Ýöreýän atyň ädiminiň uzynlygy ortaça 1–1,2 m, ýygylygy minutda 100 ädim töweregi we tizligi sagatda ortaça 5 – 6 kilometre deňdir.

Gorgun hereketlenende – at aýaklaryny atanaklaýyn iki toýnaklaryny jübüt-jübütden iki gezek ýere urup, iki depginden soň dört aýa-

gyny götermek we ýerden üzmek bilen howada öňe gaýýar, ýagny daýançsyz hereketli bölegi-de öz içine alýar. Mysal üçin, gorgunlanda at alynky çep aýagyny yzky sag aýagy bilen bir wagtda diýen ýaly göterip (birinji depgin), soňra sag öň aýagy we çep yzky aýagyny birdeň ýerden göterýär (ikinji depgin) we soňra atyň aýaklary doly ýerden üzülýär. Ol howada daýançsyz öňe gaýyp hereketlenýär. Aýaklarynyň bir aýlaw hereketinde iki ses eşidilýär *(38-nji surat)*. Türkmenlerde "dükür-dükür at gelýär" diýilse, atlynyň gorgun sürüp gelýänligini aňladýar.



**38-nji surat. Giň gerimli gorgun hereketi.**
**Atanaklaýyn sag öň we çep artky aýaklary howada pursady**

Gorgunyň ösmedik görnüşi loňkuldawukdyr. Atyň öz maýdalyna ýuwaş we uzyn gerimli – çalt gorgun hereketlerini tapawutlandyrmak bolar. Russiýanyň orlow tohumly gorgun atlarynyň esasy hereketi gorgun bolup, paýtunlara goşulan şol atlarda gorgunyna ylgaw ýaryşlary geçirilýär.

Iki tekerli paýtunjyklara goşulan gorgun atlaryň aýlawlarda geçirilýän ylgaw ýaryşlarynda 1600 m aralyga ýokary tizligi – 1 min

52,1 s deňdir. Ahalteke tohum atlarynda gorgun hereketi gowy we aralyk derejede ösendir. Ýomut atlarynyň gorguny, köplenç, loňkuldawyk görnüşinde duşýar.

Atyň ýorga hereketi – tebigy enesinden doga bolsa-da, ol örän düz örülerde ösdürilip ýetişdirilýän, ownukdan kelte (gazak, gyrgyz, mongol ýabylarynda we seýregräk ýomut atlarynda) sähra tohumlaryna degişli atlarda, günorta amerikanyň ýabanylaşan atlarynda – mustanglarda duşýar.

At ýorgalanda, gapdal ugurdaş (parallel) aýaklaryny gezekli-gezegine jübüt-jübütden ýere urup galdyrýar we soňra daýançsyz howada öňe gaýmak bilen iki depginde hereketlenýär. Ýorga atlar ýorgalanda çaýkanybrak ýorgalasa-da onuň üsti münen adam üçin örän jaýlydyr. Şahyr Zelili:

"Zelili diýer serhoşlar,
Ýorga münüp ýüwrük goşlar.. . "

– diýmek bilen özüne göwni ýetýän adamlaryň ýorga münüp, ýüwrük ýyndam atlaryny at çapyşyklaryna goşlaýandygyny belleýär. Ýorga gapdal ugurdaş iki aýaklaryny birdeň göterýändigi üçin öwrümli we çarkandakly ýollarda atyň ýykylmak howpuny döredýär. Ahalteke atlarynyň arasynda ýorga nägehan seýrek duşýan hereketdir.

Daşary ýurt aýlawlarynda ýorga ýaryşlarynda 1600 m aralyga ýorgalamagyň ýokary netijesi – 1 min 49,6 s-e deňdir.

Öňürdikleme – ylgaw – atyň çylşyrymly we örän ýyndam esasy seýislenilýän we çapuw hereketi bolup, ol atyň aýaklarynyň atanaklaýyn (diagonal) bir, iki, bir aýagyna daýanmak we soňra, daýançsyz howada gaýmak bilen üç depginde geçýär.

Öňürdiklände atyň aýaklarynyň yzygider hereketi – ilki ol ýere art aýaklarynyň birine daýanýar (1-nji depgin), soňra beýleki art aýagy bilen bir wagtda onuň atanaklaýyn garşysyndaky öň aýagyna (2-nji depgin), art aýaklary göterilip başlandan soňra beýleki öň aýagyna daýanyp, ony galdyrýar (3-nji depgin), soňra atyň dört aýagy hem ýerden üzülýär we göwresi howada öňe tarap hereketlenýär. Ol hereketler örän çaltlyk bilen yzygider gaýtalanýar. Öňürdiklemede toýnaklar ýere degende yzygider üç ses eşidilýär. Şol bir öňürdikleme hereketiň öz maýdalyna öňürdikleme, seýislemekde at işletme öňür-

dikleme, säpjetmek we çapuw atyň doly güýjüne aňryçäk ylgaw hereketlenmesi *(39-njy surat)* we daruw işletme ýaly görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar. Saglakaý atlar sag aýagy bilen gulaçlap çapýar, çepbekeý atlar çep aýagy bilen gulaçlap çapýar. At çapyp barýarka dürli sebäplere görä saglakaýdan çepbekeýe geçse ýa-da onuň tersine hereketlenýän bolsa atyň aýagy çalyşdy diýilýär. Ol haýsydyr bir derejede çapuw atyň tizligini peseldýär.



**39-njy surat. Çapuw bäsleşme.**

Ylgaw hereketlenende atyň ädiminiň uzynlygy 4,5 metre çenli ýetip biler. Atyň ädiminiň uzynlygy haýsy-da bolsa bir aýagyny basan ýerinden, şol aýagyny indiki basan ýerine çenli aralykda ölçenilýär. Atyň ylgawyna çapuw hereketiniň 1000 metr aralyga tizliginiň dünýä boýunça ýokary netijesi 54 s-e deňdir.

Ýöriş, gorgun, öňürdikleme hereketlenende at aýaklaryny aşakdan pessaýlap hem-de has ýokary galdyrmak bilen dyzyny epläp diýen ýaly hereketlenmelerini tapawutlandyrmak bolar. Soňky hereketlenme at hereketiniň tizligini peseldýär. Öň köp çapylyp, soňra uzak wagtlap kän bir münülmedik atlarda ýa-da haýsydyr bir sebäplere görä ynjalyksyzlanýan galdaw atlarda, aýaklaryny aýlabraga-da

“patyladyp” hereketlendirme bolup biler. Şeýle hereket aty tiz ýadadýar, umumy işjeňligini peseldýär.

Ädimläp ýöriş hereketinde at aýaklarynyň aşakdan pessaý hereketli özboluşly mylaýym ýöriş Bagyr obasynyň Gamakly diýen (1983-nji ýylda doglan (Ahal we Dorogaýa 2 diýen atlaryň neslinden) al gysragyna mahsusdy. Şol bir wagtda Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, ussat seýis Aşyr Garrybaýewiň elinde Gamaklynyň seýislenmek bilen kämillik derejesine ýeten öňürdik – ylgaw hereketi bilen, ol Aşgabadyň aýlawynda 2–3 ýaşlarynda 15 gezek çapuwlara gatnaşyp, uly baýrakly çapuwlaryň sekizisinde birinji we ýene üçüsinde ikinji baýrakly ýerleri eýeledi.

At aýaklarynyň hereketiniň has gowy we işeňňir tizlikli hereketlenmesi, eger at islendik hereketlerinde aýaklaryny orta beýiklikde galdyryp we ýazgynyna, uzyndan gulaçlap ýörese ýa-da ylgasa gazanylýar.

Uzyn-uzyn ädimläp ýöremek, çalasyn ýygylykda uzyn-uzyn gulaçlap çapmak Päle diýen (1977-nji ýylda doglan, 914 Polatly we 1539 Kaplýa diýen atlaryň neslinden) altynsow mele ata häsiýetlidi. Päle ýöriş ýöräninde onuň ýanyndaky topar atlylar gorgun sürüp, onuň ýanyna zordan eýererdiler. Päle Türkmenistanyň at gazanan atşynasy ussat seýis I.Agamyradowyň elinde seýislenip, öz wagtynda örän ýyndam çapypdy.

Gaýtalanmajak aýratyn bir çapuw hereketleri bilen Garader atly gara at (1977-nji ýylda doglan 894 Kerwen we 1520 Ýelsona diýen atlaryň neslinden) beýleki atlardan örän tapawutlanardy. Ol kükregini öňe omzadyp, boýnuny, başyny dik tutup, keýik ylgaýşyna meňzeş özboluşly örän owadan ylgardy. Uly topbak atlaryň arasynda çapsa--da ol saýlanar durardy. Garader 1985-nji ýylda Krasnodaryň aýlawynda 10 sany uly baýrakly çapuwlarda Russiýanyň, Gazagystanyň, Türkmenistanyň ahalteke tohum saýlama atlary bilen çapyşyp, olaryň hemmesinden hemişe ozmak bilen şöhrat gazandy. Krasnodar şäheriniň at söýüji uly märekesi Garaderiň çapyşyna tomaşa etmäge ýörite gelerdiler. Garader toýlarda baýrak alyp, Aşgabadyň aýlawyna gelýän müňlerçe at söýüji watandaşlarymyzyň märekesiniň öňünden üsti haly baýrakly, atlas jully, çekgeligine atgulak ýaglyk dakylgy, öz

keýpine süýnüp-sarkyp, aýratyn bir ýöriş bilen säpjäp geçerdi. Şonda tomaşaçylar ony şowhunly el çarpyşmalar bilen ugradardy. Onuň hereketinde ýene iki zady belläsimiz gelýär.

1983-nji ýylda ahalteke atlarynyň arasynda Aşgabadyň aýlawynda geçirilen atlaryň sergisinde, saýlama 12 atyň arasynda Garader bütin serginiň dowamynda diýen ýaly, çarpaýa galyp art aýaklarynyň üstünde gaz ýörişi bilen ýöredi.

1990-njy ýyllarda ahalteke bedew atlaryna syn etmäge gelýän ýokary mertebeli myhmanlara ahalteke bedew atlary görkezilen wagty bolsa Garader oýnaklap, özüni her hili hereketlerde görkezmek bilen, soňra ajaýyp bir sarsmaýan durkunda, gyýa seredip, gara daşdan sünnälenip ýasalan heýkel ýaly, ençe minutlap doňan ýaly durardy.

*Atyň öwredilen usully hereketlerine* atyň dürli päsgelçiliklerden böküşi, atly gezimiň ýokary mekdebinde oýnadylýan gezim hereketleri, atly sirk oýunlary we türkmen milli at üstündäki oýunlary we ş.m. girýär. Ol hereketler çylşyrymly bolup, ýörite türgenleşdirmek bilen ata öwredilýär. Ol barada yzrakda atçylyk sporty bölüminde giňişleýin durlup geçiler.

Jemläp aýdanymyzda, atyň dürli-dürli usully hereketleri atyň tohumyna, ulanylyşyna, seýislenilişine, ukyplylygyna we türgenleşdirilişine baglylykda ösýär we kämilleşýär hem-de olara atçylyk sportda, at çapyşyklarynda ýokary netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär.

V bölüm

# Atlaryň iş öndürijiligi we azyk önümliligi

## IŞ ATLARY WE OLARYŇ ULANYLYŞY

Atlary köpeltmegiň maksady olaryň ulanylyşy bilen baglanyşyklydyr. Atlaryň müngi ulagy ýa-da araba goşup ýük çekmekde, harby işlerde, daýhançylyk işlerinde iş maly hökmünde, atçylyk sportda ýa-da at çapyşyklarynda we beýleki dürli maksatlar üçin ulanylyşy bilen baglanyşykly olary köpeltmegiň, ösdürip ýetişdirmegiň usullary we atlaryň hiline bolan talap dürli-dürlüdir. Döwrüň üýtgemegi bilen atlary ulanmagyň görnüşleri hem üýtgeýär. XVIII asyrdan XX asyryň ortalaryna çenli agyr ýük çekýän, ädimläp ýöreýän atlar oba hojalygynda dürli işlerde – ýer sürmekde, hasyl ýygnamakda, araba (furgonlara) goşup ýük çekmekde ulanylypdyr. Ýeňil we ýöriteleşdirilen gorgunly at tohumlary faetonlara, karetalara goşmakda ulanylypdyr. Taryhy döwürlerden tä ikinji jahan urşunyň başlangyç döwürlerine çenli atlar harby işlerde ýük ulagy toplary, ok-ýarag çekmekde we atly kawaleriýada müngi harby ulag serişdesi bolup hyzmat edipdir. Häzirki döwürde atlar atçylyk sportunda, milli oýunlarda, aýlawlarda geçirilýän at çapyşygy we gorgunly ylgaw ýaryşlarynda, müngi ulagy we ilata dürli atly medeni hyzmatlary etmekde, atly syýahat gezelençlerde, araçäkçi esgerler münmek üçin we mümkin bolan beýleki işlerde giňden ulanylýar.

## ATLARYŇ IŞ ÖNDÜRIJILIGI

Atyň esasy önümleriniň biri onuň bitirýän işidir. Onuň işi esasy iki zat bilen, sarp edilen güýç we geçilen ýol bilen kesgitlenilýär. Güýç kilogramda we geçilen ýol metrlerde hasaba alynýar. Atlar ýükli arabany ýa-da oba hojalyk we beýleki tirkeg gurallary çekmek üçin bellibir güýç sarp etmeli bolýar.

*Araba goşulýan ýa-da tirkeg gurallary süýreýän atlaryň iş ukyby* – atyň kadaly dartuw güýji, işiň ululygy, hereketiniň tizligi, atyň kuwwaty we çydamlylygy bilen kesgitlenýär.

Dartuw güýji ýa-da süýreýji güýç diýlip arabany, tirkeg we oba hojalyk (künne, mala, dyrmyk, ot orýan orak maşyny ýaly mehaniki tirkeg enjamlar we ş.m.) gurallary – olaryň ýoluň sürtülme we tirkeg guralyň asylma garşylygyny ýeňip, herekete getiriji güýjüne aýdylýar. Dartuw güýji atyň aktiw güýjüdir. Kadaly dartuw güýjüniň ululygy atyň agramyna bagly bolýar. Dartuw güýji at bilen arabanyň ýa-da tirkeg guralyň (aslyşma garşylygyň) arasynda goýlan dinamometr bilen kilogramlarda ölçenilýär.

Asylma güýji arabanyň ýa-da tirkeg gurallaryň aslyşma güýji (agramy) passiw güýçdür. Süýreniş ýa-da aslyşma güýji dartuw güýjüne garşylyk bolup, ýoluň agyrlygyna, tekizligine, arabanyň ýüklüligine we ýoluň beýige dyrmaşýanlygyna ýa-da tekiz ýoldugyna, sürüm işlerde bolsa ýeriň gatylygyna bagly bolýar.

Kadaly dartuw güýji diýlip iş atyň her gün iş wagtynyň dowamynda ýadaman yzygider işlemäge ukybyny saklamaga, tirkeg gurallarynyň aslyşma garşylygyny ýeňip geçmäge sarp edip biljek güýjüne aýdylýar.

Iri we agyr ýük çekýän atlar üçin kadaly dartuw güýji kilogramda Wýustyň formulasy boýunça kesgilenilýär:

$$\mathbf{P = \frac{Q}{9} + 12.} \qquad \mathbf{(1)}$$

Ýeňil atlar üçin kadaly dartuw güýji, Maligonowyň formulasy boýunça kesgitlenýär:

$$\mathbf{P = \frac{Q}{8} + 9.} \qquad \mathbf{(2)}$$

Ýagny: P – atyň kadaly dartuw güýji, kilogram; Q – atyň diri agramy, kilogram; 8, 9 we 12 – şertli empiriki koeffisiýentlerdir.

Mysal üçin, birinji ýagdaýda atyň agramy agyr atlarda 700 kilogram bolsa, 1 formulada ýerine goýup (700+108):9) ol atyň kadaly dartuw güýji 89 kilogram alýarys. Şonuň ýaly agramdaky atyň kadaly dartuw güýji biziň mysalymyzda atyň agramynyň 12 %-ine deňdir. Ikinji ýagdaýda mysal üçin, ýeňil atyň agramy 400 kilogram bolsa, 2 formulada ýerine goýup (400+72):8) ol atyň kadaly dartuw güýjüni hasaplaýarys. Ol 59 kilogram bolup, şol atyň agramynyň 14,7 %-ine deňdir.

Kadaly dartuw güýji atyň diri agramynyň ortaça 1/7 – 1/8 bölegine deň bolup, ýokarky hasaplamalardan görnüşi ýaly ol iri atlarda uludyr, ýeňil atlarda kiçidir, ýöne diri agramyna göterim gatnaşykda hasaplanylanda bolsa, ýeňil atlarda agramynyň ortaça 15 %-ine çenli, orta agyrlykdaky atlarda 13 %-ine çenli we agyr atlarda 13 %-den az bolýar.

Atyň işi iki zatdan – sarp edilen güýç kilogramda we geçilen ýol metrde hasaba alnyp, olaryň köpeltmek hasylyndan durýar we kilogram metrlerde aňladylýar.

Şu ýerden iş fizikadan belli bolşy ýaly $R=P \cdot S$.        (3)

Bu ýerde: R – iş, kilogram metr; P – dartuw güýji, kilogram we; S – geçilen ýol, metr.

Eger at (mysal üçin, çagalar münen) paýtuna goşulyp 59 kg dartuw güýjüni sarp edip 30 km ýol geçen bolsa, onuň şol gün ýerine ýetiren işi 59 kg · 30000 m = 1770000 kilogram metre deňdir.

At iş etmek üçin haýsydyr bir güýji sarp edip ýoly geçmeli bolýar. Atyň bir günde kadaly dartuw güýjüni sarp edip, ýerine ýetirýän işiniň göwrümine görä ýeňil, aralyk we agyr işlere bölmek bolar. Gündelik işleri 2500000 kilogram metre we ondan ýokary bolsa agyr işler, 1500000 kilogram metre orta agyrlykdaky işler we 1500000 kilogram metre az bolsa ýeňil işlere saýylýar. Ýeňil işler tekiz ýollarda ýöriş sürmek bilen arabada ýük çekmek we beýleki işlerde kadaly dartuw güýji atyň agramynyň 10 %-i we ondan az, günde 4 sagat işlemek bilen 15 kilometrden köp bolmadyk aralyk ýol geçilende aýdylýar.

Dartuw güýji atyň agramynyň 13 – 15 %-ine we iş wagty 6 sagada çenli 25 km aralyga ýük daşamak, ýa-da şonuň ýaly agyrlykdaky

beýleki işlerde ulanylsa, aralyk agyrlykdaky işler hasap edilýär. Agyr işler diýip atyň agramynyň 16 – 20 %-e çenli dartuw güýjüni harç edip, 26 – 35 km aralyga 7 – 9 sagadyň dowamynda işledilende aýtmak bolar.

Atyň iş ukyby onuň işleri haýsy tizlikde amal edişine hem baglydyr. Atlar agyr işlerde ýöriş hereketde (sagatda 4 – 6 km tizlikde), ýeňilräk işlerde (at paýtunlara goşulanda) gorgun (sagatda 10 – 12 km-e çenli) hereketlerde işledilip bilner.

Atyň kuwwaty bellibir wagt aralygynda ýerine ýetiren mehaniki işi bilen baglanyşykly we ol aşakdaky formula boýunça kesgitlenýär.

$$\mathbf{N = \frac{R}{T}; \qquad ýa\text{-}da\ N = \frac{P \cdot S}{T};}$$

$$\mathbf{ýa\text{-}da\ N = P \cdot V. \qquad (4)}$$

Ýagny N – kuwwat, kilogram metr sagat; R – iş, kilogram metr; T – wagt, sagatlarda ýa-da sekuntda; P – dartuw güýji, kilogram ; S – geçilen ýol, m we; V – tizlik (S:T), m/s.

Kuwwat birligi deregine bir at güýji kabul edilendir. Bir at güýji 75 kilogram metr sekunda edilen işe deňdir.

Haýsydyr bir gysga wagt aralygynda at ýokary kuwwatlylyk görkezip biler. 500 kg agramly atlar 60 kg kadaly dartuw güýji bilen 7 – 8 sagat iş wagtynda 1 at güýjüne deňeçer güýç bilen işläp bilýär diýlip hasaplanylýar. Belläp geçmeli zatlaryň biri-de at işlände ýadaýar, işiň arasynda dem bermeli bolýar. Atyň dürli işlerde işe ukyplylygy we çydamlylygy onuň kuwwatyna, ot we iýmini iýenden soň güýç toplap, şol bir işi dowam etmäge ukyplylygyna baglydyr.

Ýokarda getirilen mysaldan ugur alyp, aýdalyň at 7 sagatda ortaça (30000 m : 7 sag.) sekuntda 1,1 metr /s tizlik bilen hereket eden bolsa, ol atyň sarp eden kuwwatyny hasaplalyň. Şu ýerde atyň görkezen kuwwaty N = P · V = 59 kg · 1,1 m/s = 64,9 kilogram metr sekunt: 75 kilogram metr sekunt, ýagny ol atyň görkezen ortaça kuwwaty 0,86 at güýjüne deňdir.

Ýene-de aslyşma garşylyga ýa-da asylma güýjüne gaýdyp geleliň.

Ýoluň garşylyk koeffisiýenti diýlip dartuw ýa-da süýreýji güýjüň arabanyň, paýtunyň umumy agramyna ýa-da tirkeg gurallaryň aslyşma garşylygyna bolan gatnaşygyna aýdylýar.

Mysal üçin, at goşulan arabanyň – atyň dartuw güýjüne bolan garşylygyny, takmynan, aşakdaky formula boýunça hasaplamak bolar.

Tekiz ýolda ol **P = g · f**; (5) şu ýerde P – dartuw güýji, kg; g – arabanyň we ýüküň bilelikdäki agramy, kg; f – ýoluň garşylyk koeffisiýenti (g we f bilelikde dartuw güýjüne garşylykly aslyşma güýjüni düzýär).

Şu ýerde ýoluň garşylyk koeffisiýenti $\mathbf{f = \frac{P}{g}}$.   (6)

Eger, ýol beýge galýan bolsa, onda aslyşma güýji artyp, dartuw güýji hem şonça köpelip, ol aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

**P = g f + g sinus *α*** (formulanyň sag bölegi aslyşma güýjüne deňdir), ýagny: sinus alfa burç, ýoluň gorizontdan ýokary (0-dan 10 gradusa çenli) galýan burçuny aňladýar.

Arabanyň, paýtunyň aslyşma garşylygy olaryň konstruksiýasyna, agramyna (ýükli bolsa ýüki bilen bilelikdäki agramyna) we ýoluň hiline (asfaltlanan, gara ýol ýa-da çarkandakly ýol) baglydyr. Dürli görnüşli ýollarda at goşulýan arabalaryň, paýtunlaryň aslyşma garşylygy we ýoluň garşylyk koeffisiýenti aşakdaky ýalydyr.

**Dürli ýollarda arabanyň ýa-da iş gurallarynyň garşylyk koeffisiýenti we aslyşma garşylygy**

| Ýoluň häsiýetnamasy | Arabanyň, paýtunyň konstruksiýasy, tirkeg gurallary | Ýoluň garşylyk koeffisiýenti (f) | Aslyşma garşylygy ýüküň 1 sentner agramyna (kg) |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Gara ýollarda: | | | |
| Gowy ýollarda (gury, tekizlenen) | Demir tigirli<br>Agaç tigirli | 0,05<br>0,07 | 5<br>7 |
| Orta agyrlykdaky (tekizlenen ýöne palçygrak ýa-da çala tekizlenen) ýollarda | Demir tigirli | 0,07 | 7 |
| Ýaramaz ýollarda | “ “ | 0,1 | 10 |
| Çarkandakly ýollarda | “ “ | 0,15 | 15 |
| Çägelik ýollarda | “ “ | 0,3 | 30 |
| Çagyl düşelen ýollarda | “ “ | 0,03 | 3 |
| Asfalt ýollarda | “ “ | 0,02 | 2 |
| Tirkeg oba hojalyk gurallarynyň aslyşma garşylygy: | | | Aslyşma garşylygy (kg) |
| Demir azal (plug) ýeriň 1 sm kwadrat kesigine | Ýeňil toprakly ýerde sürüm | | |
| Tirkeg ot orýan, ini 160 sm bolanda | Otlaryň gürlügine baglylykda | | 80 – 130 |
| Ot ýygnaýjy dyrmyk (ýygnaýjy ini 160 sm) | “ “ | | 20 – 40 |

Asfalt ýoluň garşylyk koeffisiýenti (ykrar ediji kitapçalardan ýa-da biziň mysalymyzda 2-nji maglumatnamadan mälim bolsa) we ýükli paýtunyň agramy belli bolsa, atyň dartuw güýjüni, ýoluň garşylyk koeffisiýentini hasaplamak bolar. Mysal üçin, ýeňil at (agramy 400 kg) goşulan dört tigirli üstüne 8 adam münen paýtunyň ýüki bilen bilelikdäki agramy 600 kg, 6 sagat iş wagty 30 km ýol geçen bolsa, onuň iş görkezijilerini hasaplalyň.

At goşulan ol paýtunyň aslyşma güýji P = g · f formula boýunça hasaplaýarys. 600 kg · 0,02 = 12 kg. Eger paýtun 0,03 gradus burç bilen beýiklige galýan bolsa, onda 600 kg · 0,02+600 · 0,03 = 12+18 = 30 kg.

Ol atyň kadaly dartuw güýji (2 formula boýunça) 59 kg deňdir. Şu ýerde garşylyk koeffisiýenti (f) ýa-da dartuw güýjüniň paýtunyň umumy agramyna bolan gatnaşygy biziň mysalymyzda (6 formula) dogry ýolda 12 kg : 600 kg = 0,02. 6 sagatda eden işi tekiz asfalt ýolda 3 formulada ýerine goýmak bilen hasaplaýarys: 12 kg · 30 km = 360 kilogram kilometr.

Işçi atyň iş ukyby 4 – 5 ýaşlarynda doly ýüze çykýar. Ýöne olary 2,5 – 3 ýaşyndan başlap dürli hojalyk işlere – araba goşmaga, goş goşup ýer sürmäge we beýleki işlere öwretmek gerek. Soňra olary kem-kemden doly güýjüne işledip ulanmak bolar. Döwlet, daýhan-birleşik we hususy hojalyklaryň içki hojalygara işlerinde, maldarçylyk fermalarda atarabalary ulanmak, ot ormakda we ot ýygnamakda işçi atlary ulanmak ykdysady taýdan arzan düşýär.

Atyň uzak wagtlap kuwwatlylygyny saklap, ot-iýmini iýip dynç alandan soň, çalt öňki güýjüni dikeltmegi onuň işe çydamlylygyny kesgitleýär.

Iş atynyň çydamlylygyny ýa-da ýadawlygyny kesgitlemegiň anyk usuly ýok. Atyň ýadawlygynyň bize elýeterli alamaty derlemeklik, dem alşynyň, temperaturasynyň ýokarlanyp, dem alyş we ýürek urgusynyň ýygylygynyň artmagy, sazlaşykly hereketini ýitirmegi we ýuwaş hereketi, ot we iýmini doly iýmezligi bularyň hemmesi atyň ýadawlygynyň alamatydyr. Atlar mümkinçiliginden agyr işledilse çalt ýadaýar, kadaly dartuw güýji kemelýär. Onuň tersine atlar ýarym güýjüne we ondan hem az iş edýän bolsa iş öndürijiligi pes bolýar, işiň özüne düşýän gymmaty artýar. Şonuň üçin atlary kadaly dartuw güýjünde doly işletmek ykdysady taýdan düşewüntlidir.

Atyň iş ukyplylygy onuň saglygyna, guratlygyna we şonuň ýaly-da işiň dowamlylygyna we iş gün tertibine baglydyr. Atyň tohumy, ýaşy, iriligi, gujurlylygy, saklanylyşy we iýmitlendirilişi, bellenilen işe taýýarlygy onuň işjeňligine täsir edýän esasy şertlerdir.

**Iş atlarynyň iýmitlendirilişi we idedilişi.** Dogry we kada laýyk iýmitlendirilip, wagtynda dem berlip suwa ýakylsa, atyň işe ukybynyň artmagyna ýardam edýär. Işçi atlar durkuny saklamaga we iş edende muskul hereketleri üçin energiýa harajatlarynyň üstüni doldurmaga, berilýän ot we iýmlerden ýeterlik mukdarda ýokumly maddalary we energiýa almalydyrlar. Iş atlary iýmitlendirmek üçin ilki bilen olaryň bitirýän işiniň görnüşini, göwrümini, geçýän ýoluny we iş wagtyny nazara almak, işiň häsiýetini bilmek gerek bolýar.

Atlaryň bitirýän işleri işiň görkezijilerine görä ýeňil, orta agyrlykdaky we agyr işlere bölünýär.

Gyş aýlary işçi atlary bede we iri baldakly otlar bilen iýmitlendirmek bolar. Gök otlaryň bar wagty gündelik iýmitiniň ýokumlylygynyň 50 %-ine çenlisini orlan otlar bilen iýdirmek bolar.

Işläp gyzyp gelen atlary endamy sowaşýança suwa ýakmak bolmaýar. Işiň arasynda suwa ýakyp işi ýene dowam etdirmek bolar. Işçi atlary günde arassalap durmaly. Gaty ýerlerde işleýän atlary dört aýagyna agyr guýma nallar bilen nallamaly. Diňe ýumşak ýerlerde işledilende iki öň aýagyny nallamak bolar. Nallamak üçin atyň aýaklaryna laýyk ölçegli guýma nallar we laýyk belgilerdäki nal çüýleri ulanylýar.

**Atyň işine häsiýetnama**

| Işiň görnüşleri | Ýeňil | Orta | Agyr |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Bir günde geçilýän aralyk, km ýük ulagy işleri: | | | |
| doly ýükli araba | 15 | 25 | 35 |
| doly ýükli araba yzyna doly ýüksüz | 10 | 17 | 24 |
| ýeňil gidim-gelimler: at goşulan araba ýa-da paýtunlar | 28 | 47 | 65 |

*dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| eýerlenip münülen at ulagy | 35 | 58 | 80 |
| iş wagtynyň dowamlylygy (dynç wagtyny hasaba almazdan), sagat:<br>Oba hojalyk tirkeg gurallary bilen işlenilende | 4 | 6 | 8 |

*3-nji maglumatnama*

**Agramy ortaça 500 kg bolan işçi atlary iýmitlendirmegiň kadasy**

| **Görkezijiler** | **Ýeňil işlerde ulanylanda** | **Orta agyrlyk-daky işlerde** | **Agyr işlerde** |
|---|---|---|---|
| Iýmitlendirme kadasy: | | | |
| Gury maddalar, kg | 12,5 | 14 | 15 |
| Iýmit birligi | 8,75 | 11,2 | 13,5 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 91,6 | 117,2 | 146,3 |
| Siňňitli protein, kg | 0,87 | 1,05 | 1,20 |
| Çig protein, kg | 2,25 | 2,38 | 2,4 |
| Nahar duzy, g | 30 | 39 | 45 |
| Kalsiý, g | 37 | 46 | 59 |
| Demir, mg | 437 | 490 | 600 |
| Mis, mg | 87 | 98 | 127 |
| Sink, mg | 312 | 350 | 480 |
| Kobalt, mg | 5 | 8 | 9 |
| Iod, mg | 5 | 8 | 7 |
| Karotin, mg | 95 | 115 | 175 |

*4-nji maglumatnama*

**Agramy ortaça 500 kg bolan işçi atlaryň mysaly iýmitlendiriş düzümi (rasiony) (gyş aýlary üçin).**

| **Ot-iýmleriň görnüşleri** | **Ýerine ýetirilýän işler** | |
|---|---|---|
| | **ýeňil** | **agyr** |
| 1 | 2 | 3 |
| Bede, kg | 8 | 10 |

*dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Iri baldakly otlar,kg | 4,5 | 2 |
| Iým (arpa ýa-da) süle, kg | 2,5 | 4 |
| Käşir, kg | 2 | 5 |
| Premiks, g | 150 | 100 |
| Nahar duzy, g | 30 | 40 |
| Iýmitlendiriş paýynyň saklaýan ýokumly maddalary: | | |
| Gury maddalar, kg | 12,8 | 14,0 |
| Iýmit birligi | 7,5 | 10,4 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 78,5 | 108,9 |
| Çig protein, kg | 1,3 | 1,48 |
| Siňňitli protein, g | 0,86 | 0,97 |
| Çig kletçatka, kg | 3,7 | 3,5 |
| Kalsiý, g | 80 | 73 |
| Fosfor, g | 35 | 32 |
| Demir, mg | 9723 | 1214 |
| Mis, mg | 60 | 66 |
| Sink, mg | 316 | 351 |
| Kobalta, mg | 5,9 | 6,5 |
| Iod, mg | 8,8 | 9,4 |
| Karotin, mg | 279 | 217 |

## MÜNGI ATLARYŇ ULANYLYŞY

Häzirki döwürde Türkmenistanyň şertlerinde atlary müngi ulagy hökmünde mal bakmakda, beýleki mehaniki ulag serişdeleri bilen ýöremesi we barmasy kyn bolan ýerlerde müngi we ýük ulagy hökmünde ulanylýar. Döwlet araçägini goraýan esgerlere-de at münmek gerek bolýar. Ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerlerinde at münmegi

söýüjiler üçin atly hyzmatlary guramak bolar. Ýakyn ýyllarda Türkmenistanda syýahatçylyk industriýasynyň ýokary derejede ösmegi bilen, atly syýahat – gezelençleri guramagyň uly geljegi bardyr.

Atçylyk sportda, milli at üstündäki oýunlara, atly sirke we atly dabaraly ýörişlere gowy, görmegeý ahalteke atlaryny saýlamak bolar. Araçäkçiler üçin we daglyk ýerlerde, daş örülerde maldarçylykda münmek üçin orta ululykdaky ýomut tohumly we alaşa atlar saýlanylsa we olaryň dört aýagy nallanan bolsa gowy bolýar.

Münülýän atlaryň işi, arkasynda adam ýa-da ýük götermek bilen baglanyşykly onuň muskullaryna, süňk we siňirdir baglaýjy ulgamlaryna uly agram düşýär. Ata atlanan adamyň agramy, kähalatlarda, 120 kg çenli ýa-da atyň agramynyň 25 %-ine baryp ýetmegi mümkin. Şonuň üçin araba goşulýan we tirkeg gurallary çekýän atlarda ulanylýan dartuw güýji, atyň gündelik işi we kuwwaty baradaky düşünje müngi atlara laýyk gelmeýär.

Münülýän atlaryň iş ukybyna arkasynda göterýän adamyň agramy, hereketiniň tizligi, geçen ýoly we çydamlylygy boýunça baha berip bolýar. Şonda atyň daşky ýagdaýyna seredip derleýşi, ýadawlygy we horlanmagy boýunça netije çykarmaly bolýar.

Münüşde ulanylýan atlaryň ulag häsiýetini hemişe bolmaly derejesinde saklamak aty münen adama hem baglydyr. Müngi atlar (şol sanda çapuw atlary) hereketde wagty harç edýän energiýa harajatynyň üstüni hemişe dolduryp durar ýaly, az göwrümli, ýöne energiýa we ýokumly maddalara baý ot we iýmler bilen iýmitlendirilmelidir.

Ýük göterýän atlar daglyk ýerlerde, beýleki ulag serişdeleriniň baryp bilmeýän uzakdaky öri meýdanlarda, uly bolmadyk ýükleri çekmekde ulanylýar. Arkasyna ýük urmak üçin iri bolmadyk beýikligi 150 sm töweregi, bili berk bolan atlar saýlanylsa oňaýly bolýar. Ýükçi atyň arkasyna urulýan ýüküň agramy atyň agramynyň 1/3 böleginden artyk bolmaly (mysal üçin, 400 kg agramly ata 133 kg) däldir. At üçin ýük götermek atyň üstünde ugurdaş hereketde oturýan adamy götermekden kyn düşýär. Ýükçi atlaryň işjeňligi diňe ýüküň agramyna däl, eýsem, ýüküň göwrümine we atyň üstüne ýüküň jaýly ýerleşdirilişine hem bagly bolýar.

9. Sargyt № 1310

## ATA MÜNMEGIŇ TERTIBI

Türkmenleriň ahalteke we ýomut atlary müngi atlar toparyna degişlidir. Türkmenlerde hemişe we häzirki döwürde hem atlar, esasan, müngi ulagy hökmünde ulanylýar. At münmek beden saglygyňy gorap saklamaga, sagdyn jemgyýeti terbiýelemäge ýardam edýär. Şonuň üçin at münmegiň tertibini bilmek gerek.

At münmek at eýerlemekden başlanýar diýsek dogry bolar. Aty eýerlemezden öňürti, teblehanada duran ýerinde eserdeňlik bilen atyň ýagdaýyny görmeli, soňra arassalap süpürmeli, ýaly – guýrugyny daramaly. Şondan soň aty eýerlemek bolar. Uýan agyzdyrygy bilen atyň çep tarapynda durlup dakylýar. Sag eliň bilen uýanyň jylawy bile ýeňseliginden tutup, çep eliň bilen agyzdyrygy tutup atyň agzyna salmaly we dişsiz ýerinde agyzdyrygy oňaýly ýerleşdirip goýmaly. Soňra uýany atyň kellesine dakmaly. Uýanyň ýeňseligini gulagynyň arkasyna geçirip, kellesiniň ululygyna görä laýyklap tokasyny ildirmeli. Atyň çep tarapynda durmak bilen atyň ýagyrnysyna içirgini goýmaly, soňra çep eliň bilen eýeriň gaş ýerinden tutup, sag eliň bilen eýeriň yz tarapyndan tutup, atyň ýagyrnysyna goýup, öňe-yza süýşürmek bilen eýeri arkasynda jaýly goýmaly. Atyň sag gapdalyna geçip, eýeriň çekisini ganatynyň aşagyndan goýbermeli. Ýene-de atyň çep tarapyna geçip, çekini çekip tokasyny ildirmeli. Soňra üzeňňi bagyň uzynlygyny (gerek bolsa tirsek boýy ölçäp) aýagyň uzynlygyna görä laýyklamaly.

### Ata münmegiň tertibi



1



2





3 4

## Atyň üstünde dogry oturmak



5



6

**40-njy surat.**

Ata atlanmak üçin atyň çep tarapynda durup, çep eliň bilen jylawy tutup, çep aýagyňy üzeňňä basyp, sag eliňi eýeriň gaşyna goýup dyzyňa böküp galyp, sag aýagyňy eýeriň üstaşyry artlap, atyň sag tarapyna geçirmeli. Aýaklaryňy üzeňňä oňaýly ýerleşdirip goýmaly we jylawy jübtekläp tutmaly. At münmegiň tertibi 40-njy suratlarda görkezilendir.

At münýän adamlar isle athanada bolsun ýa-da gezim edilýän meýdançada bolsun, isle çarkandakly ýollarda bolsun atyň üstünde özüni ynamly we rahat duýmalydyrlar. At münmäge öwrenjeler, höwesjeňler azyndan 30 sagat at münüp ýöriş, gorgun, öňürdik sürmegi öwrenmelidir we ýeterlik derejede atlara erk etmegi, ugrukduryp sürmegi, öwrümler etmegi endik etmelidirler.

At münmegi öwrenmek, esasan, üç şerti berjaý etmegi talap edýär. Birinjiden: atyň üstünde dogry oturmaga endik etmegi; ikinjiden – at bilen sazlaşykly özara arabaglanyşygy saklamagy; üçünjiden – ata islendik hereketleri berjaý eder ýaly, ugrukdyryjy täsirleri we tilsimleri debsilemegi, jylaw tutmagy we gamçy ulanmagy başarmakdan ybaratdyr.

Atyň üstünde dogry we jaýly oturmak aşakdaky düzgünleri berjaý etmegi talap edýär:

1. Eýeriň üstünde deňagramlylygyňy saklamagy başarmagy;
2. Atyň üstünde özüňi erkin duýmagy we arkaýyn oturmagy;
3. Atyň hereketine görä onuň bilen özara arabaglanyşyga girmegi we ony duýmagy başarmagy.

Ilkibaşdan atyň üstünde dogry we owadan oturmagy başarmak, aty isleýşiň ýaly dogry herekete ugrukdyrmagy öwrenmek gerek. Atyň üstünde özüň üçin oňaýsyz, tebigy bolmadyk ýagdaýda oturmaly däl. Atyň üstüne münen adamyň at bilen arabaglanyşygyny at syzmalydyr.

At münmegi öwreniji at söýüjiler ilki bilen eýeriň üstünde göwresiniň deňagramlylygyny saklamagy başarmagy öwrenmeli. Aýagyň bilen üzeňňini atyň böwrüne batly gysmaly däl. Atlynyň göwresi dik we eýeriň ortarasynda ol jaýly oturmaly. Her bir at münen atdan ýykyljagyny bilse, eýere, ýala ýapyşmak bilen bolýar. Öwrenjeler üçin ilkibaşda ýeňil ädimli, ýuwaş häsiýetli atlar saýlanyp alynsa, olar at münmegi we atyň üstünde arkaýyn we sypaýy oturmagy tiz öwrenerler.

Atyň üstünde göwräňi dogry saklamagy endik etmäge aty ýöriş, gorgun sürüp öwrenmek gowy kömek edýär. Deňagramlylygy saklamak endigini özleşdirmekde bolsa, üzeňňisiz we ýapaljaň at münmek örän peýdaly hasaplanylýar.

Eger atly atyň tebigy hereketine päsgel bermän deňagramlylygyny saklap, eýeriň üstünde ynamly otursa, onda atyň özi üstündäki atly bilen bile ugurdaş hereketde bolup, at hem öz deňagramlylygyny saklamaga çalyşýar. Şonda ol atlynyň sürüşine we islegine tabynlykda sazlaşykly hereket edýär.

## ATLARYŇ ATLY SYÝAHATDA ULANYLYŞY. ATLY SYÝAHATYŇ ÄHMIÝETI

Atly syýahat – gezelenç etmek, seýrana gitmek, umuman at münmek göwün açmaga, psihologiýa taýdan dynç almaga, şonuň bilen bir hatarda adamlaryň beden saglygyny berkitmäge kömek edýär. Atly syýahat, gezelenç etmek dürli ýaşdaky adamlar, aýal-gyzlar we çagalar üçin hem elýeterlidir we adamlaryň ruhunyň belent bolmagyna ýardam edýär. Atly syýahat edilende, beýleki tehniki ulag serişdeleri bilen barmasy kyn bolan tebigatyň ajaýyp künjeklerine – dag jülgelerine, gür tokaýlaryň arasyna, köldür derýalaryň kenarlaryna ýa-da gum depeleriniň arasy bilen atly ýöremäge we şol ýerlerde tebigat gözellikleriniň arasynda dynç almaga mümkinçilik berýär. Gerek bolsa syýahatçylar öz ýanlary bilen goş-golamyny, iýjek azygyny götermek bilen, ol ýerlerde arkaýyn dynç almaga mümkinçilik tapýarlar. Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda atly syýahatlary gurar ýaly ýeterlik sanda atlar bar, at bilen işläp bilýän hünärli atşynas işgärler hem bar. Syýahat eder ýaly gadymy galalar, ýadygärlikler we özboluşly ajaýyp türkmen tebigaty bar. Türkmenistanyň aram – kontinental howa şertlerinde, ýylyň dowamynda üç pasyllap – bahar, tomus, güýz aýlary atly syýahatçylary kabul etmäge mümkinçilikler bardyr. Ýurdumyzyň tebigy aýratynlyklary bolan ulgam-ulgam alaňly Garagum çöllügi, dünýäde deňi-taýy bolmadyk emeli Garagum derýasy, tokaýly, bulakly, çeşmeli Köpetdagyň, Köýtendagyň, Balkan daglarynyň jülgeleri, has gadymyýetden galan galalar – ýadygärlikler günbatarly we uzak gündogarly syýahatçylar üçin ekzotikadyr.

Atly syýahat – gezelenç etmek hemmeler üçin hem elýeterli bolup, dynç almagyň amatly we saglyk üçin peýdaly görnüşidir. Şonuň bilen bir hatarda, ýurdumyzda syýahatlary halkara derejesinde gura-

mak, daşary ýurtly raýatlar bilen arabaglanyşyk saklamaga we olary milli medeniýetimiz, tebigy aýratynlyklarymyz, ahalteke we ýomut atlarymyz bilen ýakyndan tanyşdyrmaga ýol açýar.

Atly syýahat etmäge ýolugurlary (marşrutlary) saýlap alar ýaly Ahal welaýatynda Änew, Nusaý, Abywerd ýaly taryhy ýadygärlikli galalar, Mäne Baba, Sarahs Baba ýaly mawzoleýler, Köwata ýerasty kölli gowak, Köpetdagyň akar çaýly, tokaýly jülgeleri *(41-nji surat)*, Garagum derýasynyň, Gurtly kölüniň, Köpetdag suw howdanynyň kenarlary, Garagum çölüniň günorta etekleri ýaly ajaýyp ýerler bar.

Mary welaýatynda Soltan Sanjaryň mawzoleýi, gadymy Merw galasy, Tagtabazardaky "Ýekedeşik" diýlip atlandyrylýan dag gowaklary, Bathyz çemenlikleri we Bathyz pisse tokaýlyklary ýaly gözel ýerler bar. Lebap welaýatynda Amyderýanyň kenarlary, Garagum derýasynyň boýlary, Köýten dagynyň jülgeleri we Garlygyň, Magdanlynyň ýerasty gowaklary, Repetek Garagum goraghanasy ýaly özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýan ýerler bar.

Daşoguz welaýatynda Köneürgenjiň gadymy ýadygärlikleri, Döwkesen (Wezir), Aşyk Aýdyň piriň, Akjagelniň, Şasenemiň galalary ýaly gadymy galalar bar.

Balkan welaýatynda Balkan daglarynyň jülgeleri, Sumbar, Etrek derýalarynyň kenarlary yaly atly syýahat – gezelençler üçin ýolugurlary saýlap almaga oňaýly ýerler bar. Hazar deňziniň kenarlarynda Awaza syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi bilen, ol ýerlerde hem atly syýahaty guramaga uly mümkinçilikler bar.

Atly syýahaty guramaga ygtyýarnamasy bolan döwlet, daýhanbirleşik we hususy atçylyk hojalyklary, atçylyk boýunça işleýän telekeçiler gurap bilerler. Öz atlary bolmadyk, şonda-da atly syýahaty guramak isleýänler aty bar hojalyklardan, daýhanbirleşiklerden syýahatçylar müner ýaly atlary uzakmöhletleýin kärendesine alyp bilerler.

Atly gezelençleri guramak üçin ilki bilen atly syýahatçylar müner ýaly atlary saýlap almaly bolýar. Şonda ýuwaş häsiýetli, synasy sagat, şikessiz, süňňi bekän atlary saýlamak gerek. Atlaryň ýaşy 4 ýaşdan kiçi bolmasa we 14 ýaşdan uly bolmasa gowudyr. Şu maksat

üçin baýtallary, ýabylary, agta ýabylary we atlary saýlap almak bolar. Olar dürli irilikde bolup biler. Boýy pesräk atlara çagalary, iri atlara at münmekde tejribeli adamlary, baýtallara we beýleki ýuwaş häsiýetli atlara aýal-gyzlary mündürmek maslahat berilýär.

Atly syýahaty gurnaýan kärhana özünde bar bolan atlaryň sanyna, atlary saklar ýaly athanalar bilen üpjünçiligine, myhmanlary kabul eder ýaly mümkinçiligine görä dürli görnüşlerde syýahat gurap biler. Atly syýahaty we şäher adamlarynyň köpçülikleýin dynç alýan ýerlerinde we milli toý, toý-tomaşalarda atly hyzmatlary dürli görnüşlerde guramak bolar. Köp günlük atly syýahat – gezelençler daşary ýurtly jahankeşde syýahatçylara 10 – 12 günlük ýolhaty (putýowka) satmak bilen guralyp bilner. Şonda 25 – 30 atly syýahatçylar bolup, türkmen tebigatynyň ajaýyp ýerleriniň üsti bilen geçýän ýolugurlar boýunça ýöreýärler.

Dynç alyş we baýramçylyk günlerinde bir ýa-da iki günlik ýatymlyk atly gezelençler şäher ilatyna dynç alyş hyzmaty görnüşinde guralyp bilner. Şeýle atly gezelençler üçin at saklanýan saraýlar, athanalar şäheriň eteklerinde gurnalyp, şäher ilatyna dag jülgelerinde, kölleriň kenarynda, saglyk ýolunyň töwereginde atly gezelenç etmäge we kölegeli baglaryň aşagynda, açyk howada dynç almaga kömek edýär.

Syýahatçylyk kärhanasy şäherleriň seýilgählerinde, dynç alyş öýleriniň ýanynda, dynç alyş meýdançalarynda at münmäge isleg bildirýän muşdaklara we çagalara tölegli atly gezelençleri, milli toýlara atly hyzmat etmek, paýtunlarda çagalaryň gezelençlerini guramak ýaly ilata medeni taýdan hyzmatlary hödürleýär.

Atly syýahat köp günlük bolsa, bir ýa-da iki gün atly syýahata gelenlere syýahatçylyk kärhananyň jogapkär atçy hünärmenleri (instruktorlar) olary atlar bilen işlemäge we at münmegiň, atly ýöremegiň tertibini öwretmelidirler. Her bir syýahatça başarnygyna görä münjek aty saýlanyp berkidilýär.

Jogapkär atçy hünärmenler, syýahatçylar bilen at münmekde we atly gezelenç wagtlary howpsuzlyk çärelerini berjaý etmek barada doly düşündiriş işlerini geçirmelidir. Syýahatçylar döwlet ýa-da hususy



**41-nji surat. Dag julgelerine atly gezelenç-syýahat**

Ätiýaçlandyryş gullugy tarapyndan ätiýaçlandyrylan bolmalydyr. Atlara atlanan syýahatçylar ýolugry boýunça ýöreýän wagtlary bir hatar bilen yzygider ýöremelidirler. Her bir atlynyň arasy bolsa biri--birinden atyň iki göwre (4 – 5 m) uzynlygyna golaý howpsuz aralykda bolmalydyr. Syýahatçylaryň atly hatarynyň öňünde we yzynda kärhananyň jogapkär atçy hünärmeni syýahatçylar bilen bile atly ýöremelidir.

## ATLY SYÝAHAT ÝÖRIŞIŇ GÜN TERTIBI

Atly syýahat ýörişe ugramazdan öňürti, syýahatçylar jogapkär hünärmeniň kömegi bilen atlaryny tertibe salýarlar, arassalaýarlar, eýerleýärler we atlaryna atlanýarlar.

Olar bir günde iki mezilde, ýedi sagat bellenilen ýolugurlar boýunça atly ýöreýärler. Şonda irden 4 sagat we öýlän 3 sagat atly ýöremek maslahat berilýär. Günortanlar sagat 13-den sagat 15-e çenli ýörite guralan düşelgelerde dynç almaly bolýar. Öýlän 3 sagat atly ýörelenden soň, agşamlyk syýahatçylar kemping – kotejlerde dynç alyp, taryhy ýadygärliklere baý ýerlere gezelenç edip bilerler.

Atly syýahatda ulanylýan atlara harby eýerleri, çopan we türkmen eýerlerini ulanmak amatly bolýar. Ol eýerler üstünde oturmaga

jaýly we atyň arkasyna sürtülip ýagyr etmeýär. Ýolugurlardaky dynç alyş düşelgelerde, atlar ýörite meýdançalarda gazyga daňlyp saklanylýar. Şonda atyň uýanyny aýryp, kellekini dakmaly we 2 – 3 m uzynlykdaky ýüp bilen atlary hatara we biri-birine ýetmez ýaly aralykda 1 metr beýiklikde ýörite bejerilen uzyn agaja ýa-da gazyga daňmaly bolýar. Eger atlary gabap saklar ýaly ýatak jaýlar bar bolsa, onuň içine baýtallary we agta ýabylary başyna kowup saklamak bolar.

Syýahatçylaryň münýän atlary günde üç gezek ot we iým bilen iýmitlendirilmelidir we üç gezek suwa ýakylmalydyr. Bir günde 3 gezege paýlap, münülýän atlara 7 – 8 kg bede, 4 kg arpa ýa-da süle iýdirmeli. Atlar münülip gelenden soň, olaryň öňüne ot dökmeli, azyndan 1,5 sagat dynç alandan soň, gandyryp suwa ýakmaly we diňe şondan soň iýmini bermek bolar. Ýöräp gyzyp gelen atlary suwa ýaksaň, atyň aýagyna çykyp aty agsadýanlygyny ýatdan çykarmaly däl. Atly gezelenje münüp ugramazdan öňürti içse-içmese ata suw hödürlemeli.

## AT ESBAPLARY

At esbaplary diýip atlar seýislenende, çapdyrylanda, atçylyk sportunda ulanylanda, atly seýrana çykylanda, müngi ulagy hökmünde we hojalyk işlerde beýleki dürli maksatlar üçin ulanylanda ata salynýan we dakylýan esbaplara we enjamlara aýdylýar.

Atlar ulanylanda ata salynýan esbaplar bilen bir hatarda türkmenlerde müngi atlara milli at bezeg şaý-sepleri dakylýar. Olardan alagaýyş – esasy gaýyşdan zergärler tarapyndan ýasalyp, kümüş şaý-sepler, gymmatbahaly daşlar bilen bezelendir *(42-nji surat)*.

Alagaýyş atyň toplum şaý-esbaby bolup oňa gupbaly göwüsbentli, şelpeli, bäzbentli gursakça, gaýyşdan kümüş şaý-sepler bilen bezelip ýasalan 2 – 3 sany boýun alabagy we maňlaýlyk, çekgelik gaýyş bölekleri kümüş bilen bezelen uýan, nakgaş ýasan gamçy ýaly esbaplar girýär.

Şahyr Seýdi aýtmyşlaýyn:

Münende şaý bolsa tükel esbaby,
Tagty Süleýmandyr üsti bedewiň.

Jul eýleseň atlas bilen zerbaby,
Şonda biarmandyr üsti bedewiň.

Atyň göwresine laýyklanyp ýörite dokalan haly jul, ýüpek matadan tikilen seçekli köýnekçe, atlas ýa-da mahmal matadan tikilen jul, atyň göwre synasynyň gurluşyna laýyklanyp ak ýüňden basylan gülli at keçesi ýaly atlara owadan bezeg ýapynjalar salynýar. Gerek wagty ol ýapynjalaryň käbiri, örän derlegiç haýwan bolan aty sowukdan goraýar. Içirginiň üstünden eýeriň aşagyndan tekilik diýlip atlandyrylýan ýörite laýyklanyp basylan gülli ak keçe salynýar.



**42-nji surat. Milli şaý esbaplary dakylan Şekilli diýen at**

Eýeriň üstünden seçekli halyça atylýar. Uzak ýola gidilende içine ýol azygy we beýleki zatlar salnyp agzy gözelen haly horjun eýeriň yz tarapynda ganjyga daňlyp atyň sagrysyna bökderilýär. Halyça kilimden dokalan at torba eýerden asylýar. Eger gamçy ulanmak gerek bolmasa gamçy hem tutar bagyndan eýeriň gaşyndan asylýar. Munuň özi atyň özüne we ata atlanan adama görk berýär.

Atlaryň haýsy maksatlar üçin ulanylyşyna baglylykda kelleki – rişme, uýan, eýer, çeki, içirgi, tekilik, gursakça, guşgun, gamçy, nal we ş.m. at esbaplary ulanylýar.

Kelleki – atyň kellesine salnyp, rişmesinden tutup iýdip ýöretmäge, daňyp saklamaga, örkläp goýmaga ýa-da aty görkezmek üçin çykarylanda ulanylýar.

Uýan – agyzdyrygy we jylawy bilen atyň kellesine dakylyp, aty münen adama tabyn etmäge, jylawyň kömegi bilen *(43-nji d surat)* islendik tarapa öwrümler etmäge we ugrukdyryp sürmäge ýa-da aty duruzmaga hyzmat edýär.

**At esbaplary**



a



b



ç



d





**e** **ä**

**43-nji surat.**

**At esbaplary: a – çapuw eýeri; b – sport eýeri; ç – atly gezimiň eýeri; d – uýan agyzdyrygy jylawy bilen; e – türkmen eýeri; ä – türkmen gamçysy.**

## Jylawy tutmagyň dürli tilsimleri




**44-nji surat.**

**Jylawy tutmagyň görnüşleri. a – öwrenjeler üçin jylawyň tutulyşy; b – erkin at münende, uzak ýola atly gidende jylawy tutmak, sag eliňde gamçy tutulýar; ç – çapyksuwar jylawyň tutulyşy**

Uýan – çekgelik, maňlaýlyk, ýeňselik we sakak ýaly tokaly gaýyş böleklerden, halkaly demir agyzdyrykdan we jylawdan durýar. Uýanyň çekgelik, ýeňselik we sakak ýaly bölekleri atyň kellesine laýyklanyp soňra tokasyna ildirilýär.

Eýer – atyň üstünde rahat we dogry oturmaga, öňürdik ýa-da ylgawyna çapýan, bökýän ýa-da atyň öwrümli hereketlerinde çapyksuwardyr atly türgeniň we beýleki at münýän adamlaryň atyň hereketi bilen ugurdaş we ata söýget berip oturmagyna ýardam edýär. Ýewropa eýerleriniň esasy demirden we agaçdan ýasalyp, ol üstki gaýyş bölekden we gapdal gaýyş ganatdan *(43-nji a, b, ç surat)*, demir üzeňňi we gaýyş üzeňňi bagyndan, çekiden, içirgiden durýar.

Arkasynda eýer süýşýän atlara gaýyş gursakça ýa-da guşgun dakylýar. Gursakça eýeriň yza süýşmeginiň öňüni alsa, guşgun eýeri öňe goýbermeýär.

Ulanylýan ýerine baglylykda atlara dürli eýerler salynýar.

Türkmen eýeri – ilkinji we iň gadymy eýer bolup, Oguz hanyň döwründe türkmenleriň ýasan we at arkasyna salan at esbaplarynyň ilkinjisidir *(43-nji e surat)*. Beýleki eýerlerden tapawutlylykda türkmen eýeriniň gaşy bardyr. Türkmen eýeri söwüt agajyndan ýonalanyp demir çüýsüz ýasalyp, daşyna çig hamdan çerim çekilýär.

Türkmen eýeri atyň üstünde jaýly oturmak üçin amatlydyr. Türkmen eýeri aýrybaşga her bir atyň arkasyna laýyk edilip, ýonaçy ussa ýörite ýasadylsa, has gowudyr. Gynansak-da türkmen eýeri Ýewropa ýurtlarynyň atçylyk edebiýatynda türk eýeri ady bilen bellidir.

Çapuw eýeri – ýeňil, agramy 2,5 kg çenli bolup, ony, esasan,at çapyşyklarynda çapyksuwarlar ulanýar.

Seýisçilik eýeri – agramy 5–6 kg çenli bolup, atlar seýislenilende ulanylýar.

Sport eýeri – atçylyk sporty ýaryşlarynda atlara salynýar, agramy 8 – 10 kg çenli bolýar. Çapuw we sport eýerleriniň üzeňňi bagy ýörite „gulply bolup“, atdan ýykylma we beýleki howply halatlar ýüze çykanda, üzeňňi bagy bilen birlikde eýerden sypýar.

Harby eýerler – uly we berk bolup agramy 18 kg çenli we galyň keçeden içirgisi eýeriň aşagyna berkidilen bolup, çekisini çekip aty münüp gidibermäge taýýar bolýar.

Çopan eýeri – harby eýere meňzeş bolsa-da ýeňil we ýönekeý bolýar. Harby we çopan eýerleri iki bölekden demir we ýonulan agaç bölekden durýar.

Gamçy – atyň tizligini kadalaşdyrmaga we ugrukdyryp sürmäge hyzmat edýär. Türkmen gamçysy erik ýa-da tut agaçdan saply, ak gaýyş tasmadan örülip, ujy tasma seçekli ýasalýar.

Nal – çapuw atlar üçin ýumşak demirden (10 – 12 mm simden) ýasalyp, atyň toýnagyna şikes ýetmeginiň öňüni almaga we atyň aýagyny dogry basmagyna ýardam edýär. Çapuw atlar iki öň aýagyna nallanylýar.

Uzak aralyklara atly ýörişlere we beýleki ulag we iş atlary, köplenç, dört aýagyna uly guýma nallar bilen nallanylýar. Guýma nallar 1-den 7 aralygyndaky ölçeglerde ýasalýar. Ahalteke we ýomut atlarynyň aýaklaryna 3 – 4 ölçegdäki nallar laýyk gelýär. Nallary atyň aýagyna kakmak üçin 3, 4, 5 belgili ýumşak demirden ýasalan, ýörite nal çüýleri ulanylýar. Häzirki döwürde çapuw we sport atlar üçin nallar plastikadan, dýuralýuminden hem ýasalýar.

## GYLÝALLARYŇ AZYK ÖNÜMLILIGI. ET ÖNÜMLILIGI

Gadymy halklaryň köpüsi parslar, grekler, rimliler at etini azyk önümi hökmünde ulanypdyrlar. Slawýanlar hem at etini iýipdirler. Atlary diňe harby ulag serişdesi we müngi ulagy hökmünde ulanýan milletler, at etini azyk üçin ulanmandyrlar. Türkmenlerde gadym zamanlarda at kulty bolup, at gudratly haýwan hasap edilip at eti iýilmändir. Türkmenlerde at kultunyň bolanlygyny W.I. Sarianidiniň gadymy Merwde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde mazardan tapylan at süňkleri bilen tassyklanylýar. Orta Aziýanyň gündogar sähralarynda ýaşaýan gazaklar, gyrgyzlar, mongollar we beýleki halklar at etini sygyr, goýun etinden ýokary hasaplamak bilen ir döwürden bäri azyk önümçiliginde ulanypdyrlar.

Belgiýa, Italiýa, Şwesiýa ýaly günbatar ýurtlarda hem at eti azyk önümçiliginde giňden ulanylýar. Mysal üçin, Şwesiýada at eti goýun etinden sekiz esse köp ulanylýar. Ol ýurtlarda at eti goşulan şöhlat önümleri ýokumly we tagamly iýmit hasaplanylýar.

At etiniň ýokumlylygy onuň düzüminde ýokumly beloklaryň, ýeňil molekulýar agramly ýaglara we A, B witaminlere we niatsine

baýlygy bilen kesgitlenýär. At eti demir, kobalt, mis we ýod ýaly mikroelementlere hem baýdyr. Dürli ýaşdaky we semizlikdäki atlaryň etlerinde beloklar 17 – 21 %-i düzýär. Atyň ýagy berhiz iýmit hasaplanyp, doýgun däl ýag kislotalara baý, holesterin az bolup adamyň organizminde onuň alyş-çalşygyny kadalaşdyrýar. Ýagynyň 20 %-i çalşyp bolmaýan ýag kislotalary – linolen, geksaden, tetrasen ýaly bedende madda alyş-çalşygynyň kadaly işlemegi üçin gerek bolan ýag kislotalarydyr. Ýagynyň ereýjiligi aşak bolup 26,8 gradusa deňdir.

At etiniň energiýa ýokumlylygy 2100 – 2700 kaloriýa aralygynda bolýar. Gazak ýabylarynyň eti hili boýunça beýleki gylýallaryňkydan ýokary hasaplanýar.

Iş we müngi atlaryň, gartaşan atlaryň etiniň siňirlek bolany üçin olaryň hili, ýokumy pes bolýar. At etiniň çykymy ortaça semizlikde bolan ýabylarda 48 – 52 % töweregi we ýokary semizliginde bolsa 60 %-e çenli baryp biler.

At etiniň hili barada onuň daşky görnüşi, reňki, ysy, tagamy boýunça netije çykarmak bolar. Üçýaşar atlaryň eti solak gyzyl, garry we iş atlarynyň eti goýy gyzyl reňkde bolýar. Bişirilende köpürjikleýär we özboluşly ysly bolýar.

At etinden şöhlat önümleri, her hili fabrikat we ýarym fabrikat, kakadylan et görnüşleri we konserwa taýýarlanylýar. Gazaklarda, gyrgyzlarda gapyrgalarynyň orta ýagly bölegini duzlap, atyň içegesine salyp milli tagamlary taýýarlamak üçin ýarym fabrikat kazy taýýarlanylýar.

At etini öndürmek üçin ýerli şertlere uýgunlaşan, örüde semremäge ukyply we arzan azyk önüm berýän atyň tohumyny saýlamaly. Şonuň üçin ýylyň dowamynda örüde saklanyp ösdürilýän ýerli ähmiýetli tohumlar has oňaýlydyr. Örüde semremäge gazaklaryň ýaby tohumy, başgyrt atlary, ýakut atlary örän ukyplydyrlar. Bar bolan maglumatlara görä, ýakut tohumly ýabylar tomus döwri gök otlaryň bol wagty 3 – 4 aýda 90 – 110 kg çenli agramyny artdyryp semreýär. Arzan we hil taýdan gowy eti öndürmek üçin taýlary örüde bakyp, iki ýarym ýaşynda soýmak ykdysady taýdan peýdaly hasaplanýar. Et öndürmek üçin atlar iki topara bölünip bakylyp semredilýär. Birinji toparda ete tabşyrmaga bellenen ikiýaşar taýlar we hatardan çykaryl-

maga (brak edilmäge) niýetlenen taýly garry baýtallar – aprel, maý aýlarynda özbaşdak süri döredilip örüde güýze çenli bakylýar. Baka goýulýan ikinji topar atlaryň sürüsi maý aýlarynda döredilip, ol topara hatardan çykarylyp (brak) ete tabşyrmaga bellenilen beýleki hemme topardaky atlary, gök otlaryň sonar ösýän döwri bakylýar. Ol atlar gowy semränden soň tomsuň ortasynda ete tabşyrylýar. Örüde bakylýan birinji topardaky taýlary, taýly baýtallary güýze çenli bakyp semretmek we ete tabşyrmak ykdysady tarapdan hem, etiniň mukdarynyň köplügi we hili boýunça-da gowudyr.

## BAÝTALLARYŇ SÜÝT ÖNÜMLILIGI

Baýtal süýdüniň azyk önümi görnüşinde ulanylyşy gadymy sak, skif we oguz çarwa taýpalarynyň arasynda giň ýaýrapdyr. Ol azyk we süýtturşy önüm bolan gymyz görnüşinde ulanylypdyr. Gorkut ata kitabynda baýtal sagyp howuz dolduryp, gymyz taýýarlap içýändikleri barada maglumatlar bar. Gymyz biziň günlerimizde-de köp halklaryň arasynda örän ýokumly, berhizlik içgi görnüşinde ulanylýar.Gymyz medisinada käbir keselleriň öňüni alyş we olara garşy bedeniň garşylygyny güýçlendirmek maksady bilen berhiz iýmit hokmünde ulanylýar. Türkmenleriň arasynda baýtal süýdi gyzamyk, garamyk we mama kesellerine garşy derman hökmünde ulanylýar. Muny natural baýtal süýdüň düzüminde saklaýan gammaglobulinleriň organizmiň immun häsiýetini artdyrýanlygy we berkidýänligi bilen düşündirmek bolar.

Himiki düzümi boýunça baýtal süýdi beýleki oba hojalyk mallarynyň süýdünden tapawutlanýar. Sygyr süýdi bilen deňeşdirende ol süýt gandyny 6,5 %-e çenli, C witamini 5 – 10 esse, karotini 2 – 4 esse köp saklaýar. Baýtal süýdi beloklardan iri molekulýar belokly kazeini az saklaýar we süýt syworotkasynda ergin görnüşinde bolan albumin, globulin ýaly beloklary köp saklaýar. Ýaglylygy – 1,6 – 2,2% töweregi bolup, ýag düwürjikleri ownuk bolany üçin süýdüň içine birdeňräk ýaýrap, sygyr süýdündäki ýaly onuň ýüzüne galkmaýar. Himiki düzümi boýunça baýtal süýdi ynsanyňka meňzeşdir we ony çaga iými-

tini işläp taýýarlamakda geljegi bardyr. Baýtal süýdüniň bakteriosid häsiýeti barlygy barada maglumatlar bar.

Tehnologiýa häsiýetleri boýunça baýtal süýdi tapawutlanyp, onuň buferlik häsiýeti has pes we süýde gönezlik goşulandan soň peýdaly turşadyjy mikroflora ösüp başlaýar we zyýanly hem-de çüýrediji mikrofloralaryň ösüşini ýatyrýar. Baýtal süýdüniň gyzdyrylyp pasterizasiýa edilmeýänligi natural görnüşde ulanylyp, gymyz taýýarlanýanlygy şu häsiýeti bilen düşündirilýär.

Baýtalyň ýelni biri-birine birikmeýän sag we çep iki sany böleklerden durýar. Öz gezeginde her bir ýelin bölegi öň we yz tarapdaky ýarym böleklere bölünýär we olaryň hersiniň süýt okaralary bolup, özbaşdak süýt damaryň üsti bilen aýratynlykda bir emzige barýar. Şeýlelikde, baýtalyň iki emzigi bolup, olaryň her birinde süýt akýan iki gözügi bar. Süýtli gazak tohumly baýtallaryň ýelni okara şekilli bolýar.

Baýtalyň süýt emele getirip we bölüp çykaryşynyň aýratynlygy, olaryň uly bolmadyk ýelni we süýt okaralary, süýtden dolup diwarlaryna basyşy ýokarlanansoň, şertsiz refleksleriň ýüze çykmagynda, ýelniň süýt alweollarynda süýt emele gelmesi kesilýär. Şonuň üçin, emýän taýlar hemişe enesiniň ýanynda çalt-çalt emip durmagy üçin saklanmalydyr. Şeýle-de baýtal sagylýan bolsa olary her iki sagatdan sagyp durmaly bolýar.

Sagyma bellenilen baýtallar gulunlandan soň taýçanaklar bir aýa çenli ene süýdüni doly emse gowudyr. Soňra sagylýan baýtallary – ilki günleri günde 2 – 3 gezek we taýçanaklar gowy otugandan soňra, günde 5 – 6 gezek sagmak bolar. Sagymy ýörite jaýlarda ýa-da bellenilen ýerlerde baýtallary hatar daňyp sagsaň, baýtallar sagdyrmaga gowy öwrenişýär. Baýtallar el bilen saglanda süýt gaby dyzyň üstünde goýup iki eliň bilen sagylýar.

Maşyn bilen saglanda 3 taktly 3M sagym enjamy üýtgedip 2 taktla öwürmeli bolýar. Şeýle-de, sagym maşynyň iki emzik sorujy işledilip, emzik rezinleri baýtalyň emziginiň ululygyna laýyklykda kelteldilýär.

Sagylýan baýtallaryň irki doglan taýlaryny gowy otugandan soň süýtden aýryp, gündelik doly sagyma başlamak bolar.

Baýtallaryň süýtlüligini hasaba almak gözegçilik sagym geçirmek bilen amala aşyrylýar. Şonda baýtallaryň süýt emele geliş aýratynlygy gije-gündiziň dowamynda, islendik sagatlarda süýtlüliginiň bir deňligi göz öňünde tutulýar.

Baýtallaryň süýtlüligi gözegçilik sagym geçirilende aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$GGS = \frac{HSS \cdot 24}{T};$$

Şu ýerde: GGS – 1 gije-gündizdäki süýtlüligi, litr; HSS – gözegçilik sagymlarynda hakyky saglan süýt, litr; 24 – gije-gündizde 24 sagat we T – jemi sagym geçirilen wagty sagatlarda (mysal üçin, her iki sagatdan jemi 6 gezek sagym geçirilen bolsa 2 · 6 = 12 sagat).

Ahalteke baýtallarynyň süýtlüligi ylmy esaslarda öwrenilmän galýar. Süýtli baýtallaryň taýlarynyň gije-gündizde artýan agramy ýokary bolýar we hil taýdan gowy, doly ösüp boýuny alan taýlary ösdürip ýetişdirmäge kömek edýär. Taýly baýtallaryň süýtlüligini ilkinji 3 aýyň dowamynda taýyň artýan agramy boýunça, takmynan, kesgitlemek bolar. Şonda taýlar her bir artýan kg agramyna 10 litr ene süýdüni harçlaýar hasap edilýär. Mysal üçin, taý doglanda 38 kg we üç aýda 80 kg bolsa gündelik artýan agramy ((80 – 38):90) = 0,46 kg, şeýlelikde, gündelik süýdüň mukdary (0,46 · 10) 4,6 litre deňdir.

## GYMYZ

Baýtal süýdi litrlerde hasaba alnyp, ondan diňe gymyz işlenip taýýarlanylýar. Gymyz mallardan alynýan önümleriň içinde tebigy (natural) şertlerde taýýarlanylýan içgi görnüşli ýeke-täk azyk önümidir. Gymyz baýtal süýdünden taýýarlanylýan süýt-gatyk önüminiň bir görnüşidir. Ol ýokumly iýmit maddalaryny saklamak bilen bir hatarda, goşmaça berhiz we dermanlyk häsiýetlere hem eýedir. Gymyz ýokumly we mineral maddalary ýeňil özleşdirilýän görnüşde saklaýar. Onuň düzüminde goşmaça kömürturşy gazy, süýt kislotasy, çakyr

spirti bardyr we olar aşgazanyň we içegeleriň iýmit siňdirijiligini ýokarlandyrýar.

Gymyz baýtal süýdüniň spirt we süýt-gatyk uýamagynyň garyşygynda emele gelýän azyk önümidir.

Süýt gandynyň uýamagy bilen gymyzda 3,5%-e çenli çakyr spirti, 1%-e çenli süýt turşusy, kömürturşy gazy, aromatiki uglewodlar we fermentler emele gelýär. Gymyzda uýamak netijesinde bolup geçýän himiki pursatlar, belok maddalaryň gidrolizleşmegine we siňňitli görnüşe geçmegine kömek edýär.

Gymyz gönezligi üçin ýerli şertlerde täze taýýarlanylan gymyz ulanylýar. Gazaklar, gyrgyzlar gönezlik taýýarlamak üçin gor küýzäniň ýa-da gymyz taýýarlanylýan deri gabyň – tulumyň ýa-da dub agajyndan ýasalan çelegiň goruny ulanyp taýýarlaýarlar. Başgyrtlar gönezligi sygyr süýdüniň gatygyndan alyp oňa gant şiresini goşup, ol turşap gaýnap başlansoň kem-kem baýtal süýdüni goşmak bilen gönezlik taýýarlap, soňra agaç çeleklerde baýtal süýdüniň üstüne gönezlik guýmak we yzygider bulap durmak bilen gymyz taýýarlaýarlar.

## SENAGAT USULDA GYMYZ ÖNDÜRMEK

Senagat usulda gymyz taýýarlamak üçin uýadyjy gönezlik, süýt turşadyjy Bolgar taýajygy (B.bulgarikum) atlandyrylýan bakteriýalaryň ştammyny we dioz Saccharomus laktis – laktozany uýadýan we içege taýajyklaryna garşy antibiotik häsiýetli ştammlaryny garyşdyryp (ol bakteriýalaryň arassa ştammlary senagat usulda öndürilip goýberilýär) ulanmak bilen taýýarlanylýar. Laboratoriýa şertlerinde arassa gymyz gönezligini taýýarlamak üçin 0,2 litr baýtal süýdüni kolba guýup agzyny pagta dyky bilen dykyp, gyzdyrylýan suwda gaýnag derejesine çenli gyzdyryp 30 minutyň dowamynda pasterizasiýa etmeli. Soňra 34 gradusa çenli sowadyp onuň üstüne, probirkada janlandyrylan ýokarda agzalan bakteriýalaryň suspenziýasyny goşmaly. Garyndyny 34 C° temperaturada bulap durmak bilen turşulygy Terneriň şkalasy boýunça 100 – 120 °T çenli saklamaly.Şondan soň onuň üstüne1/3 möçberde täze saglan süýt goşup,

15 – 20 min bulap, 26 – 28 gradus temperaturada turşulygy 100 °T ýetende ýene üstüne süýt guýup uýatmaly. Ulanmaga taýýar gönezligi geregiçe köpeldip, turşulygy 120 – 130 °T bolanda ulanyp, öwezini täze süýt guýup dolup durmaly. Galan gönezligiň üstüne täze süýt guýup köpeldip durmak bilen, arassa kulturadan ýasalan gönezligi köp günleriň dowamynda yzygider köpeldip ulanmak bolar.

Gymyz – baýtal süýdüne gymyz gönezligini goşup, yzygider bulap gymza öwrülýänçä saklamak bilen taýýarlanylýar. Gymyz öndürmek üçin turşulygy 7 °T, dykyzlygy 1,029 – 1,033 bolan täze saglan baýtal süýdüniň üstüne turşulygy 120 – 130 °T töweregii bolan gönezlik goşmak bilen taýýarlanylýar.

Gymyz taýýarlamagyň tehnologiýasy we yzygiderliligi aşakdaky ýalydyr. Süýdi kabul etmek we süzmek; turşadyjy gönezlik goşmak we bulamak; çüýşelere gaplamak we ýetişýänçä saklap uýatmak we gazlaşdyrmak; taýýar önümleri saklamak we ulanylýan ýerine ugratmakdan ybaratdyr.

Gymyz senagat usulda ýörite abzallaşdyrylan dub agajyndan ýasalan pişekli çeleklerde taýýarlanylýar. Gönezlik goşmak üçin çelek gaba guýlan süýdüň temperaturasy 26 – 28 gradus bolmaly we onuň üstüne turşulygy 50 – 60 °T çenli ýetýänçä gönezlik goşup, pişegi 480 aýlaw/min işledip 1 sagat bulamaly. 55 – 65 °T turşulykdaky emele gelen ýarym taýýar gymyzy çüýşelere gaplap agzyny içi ýumşak gatly metal gapaklar bilen berk ýapmaly. Çüýşelere gaplanan gymzy öý temperaturasynda gowy uýar we gazlaşar ýaly 2 – 3 sagat saklamaly. Soňra sowadyja salyp 6 °C temperaturada bir gije-gündiz saklamaly. Şonda-da gymyzda uýamak pursatlary ýuwaşdan dowam edýär.

Gowy uýamak üçin saklanýan wagtyna we düzümindäki çakyr spirtiniň mukdaryna görä taýýar gymyz 3 topara bölünýär: 1) 5 – 6 sagat saklanan we 0,6 – 0,9 % spirt saklaýan ýumşak gymyz; 2) bir gije-gündize çenli saklanan we 1 – 2 % spirt saklaýan aralyk gymyz we 3) 2 gije-gündiz saklanan we 2-2,5 % we ondan ýokary spirt saklaýan berk gymyz görnüşlerde taýýarlanylýar we ulanyjylara ugradylýar.

## VI bölüm

# Atlaryň tohumlary

Ýerli geografiki şertleriň ýagdaýyna, atlary saklamagyň we ösdürip ýetişdirmegiň şertlerine, dürli işlerde ulanmagyň maksatlaryna görä, adamlar emeli seçginiň we ýörite ösdürip ýetişdirmek bilen köp dürli at tohumlaryny döredipdirler. Bütin dünýäde atlaryň 250-den gowrak dürli tohumlary bar.

Olaryň diňe üçüsi – ahalteke, arap we iňlis atlary sap arassa ganly tohum – jyns atlar hasaplanylýar.

Ol atlar beýleki tohum atlaryň hilini gowulandyrmakda, täze tohumlaryny döretmekde nesil çeşmesi bolup hyzmat edýär, umuman, medeni atçylygy ösdürmekde halkara ähmiýete eýedirler. Atlaryň täze tohumlary häzirki wagtda hem döredilýär. Şonda ýokarda agzalan atlaryň sap arassa ganly üç tohumy esas bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanda atlaryň gadym zamanlarda döredilen iki tohumy, ahalteke we ýomut atlary köpeldilýär.

Biz bu ýerde ýerli we ýöriteleşdirilen at tohumlary barada gysgajyk düşünje bermek bilen, Türkmenistanda gyzyklanma döredýän müngi at tohumlary we türkmenleriň öz döreden ahalteke we ýomut atlary we halkara ähmiýete eýe bolan at tohumlaryny giňişleýin öwrenmek bilen durup geçeris.

## AHALTEKE SAP GANLY TOHUM ATY

### DÖREÝIŞ TARYHY, TÜRKMEN MEDENI ATÇYLYGYNYŇ BÜTINDÜNÝÄ TARYHY ÄHMIÝETI

Türkmen atçylyk sungaty müňlerçe ýyllaryň dowamynda ahalteke we ýomut tohum atlarynyň kämilleşmegine, bütin dünýä at-owazasynyň ýaýramagyna we biziň günlerimize gelip ýetmegine ýardam edipdir. Türkmen bedewi türkmen halkynyň ösüş taryhynada öz goşandyny goşandygyny ýatladasymyz gelýär. Şeýle nukdaý nazardan ahalteke atlaryny öwrenmegiň ähmiýeti örän uludyr.

Ahalteke sap ganly tohum atlary dünýäde iň gadymy at tohumy bolup türkmen halky tarapyndan bäş müň ýyl mundan ozal döredilipdir diýlip çaklanylýar. Onuň türkmen halky bilen deňeçer taryhy bardyr. Gadymy grekler olary “massaget”, „nusaý”, „parfiýan“ atlary diýip atlandyrsa, hytaýlylar “asman atlary”, „ýel atlary”, „gan derleýän atlar” diýip atlandyrypdyr. Arap, pars edebiýatynda “huttal, haýtal (abdal) atlary” diýip atlandyrsalar, ýewropalylar “horezm aty” diýip atlandyrypdyr. Professor M.I. Belonogow bularyň hemmesi şol bir gadymy türkmen atydyr diýip belleýär. Şeýle pikir bilen ylalaşmak bilen ahalteke atlary gadymy Gündogaryň Oguz türkmen atynyň dowamaty bolup, biziň günlerimize gelip ýeten, ahalteke has bedew jyns atlarydyr diýip hasaplamak bolar.

Ahalteke atynyň taryhy türkmen halkynyň taryhy bilen özara arabaglanyşykda bolupdyr. Orta Aziýada we ýakyn Gündogarda berkarar döwletler gurup, giň sähralarda erkana ýaşan türkmenleriň, sürhä-sür bolanda turuwly, Watanyň çägine ýowuz duşman aralaşsa, goç ýigitlerimiziň astynda kowsa ýetýän, gaçsa gutulýan türkmen bedewiniň – ýyndamlykda, owadanlykda, kuwwatlylykda, uzak ýörüşlere çydamlylykda müňlerçe ýyllaryň dowamynda deňi-taýy bolmandyr.

Geçmişde türkmenleriň aty ýogy we seýis däli ýok diýen ýaly bolupdyr. Bedew aty işiginde daňylgy we islendik ýere münüp gitmäge hemişe seýislenen we taýýar bolupdyr. Bedew atynyň gymmatyna sarpa goýmak bilen, türkmenler öz atlaryny gorap saklapdyr, jynsy arassa köpeldip kämilleşdiripdir, nesilden-nesle miras galdyrypdyr.

Ahalteke bedew atlary dünýäniň medeni atçylygyna uly täsir edipdir. Ahalteke atlarynyň gatnaşmagynda Beýik Britaniýada iňlis atlary, Germaniýada trakenen atlary, Azerbaýjanda garabag atlary we beýleki tohum atlar döredilipdir. Parfiýa – nusaý atlarynyň eýran atlarynyň döremeginde we soňra eýran atlarynyň üsti bilen arap atlarynyň döredilmeginde hem ahalteke atlarynyň goşandy bardyr. Türkmen atlary Özbegistanyň garabaýyr, Täjigistanyň lokaý atlarynyň döredilmegine-de täsirini ýetiripdir hasaplanylýar. Russiýada XVIII asyrda orlow-rostopçinskiý rus müngi at tohumyny döretmekde we

häzirki döwürde täze rus müngi at tohumyny döretmekde ahalteke atlary ulanylýar.

Ahalteke atlary atlaryň täze tohumlaryny döretmekde tapylgysyz nesil çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Ahalteke atlary halkara ähmiýete eýedir. Professor O.Witt „Ahalteke tohum atlary bütin dünýäniň medeni atçylygyny döretmekde ähmiýete eýe bolan, sap arassa ganly tohum atlaryň nesil çeşmesiniň soňky damjasydyr“ diýip belleýär. B.e. öň II asyrda Rim taryhçysy Oppiana „Bu atlar, diňe beýik patyşalara mynasyp, agyzdyrygyny çeýnäp olar ajaýyp görnükli, howada altyn öwüşginli, ýalyny tasadyp duran tüňňi maňlaýly, kellesini ýeldirgän ýaly ýokary tutýarlar“ diýip belleýär.

Taryhy çeşmelerde, maddy we medeni ýadigärliklerde özboluşly gadymy türkmen atlary barada anyk we delillendirilen maglumatlar köp duşýar.

Ahalteke tohum atlary şalyk atlar hasap edilýär. Nusgawy şahyrymyz Seýdi aýtmyşlaýyn olar: “Üsti tagty Süleýman” argamak bedew atlardyr. Professor M.I.Belonogow ahalteke atlaryny köşk atlary (придворная лошадь) diýip, olaryň gaýtalanmaýan owadanlygyny we gowy häsiýetlerini belleýär.

Munuň şeýledigine professor P.N. Kuleşowyň 1933-nji ýylda nesir edilen “Atçylyk” atly okuw kitabynda Müsür faraonlarynyň üç müň ýyl mundan ozal gurduran binalarynyň ýüzüne çekilen atyň barelýefiniň we 175 Meleguşyň (1915-nji ýylda doglan, Boýnow we Oraznyýaz garadaşlydan) suratyny *(45-nji surat)* ýerleşdirip, diwarda çekilen barelýefi ahalteke atynyň şekili diýip hasaplaýar.

Gadymy Müsür faraonlarynyň gurduran 3000 ýyl taryhy bolan binalarynyň diwarlarynyň ýüzüne çekilen atyň barelýefi *(46-njy surat)*. Professor P.N. Kuleşow ol suratlary deňeşdirip gadymy Müsür faraonlary ahalteke atlaryny saklapdyr diýen netijä gelýär.

Biziň eýýamymyzdan öň 155-nji ýyllarda Hytaý patyşalygynyň Han dinastiýasy, gadymy kerwen – ýüpek ýollaryň üsti bilen Orta Aziýanyň gun döwletleri bilen arabaglanyşygy ýola goýýar. Hytaýlylar ol ýerden ýorunja ekmäni, at köpeltmäni öwrenýärler. Biziň



**45-nji surat. 175 Meleguş**



**46-njy surat. Atyň barelýefi**

eýýamymyzdan öň 104-nji ýylda bolsa Hytaý imperatory Han U Di asman atlaryny (Týan Ma) ele salmak üçin general Li Guwanliniň ýolbaşçylygynda gunlaryň üstüne harby ekspedisiýa ýollaýar. Ol ekspedisiýa bellibir sandaky atlary ele salmak we Hytaýa äkitmek başardýar. Şeýle-de taryhy çeşmelerde Imperator Han U Di döwründe gun patyşalary argamak bedewleri Hytaýa her ýyl sowgat beripdir diýen maglumatlar hem bar.

Biziň eýýamymyzyň başynda Hytaý atçylygynyň hilini gowulandyrmakda ahalteke atlary uly ähmetiýe eýe bolupdyr. Su ýerde bir zady belläp geçesimiz gelýär. 1499-njy ýylda Portugal syýahatçysy Wasko De Gama tarapyndan Afrikanyň töwereginden aýlanyp Ýewropadan Hytaýa, Hindistana deňiz ýolunyň açylmagy bilen gadymy kerwen ýollary ýatýar. Ýurdara gatnaşyklar hem kesilýär. Şol döwre çenli Ýewropada, Arabystanda, Hytaýda, Hindistanda gowy tanalan türkmen halky we türkmen aty, ýurdara gatnaşyklaryň kesilmegi bilen kem-kemden ol ýurtlarda ýatdan çykarylýar. Diňe Garaşsyzlyk ýyllarynyň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk ýyllarynda türkmen halky we türkmen bedewi bütindünýä täzeden ýaň saldy. Türkmenistan beýik Garaşsyzlygyny alandan soň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan bir agyzdan ykrar edilen ýeke-täk Bitarap ýurtdur. Indi Türkmenistany we onuň türkmen atyny bütin dünýä täzeden tanap başlady.

Ahalteke atyny görenler onuň aşygy, görmedikler ony bir görsem diýip arzuw edýär. 1994-nji ýylda türkmen halkynyň döreden ahal-

teke atlaryna sarpa goýmak bilen Fransiýanyň Prezidenti Fransua Mitteran Türkmenistana bolan döwlet sapary wagtynda ahalteke taýçanagyna Nissateke (Azatlyk we Maýsa diýen atlaryň neslinden), Hanym Mitteran Paskalteke (977 Arkadag we Kometadan) diýip taýlara atlary dakdylar.

## AHALTEKE ATLARYNYŇ SYNA – BEDEN GURLUŞYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

Ahalteke atlary gaýtalanmajak, ajaýyp syna – sypatly, daşky beden gurluşy boýunça we syna biçimi özboluşly aýratyn owadanlygy bilen tapawutlanýar. Uzyndan gelşikli göwresi ýerbe-ýer, oýnaklap duran alma gözli, maňlaýy giň, keýerjekläp duran gamyşgulak (kähalatlarda, gulaklarynyň ujy çowly, aýratynam, Köpelden gaýdýan atlarda), ýaly, saçy (käkili) selçeňden ýumşak, gysga we bir tarapa ýatan, göwresine laýyk uzyndan dik, aýdylyşy ýaly dal boýunly, göwresine kybapdaş uly bolmadyk kelleli, örän gujurly atlardyr.

Atlaryň kellesi onuň hereketini ugrukdyryjydyr. Ahalteke atlarynyň döş kapasasynyň göwrümi uly, arkasy, bili uzyn bolýar (kähalatlarda, arkasy eýerlikli ýumşak, aýratynam, Gaplaňyň, Eýeberdi Telekäniň ugurlaryna degişli atlarda), sagrysy uzyndan ýapgyt we çylgym-çylgym muskulaturaly, butlarynyň arasyndaky muskul çogdumy gowy ösendir. Ahalteke atlarynda üns berilmeli syna agzalarynyň biri-de onuň aýaklarydyr.

Ahalteke atlarynyň daşky beden gurluşy – synasy örän ýerbe-ýer bolup, atlaryň çapuw we müngi atlar tohumyna degişliligi bilen baglylykda, beden agzalarynyň atyň işjeňligi bilen arabaglanyşygy gowy duýulýar.

Ahalteke atlaryna göwre ýeňilligi, süňki inçeden uzyn aýaklylyk häsiýetlidir.

Pilçe süňki keseräk ýerleşip, çigin – pilçe bogun baglaýjy siňirleri we çigin – pilçe tümmi gowy bildirip duran we hereketlenýän bölegi gowy hereketli bolýar. Garysy orta uzynlykda, dyzy we dyz bogny gowy bildirip duran guraksy, aýak epiji we aýak ýazyjy siňirdir

muskulaturasy guraksydan gowy bildirip duran bolsa, ahalteke atlarynda gowy alamat hasaplanylýar. Injigi inçeden uzyn we berk, bakany uzyndan pessaý we ýumşak, toýnaklary we toýnak buýnuzy berkdir. Agzalan syna aýratynlyklaryny öwrenmek – ahalteke atlaryny çapuwlara, atçylyk sporta, türkmen milli at üstündäki oýunlara saýlap almaga kömek edýär.

Ahalteke atlarynyň deri örtügi ýuwkadan dykyz bolup, örtük tüýleri inçeden mahmal ýaly ýumşak we kelte, köp halatlarda deri we tüý pigmentleşmesiniň aýratynlyklary bilen baglanyşykda flýurensiýa, ýagny ýagty düşende yşyklanma häsiýetine eýe bolup, olaryň reňkine özboluşly altynsow we kümüşsöw öwüşginleri berýär. Ahalteke atlarynyň reňk aýratynlyklary barada ýokarda giňişleýin durlup geçildi.

Ahalteke atlarynyň häzirki döwürdäki göwresiniň ölçegleri 5-nji maglumatnamada getirilýär.

*5-nji maglumatnama*

**Ahalteke atlarynyň göwresiniň ortaça ölçegleri (AA DTK*, II tom, 2007)**

| Göwresiniň ölçegleri | Atlarda, sm | Baýtallarda, sm |
|---|---|---|
| 1. Gerşine çenli beýikligi | 158,9 | 157,5 |
| 2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy | 160,0 | 158,6 |
| 3. Döş aýlawy | 176,0 | 175,0 |
| 4. Injiginiň ýogynlygy | 19,4 | 18,7 |

Ahalteke atlarynyň ösüş ýollaryny öwrenenimizde olaryň soňky 90 ýylda göwresiniň beýikligi 3,5 sm, keseleýin uzynlygy 5,8 sm artypdyr. Atlaryň göwresiniň ölçegleriniň dürli ýyllardaky görkezijileri 6-njy maglumatnamada getirilýär.

* AA DTK – Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby.

**Ahalteke tohum atlarynyň göwresiniň ölçegleriniň soňky 90 ýyl aralykda üýtgeýşi**

| Göwresiniň ölçegleri | Dürli ýyllarda göwresiniň ölçegleri santimetrlerde | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1916 ý. Belonogow M.I., 1975 | 1926 ý. Belonogow M.I., 1975 | AA DTK, III tom, 1941 | AA DTK, IV tom, 1952 | AA DTK, V tom, 1975 | AA DTK, VI tom, 1978 | AA DTK, VIII tom, 1989 | AA DTK, I tom, 2003 | AA DTK, II tom, 2007 |
| Atlarda: | n = 25 | n = 242 | n = 111 | n = 374 | n = 185 | n = 52 | n = 45 | n = 69 | n = 67 |
| 1. Gerşine çenli beýikligi | 155,4 | 154,0 | 154,4 | 155,3 | 157,9 | 158,3 | 158,7 | 158,8 | 158,9 |
| 2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy | – | – | 154,2 | 155,6 | 158,9 | 161,2 | 159,4 | 159,1 | 160,0 |
| 3. Döş göwrüminiň aýlawy | – | 161,0 | 167,0 | 169,2 | 175,7 | 177,1 | 175,2 | 175,9 | 176,0 |
| 4. Injiginiň ýogynlygy | – | 19,0 | 18,96 | 19,10 | 19,5 | 19,4 | 19,1 | 19,3 | 19,4 |
| Baýtallarda: | n = 499 | n = 595 | n = 398 | n = 615 | n = 315 | n = 341 | n = 203 | n = 204 | n = 288 |
| 1. Gerşine çenli beýikligi | 152,6 | 153,0 | 152,3 | 152,0 | 155,4 | 157,6 | 156,4 | 157,4 | 157,5 |
| 2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy | – | – | 154,3 | 153,2 | 158,9 | 161,2 | 159,4 | 159,1 | 160,0 |
| 3. Döş göwrüminiň aýlawy | – | 163,0 | 165,1 | 167,7 | 175,5 | 176,4 | 173,9 | 174,8 | 175,0 |
| 4. Injiginiň ýogynlygy | – | 18,0 | 18,08 | 18,23 | 18,9 | 18,8 | 18,5 | 18,7 | 18,7 |

Ahalteke tohum atlary beýleki tohumlar bilen deňeşdireniňde köp ýaşaýar we giç ýetişýär. Mysallara ýüzleneliň. Atçylyk baradaky ylmy çeşmelerde iňlis atlary (taýka olaryň bir gije-gündizde artýan agramy 3 kg çenli ýetýär) üç ýaşyna çenli doly boý alyp ýetişýär we 16 – 18 ýaşdan köp ýaşamaýar diýlip bellenilýän bolsa, ahalteke atlary 18 – 20 we ondan hem uly ýaşlarynda nesil berýänligine köp duşulýar.

Ýene-de mysallara ýüzleneliň. 1184 Ýylan diýen ahalteke baýtaly 1950-nji ýylda 25 ýaşynda saýlama klasly Ýaşar atly gysragy berýär. Ýylan ahalteke atçylyk athanasynda 30 ýaşady. 1243 Gaçakçy atly baýtal 23 ýaşynda taý berýär. Gammar diýen akýal mele at 30 ýaşady we garran döwründe-de gowy taýlary berdi. Gözel baýtal 19 ýaşynda ugurbaşy atlaryň biri bolan 697 Gelşiklini berýär. Täze diýen baýtal 1962-nji ýylda 21 ýaşynda taý berdi. 351 Pel baýtal 21 ýaşynda soňky taýyny berdi. 1a Boýnow dýiýen höwür aty garranyndan soň Zakaspiý athanasynyň şol döwürdäki başlygy Mazan ony atyp aýyrmakçy bolanda köşüli Taňryguly Gaty ony alyp saklaýar we Boýnow Taňrygulynyň işiginde ýene üç ýyl ýaşaýar.

689 Garaderiň ugur atlary giç ýetişýänligi iş tejribämizden bize bellidir. Ahalteke atlarynyň giç ýetişýänligini göz öňünde tutup türkmen atşynaslaryndan M.Durdymuhammedow, M.Çerkezowa dagylar ahalteke gunanlaryny iki ýaşyndan däl-de ikiýarym ýaşynda, ýagny güýzki at çapyşyk möwsüminden çapdyryp başlamagy teklip ederdiler.

## AHALTEKE ATLARYNYŇ IŞJEŇLIGI, HALKARA ATÇYLYK SPORTY ÝARYŞLARDA GAZANANLARY

Atlaryň gowy hereketi olaryň gymmatyny, hilini, ýyndamlygyny kesgitleýär. Ahalteke atlarynyň ýokary tizlikli hereketi olaryň harby işlerde ulanylmagyna, milli atçylyk sportda, at çapyşygy ýaryşlarda ulanylmagyna getiripdir, olaryň gymmatyny artdyrypdyr.

Ahalteke atlarynyň tebigy hereketleri – ýöriş hereketi gowy ösen, gorgun hereketi aralyk derejede ösen, ýorga hereketi ösmedik.

Ahalteke atlarynyň öňürdik – ylgaw, çapuw hereketi gowy ösendir.

Ahalteke atlaryny eýerläp müneniňde örän gelşikli, üsti jaýly, seýkin basyp mylaýym ýörişli, çapanynda ýeriň üstünden süýnüp barýan ýaly, gulaçlap tekiz çapýar. Atlar gowy seýislenende ýakyn aralyga-da, uzak aralyga-da ýokary ýyndamlyk görkezýär. Atly ýörişlerde çydamlylygy bilen tapawutlanýar, milli at üstündäki oýunlara, atçylyk sportuna, atly sirke ýeňil türgenleşýär we gowy netijeleri görkezýär.

Ahalteke we ýomut tohum atlarynyň gatnaşmaklarynda 1935-nji ýylda geçirilen Aşgabat – Moskwa atly ýörişi türkmen atlarynyň uzak we ýowuz ýollara çydamlylygyny bütin dünýä jar etdi. Şonda bedew atlara atlanan 33 sany türkmen ýigitleri çylşyrymly we kyn ýollary geçdiler. Olar ýolsuz-ýodasyz, suwsuz çöllüklerden, derýalardan geçip, her hili kynçylyklara döz gelip, 4300 km ýoly geçip Moskwa baryp ýetdiler. Ýörişe gatnaşanlar ýoluň iň agyr ýeri Garagum çölüniň 360 km aralygyny 3 günde geçýär. Ýollarda ahalteke we ýomut atlaryny görenler olaryň owadanlygyna haýran galýarlar, döwürleýin metbugat bolsa edermen türkmen ýigitlerini we olaryň münen ajaýyp bedew atlaryny öwüp arşa çykarýar.

1988-nji ýylda Aşgabat – Moskwa aralygyna ikinji atly ýörişi geçirildi. Ahalteke we ýomut atlary ýene bir gezek ýokary çydamlylyk görkezip, şan-şöhratyny bütin dünýä ýaýdylar.

1935-nji ýylda Aşgabat – Moskwa atly ýörişine gatnaşan we şol ýerde Söwet hökümetine sowgat berlen, soňra Moskwanyň sport athanasynda türgenleşdirilen Arap atly ahalteke aty 1947-nji ýylda päsgelçilikden ýokarlygyna bökmekde 2 m 12 sm beýikligine bökýär we öz wagtynda ýokary netije görkezýär. Türkmenleriň Arap atly şol atynda Sowet Soýuzynyň marşaly G.K.Žukow 1945-nji ýylyň 9-njy maýynda Ýeňiş Paradyny kabul edýär *(47-nji surat).*



**47-nji surat.**
**Marşal G.K.Žukow 1945-nji ýylyň 9-njy maýynda Arap atly ahalteke atynda Moskwada Ýeňiş Paradyny kabul edýär**

Arap 1949-njy ýylda 19 ýaşynda Gazagystanyň Lugowoý atçylyk athanasyna höwür aty edilip geçirilýär we ol ýerde ady belli Olimpiýa oýunlarynyň çempiony Absent diýen aty nesil galdyrýar.

1945-nji ýylyň sentýabr aýynda Moskwada Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşe bagyşlanyp öňki SSSR-de bar bolan sekiz at tohumlarynyň iň ýyndam atlarynyň gatnaşmaklarynda 500 km aralyga geçirilen marafon at çapyşygy, türkmen atçylarynyň uly ýeňşi bilen tamamlanýar. 588 Tarlan, gyr, 1938-nji ýylda doglan, 044 Tyllaguş we 334 Myrat diýen atlaryň neslinden bolan ahalteke aty ol çapuwda birinji ýeri eýeleýär. Çapuwlar Ýaryşyň guramaçysy G.G. Karlseniň belleýşi ýaly, günde 100 km aralygy durman çapyp geçmek bilen 5 gün dowam edýär. Şonda her bir çapuwa gatnaşan at 100 kg agram bilen çapdyrylýar. Ol ýaryşda türkmen atlaryny çapmaga Moskwaly çapyksuwarlaryň ynamy bolmany we çapyksuwar tapylmany üçin, türkmenleriň özleri öz atlaryny çapmaly bolupdyrlar.

2010-njy ýylda Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Beýik Ýeňşiň 65 ýyllygyna bagyşlanyp Russiýanyň paýtagty Moskwa




**48-nji surat. Gyrata atlanan türkmen esgeri.**

**2010-njy ýylda Beýik Ýeňşiň 65 ýyllyk baýramçylygyna bagyşlanyp Moskwa şäheriniň Gyzyl meýdançasynda geçirilen dabaraly paradda**

şäherinde geçirilen Dabaraly Parada Mähriban Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda uly delegasiýa – uruş weteranlary, ýaş esgerlerimiz gatnaşdylar. Göroglynyň Gyratynyň adyny göterýän Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynyň Gyrat diýen aty türkmen esgeriniň erk etmeginde bu uly dabara gatnaşyjylara uly tagzym edip paraddan geçmegi, dabara gatnaşýan uruş weteranlarynyň we adamlaryň arasynda uly şowhun bilen garşylandy *(48-nji surat)*.

1960-njy ýylda Rim şäherinde geçirilen olimpiada oýunlarynda atçylyk sportunyň atly geziminiň ýokary mekdebi boýunça bäsleşiklerde Sergeý Filatowyň erk etmeginde Absent atly ahalteke aty birinji orny eýeläp, olimpiadanyň altyn medalyna mynasyp bolýar. Absent 1964-nji ýylda Tokio olimpiadasynda bürünç medala mynasyp bolýar. Ol soňra ýene olimpiýa oýunlaryna bäsleşiklere gatnaşyp, oňa Mehiko olimpiadasynda asyryň aty diýlip at berilýär. Absent ýaly üç gezek olimpiýa oýunlaryna gatnaşan başga at ýokdur.

Perepel atly ahalteke aty 1950-nji ýylda Moskwada geçirilen oba sportsmenleriniň Bütinsoýuz spartakiadasynda Mary eskadronynyň türgeni Alekseý Iwanowiç Şirinkiniň erk etmeginde 8 m 78 sm uzynlygyna böküp, şol ýaryşlarda iň ýokary netije görkezip, ýaryşyň çempiony bolýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň goldaw we hemaýat etmeginde Berkarar döwletimiziň atşynaslary ahalteke bedew atlary bilen uly halkara çapuw ýaryşlaryna, marafon at çapyşyklaryna, atlaryň halkara sergilerine we atly dabaralara yzygider gatnaşyp ajaýyp üstünlikleri gazanýarlar.

2007-nji ýylda Russiýa federasiýasynyň Prezidenti W.W.Putiniň çagyrmasy boýunça Don boýundaky Rostow şäherinde geçirilen Russiýa federasiýasynyň Prezidentiniň kubogy ugrundaky at çapyşyk ýaryşlarynda Şahymerdan atly gara at (Garakerwen we Ýelgamak diýen atlaryň neslinden) uly baýrakly orna mynasyp boldy. 2008-nji ýylda Pýatigorsk şäherinde geçirilen ol ýaryşlarda Gökhan (Goar we Tamaly diýen atlaryň neslinden) diýen mele at ýeňijiler bolup Russiýa federasiýasynyň Prezidentiniň kubogyna we uly pul baýraklaryna mynasyp boldular.

2009 – 2010-njy ýyllarda Türkmen döwlet aýlawynda Bedew baýramçylygyna bagyşlanan dabarada geçirilen Gözellik bäsleşiginde Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynyň Şekilli (2006-njy ýylda doglan, Tebigat we Dürlügözel diýen atlaryň neslinden, 175 Meleguşuň ugry) diýen altynsow mele aty we 2010-njy ýylda Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy Ahmet Berdiýewiň hususy hojalygyna degişli bolan Görkli diýen altynsow mele aty ýeňijiler bolup, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Şa serpaýyna mynasyp boldular.

## AHALTEKE ATLARYNYŇ DÜRLI ARALYKLARA GÖRKEZEN ÝOKARY (REKORD) ÝYNDAMLYK GÖRKEZIJILERI

**Ikiýaşar atlarda:**

Merkez – mele at, 1985-nji ýylda doglan. Muhtar we Seýilden, 1987-nji ýylda Tbilisiniň aýlawynda 1000 m aralygy 1 min 04,2 s-de geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1965-nji ýylda doglan. Gyrsakar 2 we Fontandan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1000 m aralygy – 1 min 05,0 s-de geçipdir.

Maral – mele gysrak, 1937-nji ýylda doglan. Mele we Beladan, 1939-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1000 m aralygy – 1 min 06,0 s-de geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1965-nji ýylda doglan. Gyrsakar 2 we Fontandan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1200 m aralygy 1 min 19,4 s-de geçipdir.

Kroket 7 – mele at, 1962-nji ýylda doglan. Kemer we Kalinadan, 1964-nji ýylda Rostow şäheriniň aýlawynda 1400 m aralygy 1 min 32,0 s-de geçipdir.

Sapaly – dor at, 1965-nji ýylda doglan. Serdar we Gymmatdan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1600 m aralygy – 1 min 46,8 s-de geçipdir.

Ýerka – dor gysrak, 1949-njy ýylda doglan. Skak we Ýerteňňeden, 1951-nji ýylda 1800 m aralygy 2 min 04,8 s-de geçipdir.

11. Sargyt № 1310

**Üçýaşar atlarda:**

Kömek – dor at, 1984-nji ýylda doglan. Köpel we Ýylandan, 1986-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1200 m aralygy 1 min 16,8 s-de geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1968-nji ýylda doglan. Gyrsakar 2 we Fontandan, 1968-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1800 m aralygy 2 min 06,0 s-de geçipdir.

Gelektes 11 – dor at, 1965-nji ýylda doglan. Tezir we Kadra 27-den, 1968-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda 2400 m aralygy 2 min 41,6 s-de geçipdir.

Polatly –mele at, 1965-nji ýylda doglan. Pereň we Gaçgyrdan, 1968-nji ýylda Aşgabadyň aylawynda 2800 m aralygy 3 min 12,3 s-de geçipdir.

Aksakal – dor at, 1948-nji ýylda doglan. Köşpeli we Armadan, 1951-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3000 m aralygy 3 min 35,8 s-de geçipdir.

Ewrika – dor gysrak, 1949-njy ýylda doglan. Skak we Iňýagşydan, 1952-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3200 m aralygy 3 min 55,4 s-de geçipdir.

**Dört we uly ýaşar atlarda:**

Klimat – gara at, 1963-nji ýylda doglan. Keýmir we Ýylandan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 2000 m aralygy 2 min 14,5 s-de geçipdir.

Kalýan – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Kirpikden, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 2000 m aralygy 2 min 14,5 s-de geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1965-nji ýylda doglan. Gyrsakar 2 we Fontandan, 1969-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 2400 m aralygy 2 min 45,3 s-de geçipdir.

Kefir – dor at,1952-nji ýylda doglan. Keşikpe we Fortuna 4-den, 1956-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3000 m aralygy 3 min 39,6 s-de geçipdir.

Kalýan – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Kirpikden, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3200 m aralygy 3 min 44,8 s-de geçipdir.

Gammar – akýalmele at *(49-njy surat)*, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Garalydan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 4000 m aralygy 4 min 47,3 s-de geçipdir.



**49-njy surat. Gammar – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Garalydan**

Kalýan – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Kirpikden, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 4000 m aralygy 4 min 47,3 s-de geçipdir.

Aksakal – dor at, 1948-nji ýylda doglan. Köşpeli we Armadan, 1952-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 4800 m aralygy 5 min 51,3 s-de geçipdir.

Mergen – al at, 1951-nji ýylda doglan. Meleke we Tihaýadan, 1951-nji ýylda Frunze şäheriniň aýlawynda 6000 m aralygy 8 min 57,6 s-de geçipdir.

Gadam – gyr at, 1953-nji ýylda doglan. Garlawaç we Dursundan, 1958-nji ýylda Almata şäheriniň aýlawynda 7000 m aralygy 9 min 06,0 s-de geçipdir.

Sapýor – dor at, 1951-nji ýylda doglan. Skak we Erkejandan, 1956-njy ýylda Frunze şäheriniň aýlawynda 8000 m aralygy 11 min 10,0 s-de geçipdir.

**Uly ýaşar atlarda 10 km we ondan ýokary aralyklara:**

Akbar – al at, 1957-nji ýylda doglan. Alam we Bilbilden, 1962--nji ýylda Daşkendiň aýlawynda 10 km aralygy 14 min 14,8 s-de geçipdir.

Synok – dor at, 1951-nji ýylda doglan. Synok 2 we Ýyndamdan, 1956-njy ýylda Frunze şäheriniň aýlawynda 25 km aralygy 44 min 31,6 s-de geçipdir.

Magdan, (Garagyr) – gyr at, 1947-nji ýylda doglan. Maý we Galkadan, 1952-nji ýylda Aşgabatda Orta Aziýa halklarynyň spartakiadasynda 50 km aralygy – 1 sagat 43 min 06,0 s-de geçip, ikinji ýeri eýeleýär. Şonda Magdan höwür aty edilip ulanylýan ýerinden spartakiadanyň başlanmagyna 45 gün galanda saýlanyp, bary-ýogy üç hepde seýislenýär we ýaryşa gatnaşýar.

## AHALTEKE ATLARYNYŇ IÇKI TOHUMARA GÖRNÜKLERI

Ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerinde ugurlar bilen bir hatarda atlaryň we baýtallaryň asyl bedew at görnügine (tipine) aýratyn üns bermek gerek. Şu nukdaý nazardan, biz professor M. I. Belonogow (1955) tarapyndan ahalteke tohum atçylygynda kesgitlenen, ahalteke atlarynyň arasynda içki tohumara üç görnükli atlaryň barlygy (7-nji maglumatnama) we ol dürli görnükli atlaryň seçgi tohumçylyk işinde uly ähmiýetiniň barlygyny belläsimiz gelýär.

Ahalteke atlarynyň tohum içindäki görnükleri (tipleri):

1) asyl bedew at (esasy) görnükli atlar;

2) orta görnükli atlar;

3) ýognas görnükli atlar.

Görkezilen üç görnükli toparlaryň arasynda kähalatlarda aralyk görnükli atlar hem duşýar, mysal üçin, ýognasdan asyl görnükli, näzikden asyl we ortadan asyl görnükli we ş. m. Şonuň üçin atyň görnügini kesgitleýjiniň tejribeli atçy hünärmen bolmagy gerek.

**Ahalteke atlarynyň islenilýän görnükleri we olaryň göwresiniň ölçeglerine we olçegleriň özara göterim gatnaşyklaryna (indekslerine) bolan talaplar (M.I. Belonogow, 1955)**

| Görnükleri (tipleri) | Gerşine çenli beýikligi, sm | Döş göwrüminiň. aýlawy, sm | Injiginiň ýogynlygy, sm | Indeksleri, % | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | ýognaslygy | süňklekligi |
| Atlarda: | | | | | |
| 1.Asyl bedew at (esasy) görnükli | 158 | 177 | 19,5 | 112 | 12,3 |
| 2.Orta görnükli | 154 | 170 | 18,8 | 110 | 12,2 |
| 3.Ýognas görnükli | 157 | 178 | 19,6 | 113 | 12,4 |
| Baýtallarda: | | | | | |
| 1.Asyl bedew at (esasy) görnükli | 156 | 176 | 19,0 | 113 | 12,0 |
| 2.Orta görnükli | 152 | 168 | 18,2 | 111 | 12,0 |
| 3.Ýognas görnükli | 155 | 177 | 19,0 | 114 | 12,2 |

**Asyl bedew görnükli atlaryň gysgaça häsiýetnamasy.** Olar iriden berk bedenli, synasy düzüw, ajaýyp ahalteke bedew aty sypatyndaky – aňyrsy uzyn ugurlara degişli bolan örän dogumly we owadan, altynsow mele, altynsow dor, kümüşsöw gyr reňkli atlardyr. Göwresine laýyk gelşikli we kähalatlarda giň we tüňňi maňlaýly kelleli, alma gözli, oýnaklap duran gamyşgulak, owadan egrelen guw boýunly atlardyr. Olaryň gursagy orta giňlikde bolup, muskulaturasy ýeterlik ösen, örtük tüýleri mylaýym we dürli reňkli öwüşginli, ýaly, guýrugy inçeden selçeň we köse atlardyr.



**50-nji surat. 914 Polatly (14 ýaşynda) altynsow mele asyl bedew görnükli at**

Polatly *(50-nji surat)*, 1965-nji ýylda ahalteke atçylyk athanasynda doglan. 779 Pereň we 1244 Gaçgyr diýen atlaryň neslinden. Eýeberdi Teleke – Pereňiň ugry.

**Ölçegleri:** Gerşine çenli beýikligi – 161 sm.
Göwresiniň keseleýin uzynlygy – 162 sm.
Döş göwrüminiň aýlawy – 180 sm.
Injiginiň ýogynlygy – 19,5 sm.

Polatly Moskwada Oba hojalygyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde iki gezek 1973-nji we 1977-nji ýyllarda ahalteke tohum atlarynyň halkara çempiony diýlip yglan edilýär.

Polatly ikiýaşar gunan döwründe Bakuwyň aýlawynda 4 gezek we Aşgabadyň aýlawynda 7 gezek çapyp uly baýrakly orunlarda 4 gezek birinji orny we 5 gezek beýleki baýrakly orunlary eýeleýär.

Üçýaşar we uly ýaşar ýyllary Russiýanyň Pýatigorsk aýlawynda 10 gezek, Aşgabadyň aýlawynda 8 gezek däp bolan uly baýrakly çapuwlara gatnaşyp, 8 gezek birinji baýrakly ýerleri we 9 gezek beýleki baýrakly orunlary eýeleýär.

Polatly Aşgabadyň aýlawynda 1968-nji ýylda 1600 m aralygy 1 min 44,8 s-de geçip ýokary(rekord) ýyndamlyk görkezýär.

1968-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda Polatly "Uly Pýatigorskiý " baýragynda birinji ýere mynasyp bolýar.

Polatlynyň ugruny dowam etdiriji ahalteke bedew atlaryna keşbi asyl nusgalyk Pyýadanyň we Pereňliniň, Pälwanyň ýüzlerçe nesil taýlary türkmeniň Berkarar döwletiniň bagtyýarlyk zamanasynda ahalteke atlarynyň dowamatydyr.



**51-nji surat. Gyzdurdy, asyl bedew görnükli mele reňkli gysrak, 1976-njy ýylda Ahalteke atçylyk athanasynda doglan. 721 Gaplaň we 1379 Feýa diýen atlaryň neslinden**

Asyl görnükli topardaky atlaryň arasynda, gowşagrak näzik beden gurluşly we galdaw häsiýetli atlar hem duşýar. Syna ýetmezçiliklerinden kähalatlarda uzyndan ýumşak eýerlikli ýagyrnyly, muskulatura garybrak agajet atlar, dik bakanly dikaýaklyk ýaly ýetmezçilikler duşýar.

Asyl bedew görnükli atlar Meleguşuň, Eýeberdi Telekäniň, Pereňiň, Gaplaňyň *(51-nji surat)*, Aksakalyň, Garaderiň ugurlaryna degişli atlaryň arasynda köp duşýar.

**2. Orta görnükli topara** degişli atlaryň göwresi kiçeňräkden ýeňil bolýar. Ol atlaryň syna – beden gurluşy guraksydan berk be-

denli, örän gujurly, boýny uzyn ýa-da orta uzynlykda bolup, orta ululykdaky kellesi göwresine laýyk, aýaklarynyň siňirdir bogunlary, baglaýjy ulgamlary gowy bildirip duran, süňklek we berk aýakly atlardyr. Göwresiniň kiçiligine garamazdan, örän sagdyn we beden berkligi bilen tapawutlanýar. Çapuwlarda ol topardaky atlara örän ýokary ýyndamlyk häsiýetlidir.

Orta görnükli topara Ýeliň, Sluçaýyň, Posmanyň we käbir Garlawajyň (Ýalta 2-den gaýdýan atlarda) ugurlaryna degişli atlar girýär. Orta görnükli atlar ýyndamlyk häsiýetleri bilen tapawutlanyp, ahalteke atlarynyň arasynda köpräk ýaýran atlardyr.

**3. Ýognas görnükli atlaryň** göwresi ýognasdan daýaw we süňklek bolup gursagy giň, döş göwrüminiň aýlawy uly bolýar. Ýognas topara degişli atlar çapuwlarda uzakçyl, ýöne asyl at görnügi boýunça ýönekeýräkdir. Ýognas görnükli atlara Arabyň ugruna degişli atlar, Garlawajyň ugruna degişli Gammaryň nesillerinden Goşasakar, Karal we onuň nesillerinde, Gelşikliniň ugrundan Goar we onuň nesil atlarynda, Ýeliň ugrunda Şahydan gaýdýan atlarda we seýrek Dorbaýramyň ugruna degişli käbir atlary mysal getirmek bolar.

Soňky ýyllarda käbir hünärmenleriň ýognas atlara ulanýan alaşa sözi ahalteke sap ganly tohum atlaryna degişli bolman, türkmen dilinde alaşa diýlip ahalteke atlary bilen işçi gylýalyň ýa-da atlaryň beýleki tohumlary bilen tohumara çakyşdyrylyp alnan ýarym ganly ahalteke atlaryna aýdylýar.

Ahalteke atlarynyň arasynda tohumara ýaýran üç görnükli atlar özboluşly aýratynlyklary bilen seçgi – tohumçylyk işlerinde biri-biriniň üstüni doldurýar we atlaryň nesil çeşmesini baýlaşdyrýar. Olar atlaryň seçgi – tohumçylyk işlerinde asyl bedew at görnükleri boýunça köpeltmek we tohumyň içinde görnügara çakyşdyrmak bilen ahalteke atlaryny köpeltmekde we hilini gowulandyrmakda uly ähmiýete eýedirler.

Asyl görnükli atlar bilen seçgi – tohumçylyk işleri olaryň asyl bedew at görnügini kämilleşdirmek bilen, beden gurluşynyň, nerw ulgamynyň berkligini gazanmaga, ýokary we uzakçyllyk ýyndamlygyny gowulandyrmaga, altynsow mele, altynsow dor, kümüşsöw

gyr reňkli atlary almaga ugrukdyrylmalydyr. Şonda höwür atlaryň gerşine çenli beýikligi 158 sm, baýtallaryňky 156 sm-den az bolmasa gowudyr. Şeýlelikde, asyl görnükli atlara asyl we ýognas görnükli baýtallary jübütleşdirmek – asyl görnükli gowy nesil taýlary almaga kömek edýär. Şonuň ýaly-da asyl görnükli näzigräk beden gurluşly baýtallara jübütleşdirmek üçin owadandan ýognas görnükli höwür atlary ulanmak maslahat berilýär.

Orta görnükli atlar we baýtallar bilen seçgi – tohumçylyk işleri geçirilende esasy maksat alynjak nesil taýlarynyň asyl at görnükli bolmagyny gazanmak, göwresini ireltmek, süňklekligini we ýyndamlygyny gowulandyrmak, guraksydan – owadanlyk we beden berkligini, göwre ululygyny, çydamlylygyny artdyrmaga ugrukdyrylmalydyr.

Orta görnükli baýtallara asyl görnükli berk bedenli atlar höwre bellenilse, ol baýtallardan asyl görnükli taý almaga garaşmak bolar. Beden gurluşy gowşagrak dar gursak, näzigräk bedenli orta görnükli baýtallara höwürde ulanmaga berk bedenli ýognas atlary bellemek maslahat berilýär.

Ýognas sypatly atlar bilen seçgi – tohumçylyk işleri geçirilende olary kämilleşdirmegiň soňky maksady asyl at görnükli, berk bedenli, çapuwda ýyndam, uzakçyl, gujurlydan saýhally häsiýetli atlary almak bolup durýar. Ýognas sypatly baýtallara näderejede ýognaslygyna baglylykda asyl we orta görnükli atlary jübütleşdirmäge belleseň, asyl görnükli taýlary almaga garaşmak bolar. Soňky ýyllarda ahalteke tohum atçylygynda ýognas baýtallara ýognas atlary jübütleşdirmekden gaça durulýar.Ýognasdan owadan aralyk asyl görnükli atlary bolsa orta görnükli we näzigräk beden gurluşly, asyl görnükli baýtallara jübütleşdirip ulanmak gowy netijeleri berýär. Beden gurluşy we süňk gowşaklygy duýulýan baýtallara ýognasdan berk bedenli, gujurly atlary jübütleşdirmegi we höwre goýup talaby kanagatlandyrýan owadan taýlary almak maslahat berilýär.

Ýokarky agzalan ahalteke tohum içindäki üç görnükli atlar (tipler) bilen işlemek, umumy nukdaý nazardan seredilip, bütinleý berjaý edilmeli görkezme däldir. Ol her bir aýrybaşga atyň we aýrybaşga baýtalyň hususy seçgi – tohumçylyk häsiýetlerine we olaryň geçen

ýyllardaky beren nesil taýlarynyň hiline köptaraplaýyn baha berip seljerip çemeleşmek bilen geçirilýän tohumçylyk işleriniň ornuny çalyşmaýar.

Ahalteke atlary köpeldilende atlaryň ugurlary, tohum içindäki görnükleri, syna beden gurluşy we işjeňligi boýunça köptaraplaýyn seljerip, tohumçylyk işleriniň we jübütleşdirip höwre goýmagyň oňünden maksatnamalaryny we meýilnamalaryny düzmek we şol meýilnamalar boýunça maksadalaýyk işlemek, tohumçylyk işinde bolup biljek säwlikleriň öňüni almaga, ahalteke atlarynyň islenilýän nusgalyk bedew at keşbini, ýyndamlyk we beýleki gowy häsiýetlerini ýakyn ýyllar aralygynda yzygider kämilleşdirmäge ýardam eder.

Türkmenistanyň ahalteke tohum atçylygyny ylmy nukdaý nazardan öwrenmekde, seçgi – tohumçylyk işlerini alyp barmakda 1963 – 1973-nji ýyllarda S.A.Nyýazow adyndaky oba hojalyk uniwersitetiniň Oba hojalyk mallaryny köpeltmek kafedrasynyň müdiri bolup işlän, biologiýa ylymlarynyň doktory, professor Mihail Iwanowiç Belonogowyň bitiren hyzmatlary uludyr.

Ol 1934-nji ýyldan başlap Türkmenistanda işlemek bilen Türkmenistanda, Gazagystanda, Uralda we Demirgazyk Kawkazda bar bolan ahalteke tohum atlaryny öwrenýär we hasaba alýar. 1941-nji ýylda ol Orta Aziýa tohum atlarynyň döwlet tohumçylyk kitabynyň ahalteke we ýomut tohum atlaryna degişli III tomuny taýýarlaýar we neşir etdirýär, 1952-nji ýylda ahalteke tohum atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitabynyň IV tomuny we ýomut tohum atlarynyň döwlet tohumçylyk kitabynyň IV tomuny özbaşdak kitap görnüşinde neşire taýýarlaýar.

1971-nji ýylda Ahalteke tohum atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitabynyň V tomuny we “Ahalteke tohum atlarynyň häzirkizaman ýagdaýy we olar bilen tohumçylyk işlerini alyp barmagyň ugurlary” barada giriş makalasy bilen neşire taýýarlaýar. M.I.Belonogow “Gylýalçylyk” (1955), “Ahalteke tohum atlary bilen esasy tohumçylyk işlerini geçirmegiň düzgünleri” (1955) ýaly kitaplaryň we elliden gowrak türkmen atçylygyna degişli ylmy makalalaryň awtorydyr. Ol ahalteke tohum atçylygynda atlaryň ugurlary bilen işlemegiň ýollaryny

öwrenýär, düýbüni tutýar. Kitabyň awtoryna M.I.Belonogowyň aspiranty bolmak we 1967 – 1973-nji ýyllarda bile işlemek miýesser etdi.



**52-nji surat. Biologiýa ylymlarynyň doktory, professor Mihail Iwanowiç Belonogow**

1960 – 1970-nji ýyllarda ahalteke we ýomut atlarynyň hasabatyny ýöretmekde we tohumçylyk işlerini alyp barmakda Türkmenistanyň Ylmy – barlag maldarçylyk we weterinariýa institutynyň bölüm müdiri B.Salyhaw ahalteke atlaryny öwrenmekde, şol institutyň ylmy işgäri M.Durdymuhammedow bolsa ahalteke tohum atçylygynda ene baýtallar maşgalalary we olar bilen işlemegiň, seýislemegiň ýollary barada bellibir işleri amal edýärler.

Ahalteke tohum atlarynyň resmi ýazgylaryny ýöretmekde, Döwlet tohumçylyk kitaplaryna atlaryň ýazgylaryny taýýarlamakda we atlary aýlawlarda synag etmekde 1970 – 1986-njy ýyllarda Türkmen döwlet aýlawynyň zootehnigi bolup işlän M.D.Çerkezowanyň hyzmatlary bellärliklidir.

## ÝOMUT TOHUM ATY

Ýomut tohum atlary müngi atlaryň toparyna degişli bolup, professor M.I.Belonogowyň (1952) belleýşi ýaly, türkmenleriň medenileşdiren tohum atynyň özbaşdak bir şahasy hasaplanylýar. Bu pikiri goldamak bilen biz ýomut atlaryny gadymy Oguz – türkmen atynyň aýrylmaz bir bölegi – şahamçasy hasaplaýarys. Ýomut atlarynyň özbaşdak tohum at görnüşinde emele gelmeginde örüde saklanyp, sürüde köpeldilmegi uly täsir edipdir. Beýleki tarapdan, orta asyrlarda Samarkandyň emiri Teýmiriň goşunynda gulluk eden türkmenleriň ýomut taýpasyndan bolan nökerlerine bäş müň baş arap baýtallaryny olja berenligi bellidir. Ol atlaryň haýsydyr bir uly bolmadyk derejede ýomut atlaryna täsirini ýetirendir diýlip çaklanylýar.

Ýomut atlary Türkmenistanyň Daşoguz we Balkan welaýatlarynyň hojalyklarynda, şeýle-de demirgazyk Eýranda Türkmensährada ýaýrapdyr.

Ýomut atlary ahalteke atlary bilen deňeşdirilende ýönekeý we kiçeňräk, berk bedenli atlardyr. Olaryň göwresi ýygnak, arkasy berk, sagrysy togalagrak, gursagy orta giňlikde, aýaklary inçe we toýnaklary berk, ýaly, guýrugy selçeňräkdir. Olar, köplenç, gyr (38,9 %-e), dor (34,6), al (16,6) we gara (6,1 %-e çenli) reňkli bolýar. Mele, gär, jeren, çal reňkler ýomut atlarynyň arasynda duşmaýar diýen ýalydyr. Nyşanlary az we kiçi bolýar.

Ýomut atlarynyň göwresiniň ortaça ölçegleri (ýomut atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitabynyň IV tomy) aşakdaky ýalydyr.

**Atlarda:**

1. Gerşine çenli beýikligi – 152,08 sm;
2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy – 151,89 sm;
3. Döş göwrüminiň aýlawy – 169,14 sm;
4. Injiginiň ýogynlygy – 18,92 sm.

**Baýtallarda:**

1. Gerşine çenli beýikligi – 149,36 sm;
2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy – 151,07 sm;
3. Döş göwrüminiň aýlawy – 166,85 sm;
4. Injiginiň ýogynlygy – 18,34 sm.

Ýomut atlary berk bedenliligi we çapuwlarda uzakçyllygy, ýuwaş häsiýetliligi we çydamlylygy bilen tapawutlanýar, uzak ýaşaýar. Olaryň hereketi – ädimi ýygydan gysgarak, gorgun hereketi kän bir ösmedik, öňürdik – ylgaw hereketi ýeňil. 1000 metr aralyga ýokary ýyndamlygy 1 min 08,0 s bolup, iňlis we ahalteke atlaryndan soň, dünýä atlarynyň arasynda ýyndamlykda üçünji ýerde we arap atlary bilen deň ýyndamlyk görkezýär.

Ýomut atlary sagatlygy, çydamlylygy, yssy we sowuk klimata we örüde saklanmaga uýgunlaşanlygy bilen tapwutlanýar, köp ýaşaýar, gowy taýlaýar, ýöne giç ýetişýär, bäş ýaşyna çenli ösüp boýuny alýar.

Daşogzuň Döwlet athanasyndaky atlaryň esasy ugurlary 1920--nji ýylda doglan Baýram atly *(53-nji surat)* atdan (Atda we Sary-

jakör diýen atlaryň neslinden, ölçegleri 154 – 174 – 19,0 sm) alyp gaýdýar. Baýram 20 ýyla golaý atlary köpeltmekde höwürde ulanylýar. Häzirki wagtda Daşoguz welaýatynyň Döwlet athanasynda we beýleki hojalyklarynda 1928-nji ýylda doglan Çaýbaşyň we onuň ogly Çaýbaştaýyň, Ýolma we Akbilek diýen ugur atlaryň nesilleri ýaýrandyr.



**53-nji surat. Baýram atly ýomut aty**

1935-nji we 1988-nji ýyllarda geçirilen Aşgabat – Moskwa atly ýörişlerinde ýomut atlary ahalteke atlary bilen bir hatarda, özüniň uzakçyllygyny we çydamlylygyny görkezdi.

1945-nji ýylyň sentýabr aýynda Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşe bagyşlanyp Moskwada 500 km aralyga geçirilen at çapyşygynda, ýomut tohumyndan bolan Köneürgenç etrabynyň 331 Parahat diýen aty, 1941-nji ýylda doglan, Dorsekil we Gök diýen atlaryň neslinden ikinji ýeri we Boldumsaz etrabynyň 285 Garaguş diýen aty – 1940-njy ýylda doglan, 182 Akdodak we Kümüş diýen atlaryň neslinden üçünji baýrakly orunlary eýeleýärler.

Däp bolşy ýaly, ýomut atlaryny 20 – 50 km we ondan hem uzak aralyklara çapýarlar. 1950-nji ýyllaryň ahyrlaryna çenli ýomut atlarynyň arasynda süýregli çapuwlar hem geçirilerdi.

Ýomut atlaryny yzygider aýlawlarda çapdyrmak Bekrewede Ahalteke atçylyk athanasynyň ýanynda ýomut atçylygy boýunça bölümiň açylmagy bilen 1925-nji ýyldan Aşgabadyň Köşi aýlawyndan başlanýar. 1940-njy ýylda Daşoguzda ýomut atlarynyň Döwlet tohumçylyk nokady (rassadnik) we Daşoguz şäherinde ýerli aýlaw işläp başlaýar.

1964-nji ýyldan başlap agzalan Döwlet tohumçylyk nokady Daşogzuň ýomut atlarynyň 20 – ene baýtal berkidilen we saklaýan Döwlet athanasyna öwrülýär we ol häzire çenli işlemek bilen ýomut atlarynyň hilini kämilleşdirmek ýaly işleri alyp barýar.

Häzirki döwürde Balkanabatda we Daşoguzda häzirkizaman welaýat Atçylyk sport toplumlarynyň we olardaky aýlawlaryň işläp başlamagy bilen, ýurdumyzda ýomut atlaryny atçylyk sportunda, atly syýahat – gezelençlerde giňden ulanmaga uly mümkinçilikler döredilendir.

## ARAP ARASSA GANLY TOHUM ATY

Arap atlaryny beduin arap taýpalary döredipdirler diýlip hasaplanylýar. VI asyra çenli araplaryň öz tohum atlary bolmandyr diýen ýalydyr. Olar şol döwre çenli, esasan, düýelerde gezer ekenler. Professor S.W.Afanasýew arap atlarynyň gelip çykyşyny nusaý, pars atlary toparyndan hasaplaýar. Arap atlary Arabystan ýarym adasynda Nežd oazisinde emele gelýär. Arap atlary XI – XII asyrlardan belli bolup ýüze çykyp başlaýar we soňralar bütin dünýä ýaýraýar. W.O.Witt arap atlarynyň döredilmeginde pars we türkmen atlarynyň täsiri bolupdyr diýip hasaplaýar.

Araplar öz atlarynyň şejere arkasyny, aýratynam ene baýtallaryň gelip çykyşyny ýatdan ýöredipdirler. Araplar baýtallaryny başga tohumly ata çekmegi günä hasaplapdyrlar. Baýtallar höwre çekilende, onuň ýanynda haýsy ata çekilip taý alnanlygyny gerek bolsa tassyklamak – güwä geçmek üçin, şaýat adam bolmaly hasaplaýarlar. Taýlar ulalyp at çykanda gelip çykyşy barada jedelli meseleler ýüze çykanda, ol atyň ene-atasy baradaky maglumatlara şaýat bolan adam güwä geçipdir.



**54-nji surat. Sap arassa ganly Maksat atly arap aty**

Häzirki döwürde arap atlarynyň “ýapyk” tohumçylyk kitaplary neşir edilýär, atlaryň ene-atalarynyň takyk dogrulygy molekulýar genetiki derejede anyklanýar. Arap atlary bilen ir döwürlerden bäri gany arassa köpeltmek boýunça tohumçylyk işleri alnyp barylýany üçin, olar arassa ganly tohum atlar toparyna degişli hasap edilýär we halkara ähmiýete eýedirler.

Arap atlary daşky synasynyň görnüşi boýunça atletiki beden gurluşly, owadan, togalagrakdan guraksy we berk bedenli, aýaklary we toýnaklary berk, seňriginiň ýokarsy özboluşly çökügräk bolýar, boýny dikleň we özboluşly egrelen, kellesiniň maňlaý tarapy giň bolup, agzy burnuna tarap inçelendir *(54-nji surat)*. Arap atlary adam görende gobsunyp, guýrugyny jaýtardyp üýtgeýär, gujurlanýar özüni gowy görkezýär. Olar hoşgylyk gowy häsiýetli, örän gujurly we sagdynlygy, çydamlylygy bilen tapawutlanýar. Arap atlary uzak ýaşaýar, gowy köpelýär. Göwresiniň ortaça ölçegleri 8-nji maglumatnamadaky ýalydyr.

**Arap atlarynyň göwresiniň ölçegleri, sm.**

| Göwresiniň ölçegleri | Atlarda | Baýtallarda |
|---|---|---|
| 1.Gerşine çenli beýikligi | 153,8 | 151,4 |
| 2.Göwresiniň keseleýin uzynlygy | 151,7 | 151,7 |
| 3.Döş aýlawy | 177,7 | 177,7 |
| 4. Injiginiň ýogynlygy | 19,3 | 18,7 |

Esasy reňkleri gyr, al we dor bolup, gyr reňkler gara tenli bolýar. Arap atlarynyň dürli hereketleri gowy ösen, toýnagynyň ujuna basyp gorgunlanda, ýalyny ykjadyp, guýrugyny jaýtardyp toýnagynyň ujuna kakyp, ýeriň üstünde gaýyp barýan ýaly örän ýeňil gopýar, güýjüne daýanyp ýyndam çapýar. Olar uzakçyllygy we çydamlylygy bilen tapawutlanýar.

Demirgazyk Afrikada arap atlarynyň saklanylyşy, idedilişi boýunça tapawutly geografiki şertlere düşüp, arap atlarynyyň üýtgän görnüşi – şahamçasy berberi atlary döredilipdir.

Arap atlary dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýrapdyr. Arap atlarynyň arasynda görnügi boýunça esasy dört tirsek diýlip atlandyrylýan– siglawi, koheýlan, hadban we muniki ýaly ugurlara – şahalara bölünýär. Siglawi ýeňil, näzikbeden ätletiki gurluşly owadan atlardyr. Koheýlan ýognasdan berk bedenli, süňklek, örän ýokary işeňňirligi we çydamlylygy bilen tapawutlanýar. Hadban şahamçasy iri atlar bolup, örän ýyndamlygy bilen tapawutlanýar. Agzalan esasy üç şahamça atlardan başga olaryň arasynda muniki diýlip atlandyrylýan aralyk görnüşli atlar hem duşýar.

Arap atynyň kömegi bilen iňlis, tersk, orlow gorgun, andaluz, neopolitan, lipisian we beýleki at tohumlary döredilipdir. Arap atlarynyň iňlis atlarynyň döredilmeginde hem täsiri uludyr. Arap atlary bilen iňlis atlaryny çakyşdyryp alynýan ýarym ganly iňlis arap atlary, atçylyk sportuň nusgawy görnüşlerine ulanmak üçin ýaramly atlary almakda hem ulanylýar.

## IŇLIS ARASSA GANLY TOHUM ATY

Iňlis sap arassa ganly tohum aty dünýäde iň ýyndam atdyr. At çapyşyklarda, päsgelçiliklerden atly bökmekde we stipl – çez ýaryşlarynda iňlis atynyň deňi-taýy ýokdur. Ýokary işjeňligi we häsiýetlerini, aýratynam ýyndamlygyny durnukly nesle geçirýänligi üçin, iňlis aty beýleki müngi tohum atlaryň ýyndamlygyny gowulanyrmakda nesil çeşmesi bolup hyzmat edýär. Iňlis atlary halkara ähmiýete eýedir.

Döredilişi. XVII, XVIII asyrlarda Angliýanyň korollyk athanasynda şo wagta çenli ýerli baýtallar bolup, olar gündogar atlary atlandyrylan tohumlar bilen çakyşdyrylyp gowulandyrylan bolýar. Şeýlelikde, gündogar atlarynyň kömegi bilen hili gowulandyrylan baýtallara – arap, warwar, türk (türkmen) atlaryny höwre çekmek we ideginde we iýmitlendirilişinde, çapuwlarda gowulandyrylan şertleri döretmek bilen iňlis aty döredilýär. Iňlis atynyň köki esasy üç sany atdan alyp gaýdýar. Baýerleý türk (1680-nji ýyllarda doglan) diýen at, Wena şäherini Osman imperiýasyndan azat etmäge gatnaşan iňlislere olja düşýär we Irlandiýa getirilip höwürde ulanylýar. Baýerleý Türk atşynas alymlaryň pikirine görä türkmen aty hasap edilýär. Ondan iňlis atlarynyň arasynda esasy ugurlaryň biri bolan Herod (1758-nji ýylda doglan) köküni alyp gaýdýar.

Darleý Arabian (1700-nji ýyllar töweregi) Türkiýäniň Halap şäherinde iňlis kapitany Darleý tarapyndan satyn alnyp, 1710-njy ýylda Angliýa getirilip höwürde ulanylýar. Ol hem türkmen aty hasaplanylýar. Darleý Arabiandan iňlis atlarynyň arasynda ady belli ugurbaşy atlaryň biri Eklips (1764-nji ýylda doglan) gelip çykýar.

Üçünji nesilbaşy atlaryň biri Godolfin Barb (1724-nji ýylda doglan) Demirgazyk Afrikanyň berberi arap aty tohumyndan bolup, ony lord Godolfin öz athanasynda höwürde ulanýar. Onuň agtygy Metjem (1748-nji ýylda doglan) iňlis atlarynyň arasynda üçünji esasy ugurbaşy atlaryň biridir.

12. Sargyt № 1310

Aýlawlarda ýyndamlygy boýunça seçip-saýlap köpeltmek iňlis atlarynyň dünýäde iň ýyndam at bolmagyna kömek edýär.Angliýanyň ýumşak klimaty, sonarly öri meýdanlary, atlary 5000 m çenli aýlaw çapuwlarynda synag etmek we atlaryň şejeresiniň takyk ýazgylaryny (studbuk) yzygider neşir etmek bularyň hemmesi, iňlis atlarynyň iň gowy at tohumy bolup kemala gelmegine uly täsirini ýetirýär. 1751-nji ýyldan başlap Angliýada çapuw kalendary neşir edilip başlanýar. Bu bolsa ýyndam atlary saýlamaga kömek edýär. 1793-nji ýyldan başlap iňlis atlarynyň tohumçylyk kitaby (studbuk) neşir edilip başlanýar we kitabyň birinji ýygyndysyna 1660 – 1790-njy ýyllar aralygyndaky tohumçylyk işinde ulanylan atlar we baýtallar, olaryň nesil taýlary baradaky maglumatlar yzygider we doly ýazylypdyr. Şondan soň tohumçylyk kitaby “ýapyk” hasap edilýär. Tohumçylyk kitaplary häzire çenl yzygider neşir edilip, atlaryň takyk we zootehniki hasabaty yzygider ýöredilýär. Ýöne ol kitaplara ýazylýan atlaryň we baýtallaryň şejere arkasy hökmany suratda 1-nji kitaba ýazylan bolmalydyr, şonuň üçinem olara ýapyk tohumçylyk kitaby diýilýär.

Iňlis atlarynyň synasy we beden gurluşy aýdylyşy ýaly ini-boýy des-deň inedördil görnükde (formatda) bolup, olaryň daşky syna gurluşy müngi çapuw atlarydygy tapawutlanmak bilen gowy bildirýär (54-nji surat). Olar näzikden berk bedenli, örän gujurly we idegine baglylykda atlar tiz ýetişýär, üç ýaşyna çenli doly boýuny alýar. Baýtallaryň taý berijiligi ýokary däl. Olar ortaça 16 – 18 ýaşaýar. Esasy reňkleri dor, gara, al we gär reňklerdir. Göwresiniň ölçegleri aşakdaky ýalydyr:

| | Atlarda sm: | Baýtallarda sm: |
|---|---|---|
| Gerşine çenli beýikligi | 162,8 | 161,5 |
| Göwresiniň keseleýin uzynlygy | 162,0 | 161,0 |
| Döş aýlawy | 186,8 | 182,5 |
| Injiginiň ýogynlygy | 20,3 | 19,6 |

Soňky üç ýüz ýylyň dowamynda iňlis atlary bilen aýlaw çapuwlarynyň netijeleri boýunça geçirilen seçgi – tohumçylyk işleri, olary dünýäde deňsiz-taýsyz ýyndam ata öwürýär. Angliýanyň aýlawlaryn-

da 1780-nji ýyldan bäri dört we uly ýaşar atlaryň arasynda 4223 m aralyga Gudwudskiý kubok baýragy oýnalýar.

Däp bolan baş baýrak 1780-nji ýyldan Angliýanyň Epsom aýlawynda ýylyň dowamynda iň ýyndam çapan üçýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda (1609 m aralyga) oýnalyp başlanýar. Baýragyň ady onuň düýbüni tutan lord Derbiniň adyny götermek bilen, häzirki döwürde hemme ýurtlarda çapuw atlaryň arasynda oýnalýar. 1872-nji ýyldan başlap Derbi baýragy 2440 m aralyga oýnalyp başlanýar. Ahalteke tohumly üçýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda 2400 m aralyga çapuwlarda oýnalýan Uly Aşgabat baýragy, halk arasynda Derbi baýragy diýlip atlandyrylýar. Derbi baýragynyň ýeňijisi ýylyň dowamynda iň ýyndam çapan at hasaplanýar. Derbi baýragynda we Gudwudskiý kubogyny ýeňijiler soňra atlaryň ýyndamlygyny kämilleşdirmekde tohumçylyk işlerinde giňden ulanylýar.



**55-nji surat. Sap arassa ganly iňlis aty Anilin**

Iňlis atlary atçylyk sportda päsgelçilikden ýokarlygyna bökmekde, at üçin kyn bolan stipl-çez ýaryşlarynda hem ýokary netijeleri görkezýär. Iňlis atlarynyň halkara aýlawlarda görkezen ýokary (rekord) ýyndamlygy:1000 m aralyga 53 min 06 s; 1200 m aralyga 1 min

07,2 s; 1600 m aralyga 1 min 31,8 s; 2400 m aralyga 2 min 23 s; 3000 m aralyga 3 min 18,2 sekunda deňdir.

Beden gurluşynyň berkligini göz öňünde tutman, birtaraplaýyn ýyndamlyga geçirilen seçgi – tohnumçylyk işleri, iňlis atlarynyň arasynda duşýan käbir ýetmezçilikleriň ýüze çykmagyna getiripdir. Atlaryň arasynda gulak getirmek bilen öň aýakdan agsama (brok ýa--da brokdaun), syýgyldyly bogulma (rorer), burun ganama we nerw ulgamy bilen baglanyşykly ýüze çykýan galdawlyk ýaly ýetmezçilikler duşýar.

Iňlis atlarynyň arasynda ýakyn aralyga çapýan flaýer ýa-da sprinter we uzakçyl staýer ýa-da distansioner atlar bar. Ol atlar bilen özbaşdak, aýrybaşga köpeltmek boýunça tohumçylyk işleri geçirilýär. Iňlis atlary köp sanly atlaryň täze tohumlaryny döretmeke ulanylypdyr we häzirki döwürde hem ulanylýar. Olar ýyndamlygyny, beden gurluşynyň aýratynlyklaryny we ýokary işjeňlik ukybyny nesle gowy geçirýär. Şeýlelikde, iňlis aty beýleki tohum atlary gowulandyryjy tohum atlar toparyna girýär.

## ATLARYŇ ÝERLI TOHUMLARY

Dürli geografiki şertlerde ýaşaýan halklar ýerli klimat şertlerine uýgunlaşan atlaryň ýerli tohumlaryny döredipdirler. Ýerli atlary ýaýran ekologiýa - geografiýa şertlerine baglylykda şertli üç topara – sähra, daglyk we tokaý tohumly atlara bölmek bolar.

## SÄHRA ATLARY

Aziýanyň we Gündogar Ýewropanyň sähralyk ýerlerinde ýaşaýan halklar ir döwürlerden başlap at saklapdyrlar, köpeldipdirler. Atlaryň ýerli sähra tohumlary gurak we ýowuz sähra klimatynyň şertlerine, gyşyň garly we gazaply sowugyna, tomsuň jöwzasyna we guran otlary iýmäge uýgunlaşan we çydamlylygy bilen tapawutlanýarlar. Atlaryň sähra tohumlary otuň gowy, bol ösen wagty çalt semräp, howanyň gazaply wagty durkuny saklamaga ukyplydyrlar.

Olar ýognasdan öte ösgün beden gurluşly, örän çydamly we ýerli şertlere gowy uýgunlaşypdyrlar.

Sähra atlary dürli hojalyk işlerde ulanmaga, uzak aralyklara münmäge çydamlydyr. Ýerli ilat olary at eti, baýtal süýdi we gymyz ýaly azyk önümlerini öndürmekde hem giňden peýdalanýarlar.

Syna beden gurluşy boýunça olar öte ösgün, kellesi süňklek we etlek, boýny kelteden ýogyn we etlek, sagrysy ýapgyt, deri örtügi galyň, tüýlek we ýaly, guýrugy ösgün bolýar.

*9-njy maglumatnama*

**Ýerli tohum atlaryň zootehniki häsiýetnamasy**

| Tohumlary | Ortaça ölçegleri baýtallarda, sm | | | | Agramy, kg | Ýaýran ýerleri |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Gerşine çenli beýikligi | Göwresiniň uzynlygy | Döş aýlawy | Injiginiň ýogynlygy | | |
| Sähra tohumlary: | | | | | | |
| Mongol aty | 127 | 134 | 164 | 16,8 | 275 | Mongoliýa |
| Gazak ýabysy | 143 | 149 | 178 | 18,7 | 455 | Gazagystan |
| Adaý aty | 141 | 144 | 172 | 17,6 | 350 | Gazagystan |
| Başgyrt aty | 142 | 147 | 178 | 18,4 | 395 | Başkordostan |
| Daglyk tohumlary: | | | | | | |
| Gyrgyz aty | 137 | 142 | 166 | 17,6 | 370 | Gyrgyzystan |
| Lokaý aty | 140 | 147 | 170 | 18,5 | 400 | Täjigistan |
| Gutsul aty | 132 | 137 | 155 | 16,7 | 310 | Zakarpatýa |
| Tokaý atlary: | | | | | | |
| Ýakut atlary | 134 | 141 | 164 | 17,3 | 364 | Ýakudystan |
| Wýat atlary | 140 | 144 | 160 | 18,0 | 340 | Udmurdystan |
| Polesýe atlary | 132 | 137 | 150 | 18,5 | 280 | Belorussiýa |

**Mongol atlary.** Sähra atlaryna häsiýetli wekillerinden biri bolup, göçüp-gonup ýören mongollaryň çarwa hojalyk şertlerinde emele gelipdir. Olar ýylyň dowamynda gazaply ýalazy öri meýdanlarynda saklanyp, bar bolan otlar bilen oňňut etmäge uýgunlaşypdyr. Ýylyň dowamynda sürüde saklanyp köpeldilýänligi we tebigy seçgi – ejiz, kesel ýa-da çydamlylygy pes atlaryň köpelmegine ýol bermeýänligi sebäpli, olar ownuk-beýikligi ortaça 127 sm, agramy 250 – 300 kg deňdir, olar örän berk we çydamlydyr. Mongol atlary diňe süýdüni sagmak, tutup münmek we soýmak üçin olar ýataga gabalýar. Mongol atlarynyň zootehniki häsiýetnamasy 9-njy maglumatnamada getirilýär. Olar al, akýal, symgylt, jeren, dor, çabdar reňklerde bolýar. Mongol atlary mal bakmakda, mongol sähralarynda müngi ulagy we iň esasy bolsa ýerli ilat olary azyk – et, süýt önümlerini öndürmekde ulanýar, hem-de derisini peýdalanýar.

**Gazak ýabysy.** Gazaklaryň aňyrsy entek V asyrlarda asly sähra atlaryny köpeldipdirler. Ýöne gazak atlaryna dürli döwürlerde goňşy ýurtlaryň atlary: günortadan türkmen atlary, demirgazykdan tokaý atlary, gündogarda mongol atlary öz täsirini ýetiripdirler. Hiç hili goşmaça bede we iým berilmän sowukda, garda ýataga gabalman ýylyň dowamynda örüde köpeldilip saklanmagy, örän çydamly gazak ýaby tohumynyň emele gelmegine öz täsirini ýetiripdir. Gazak atlary dürli klimat şertli, geografiki taýdan giň sähralara ýaýranlygy sebäpli, birnäçe ýerli ekologiki tiplere we uruglara bölünýär. Demirgazyk gazagystanda ýaýran gazak atlaryna rus atlarynyň täsiri ýetipdir. Günçykar Gazagystanda gazak atlaryna altaý tohumly tokaý atlarynyň, mongol atlarynyň täsiri ýetipdir.

Olaryň has köp ýaýrany gazak ýabysy *(56-njy surat)* diýlip atlandyrylýan tohumy Merkezi Gazagystanda Aktýubinsk oblastynda ýaýrap, soňky ýyllarda olar bu ülkäniň hemme ýerlerine hem ýaýraýar. Gazak ýabylarynyň kellesi öte ösgün we etlek, boýny ýogyn we etlek, göwresi giň we çuň, bili giň, sagrysy etlek, aýaklary süňklek, derisi galyň, ýallak we guýruklak atlar bolup esasy reňkleri dor, garamtyl al, seýregräk jeren, syçan, çabdar reňkli atlardyr.



**56-njy surat. Ýaby tohumly gazak aty**

Gazak atlarynyň hereketi – ädimi gysga, gorgun hereketi kelte, öňürdik hereketi gowy ösmedik bolýar. Olaryň arasynda ýorga hereketli atlar köp duşýar. Gazak ýabylary örüde gowy semreýär. Etiniň çykymy 53 – 57, kähalatlarda 60 %-e çenli baryp ýetýär. Gazak tohumly baýtallaryň gije-gündizdäki süýtlüligi 10 – 15 litre çenli baryp ýetýär. Gazak ýabylarynyň iş öndürijiligini, et we süýt önümliligini ýokarlandyrmak maksady bilen olar orlow gorgunly, budýonnyý tohumly atlar bilen öňki soýuz döwründe köpçülikleýin çakyşdyrylypdyr.

Günorta-günbatar Gazagystanda Hazar we Aral deňziniň aralygynda ýaýran adaý tohumly gazak atlary türkmenleriň ýomut atlarynyň täsiri bilen döredilip, ýeňil müngi atlar görnüşli atlardyr. Olar köplenç gyr, dor, al, mele reňklerde duşýar.

## DAGLYK ÝERLI ATLARY

Altaý, Týan-Şan, Kawkaz, Karpat, Pamir ýaly daglyk ýerlerde ýaşaýan halklara ýerli şertlere uýgunlaşan atlar hemişe gerek bolupdyr. Bir wagtlar ol ýerlere düşen sähra atlary daglyk şertlere uýgunlaşyp, atlaryň daglyk tohumlarynyň emele gelmegine täsirini

ýetiripdir. Daglyk tohumlary gelip çykyşy, dürli geografiki şertlerde ýaýranlygy we ulanylyşyna baglylykda syna – sypaty, ownuk-iriligi boýunça biri-birlerinden tapawutlanýar. Olary birleşdirýän zat daglyk ýerlerde ösdürilip ýetişdirilýänligi we müngi ulagy we ýük urup çekmekde ulanylýanlygydyr. Daglyk tohumly atlar müngi ulagy, arkasyna ýük urup daşamakda, tokaý hojalygynda we goşmaça önüm et we süýt öndürmekde ulanylýar. Daglyk atlar ýaz aýlary daglyk öri meýdanlaryny ulanmak, gyş bolsa dag etek öri meýdanlaryny ulanmak bilen saklanylýar we köpeldilýär. Daglyk atlary ýokary belentliklerde döreýän kislorod ýetmezçiligine örän çydamlydyrlar. Ol atlar başyňy aýlaýan daglyk ýodalarda deňagramlylygyny ýitirmän ýöremäge ukyply we örän habardar hereketde ýöreýär.

Daglyk tohumly atlara degişli maglumatlar 8-nji maglumatnamada getirilýär.

**Gyrgyz atlary** 2000 – 3000 m beýiklikdäki daglyk örülerde ösdürilip ýetişdirilmäge öwrenişipdirler. Gyrgyz atlary gazak ýabylary bilen deňeşdirilende syna – sypaty boýunça müngi atlaryna çalymdaşdyrlar. Týan-Şan daglyk ýerlerde ýaýran gyrgyz atlarynyň göwresi kiçi (beýikligi 132 – 135 sm) we inçe atlardyr. Çuý we Talas jülgelerinde atlaryň boýy 139 sm-e çenli ýetýär. Gyrgyz atlary giç ýetişýär 5 – 6 ýaşlaryna çenli ösýär, agramy ortaça 350 kg. 4000 m beýiklikdäki daglyk öri meýdanlarda gyşyn-ýazyn oňup bilýär, köpelýär we önüm berýär. Gyrgyz atlary mal bakmakda, müngi we arkasyna göterip ýük ulagy hökmünde giňden peýdalanylýar. Ýerli ilat gyrgyz atlaryny et öndürmekde, baýtallaryň süýdüni sagyp gymyz taýýarlamakda ulanýar. Baýtallar ýeterlik derejede süýtlüligi (taýynyň emeninden daşgary günde 5 – 6 litr) bilen tapawutlanýar.

**Lokaý atlary.** Lokaý atlary Täjigistanda we Demirgazyk Owganystanda ýaýrapdyr. Lokaý atlarynyň emele gelmeginde ownuk daglyk ýerli atlaryň Orta Aziýada bar bolan garabaýyr we az derejede ýomut we arap atlary bilen çakyşdyrylmagy öz täsirini ýetiripdir. Lokaý atlarynyň kemala gelmegine nesil we tebigy şertlerden daşgary, täjikleriň arasynda giňden ýaýran“kop-kar” – gök böri milli at üstündäki oýny hem, deňagramly nerw gurluşly, ýuwaşdan batyr-

gaý hereketli atlar bolmagyna kömek edipdir. Ol atlaryň berk bedenli, güýçli we ýyndam bolmagyna, örüde saklanyp köpeldilişi, müngi we ýük urulýan gowy lokaý atlarynyň döredilmegine ýardam edipdir. Täjigistanyň we Owganystanyň daglyk ýerlerinde lokaý atlary dürli hojalyk işlerde ulanylýar. Olar 60 – 70 kg ýük bilen günde 75 – 80 km ýol geçip bilýär. Başyňy aýlandyrýan daglyk ýodalarda ol atlar öz deňagramlylygyny gowy saklaýar, batyrgaý hereket edýär. Lokaý atynyň ädim, ýöriş hereketleri gowy ösen, ýorga meňzeş aýratyn bir çalasyndan ýöriş “gybyrdyklama” hereketleri bilen tapawutlanýar. Täjigistanda lokaý atlarynyň hilini gowulandyrmak boýunça tohumçylyk işleri alnyp barylýar.

## TOKAÝ ATLARY

Russiýanyň demirgazyk raýonlarynyň uly giňişliklerinde ýaýrapdyr. Tokaý atlarynyň idedilişi we saklanylyşy sähra we daglyk atlardan tapawutlylykda, olar tomsuna derýalaryň kenarlarynda, tokaýlaryň arasynda başyna kowlup bakylýar we hiç hili işlerde ulanylmaýar diýen ýalydyr. Gyş aýlary olar bassyrmalarda saklanyp meýdan otundan taýýarlanylan bede bilen iýmitlendirilýär. Tokaý atlary ýerli sowuk klimata uýgunlaşan bolup galyň garyň aşagyny peşäp özüne ot tapmaga we otlamaga ukyplydyr. Olaryň uzyn örtük tüýleri we olaryň arasyndaky ýumşak gytyk tüýleri gyşyna sowukdan, tomsuna çybyn-çirkeýlerden goranmaga kömek edýär.Ýaly, guýrugy we maňlaý saçy örän ösgün bolup, tomsuna gan sorujy mör-möjeklerden, çybyn-çirkeýlerden goranmaga komek edýär. Tokaý atlary tomsuna gök otuň bol ösýän wagty galyň derisiniň astynda ýag gatlagyny beklemäge ukyplydyrlar. Ol atlaryň esasy reňkleri jeren, syçan we kül reňkli bolýar. Arasynda alabeder ala atlar hem duşýar. Tokaý atlarynyň ählisi diýen ýaly gyş aýlary typjak araba goşulyp reňkli metallaryň magdan känleriniň gazylyp alynýan ýerlerinde, agaç ýatyrylýan ýerlerde ýük çekmekde, poçta aragatnaşygynda ulanylýar.

Tokaý atlarynyň wekillerinden ýakut atlary iň ownugy bolsa-da olaryň göwresiniň gurluşy giň we örän ýognas, gursagy giň, aýaklary

süňklek we keltedir. Ýakut atlarynyň tüý örtügi örän gür we ösgün bolup 7 – 8 sm-e çenli ýetýär. Esasy reňkleri gyr, çal, mele we syçan reňkli bolýar. Ýakut atlary almaz, altyn magdan känleriniň gazylyp alynýan ýerlerinde typançak araba goşmakda, arkasyna ýük urup çekmekde ulanylýar. Arabalary süýreýän ýakut atlary 300 – 350 kg ýüki bilen günde 50 km ýoly arkaýyn geçýär. Arkasynda 80 – 100 kg ýük göterip günde 100 km ýol geçip bilýär. Ýakut atlary ýylyň dowamynda örüde saklanyp möwsümleýin köpeldilmäge uýgunlaşypdyrlar, sowga dözümli, tomusda, güýzde örüde bakylanda gowy semreýär. Etiniň çykymy 58 – 63 %-e çenli, gije-gündizdäki süýtlüligi 6 – 8 litre ýetýär.

## GORGUNLY TOHUMLAR

Gorgunly tohum atlaryň döredilmegine XVIII asyrlarda Ýewropa ýurtlarynyň şäherlerinde we şäherara gatnawlarynda ýeňil arabalara – paýtunlara goşup (barly adamlar, dworýanlar) gezer ýaly ulag, çalasyn hereketli atlaryň gerekligi ýüze çykýar. Şonuň ýaly gorgun hereketli paýtunlara goşulýan at tohumy ilki Angliýada norfol gorgunly tohumy döredilýär. Ýöne norfol tohumy kän bir ýaýramaýar. paýtun araba goşulýan iň gowy at Russiýada döredilýär. Gorgunly tohum diýlip 1 km aralygy gorgun hereketde 2 minutdan köp bolmadyk wagtda ýeňil iki tigirli arabajyk bilen geçse, diňe şeýle atlar gorgunly tohumy hasap edilýär. Gorgunly atlara Russiýada orlow, fransuz, amerikan ýöriteleşdirilen gorgunly tohum atlar girýär. Gorgunly atlar göwresiniň ululygy boýunça müngi atlardan pes däldirler. Olar gorgun hereketinde örän çalt ylgaýarlar. Öňki döwürlerde gorgunly atlar ýeňil paýtunlara goşmak bilen gurply adamlary gatnadyjy ulag serişdesi bolup hyzmat edipdir. Häzirki döwürde gorgunly atlar daşary ýurt aýlawlarynda ýeňil iki tigirli arabajyklara goşulyp, olaryň arasynda gorgunyna ylgaw ýaryşlary geçirilýär.

Orlow gorgunly tohumy XVIII asyrda Russiýada üç at goşulan ýapyk paýtunlara goşmak üçin graf Orlow we onuň atbakary Şişkin tarapyndan Orlowyň mülkünde Hrenowo atçylyk athanasynda döredilýär. Orlow tohumynyň döredilmeginiň başyny başlan Smetanka atly arap

atyny daniýa baýtaly bilen çakyşdyryp Polkan I diýen gyr aty alýarlar. Soňra Polkan 1 golland gorgun tohumly baýtala çakyşdyryp alnan Bars I atly gyr at orlow tohumynyň nesilbaşysy hasaplanýar. Onuň ajaýyp syna beden gurluşy, durnukly gorgun hereketi, şol döwrüň talabyny doly kanagatlandyrypdyr. Talaby kanagatlandyrmaýan atlar graf Orlowyň hut özi tarapyndan hatardan çykarylyp, tohum galdyrmaz ýaly biçilipdir. Orlow gorgunly atlaryň synasy ýerbe-ýer, kellesi guraksydan uly, owadan egrelen “guw” boýunly, sagrysy ýeterlik uly we kuwwatly bolýar. Bakany kelte, gyllawy ösgün we esasy reňkleri gyr, gara, seýrek al reňkli bolýar. Göwresiniň esasy ölçegleri baýtallarda: 158 – 160 – 180 – 19,8 sm-e deňdir *(57-nji surat).*



**57-nji surat.**
**Russiýanyň orlow gorgunly tohumyndan bolan at**

Orlow atlary geçen asyrlarda rus üç at goşulýan kareta paýtunlara goşulyp, barly adamlar üçin esasy aragatnaşyk ulag serişdesi bolup giňden ulanylypdyr. Gyş aýlary typanjak paýtunlara goşulyp orlow atlary häzirki döwürdede medeni çärelerde giňden ulanylýar. Orlow atlary belli-belli ugurlar boýunça köpeldilýär.

## AGYR ÝÜK ÇEKÝÄN ATLAR

Agyr ýük çekýän atlar göwresiniň agyr we ululygy, ýognaslygy bilen tapawutlanyp, olaryň esasy hereketi ýörişdir. XX asyryň ortalaryna çenli ädimläp ýöreýän agyr ýük çekýän atlar arabalara goşup agyr ýükleri çekmekde, oba hojalygynda sürüm işlerde, hasyl ýygnamakda, senagatda agyr ýükleri çekmekde ulag serişdesi hökmünde giňden ulanylypdyr.

Agyr ýük çekýän atlar XVIII – XIX asyrlarda kapitalizmiň ösmegi bilen baglanyşykly, oba hojalygynyň ösmegine bolan talaby kanagatlandyrmak üçin Fransiýada perşeron, Belgiýada arden we brabanson, Angliýada şaýr we kleýdestal ýaly tohumlary döredilipdir. Perşeron tohumy iş aty hokmünde dünýäniň köp ýurtlaryna, şol sanda Amerikanyň birleşen ştatlaryna, Russiýa ýaýraýar.



**58-nji surat.**
**Agyr ýük çekýän atlaryň Russiýada döredilen wladimir tohumy**

Soňra Russiýada brabanson atlary bilen atlaryň ýerli tohumlaryny çakyşdyryp söwet agyr ýük çekýän tohumy, kleýdestal atlaryň kömegi bilen wladimir agyr ýük çekýän *(58-nji surat)* atlary we Belgiýanyň arden tohumynyň gatnaşmagynda rus agyr ýük çekýän at tohumlary döredilýär.

## VII bölüm

# Atlaryň köpelişi

Atçylykda esasy meseleleriň biri olaryň hilini gowulandyrmak, baş sanyny artdyrmak bolup, ol hem ýeterlik mukdarda köp we hil taýdan gowy taýlary almak we ösdürip ýetişdirmek bolup durýar. Şonuň üçin her bir höwre goýberilýän ene baýtaldan ýylda bir taý almaga çalyşmaly bolýar.

Atlaryň köpeldilişi, esasan, üç basgançakdan: höwre çekmäge we gulunlamaga ýaramly baýtallary höwre çekip, olaryň doly bogazlygyny gazanmakdan, gulunlatmakdan we taýlary ösdürip ýetişdirmekden ybarat bolup durýar.

Bu meseleler atlaryň we baýtallaryň köpelişiniň biologiýasyny hünärmenleriň gowy bilmegini, höwre goýmagyň tilsimlerini we usullaryny, taýlary ösdürip ýetişdirmegiň tehnologiýasyny berjaý etmekligi talap edýär.

### BAÝTALLARYŇ KÖPELIŞ – BIOLOGIK AÝRATYNLYKLARY

At tohumlarynyň medenileşdirilen derejesine, geografik taýdan ýaýraýşyna baglylykda baýtallaryň jyns taýdan oýanmasy ýylyň dowamynda we möwsümleýin bolup biler. Günbatar Ýewropanyň ýumşak klimatynda köpeldilýän baýtallarda jyns oýanmasy hemişe diýen ýaly gaýtalanyp, ýylyň dowamynda taý almaklyga mümkinçilik döredýär. Ýyl boýuna örüde saklanyp ýetişdirilýän sähra, dag we tokaý tohumly baýtallarda jyns oýanmasy möwsümleýin bolup, ýylyň bahar paslynda höwre gelip, soňra gök otlaryň çykýan döwürleri gulunlaýarlar. Türkmenistanyň şertlerinde ahalteke we ýomut atlary hem möwsümleýin köpeldilýär. Jyns oýanmasy, deme gelmek we demdeliginiň dowamlylygy, jyns oýanmasynyň gaýtalanyş döwrini bilmeklik, atlary köpeltmegiň tehnologiýasynyň ylmy esasy bolup, onuň netijeliligini artyrmaga kömek edýär. Beýleki oba hojalyk mallary bilen deňeşdirende baýtallaryň jyns oýanmasy döwri uzaga çekýär we netijeli höwre goýmagy kynlaşdyrýar. Baýtallaryň deme

gelip onuň ýumurtgalygynda (pyşdalygynda) ýumurtgajygyň ýetişip ýumurtgalykdan ýarylyp çykmagynyň uzaga çekmegi, baýtalyň gysyr galmagyna ýa-da gaýtalap deme gelmegine getirip biler. Baýtalyň ýumurtgalygynda, köplenç, diňe bir ýumurtga düwünçegi doly ýetişýär. Galanlary düwüp başlasalar-da ösmeýär we soňra yzyna sorulýar. Bardy-geldi iki ýumurtgajyk ýetişip iki ýumurtgajyk ýumurtga geçirijä düşüp ekiz düwse, baýtal ol düwünçekleri iç taşlaýar.

**Deme gelmek** – baýtalyň jyns taýdan oýanyp, üstüne at bökende durup bogaz bolmaga ukyply möwritidir. Jyns oýanmasyna baýtallarda deme gelmek diýilýär. Ol içki sekresiýa – gipofiz mäzleriniň gormonlarynyň we nerw ulgamynyň täsiri bilen, ýumurtgalykda duwunçegiň ýetişmegi we jyns oýanmasynyň ýüze çykmagy bilen bolup geçýär.

Deme gelmegiň dowamlylygy, gaýtalanyş döwri, ýumurtgalykda ýumurtgajygyň emele gelip, onuň ýarylyp ýumurtgajygyň ýumurtga geçirijiniň üsti bilen ýatgynyň ganatyna düşmegi we tohumlanmagy, we baýtalyň **ýygylmagy** çylşyrymly biologiki pursatlardyr. Baýtalyň deme geliş döwri orta hasapdan 6 güne çekip haýsy günde we haýsy sagatlarda pursadynyň bolup geçýänligini bilip bolmaýar. Ýumurtgajygyň tohumlanmagy ol bölünip çykandan soň 5 – 6 sagadyň dowamynda bolup geçýänligi bellidir.

Deme gelmek ýumurtgalykda ýumurtgajygyň ösüp ýetişýän döwründen jyns refleksiniň oýanmagy bilen ýüze çykýar. Demdäki baýtallar tiz-tiz peşewleýär, ak etini hetjikledýär, ýygy-ýygydan kişňeýär, özi atyň ýanyna barýar, at bilen ysyrganyşýar, ondan gorkmaýar. Ýaş gysraklarda we gysyr galan baýtallarda deme gelmek alamatlary gowşagrak ýüze çykyp we deme gelmek gaýtalanyş döwri birneme uzaga çekýär.

Baýtallaryň saklanylyşy we iýmitlendirilişi – witaminli gök otlar, ýumurtga, kepek (E witamini saklaýar) baýtalyň deme gelmegine uly täsir edýär.Tohum atçylykda kömekçi barlaýjy atyň kömegi bilen baýtallaryň demde ýa-da demde däldigini barlap durmak, ýagny baýtallara at görkezip durmak, olaryň deme gelmek refleksiniň oýanmagyna we çalt deme gelmegine ýardam edýär.

Baýtallarda tohumlanyp ýatga düşüp ösmäge taýýar düwünçek ýatgynyň diwaryna çala ýapyşýar we bogazlygyň ilkinji günleri we

aýy, dürli sebäplere görä (baýtal ürkse, depişse we ş.m.) baýtalyň tohumlanan düwünçegi bilniksiz atmagyna getirmegi mümkin.

Baýtallaryň jyns döwri beýleki oba hojalyk mallary bilen deňeşdirilende möwsümleýindir. Türkmenistanyň şertlerinde höwür we gulunlama möwsümleri fewral – maý aýlary aralygyna gabat gelýär. Idegi gowy bolanda baýtallaryň deme gelmek döwri gysgalýar. Ýöne tomus yssy düşenden soň doglan taýlaryň ösüşden galmagy mümkin, giçki taýlar yssyda örä çykarylsa öýkenlegiç bolýar, üstesine-de tomsuň yssysynda baýtallaryň süýdi azalýar. Höwür möwsüminiň uzaga iýun, iýul aýlaryna çekdirilmegi taý almak möwsümiň geljek ýylda hem yza tesmegine getirýär. Türkmenistanda atlar we baýtallar athanalarda saklanyp, taýly baýtallary saklamaga hemme şertler döredilen ýagdaýlarda, höwür we gulunlama möwsümini 15-nji ýanwardan başlap, maý aýynyň başyna gutarsaň gowudyr. Uly bolmadyk hususy hojalyklaryň baýtal sürüleri örüde saklanylanda, höwür möwsümini Gün gyzyp başlansoň, mart aýynyň ortalaryndan maý aýynyň ortalaryna çenli we diňe bellenilen we sürüde gezmäge öwrenen atlary ulanmak bilen sürä at goýberip, örüde höwre goýmak bolar.

Baýtallar gulunlandan soňra idedilişine görä 6 – 16 gün aralygynda deme gelýär. Deme gelmeginiň alamatlarynyň biri-de baýtalyň süýdi bozulyp, taýynyň iç geçmesidir. Taýly baýtallaryň birinji deme geliş döwri güýçli bolup, ol az wagt 2 – 3 gün dowam edýär. Şonda, wagtynda höwre goýsaň, baýtal aňsat ýygylýar. Sebäbi, olaryň ýatgysy taý ösdürip ýetişdirmäge taýýar bolýar. Şonuň üçin gulunlan baýtallary bäş günden soň her gün demde ýa-da däldigini kömekçi barlaýjy atyň komegi bilen barlap durmaly. Eger deme gelse, sypdyrman bellenilen höwür ata höwre goýmaly. Ikinji gezek 24 sagatdan soň ýene-de ata çekmeli we baýtal tä ýygylýança ata görkezmeli. Ýygylmagyň alamaty – baýtal ýanyna höwür aty goýbermeýär, gypjyynyp depýär, kowýar.

## JYNS SIKLI

Baýtal demden çykyp ýygylmasa 20 – 23 günden ýene-de gaýtalap deme gelýär. Şeýlelikde, arasynda baýtalyň jyns taýdan dynçlygy ortaça 15 – 16 güne barabar bolýar. Jýns oýanmasy – deme geliş döw-

ri 5 – 7 gün dowam edip, käbir baýtallarda 2 – 3 güne we beýlekilerinde 12 güne çenli dowam etmegi mümkin. Deme gelmek döwrüniň has uzalmagy we baýtalyň netijeli demden çykmazlygy, jyns organynyň keselliginiň alamaty bolup biler. Şonuň ýaly halatlarda baýtaly weterinar barlagdan geçirip, jyns we ýatgy kesellerine barlatmaly we gerek bolsa bejertmeli bolýar.

Baýtaly netijeli höwre goýmak üçin, aýratynam, ýaş baýtallary we ýylyň-ýylyna gysyr galýan baýtallaryň ýumurtgalygynyň ýagdaýy rektal usulda barlamak bilen anyklanmalydyr. Ýumurtgalygyň we ýumurtgajygyň ulalyşyny rektal barlamak, baýtaly emeli usulda tohumlandyrylanda we elin höwre goýlanda-da bogaz bolmagynyň netijeliligini artdyrýar. Bu usul ýumurtgalykda ýumurtgajygyň dört ösüş basgançaklaryny anyklamaga we ýumurtgajygyň ýetişiş pursatlaryny anyklamaga we wagtynda höwre goýmaga mümkinçilik berýär.

Birinji basgançak – emele gelýan ýeri dykyzdan maýyşgak, 2 – 3 sm ölçegde, daşky örtük gatlagy galyň we üstünden barmak bilen ýeňilden basanyňda mylkyldamaýar.

Ikinji basgançak – emele gelýan ýeri dykyzdan ýumşak 4 – 6 sm ölçeglerde, üstünden barmak bilen ýeňil basanyňda mylkyldaýar. Baýtaly iki sagadyň içinde ata çekip höwürlendirmek ýa-da emeli usulda tohumlandyrmak maslahat berilýär.

Üçünji basgançak – emele gelýan ýeri has ýumşak, ululygy, göwrümi ikinji fazadaky ýaly, daşky örtügi ýumşak we gowy mylkyldaýar. Baýtaly eglemän ata çekmeli.

Dördünji basgançak – emele gelýan ýeri ýarylyp owulýasyýa geçipdir. Diwarlary gowşak, ýuwaşlyk bilen basanyňda kiçelýär. Follikulanyň ösen ýeri oýugrak we gatlagrak bolup, ýuwaşdan barmak bilen basanyňda mylkyldamaýar. Owulýasiýa geçenden soň baýtaly tohumlandyrmak gerek däl. Pyşdalygyň owulýasiýa geçen ýerinde saryten içki mäzi emele gelýär. Ol gapdalyndan gysylan şara meňzeş 7 – 8 sm ölçegde bolup, onuň bölüp çykarýan progesteron gormony täze ýumurtgajygyň emele gelmeginiň öňüni alýar.

## ATLARYŇ WE BAÝTALLARYŇ JYNS TAÝDAN ÝETIŞENLIGI WE HÖWÜRDE ULANMAGYŇ MÖHLETLERI

Jyns kämilligi taýlara gowy seredilende gysraklarda 1 – 2 ýaş aralygynda we at taýlarda 2 – 3 ýaşlaryna ýetişýär. Ýöne agzalan ýaşlarda olary höwürde ulanmak bolmaýar, höwürden çykmagyna-da ýol bermeli däl. Tohum atçylykda, şol sanda ahalteke we ýomut atçylygynda gysraklary 4 ýaşyndan höwre goýbermäge we atlary 5 – 6 ýaşynda höwürde ulanyp başlamak maslahat berilýär.

Müngi tohumly atlarda baýtallary 16 – 18 ýaşyna çenli we höwür atlary 18 – 20 ýaşlaryna çenli ulanmak bolar. Gowy nesil taýlary berýän naýbaşy atlary we baýtallary nesil bermeden galýança uzak wagtlap höwürde ulanmak maslahat berilýär. Gammar atly ahalteke aty tä garrap 29 ýaşaýança gowy taýlary berdi.Ylmy çeşmelerde baýtallar we atlar hil taýdan iň gowy nesil taýlary 7 – 12 ýaş aralygynda berýär diýlip hasaplanylýar.

## HÖWÜR MÖWSÜMINE TAÝÝARLYK IŞLERI

Höwür möwsümine azyndan iki aý öňünden taýýarlyk işleri başlanmalydyr. Köpeltmäge bellenilen ene baýtallary we höwür atlary hojalygyň zooweterinar gullugy öňünden gözden geçirmelidirler. Atlar we baýtallar jyns we ýokanç kesellere barlanylmalydyr. Keselli atlar ýüze çyksa olary bejertmeli bolýar. Hojalykda şu ýyl höwürde ulanylmaga niýetlenen atlary, taý berijiligi we nesliniň hili boýunça barlanylan we şonuň ýaly-da birinji gezek höwre goýberilýän atlary öňünden anyklamaly.Tohum atçylykda ene baýtallary höwür atlara jübütleşdirmegiň “Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň tohumçylyk gullugy bilen ylalaşylan meýilnamasy, atçy hünärmenler tarapyndan düzülip, ony atçylyk hojalygyň ýolbaşçysy tassyklamalydyr. Şonda, baýtallar sürüde höwre goýulýan bolsa, sürüde gezmäge öwrenen atlara haýsy baýtallaryň höwürlendirmäge berkidilendigini öňünden anyklamaly, baýtallaryň toýnaklary ösen bolsa gyrkyp arassalamaly bolýar.

Höwür möwsümine azyndan bir aý öňünden höwür atlaryň iýmitlendiriş paýyny köpeldip, olary goşmaça ýumurtga, käşir, balyk ýagy ýaly güýçlendirilen ýokumly maddalara we witaminlere baý iýmitler bilen iýmitlendirmeli. Höwür atlary her gün 30 – 40 min münüp gezim bermeli. Gezdirmäge mümkinçilik bolmadyk ýagdaýlarda, günde 1 sagat atlar aýagyny ýazar ýaly daşaryk gezim meýdança, howla goýberilmelidir.

Höwür möwsümi başlanmanka atlaryň tohumynyň hilini barlamaly. Atlar bir gezek bökende bölüp çykarýan tohumynyň (eýakulýatyň) göwrümi 15 millilitrden 120 millilitre çenli bolýar. 1 ml tohumda bolsa 200-den 400 mln çenli janly we hereketli tohumjagazlar (sprematazoid) bolýar. Atyň tohumynyň hili 1 ml göwrümde tohumjyklaryň sany ýa-da gürlügi, ugrukdyrylan hereketi, göwrümi, reňki bilen kesgitlenilýär. Tohumyň göwrümi belleklenen ölçeg çüýşe gabyň kömegi bilen anyklanylýar. Tohumyň gürlügi Gorýaýewiň hasaplaýjy kamerasynyň kömegi bilen mikroskopda sanalýar. Şeýlelikde, 500 mln/ml bolsa gür, 300 – 400 mln aralyk we 250 mln ml. bolsa tohum seýrek hasaplanylýar. Tohumjyklaryň birtaraplaýyn ugrukdyrylan yzygider hereketi 0,1 – 1 çenli bal bahalarda kesgitlenilýär. Daşky görnüşi boýunça gowy tohum çalymtyk süýt reňkli, yssyz bolýar.

## HÖWRE GOÝMAGYŇ USULLARY

Atçylykda, şol sanda Türkmenistanyň atçylyk pudagynda baýtallary höwre goýmagyň üç usuly ýaýrandyr. Atlar athanalarda saklanylýan hojalyklarda elde ýa-da elin höwre goýmak esasy usul bolup, baýtallaryň demdeligi kömekçi atyň kömegi bilen (ýa-da rektal usulda) anyklanylýar. Kömekçi at bilen barlanylýan baýtallaryň demdeligi ýa-da demde däldigi we demdäki baýtallaryň bellenilen höwür ata höwre goýlan günleriniň ýazgy hasabaty, ýörite depderçede hojalygyň zootehnigi we atbakarlar tarapyndan ýöredilmelidir. Baýtalyň demdeligi kömekçi atyň kömegi bilen anyklanandan soň, ol demde bolsa ony ertesi güni ata çekip höwürlendirmeli. Ata çekmezden öň baýtalyň guýrugy çolaşyp durmaz ýaly, jübtekläp onuň düýbünden hasa mata

bilen saramaly. Höwre goýmak ýörite bellenilen meýdançada ýa-da manežde geçirilýär. Meýilnama boýunça şol baýtala jübütleşdirmäge bellenen aty, iki sany atbakar iki tarapyndan rişmesine dańlan uzyn ýüpde idip getirýär. Elde tutulyp durlan baýtala höwür aty çekmeli. Birinji gezek synanyşykda ata çekmek başartmasa 15 – 20 minut aty idekläp, aýlaşdyryp getirip baýtala çekmeli. Jyns gatnaşygy kadaly geçende atlaryň tohum bölüp çykarýan pursady birnäçe gezek guýrugyny tirpildedip gymyldadýar. Baýtal taýly bolsa taýyny enesi görer ýaly ýerde bir adam ýörite saklap durmaly. Jyns gatnaşygy şowly geçensoň baýtaly ýeňiljek gezdirip ýatagyna salmaly. Ertesi güni ýene-de şol wagt baýtaly gaýtalap höwre çekmeli, ýygylmasa üçünji güni ýene-de höwre çekmeli. Baýtal ýygylsa, eýýäm ol höwür aty ýanyna goýbermeýär.

Elin höwre goýlanda ýaş atlara 12 – 15 baýtal we uly ýaşar atlara 35 – 40 baýtal höwre bellemek bolar.

Ýatakda höwre goýlanda bellibir ata bellenilen baýtal toparyna, irden 1,5 – 2 sagat we öýlän 1 sagat bellenilen aty ýatakdaky baýtallaryň arasyna goýbermeli. Deme gelen baýtaly atyň özi tapýar we demden çykarýar. Bir – iki gezek baýtala bökenden soň aty tutup aýyrmaly, baýtallary bolsa bakmaga örä çykarmak bolar. Atbakar atyň haýsy günde haýsy baýtala bökenligini ýörite depderçede bellige almalydyr. Bu usul bilen möwsümde 30 – 35 baýtaly höwürden çykarmak bolar.

Tohum atlary medenileşdirilen usulda örüde saklap sürüde höwre goýmak üçin 12 – 15 baş saýlanylyp bellenilen baýtal sürüsine, jübütleşdirme meýilnamasy boýunça bellenen höwür at goýberilýär. Höwür at sürini bakýar, deme gelen baýtallary özi tapýar we demden çykarýar. Bu usulda baýtallaryň bogaz bolmagynyň netijeliligi ýokary bolýar. Ýöne höwür atlara agram düşýär, olar köp ylgaýar, käbir baýtala köp gezek bökýär. Şonda, höwür atlary tutup gijelerine ýatakda saklap, goşmaça iýmitendirmek gerek bolýar.

Emeli usulda tohumlandyrmagyň gowy tarapy ýokary derejeli naýbaşy atlaryň tohumy bilen köp sanly baýtaly tohumlandyrmak bolar. Bu usul ýokanç we jyns keselleriň ýaýramagynyň öňüni alýar. Naýbaşy derejeli gowy atlaryň tohumyny suwuk azotda çuňňur doňdurmak bilen olary köp ýyllap saklamak bolýar. Bu bolsa atyň to-

humyny birnäçe ýyldan soň gerek wagty emeli usulda tohumlandyrmak üçin ulanmaga mümkinçilik berýär. Gynansak-da Türkmenistanda baýtallary emeli usulda tohumlandyrmak häzirki güne çenli önümçilige ornaşdyrylman gelýär.

## BAÝTALLARYŇ BOGAZ – GYSYRLYGYNY BARLAMAK

Tohum atçylykda baýtallaryň gysyr galmagynyň öňüni almak wajyp meseleleriň biridir. Bogaz baýtallaryň işdäsi açyk, endamy suwly bolýar, daşyndan seredeniňde gurat görünýär, ýörände habardar hereketlenýär. 6 aýlyk bogazlygyndan başlap baýtalyň bogazlygy daşyndan gowy bildirip başlaýar, garnynyň göwrümi mese-mälim ulalýar. Yzyndan seredeniňde 5 – 6 aýlyk bogaz baýtalyň garnynyň çep tarapy daş tarapa çykybrak bildirip durýar. Bogaz baýtalyň garnyndaky taýyň gymyldysy, ýagny bogazlygy ertir iýmitlendirilmezinden ozal baýtal suwa ýakylandan soň diňlenilse gowy bildirýär.

Taýyň gymyldysyny bilmek üçin baýtalyň çep tarapynda durup ýeňsäňi onuň kellesine tarap öwrüp, çep eliňi baýtalyň ýagyrnysyna goýup, sag eliň bilen çep tarapdan göbegi bilen ýelniň arasyndaky ugry çalaja sypamak gerek. Şonda bogaz baýtalyň garnyndaky taý tiz hereketlenmäge başlaýar we bu hereketi sag eliň gowy duýýar.

Ýokary derejeli tohum baýtallaryň gysyr galmagynyň öňüni almak üçin bogazlygynyň ilkinji döwründe bogaz – gysyrlygyny anyklamaly bolýar. Baýtalyň bogazlygyny kesgitlemegiň birnäçe usuly bar.

Rektal usulda 30 – 35 günlük bogazlygyndan başlap bogaz – gysyrlygyny anyklamak bolar. Bu usul ýatgynyň we düwünçegiň ulalyp ýognamagyna esaslanandyr. Barlamazdan öňürti baýtaly 8 – 10 sagat aç saklamaly. Dogry içegäniň üsti bilen eliň bilen barlanyňda ýatgynyň esasy bölegi ýognan bolup eliňe bildirýär we ýatgy togalagrak görnüşde hem-de aşagrak süýşen bolýar. Baýtalyň ýatgysynda ösüp barýan miwe taýyň we eşeniň agralmagy bilen, ýatgy kem-kemden aşak sallanmaga başlaýar we bogaz bolmagynyň 100 – 120-nji günlügine çenli miwe taý garyn boşlugynyň düýbünde ýerleşýär.

Bogazlygynyň irki möhletlerinde waginal usulda bogazlygyny barlamak baýtalyň ak etini haçça gözenek bilen açyp, onuň nemi

boýunça nemlik alyp, mikroskopda barlamak bilen geçirilýär. Bogaz baýtallarda 30 günlük bogazlygyndan başlap ak eti ýapyşyp durýar, nemi şepbeşip diwary we ýatgynyň boýny guraksy, görnüşi konus şekilli saga ýa-da çepe gyşaran, reňki solak, nemi sapak ýaly uzyn sozulýar. Gysyr baýtallaryň nemliginiň nemi suwjumak we çala bulanygrak bolýar. Baýtalyň 10 – 12 günlük bogazlygynda ak etiniň nemli bardasyndan nem alyp mikroskopda barlanylanda şar şekilli deri öýjükleri peýda bolýar. Gysyr baýtallarda ol öýjükler bolmaýar.

Gormonal usulda barlanylanda 40 – 120 günlük bogazlygy aralygynda baýtallaryň ganynda (gan syworotkasynda) ýumurtgalygy oýandyryjy gonadatrop gormonlar peýda bolýar. Ganyň syworotkasyny barlag syçanlara sanjyp, ol syçanlaryň ýumurtgalygy we ýatgysynyň ulalýanlygynyň esasynda baýtalyň bogazlygyny kesgitlemek bolar. Biologiýa senagatynda bogaz baýtallaryň 40 – 120 gün bogazlygynda ganyndan alynýan gan syworotkasy, oba hojalyk mallarynyň nesil berijiligini artyrmakda hem ulanylýar.

## BAÝTALLARYŇ BOGAZLYGY

Baýtalyň bogazlygy uzak wagta çekýän çylşyrymly fiziologiki prosesdir. Onuň has çylşyrymly döwri bogazlygyň biriniji ýarymydyr. Taýyň ösüşiniň ortaça dowamlylygy ýa-da baýtalyň bogazlygy ortaça 335 güne deň hasaplanýar. A.S.Krasnikow baýtalyň bogazlygy 310 günden 370 gün aralygy bolup biler diýip belleýär. At taýçanaklar gysrak taýlara seredeniňde enesiniň garnynda bir hepdä golaý artyk ösýär. Baýtallaryň bogazlygynyň dowamlylygy olaryň idedilişine we iýmitlendirilişine, tohumyna we aýrybaşga (indiwidual) häsiýetlerine baglylykda üýtgäp biler. Iş tejribede bogazlygyň dowamlylygy baýtalyň iýmitlendirilişine köp bagly bolýar. Ýerli tohumly baýtallaryň bogazlygy uzaga çekýär, medeni zawod tohumly baýtallaryň bogazlygy gysgarak bolýar.Ýatgydaky miwe taý bilen enesiniň arabaglanyşygy eşeniň üsti bilen geçýär. Ol göbegiň üsti bilen taýy iýmit bilen üpjün edýär, zyýanly maddalary süzüp miwä tarap geçirmeýär. Bogaz baýtallarda ganyň uýamak pursady ýokarlanýar, toýnak buýnuzy deň däl ösmek ýaly hadysalar ýüze çykýar.

## GULUNLAMAK

Baýtallaryň gulunlama möwsümine öňünden taýýarlyk görmeli. Höwre goýmak depderdäki ýazgynyň esasynda baýtalyň soňky höwre goýlan gününe 335 gün goşup bogazlyk kalendaryny düzmeli. Gulunlamagyna iki hepde galanda bogaz baýtaly gözegçilikde saklamaly we bir hepde öňünden agyr bogaz ýellän baýtaly arassa, aşagyna ýumşak agaç ýonuşgasy ýa-da saman düşelen giň, meýdany 16 inedördül metrden az bolmadyk teblehana geçirmeli. Iýmitini azaltmaly ýa-da iýmini kesmeli we öňüne gowy bede dökmeli.

Gulunlamazdan öňürti baýtal ýelleýär, ýataklap başlaýar, emziginiň ujunda owuz süýdi peýda bolýar. Baýtallar kadaly şertlerde idedilip saklanylanda, köplenç, gijesine 20 – 35 minutyň dowamynda gulunlaýar *(59-njy surat)*.




**59-njy surat.Ýatgyda taýýň ýatyşy.**

**1 we 3 – taýýň ýatgyda kadaly ýatyşy we kadaly gulunlamasy; 2 – ters gelmek.**
**a – göni içege; b – ýatgy; ç – eşen; d – peşew haltasy**

Taý doglandan soň 6 sagadyň dowamynda eşeni gaçýar. Taý perdeli dogulsa eglemän perdesini ýyrtmaly. Göbeginiň özi üzülýär, üzülmese 10 – 12 sm uzynlykdan kesip sapak bilen daňmaly we 5% ýod bilen ýakmaly. Taýyň agzy-burnuny polotensa bilen süpürmeli. Baýtalyň ýelnini hem süpürmeli we taýy enesini emmäge goýmaly, emip bilmese kömek edip emdirtmeli. Taýlar enesinden 38 – 45 kg agramda dogulýar. Gulunlan baýtalyň öňüne bede dökmeli. 3 – 4 sagat geçenden soň ýarmadan ýa-da kepekden bulamak taýýarlap iýdirmeli, ol baýtalyň içini arassalaýar. Ilkinji 8 – 10 gün taýlar enesiniň owuz süýdüni doly emmelidirler.

## BAÝTALLARYŇ TAÝ ATMAGYNYŇ ÖŇÜNI ALMAK

Taý atmak – enesiniň içinde güni ýetmedik miwe embrionlary taşlamakdyr. Bogazlygynyň ilkinji aýlarynda baýtallaryň daşyndan bildirmän taý atmagy bolup biler. Güýz howanyň ilkinji gyraw taşlaýan döwri taý atmagyň howply döwri bolup, baýtallar 7 – 8 aýlyk ölen ýa-da ýetmez taýlary atmagy mümkin. Taý atmagynyň öňüni almak üçin ilkinji nobatda onuň sebäbini anyklamaly. Baýtalyň ýokanç we ýokanç däl keseller sebäpli taý atmagy mümkin.Ýokanç däl taý atmagyna baýtalyň gormonal ulgamynyň bozulmagy, ýaramaz hilli ot-iýmler bilen iýmitlendirmek, sowuk suwa ýakmak, gyrawlan, zaýa bolan oty iýdirmek we dürli şikesler zerarly bolup biler.

Baýtallaryň trihomonoz, brusellýoz we käbir beýleki keselleri taý atdyrmagy mümkin.Weterinar barlamhanalarda ölen taýdan alnan barlamlary (probalary) barlatmaly we baýtaly weterinar lukmana barladyp, keselini we taý atmagynyň sebäbini anyklamak we bejertmek gerek bolýar.

Taý atmagyň öňüni almagyň esasy şertleri saklanylyşynda gigiýenik talaplary berjaý etmeli, bogaz baýtallary ýokumly maddalara baý we hil tarapdan gowy ot-iýmler bilen iýmitlendirmek gerek.

## HÖWÜR ATLARYŇ SAKLANYLYŞY WE IÝMITLENDIRILIŞI

Höwür atlar we barlaýjy kömekçi atlar ýagty we giň athanalarda saklanmalydyr. Teblehanalaryň içki meýdany 16 inedördül metrden az bolmaly däldir. Athanalar tüýnükli ýeljiräp duran bolmaly, ýöne içinde ýel öwüsmeli däl. Teblehanalar her gün arassalanyp aşagyna agaç gyryndysy ýa-da sypal bilen düşek düşelip durulmalydyr. Höwür atlar nalsyz saklanyp, olaryň toýnaklaryny wagtly-wagtynda gyryp hem-de arassalap durmaly.

Höwur möwsümine 1 – 1,5 aý öňünden ulanyljak atlar anyklanyp, olar kada boýunça artdyrylan we ýokumly ot-iýmler bilen aýrybaşga iýmitlendirilmelidir (10-njy maglumatnama). Atlary iýmitlendirmek olaryň agramyna, ýaşyna, semizlik derejesine we höwürde ulanylýan döwri gündelik höwürde ulanylyşyna görä kadalaşdyrylyp durulmalydyr.

*10-njy maglumatnama*

**Höwür atlaryň 1 başyna ýokumly iýmit maddalaryna bolan talaby, iýmitlendirmegiň kadasy**

| | Möwsümiň öň ýany we höwürde döwri | | Höwürde däl döwri | |
|---|---|---|---|---|
| Atyň agramy, kg | 500 | 600 | 500 | 600 |
| Gury madda, kg | 12,5 | 15,0 | 11,0 | 13,2 |
| Iýmit birligi | 10,0 | 12,0 | 7,1 | 9,5 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 104,6 | 125,5 | 82,8 | 99,4 |

Atlaryň gündelik iýmitlendiriş paýynyň düzümi (11-nji maglumatnama) görnüşleri boýunça dürli-dürli we ýokumly maddalara baý bolmalydyr. Iri baldakly otlardan gowy ýorunja bedesi, meýdan otlaryndan taýýarlanan bede, orlup soldurylan gök ýorunja, süle, arpa, ýumurtga, süňk uny, mineral – witaminli goşundylar we premiks bermeli. Atlaryň iýmahyrynda hemişe daş duzuň tokga bölegi durmalydyr.

Höwür atlaryň iýmitlendirilişi olara gezim bermek bilen baglanyşykly yzygider geçirilmelidir. Atlary Günüň aşagyna gezekli-gezegine gezim meýdança çykaryp, başyna kowup gezdirmeli ýa-da her gün 40 – 50 minut derleýänçä münmeli.

*11-nji maglumatnama*

**Höwür atlaryň gündelik iýmitlendiriş paýy ("Türkmen atlary" döwlet birleşigi tarapyndan tassyklanan)**

| Ot we iýmleriň görnüşleri | Höwür möwsümiň öň ýanynda we höwürde döwri, kg | Höwürde däl döwri, kg |
|---|---|---|
| Ýorunja bedesi, kg | 12 | 10 |
| Arpa ýa-da süle, kg | 6 | 5 |
| Bugdaý kepegi, kg | 3 | 2 |
| Şeker, kg | 0,15 | - |
| Ýumurtga | 4-5 | - |
| Käşir, kg | 3-4 | - |
| Balyk ýagy, kg | 0,2 | - |
| Nahar duzy, g | 30 | 30 |
| Mel, kg | 0,15 | 0,15 |

Höwür atlary maýyl howada suwa düşürmek bolar. Sürä goýberilýän höwür atlara öňünden köpräk öňürdik hereketde gezimini ýetirmeli. Sebäbi olar sürüde baýtallary saklamak üçin köp ylgamaly bolýar. Atlary suwa ýakmagyň, ot we iým bermegiň, arassalamagyň we höwre çekmegiň gündelik iş tertibi hojalygyň zooweterinar gullugy tarapyndan bellenilen tertipde geçirilmelidir.

## BOGAZ WE TAÝLY BAÝTALLARYŇ SAKLANYLYŞY WE IÝMITLENDIRILIŞI

Beýleki oba hojalyk mallary bilen deňeşdirilende atlar ot we iýmleriň hiline örän talap edijidirler. Olaryň iýmitlendiriş paýyna dürli görnüşli otlary we iýmleri goşmak gerek bolýar. Köpçülikleýin gülläp kösükläp başlan döwründe orlup basylan ýorunja bedesi, meýdan otlaryndan taýýarlanylan bede, däneli iýmlerden süle, arpa, jöwen,

bugdaý kepegi, şireli otlardan käşir we goşmaça mineral maddalardan süňk uny, mel bermeli. Ýaz we tomus aýlary taýly baýtallary gündizine gök otluk meýdanda, ekin ýerleriň yzynda bakmak peýdalydyr *(60-njy surat)*. Güýz aýlary soňky orumdan soň ösen körpe ýorunja ýerlerde bakmak maslahat berilýär.



**60-njy surat. Taýly baýtallar örüde**

Baýtallar dogry we aýrybaşga iýmilendirilende bogaz baýtallaryň gulunlamasy aňsat bolýar we soňra öz wagtynda deme gelýär we basym ýygylýar. Bogazlyk döwründe baýtalyň agramy 20 %-e çenli artýar. Bogaz baýtallaryň iýmitlendiriş paýy kiçi göwrümli, ýöne ýokumly maddalara baý, ýeňil siňdirilýän we gowy hilli, görnüşi boýunça dürli-dürli ot-iýmler bolmalydyr. Bogazlygynyň ikinji ýarymyndan başlap olara berilýän iýmiň mukdaryny 1 – 2 kg artdyrmaly. Baýtallara güýz – gyş aýlary goşmaça 3 kg çenli käşir iýdirmeli. Doňaklyk döwründe we otlara gyraw düşende bogaz baýtallary örüde bakmaly däl, baýtallaryň taý atmagy mümkin.

Athanalarda saklanylýan günleri baýtallary howly meýdançada saklap, öňüne ýaýradyp ot dökmeli. Bogaz baýtallary hemişe bir wagtda dört gezek iýmitlendirmek gerek, gijelerine olaryň öňüne bede dökmeli. Bogaz baýtallaryň gije-gündizlik iýmitlendiriş paýyna gowy hilli konsentrirlenen iýmler, ýorunja bedesi we şireli ot-iým-

ler girizilmelidir. Olaryň iýmitine duz we mel ýa-da süňk uny ýaly goşmaça mineral maddalary goşmak gerek. Bogaz baýtallara mineral maddalar ýetmezçilik edende taýy ejiz we rahit keselli dogulmagy mümkin. Bogaz baýtallar sowuk bolmadyk arassa suw bilen suwa ýakylmalydyr. Taýly baýtallaryň iýmitlendiriş paýy 12-nji maglumatnamadaky ýaly olaryň süýtlüligini artdyrmagy göz öňünde tutýan ot-iýmler bolmalydyr.

*12-nji maglumatnama*

**Müngi tohumly 500 – 550 kg agramly baýtallaryň mysaly iýmitlendiriş paýy.**

| Görkezijiler | Gysyr baýtallar | Bogaz baýtallar (9 aýlyk bogazlygyndan) | Taýly baýtallar |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Meýdan otlaryň bedesi, kg | 8 | 9 | 10 |
| Süle, kg | 2 | 3 | 3 |
| Arpa, kg | 1 | 2 | 3 |
| Künjara (künji ýa-da zygyr), kg | 0,5 | - | 1 |
| Bugdaý kepegi | 1 | 1 | 1 |
| Premiks, kg | 0,1 | 0,2 | 0,4 |
| Nahar duzy,g | 27 | 30 | 40 |
| Olarda saklanýan maddalar: | | | |
| Gury maddalar, kg | 11,2 | 13,5 | 16,2 |
| Iýmit birligi | 8,2 | 10,5 | 13,4 |
| Energiýa çalşygy, MDž | 85,8 | 109,8 | 139,6 |
| Çig protein, kg | 1,35 | 1,44 | 2,04 |
| Siňňitli protein, kg | 0,83 | 0,96 | 1,3 |
| Çig kletçatka, kg | 2,3 | 2,6 | 2,98 |
| Lizin, g | 49 | 61 | 83 |
| Kalsiý, g | 65 | 71 | 82 |
| Fosfor, g | 38 | 48 | 58 |
| Magniý, g | 26 | 29 | 35 |
| Demir, mg | 1272 | 1291 | 1595 |

*dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Mis, mg | 97 | 116 | 148 |
| Sink, mg | 325 | 412 | 495 |
| Kobalt, mg | 3,6 | 5,5 | 6,6 |
| Marganes, mg | 466 | 730 | 872 |
| Iod, mg | 4,7 | 5,5 | 6,6 |
| Karotin, mg | 157 | 206 | 248 |
| Witamin A (retinol), müň HB | 62,8 | 84,2 | 99,2 |
| Witamin $D_3$, (holekalsiýferol), müň HB | 2 | 4 | 6 |
| Witamin E (tokoferol), mg | 398 | 466 | 539 |
| Witamin $B_1$ (tiamin), mg | 30 | 41 | 50 |
| Witamin $B_2$ (riboflabin), mg | 36 | 48 | 58 |
| Türkmenistanyň şertlerinde ene baýtallaryň gündelik iýmitlendiriş paýy ("Türkmen atlary" döwlet birleşigi tarapyndan tassyklanan): | | | |
| Ýorunja bedesi, kg | 10 | 12 | 12 |
| Arpa ýa-da süle, kg | 2 | 3 | 3 |
| Bugdaý kepegi, kg | 2 | 2 | 2 |
| Käşir, kg | – | 3 | 3 |
| Duz, g | 30 | 30 | 30 |
| Mel, kg | 0,15 | 0,15 | 0,15 |

## TAÝLARYŇ ÖSDÜRILIP ÝETIŞDIRILIŞI

Taýlaryň ösüşini iki döwre, jyns taýdan ýetişýän döwrüne çenli we jyns kämilliginden soňky döwre bölmek bolar. Taýlaryň ösüşiniň depgini ýaşka ýokary bolup taýlar ulaldygyça ol peselýär. Şol bir wagtda olaryň beden bölekleri enesinden doglandan soň dürli depginde ösüp, netijede deň däl bolup ösýär. Taýlar doglanda çetki uzyn turba şekilli süňkleri gowy ösen bolup uzynaýak, göwresi kelte

dogulýar. Doglandan soň bolsa oňurga süňkleri uzynlygyna we inine köp ösýär. Ýaňy doglan taý syna – sypaty, gurluşy boýunça uly atlardan tapawutlanýar. Kelte we çuň bolmadyk göwresinde uzynaýak görünýar. Bogazlyk döwründe baýtallaryň hor düşmegi ýatgyda ösýän taýlaryň turba şekilli uzyn süňkleriniň ösmegini bökdeýär. Taýlara ýaş döwründe ene süýdüniň ýetmezligi, ot-iýmden hor bolmagy, olaryň oňurga we beýleki ýasy süňkleriniň ösüşini peseldýär. Şonuň ýaly taýlar ulalanda göräýmäge uzynaýak ýaly bolsalar-da, göwresi kelte we çuň däl, çatalba bölegi dar we kelte bolýar.

Taýlaryň idegi we iýmitlendirilişi gowy bolanda çalt ösýär, fiziologiýa taýdan we hojalykda ulanmaga tiz ýetişýär.

Gysraklaryň ösüşi at taýlardan tapwutlanýar. At taýlaryň göwresi iri bolýar, olar sürüde ynjalyksyz bolýar, köp ylgaýar, oýnaýar. Bir ýaşar taýlar günde 1 – 2 kg çenli artýan agram berip bilýär. Üç aýlygyna çenli taýlaryň agramy orta hasapdan üç ese, 6 aýlygyna çenli uly atlaryň agramynyň 45 %-ine, 1 ýyla çenli 62 – 65 we iki ýaşyna çenli 85 %-ine çenli agramy artýar. Atçylyk edebiýatynda iňlis tohumly taýlar bir gije-gündizde ortaça 3 kg çenli agramy köpelip bilýär diýen maglumatlar bar. Iňlis atlary tiz ýetişýän atlar toparyna degişlidir. Ahalteke taýlary birneme haýal ulalýar, giç ýetişýär, ýöne olar hem idegi gowy bolanda wagtynda boýuny alýarlar. Şonuň üçin taýlaryň ösüşini hemişe gözegçilikde saklamak gerek. Şeýle maksat bilen enesinden dogansoň, bir aýlygynda, 3 we 6 aýlygynda, 1 ýaşynda, 1,5 we 2 ýaşynda olaryň agramyny kesgitlemeli, göwresiniň ölçeglerini almaly bolýar ol görkezijileri ahalteke atlary üçin işlenilip taýýarlanylan ülňi ölçegler we ülňi agramlar – taýlaryň ösüşiniň gözegçilik şkalasy bilen deňeşdirmeli bolýar. Boý almakdan we ösüşden yza galýan taýlaryň ot-iýmini köpeldip, idegini gowulandyrmaly.Taýlaryň agramyny gapanda ölçemeli, şeýle mümkinçiligiň bolmadyk ýagdaýlarynda agramyny kesgitlemegiň usullary baradaky getirilen formulalar boýunça kesgitlemek bolar.

Birinji aýlarda taýlar ene süýdüniň hasabyna çalt ösýär. Şonuň üçin baýtallaryň süýtlüligini artykmaç goşmaça berilýän ot-iýmiň hasabyna ýokary derejede saklamaly bolýar. Taýlar hemişe enesiniň ýanynda bolmalydyrlar *(61-nji surat)*, olar enesini ýygy-ýygydan emýärler. Taýlar 1 kg artýan agramyna 10 litr ene süýdüni emmeli bolýar.



**61-nji surat.**

Taýlar 1–1,5 aýlygyna enelerine öýkünip otugyp başlaýar. 2 – 3 aýlygyndan başlap taýlary iým iýmäge öwretmeli. Şol bir wagtda olar enesiniň ýanynda iýmahyrdan iým iýip öwrenýärler. 3 aýlygyndan başlap günde 200 – 300 g ýenjilen süle ýa-da arpa ýarmasy, kepek bermeli. Süýtden aýrylýan döwrüne çenli taýlara berilýän iýmiň mukdaryny artdyryp 2,5 kg arpa ýarmasy we 0,5 kg kepek bermeli bolýar. Taýlaryň iýmitlendiriş paýyna goşmaça witaminli goşundylar, mineral maddalar we balyk ýagyny goşmaly.

Taýlary ýaşlygyndan toýnagyny arassalatmaga, syryp-süpürip arassalatmaga we idege öwretseň, olaryň adama ynamy artýar, ondan gorkmaýar we şonda olar aňsat baş öwrenýär, aýaklaryny arassaladýar we soňra seýislenip başlanylanda bolsa olary aýlaw ýodalarynda, meýdan geziminde işletmek ýeňil düşýär.

Türkmenistanyň şertlerinde emýän deňeçer taýlary enesinden 7 – 8 aýlygynda, sentýabr aýlarynda toparlaýyn bir günde enesinden süýtden aýyrmak maslahat berilýär. Boý almadyk, ösüşden yza galýan we giçki doglan taýlary özbaşyna gijräk enesinden aýyrmak bolar.

Taýlary belliklemek, tagmalamak hem enesinden seçilen döwründe geçirilýär. Iňlis we käbir beýleki tohum atlarda (şol sanda

ahalteke we ýomut atlarynda hem) belgilemek aşaky dodagynyň iç ýüzünden san belgisini basmak usuly bilen tagmalanyp bilner. Sürüde köpeldilýän atlara gyzgyn ýa-da sowuk (suwuk azodyň kömegi bilen) tagma basylýar. Türkmenistanyň şertlerinde tohum ahalteke we ýomut atlarynyň görküne zeper ýetirýär diýip hasaplamak bilen olara tagma basmak maslahat berilmeýär. Olaryň aýrybaşga takyk resmi ýazgylary ýöredilýär. Diňe 1986-njy ýylda ahalteke atçylyk athanasynda taýlar ýagyrnysyna sowuk usulda tagmalanyldy.

Häzirki wagtda ahalteke taýlaryny belgilemek aýrybaşga (indiwidual) sanlar bilen belgilenen çipleriň kömegi bilen belgilemek önümçilige ornaşdyrylýar. Şonda çip boýun gerşiniň öň tarap 10 sm aşagyndan derisiniň aşagyna çipleri sanjym etmek bilen ýerleşdirilýär. Çipler magnit ýazgylary okaýan enjamyň kömegi bilen onda ýazylan şifrlenen sanlary 30 ýylyň dowamynda islendik wagty okap, ol atyň ýurduny, welaýatyny, hojalygyny we hut özüni anyklamak bolar.

Enesinden aýrylan taýlary bir hepdä golaý özbaşyna topar edip ýatakda saklamaly. Otuny iýmini wagtly-wagtynda iýdirip durmaly. Ilki günler olara orlup soldurylan gök ýorunja bermeli. Soňra taýlar biri-birine birneme öwrenişenden soň gündizlerine içine ýuwaş häsiýetli garry baýtal ýa-da agta ýaby goşup sürüleýin ýorunjaly ýerlerde bakmaly. Athanalaryň teblehanasynda iki taýdan ýerleşdirmeli, şonda olar ýekesiremeýärler we biri-birine çalt öwrenişýärler. Noýabr aýynyň ortalaryndan başlap we gyş aýlary taýlar athanalarda saklanyp 13, 14, 15-nji maglumatnamalardaky ýaly kada boýunça iýmitlendirilmelidir. Günde üç gezek iýmlenip, öňüne dört gezek ot dökmeli. Iýmitlendiriş paýynyň düzümine 1,5 – 2 kg kerçelen käşir, gowy ýorunja bedesi, kepek, arpa ýarmasy ýa-da ýenjilen süle girizilmelidir. Iýmahyrlarynda hemişe daş duzuň bölegini goýmaly. Kalsiý, fosfor ýaly mineral maddalar ýetmezçilik etse, süňk ununy kepege goşup iýdirmeli. Giçki doglan ýa-da ösüşden yza galýan taýlara günde goşmaça 2 – 3 kg ýagy alnan sygyr süýdüni bermek maslahat berilýär. Taýlary günde arassalap durmaly, toýnaklary össe gyryp durmaly. Teblehanalaryň içini arassalap aşagyna günde 2 – 3 kg hasabyndan agaç ýonuşgasyny dökmeli.

**6 – 12 aýlyk taýlaryň ýokumly iýmit maddalaryna bolan talaby, bir gije-gündizde 1 başyny iýmitlendirmegiň kadasy**

| Görkezijiler | Gysrak taýlar, 6 – 12 aýlyk, diri agramy, kg | | | At taýlar, 6 – 12 aýlyk, diri agramy, kg | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 200 | 250 | 300 | 200 | 250 | 300 | 350 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| Gury madda, kg | 6,0 | 7,5 | 9,0 | 6,0 | 7,5 | 9,0 | 10,0 |
| Iýmit birligi | 5,5 | 6,8 | 8 | 5,5 | 6,9 | 8,1 | 9,2 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 57,5 | 72,1 | 86,7 | 58 | 72,2 | 84,7 | 96,3 |
| Çig protein, g | 0,805 | 1,005 | 1,206 | 0,810 | 1,100 | 1,2 | 1,34 |
| Siňdirilýän protein,g | 555 | 735 | 840 | 565 | 735 | 840 | 910 |
| lizin, g | 45 | 50 | 54 | 45 | 51 | 54 | 60 |
| Çig kletçatka, g | 1020 | 1275 | 1550 | 1020 | 1275 | 1550 | 1700 |
| Nahar duzy, g | 12 | 15 | 18 | 12 | 15 | 18 | 20 |
| Kalsiý, g | 42 | 52 | 65 | 42 | 52 | 60 | 65 |
| Fosfor, g | 30 | 37 | 45 | 30 | 37 | 45 | 50 |
| Magniý, g | 8 | 10 | 12 | 8 | 10 | 12 | 14 |
| Demir, mg | 600 | 750 | 900 | 600 | 750 | 900 | 1000 |
| Mis, mg | 54 | 67 | 81 | 54 | 67 | 81 | 90 |
| Sink, mg | 190 | 240 | 280 | 190 | 240 | 280 | 320 |
| Kobalt, mg | 3,6 | 4,5 | 5,4 | 3,6 | 4,5 | 5,4 | 6,0 |
| Marganes, mg | 240 | 300 | 360 | 240 | 300 | 360 | 400 |
| Iod, mg | 3,6 | 4,5 | 5,4 | 3,6 | 4,5 | 5,4 | 6,0 |
| Karotin, mg | 40 | 50 | 60 | 40 | 50 | 61 | 71 |
| Witamin A (retinol), müň HB | 16,0 | 20 | 24 | 16 | 20 | 24 | 27 |
| Witamin D, kalsiýferol, müň HB | 1,6 | 2 | 2,4 | 1,6 | 2,0 | 2,4 | 2,7 |
| Witamin E (tokoferol), mg | 180 | 225 | 270 | 180 | 225 | 270 | 300 |

*dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Witamin $B_1$ (tiamin), mg | 18 | 22 | 27 | 18 | 22 | 27 | 30 |
| Witamin $B_2$ (riboflabin), mg | 18 | 22 | 27 | 18 | 22 | 27 | 30 |
| Witamin $B_3$ (pantoten turşusy), mg | 30 | 37 | 45 | 30 | 37 | 45 | 50 |
| Witamin $B_4$ (holin), mg | 900 | 1100 | 1300 | 900 | 1100 | 1300 | 1500 |
| Witamin PP (niatsin), mg | 60 | 75 | 90 | 60 | 75 | 90 | 100 |
| Witamin $B_6$ (piridoksin), mg | 9 | 11 | 13 | 9 | 11 | 13 | 15 |
| Witamin $B_{12}$ (sianokobalamin), mg | 36 | 45 | 54 | 36 | 45 | 54 | 60 |
| Witamin Bc (foliý turşusy), mg | 6 | 7,5 | 9 | 6 | 7,5 | 9 | 10 |

*14-nji maglumatnama*

## 12 – 18 aýlyk taýlaryň ýokumly iýmit maddalaryna bir gije-gündizde 1 başyna bolan talaby, iýmitlendirmegiň kadasy

| **Görkezijiler** | **Gysrak taýlar, 12 – 18 aýlyk, diri agramy, kg** | | | **At taýlar, 12 – 18 aýlyk, diri agramy, kg** | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 300 | 350 | 400 | 300 | 350 | 400 | 450 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| Gury madda, kg | 8,5 | 9,8 | 11,0 | 8,7 | 10,0 | 11,4 | 12,5 |
| Iýmit birligi | 7,5 | 8,6 | 9,6 | 7,7 | 8,8 | 10,0 | 11,0 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 78,45 | 90 | 101,2 | 80,54 | 92,05 | 104,6 | 115,06 |
| Çig protein, g | 965 | 1120 | 1240 | 980 | 1130 | 1290 | 1410 |
| Siňdirilýän protein, g | 672 | 785 | 860 | 680 | 785 | 905 | 985 |
| lizin, g | 46,7 | 53 | 68 | 47,8 | 55 | 63 | 68 |
| Çig kletçatka, kg | 1,45 | 1,65 | 1,87 | 1,48 | 1,7 | 1,94 | 2,13 |
| Nahar duzy, g | 19 | 22 | 25 | 20 | 23 | 26 | 29 |

*dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Kalsiý, g | 47 | 54 | 60 | 48 | 55 | 63 | 68 |
| Fosfor, g | 35 | 40 | 45 | 35 | 44 | 46 | 50 |
| Magniý, g | 11 | 13 | 15 | 12 | 13,3 | 15 | 17 |
| Demir, mg | 680 | 780 | 880 | 690 | 800 | 910 | 1000 |
| Mis, mg | 72 | 83 | 93 | 74 | 85 | 97 | 105 |
| Sink, mg | 255 | 295 | 330 | 260 | 300 | 340 | 370 |
| Kobalt, mg | 4,2 | 4,9 | 5,5 | 4,3 | 5,0 | 5,7 | 6,2 |
| Marganes, mg | 340 | 390 | 440 | 350 | 400 | 450 | 500 |
| Iod, mg | 4,2 | 4,9 | 5,5 | 4,3 | 5,5 | 5,7 | 6,2 |
| Karotin, mg | 53 | 60 | 67,5 | 55 | 62,5 | 71 | 77,5 |
| Witamin A (retinol), müň HB | 21 | 24 | 27 | 22 | 25 | 28 | 31 |
| Witamin D,kalsiýferol,müň HB | 2,1 | 2,4 | 2,7 | 2,2 | 2,5 | 2,8 | 3,1 |
| Witamin E (tokoferol), mg | 210 | 240 | 270 | 220 | 250 | 280 | 310 |
| Witamin $B_1$ (tiamin), mg | 25 | 29 | 33 | 26 | 30 | 34 | 37 |
| Witamin $B_2$ (riboflabin), mg | 25 | 29 | 33 | 26 | 30 | 34 | 37 |
| Witamin $B_3$ (pantoten turşusy), mg | 30 | 34 | 39 | 31 | 35 | 40 | 44 |
| Witamin $B_4$ (holin), mg | 1270 | 1500 | 1650 | 1300 | 1500 | 1700 | 1900 |
| Witamin PP (niatsin), mg | 55 | 64 | 71,5 | 56 | 65 | 71,5 | 81 |
| Witamin $B_6$ (piridoksin), mg | 13 | 15 | 17 | 13 | 16 | 18 | 19 |
| Witamin $B_{12}$ (sianokobalamin),mg | 51 | 59 | 66 | 52 | 60 | 68 | 75 |
| Witamin Bc (foliý turşusy), mg | 8,5 | 10 | 11 | 8,7 | 10 | 11,5 | 12,5 |

## Ýaş taýlary ot-iýmler bilen iýmitlendirmegiň gündelik iýmitlendiriş paýy

| Görkezijiler | Ýaşy we agramy | |
|---|---|---|
| | **6 – 12 aýlyk, agramy ortaça 250 kg** | **12 – 18 aýlyk, agramy ortaça 350 kg** |
| 1 | 2 | 3 |
| Ýorunja bedesi, kg | 4,5 | 6 |
| Ýenjilen süle ýa-da arpa ýarmasy, kg | 3 | 4 |
| Bugdaý kepegi, kg | 0,5 | 0,6 |
| Käşir, kg | 2 | 2 |
| Balyk ýagy, g | 50 | 80 |
| Lizin, g | 5 | 8,4 |
| Monokalsiý fosfat, g | 50 | 50 |
| Premiks, kg | 0,1 | 0,1 |
| Nahar duzy, g | 18 | 22 |
| Iýmitlendiriş paý aşakdaky ýokumly maddalary saklaýar: | | |
| Gury madda, kg | 7,75 | 10,08 |
| Iýmit birligi | 6,8 | 8,85 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 70,95 | 92,6 |
| Çig protein, kg | 1,076 | 1,085 |
| Siňdirilýän protein, kg | 0,829 | 0,743 |
| Lizin, g | 50,5 | 50 |
| Çig kletçatka | 1,5 | 2 |
| Kalsiý, g | 48,0 | 54 |
| Fosfor, g | 40,7 | 46 |
| Magniý, g | 16,85 | 23,7 |
| Demir, mg | 1085 | 867 |
| Mis, mg | 69 | 86,7 |
| Sink, mg | 382 | 300 |
| Kobalt, mg | 6,85 | 7,81 |
| Marganes, mg | 476 | 613 |
| Iod, mg | 9,10 | 10,31 |
| Karotin, mg | 50 | 60 |
| Witamin A (retinol), müň HB | 20 | 24 |

*dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Witamin D, kalsiýferol, müň HB | 2 | 2,4 |
| Witamin E (tokoferol), mg | 456 | 394 |
| Witamin $B_1$ (tiamin), mg | 24,6 | 42,0 |
| Witamin $B_2$ (riboflabin), mg | 23,3 | 32,9 |
| Witamin $B_3$ (pantoten turşusy), mg | 68,2 | 82,5 |
| Witamin $B_4$ (holin), mg | 6585 | 5380 |
| Witamin PP (niatsin), mg | 156 | 196 |
| Witamin $B_6$ (piridoksin), mg | 13,5 | 16,45 |
| Witamin $B_{12}$ (sianokobalamin), mg | 45,0 | 60,0 |
| Witamin Bc (foliý turşusy), mg | 8,3 | 10,8 |
| Türkmenistanyň şertlerinde ýaş taýlaryň gündelik iýmitlendiriş paýy ("Türkmen atlary" döwlet birleşigi tarapyndan tassyklanan): | | |
| Ýorunja bedesi, kg | 4 | 6 |
| Arpa ýa-da süle, kg | 3 | 4 |
| Bugdaý kepegi, kg | 1 | 2 |
| Ýumurtga | 2 | 3 |
| Balyk ýa-da ösümlik ýagy, kg | 0,05 | 0,05 |
| Şeker, kg | 0,100 | 0,100 |
| Duz , kg | 0,03 | 0,03 |
| Mel, kg | 0,100 | 0,100 |

Türkmenistanyň şertlerinde bir ýaşar taýlary aprel – sentýabr aýlary aralygynda gününe 2 – 2,5 kg goşmaça konsentirlenen iým iýdirip, örüde saklap idetmek ykdysady taýdan has peýdalydyr. Eger öri meýdany ota garyp bolsa gijelerine 10 kg hasabyndan orlan gök ýorunja bermeli. Bir ýaş töweregindäki tohum taýlaryň ýatakda saklanylýan döwürlerinde hepdede 3 – 4 gün 3 – 5 km aralyga giň meý-

dana çykaryp ylgadyp, gerek bolsa yzyndan kowalap gezim bermeli. Başgaça aýdylanda taýlary ýaşlygyndan ylgawa öwretmeli. Örüde saklanylýan we gezim berilýän taýlaryň ýaşlykdan gursagy giňeýär, ylgaw hereketi gowy ösýär, baglaýjy ulgamlary berkeýär. Çapuw at bolup ýetişende siňirdir muskullaryna zor düşüp aňsat agsamaýar. Sentýabr aýynyň aýaklaryndan 1,5 ýaşly taýlary athanalarda aýratyn teblehanalarda saklamaly we noýabr aýynda tutum taýlar seýisçilik bölümlere paýlanyp berilýär. Seýisçilik bölümlerde taýlar idege we münüşe öwredilýär we soňra çapuwlara seýislenip başlanýar.

VIII bölüm

# Atlaryň seýislenilişi we aýlawlarda synag edilişi (çapdyrylyşy)

## TÜRKMEN SEÝISÇILIK ÝOLY

Geçmişde türkmenleriň özboluşly milli ýaşaýyş durmuşy at saklamagyň, atlary köpeltmegiň we ösdürip ýetişdirmegiň, atlary seýislemegiň, harby işlerde ulanmagyň we at çapdyrmagyň usulyýetlerini we syrlaryny gowy bilmegini talap edipdir. Munuň özi oguz türkmenleriniň arasynda atlar baradaky ilkinji tejribäniň we ylmy düşünjäniň ösmegine ýardam edipdir, at tebipçiligi ösüpdir. Keý-Kabusyň Kowusnama kitabynda at we atçylyk ylmyna aýratyn bir bölüm bermegi, Görogly şa dessanynda at seýislemegiň tilsimleriniň berilmegi ýokarky aýdylanlary tassyklaýar. Jygalybeg Rum şäherinde (Wizantiýa) seýisçilik eden bolsa, Göroglynyň Nişapurda Gyratyny aýratyn bir usullar bilen ýokary derejede seýisländigi bize mälimdir. Agzalanlary göz öňünde tutup, müngi atlary seýislemegiň nusgawy türkmen seýisçilik ýoluna, diýarymyzyň ahalteke we ýomut atlarynyň seýislenişine, çapdyrylyşyna aýratyn üns bermek bilen meseläni öwrenmek peýdaly bolar.

**Seýis** diýlip at seýislemek we at çapdyrmak hünärine ussat hünär eýesi adamlara aýdylýar. Seýisleriň köpüsi öz seýisçilik işleri bilen bir hatarda, tohum atlary hojalykda köpeltmek we ösdürip yetişdirmek ýaly işler bilen hem meşgullanarlar.

**Seýisçilik** bolsa – at we atçylyk barada ýokary düşünjä eýe bolan, at işletmegiň, seýislemegiň we at çapdyrmagyň tärlerini we usulyýetlerini çuňňur öwrenýän hünärdir. Seýisçilik hünäri örän inçe we gadymy hünär.

At seýislemek we seýisçilik hünäri biziň pikirimizçe gadymy döwürlerde türkmenleriň ata-babalary oguzlarda berkarar döwletler gurup, sap atly goşunlaryny döredenlerinden soň basybalyjylykly harby ýörişlere, atly söweşlere, goranyşa argamak bedew – uruş at-

laryny ýörite seýisläp taýýarlamakdan başlanypdyr diýsek dogry bolar. Muňa Hytaý taryhçylarynyň ýazan Mete Hanyň taryhnamalarynda (terjimeçi I.Biçurin Mode Hany Oguz han diýip atlandyrýar), onuň Hytaýa atly ýörişleri we ýeňişleri baradaky ýazgylary şaýatlyk edýär.

Köp asyrlaryň dowamynda türkmen seyisçilik hünäri ösüpdir, kämilleşipdir, atlary seýislemek baradaky ylmy we durmuşy düşünje artypdyr. Nesilden-nesle seýislenip ulanylýan, çapylýan atlaryň hiliniň gowulanýanlygy anyklanypdyr.

Gadymy türkmen seýisleri özleriniň seýisçilik hünärini şägirtlerine, ogullaryna öwredip, ol hünär nesilden-nesle geçmek bilen, türkmen seýisçilik sungatyna öwrülip gidipdir. IX – XV asyrlarda bolsa türkmen seýisçilik hünäri türkmenler bilen gatnaşykda bolan daş we ýakyn ýurtlara-da ýaýrapdyr.

Halk arasynda seýsiň piri Baba Gammar hasap edilýär. Görogly şadessanynda Jygalybegiň, Göroglynyň, “Döwletýar” dessanynda Hojageldiniň, “Ýusup Ahmet” dessanynda Aşyrbeg Serdaryň seýisçiligi barada köp gürrüňler edilýär. Seýdi, Mätäji ýaly şahyrlarymyz hem seýis bolupdyrlar.

Ahalda, Gökdepe urşy döwründe ýaşap geçen we seýisçilik eden Japy seýis hünärine ussat, uly halypa seýisleriň biri bolupdyr. Japy seýsiň seýisçilik ýoluny dowam etdirijiler seýsiň ogly Gaýpa, Taňrygulugaty, Begnazar, Aba Annaýew, soňra bolsa Garagul, Halmy, Orazgeldi Atamyrat, Annaguly Kiçiýew, Babaly Taýmazow, Muhammetmyrat Abaýew ýaly seýisler Japy seýsiň seýisçilik ýoluny dowam etdiren we dowam etdirýän seýislerdir. Şolardan Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Muhammetmyrat Abaýew Japy seýsiň ogly Gaýpadan pata alan seýisdir. Olaryň arasynda Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Babaly seýis Taýmaz ogly (1917 – 1996) soňky ýüzýyllykda seýisçilik äleminde köp zady bilýän, hünärini şägirtlerine, ogullaryna, agtyklaryna öwredip giden, Russiýada, Ukrainada, Gazagystanda, Gruziýada, Gyrgyzystanda ahalteke tohum atlaryny seýisläp çapyp, olaryň şan-şöhratyny birgez artdyran, daşary ýurtlarda-da tanalýan, hünärine ezber ussat seýisdi.

Ýomut atlaryny uzak aralyga çapuwlara seýislemekde Daşoguzda Mämetguly seýis Kakajan ogly (1876 – 1964-nji ýyllarda) seýisçi-

likden köp zatlary bilýän öz döwrüniň halypa seýisleriniň biridi. Onuň şägirtlerinden Gubadagly Hudaýberdi seýis adyny tutmaga mynasypdyr. Maryda Ýazberdi Ojyýew, Lebapda Han Bürgüt, Balkanda Baýram Meredow ýaly seýisler ahalteke we ýomut atlaryny seýisläp çapdyrmakda ussat halypa seýislerdir.

Häzirki döwürde at seýislemegiň maksady çapuw we sport atlary dürli aralyklara doly ylgawyna ýyndam çapmaklyga, sport ýaryşlarda dürli päsgelçiliklerden ýeňil bökmeklige, umuman, at üçin agyr we kyn bolan at çapyşyklara, atly ýörişlere we atly – sport ýaryşlaryna atlary ýörite we yzygider seýislemek bilen taýýarlamakdan ybaratdyr.

Seýislenen atyň çapuw häsiýeti ösýär, ýöriş, gorgun, öňürdikleme we ylgaw hereketleri kämilleşýär, aýratynam ylgawyna işjeňlik (çapuw) ukyby ýokarlanýar. Yzygiderli seýislemegiň netijesinde atyň bedeni berkeýär, öýkeni giňelýär, ikinji dem alyş ulgamlary ýeňil we agyrysyz açylmaga uýgunlaşýar. Muskullaryň güýjenme häsiýeti artýar, gataňsydan çylgym-çylgym bolup daşyndan bildirip durýar, aýaklarynyň baglaýjy siňirleri guraksydan gowy berkeýär.

Seýislenmesi ýeten at, münende oýnaklap, sürende aýdylyşy ýaly towşan kimin turuwly we ýeňil gopýar.

Seýsi ýeten ahalteke we ýomut tohum atlarynda çapuwda ylgawyna bäsleşme höwesi – refleksi döreýär. Olaryň gapdalyna, deňine at geliberse jylawyny çeýnäp öz-özünden göteriliberme ýaly turuwly häsiýetleri ýüze çykýar.

Ilkinji at esbaplaryny, şol sanda at eýerini türkmenleriň ýasanlygyny ýeri gelende belläp geçesimiz gelýär.

Jemläp aýdanymyzda, gadymy döwürlerde dörän özboluşly türkmen seýisçilik ýoly, türkmen at çapyşyklary, türkmen at esbaplary bar.

Türkmen seýisçilik hünäriniň täsiri bilen, has soňralar XVII – XVIII asyrlarda dörän ýewropa (iňlis) seýisçilik usulyny tapawutlandyrmak bolar. Ýewropa usulynda atlar seýislenende, çapuwa horlanylman ýakyn aralyga (aňryçäk 5000 m-e çenli) atyň bellibir aralyga görkezýän wagtyna aýratyn üns berip we atyň gurat saklanmagyny üpjün etmek bilen seýislenilýär. Häzirki döwürde Türkmenistanyň aýlawlarynda bellibir düzgün Ýewropa düzgüni boýunça çapýan at-

lar seýislenende, gadymy türkmen seýisçilik ýolunyň esasynda dörän, çapuw atlary seýislemegiň häzirkizaman üçünji bir türkmen seýisçilik ýoluny tapawutlandyrmak bolar. Bu ugur türkmen seýisçilik hünäriniň ösmeginiň alamaty bolup, ol çapylýan atlary seýislemegiň biziň döwrümize gelip ýeten türkmen usulynyň esaslarynda ýewropa usulynyň gowy taraplaryny ulanmak bilen, häzirki döwürde atlary seýislemeklige bolan talaplara görä ösýär we kämilleşýär.

## SEÝISÇILIK BARADA NAZARY DÜŞÜNJE

At çapyşyklarynda we atçylyk sportda ulanylýan atlary seýislemek we türgenleşdirmek düşünjelerini nazary (teoriýa) – ylmy nukdaý nazardan seredip geçeliň. Aty kämil seýislemek, at bedeniniň işeňňirligine dahylly agzalarynda bolup geçýän fiziologiýa – biohimiki hadysalary gowy bilmekligi talap edýär. Şonda, merkezi nerw ulgamynyň at bedenini sazlaşdyryjy täsiri bilen birlikde, ýürek – gan – damar – gan, dem alyş, iýmit siňdiriş, bölüp çykaryş we beýleki ulgamlarynyň berkeşmegi we güýjenmegi ýaly üýtgeşmeler bolup geçýär.

Seýislenýän atyň fiziologiýa görkezijileri kadada berkişmek bilen üýtgeýär we peselmek bilen bolýar. Şeýlelikde, nerw ulgamy, atyň içki organlarynyň we dürli myşsa toparlarynyň çylşyrymly we özara arabaglanyşykly işini ýola goýmak bilen, atyň, at üçin agyr çapuw ýaryşlarynda ýadaman, çalasyndan sazlaşykly we çalt hereketlenmegine, ýagny ýyndam çapmagyna bolan şertleri döredýär. Çapuw we sport atlarynyň sazlaşykly we düzüwden durnukly hereketiniň taplanmagy bilen, atlary her gün dürli şertlerde we üznüksiz yzygider seýislemegiň netijesinde, at seýislemegiň we atyň hereketiniň hilini kesgitleýän güýç, tizlik, çydamlylyk, çapuw taby ýaly düşünjeleri aňladýan esasy çapuw häsiýetleri ýüze çykýar.

**Atyň güýji** – onuň myşsalarynyň güýjeniş derejesi bilen kesgitlenip, ol üýtgeýän ululykdyr.

Yzygider seýislemek bilen myşsalaryň süýümleri ýognaýar, nyklaşýar we berkeýär, onuň biohimiki düzümi üýtgeýär, glikogeniň, fosforly birleşmeleriň gandaky mukdary artmak bilen energiýa – mad-

da alyş-çalşy pursatlary ýokarlanýar, şonuň bilen bir hatarda, olaryň, atyň işeňňir işledilmegindäki ýüze çykýan energiýa harajadynyň bedende tygşytlylygy artýar.

Seýislemegiň birinji basgançagynda atyň güýji çalt artyp we soňra bellibir derejede seýsi ýetenden soň, güýji haýal artyp başlaýar. Şol ýetmezçiligiň öwezini dolmak üçin seýislerden atyň güýjüni artdyrmaga gönükdirilen, seýislemegiň dürli ýollaryny bilmegini we dürli tilsimlerini ulanmagyny talap edýär.

Ol tilsimlere çapuw atlary arakesmeler (interwal) berip seýislemek, baýyrlyk ýerlerde, gumluk ýerlerde seýisläp at işletmegiň tertibini üýtgedip seýislemek bilen öwezini doldurmak bolar.

**Tizlik** – atyň ýyndamlygyny kesgitleýän üýtgeýän hil häsiýeti bolup, hereketlendiriji myşsalaryň çalt-çalt ýygrylyp-ýazylma ukybyna we atyň gujurlylygyna bagly bolýar (62-nji surat).




**62-njy surat. Tekiz ýoda-da at işletmek atyň ýyndamlygyny artdyrýar.**

Gujurlylyk (temperament) bolsa, atyň enesinden doga häsiýeti bolup, atyň umumy beden gurluşyna (konstitusiýasyna) bagly bolýar we köplenç nesilden-nesle geçýär. Aty tekiz aýlaw ýodalarynda öňürdik – ylgawyna yzygider zor işletmek bilen onuň ýokary ýyndamlyga uýgunlaşmagyny gazanmak bolar.

**Tizlikli hereket** – at bedeniniň nerw – myşsa, energiýa alyş-çalyş we ganyň kislorod üpjünçiliginiň ýokary derejede sazlaşykly işlemegini talap edýär. Oňürdik – ylgaw (daruw, agym) işletmek, şol bir wagtda atyň bedeninde emele gelýän kislorod ýetmezçiliginiň üstüni ýetirýän organlarynyň orun doldurma häsiýetleriniň (kompensator) häsiýetiniň ösmegine getirýär. Şonda, energiýa çeşmesi bolup hyzmat edýän adenazintrifosfor kislotasynyň dargap dikelmegi (resintezi) uly kömek edýär.

**Atyň çydamlylygy** diýlip bellibir döwür, wagt aralygynda atyň ýokary işeňňirlik ukybyny, ýagny seýislenen derejesini saklamagyna aýdylýar.

Çapuw atlarda umumy we ýörite çydamlylygy tapawutlandyrmak bolar. Ýörite çydamlylyk, mysal üçin, ýokary tizlikli çapuw hereketine çydamlylyk uzak wagtlap aty işeňňir işletmek bilen seýisläp, bedenini berkitmek bilen ýetilýär. Çydamlylyga seýislemegiň esasy şertleriniň biri-de atyň myşsalarynyň hereketini uzak wagtlap yzygider gaýtalamak bilen geçirilmegidir. Gündelik seýislenende ylgawyna daruw at işletmek seýislemegiň soňky basgançaklarynda geçirilýär. Tizlige seýislemek 500 metrden 2000 metr aralyga atyň doly güýjüne ylgawyna daruw işletmek bilen geçirilýär.

Gündelik birsydyrgyn çapuw ýodalarda at işletmek aty ýadadýar we bezikdirýär. Munuň özi seýislerden gündelik at işletmegiň içki tertibini, ýzygiderliligini we usullaryny ýokarda belleýşimiz ýaly üýtgedip durmagy talap edýär.

**Çapuw taby** – munuň özi atyň ýokary tizlikli çapuw ýaryş hereketinde, ýokary netijeleri gazanmaga doly we keýpihon taýýar ýagdaýydyr.

Çapuw atlary seýislemekde seýsiň esasy wezipeleriniň we esasy şertleriň biri-de atyň çapuw tabyny uzak wagtlap durnukly saklamak bolup durýar. Munuň özi olardan seýisçilik tejribäni we ussatlygy talap edýär.

## ATLARY SEÝISLEMEGIŇ HÄZIRKIZAMAN USULYÝETLERI

### Häzirkizaman türkmen seýisçilik ýoly

Atlary yzygider seýislemegiň we aýlawlarda çapdyrmagyň seçgi – tohumçylyk işlerinde uly ähmiýeti bardyr. Dogry we doly seýislenen atyň çapuw häsiýeti ýokarlanýar, syna – sypaty gowulanýar.

Seýislemek jyns atlaryň işjeňlik (ýyndamlyk) ukybyny aýlawlarda çapdyrmak bilen aňryçäk ýüze çykarmaga we iň gowy ýyndam atlary köpeltmek maksady bilen olaryň içinden seçip saýlap almaga, şeýlelikde, atyň tohumyny nesilden-nesle yzygider gowulandyrmaga ýardam edýär.

Häzirki döwürde ahalteke we ýomut tohum atlaryny seýislemekligiň maksady ýokarky aýdylanlar bilen bir hatarda, aýlawlarda dürli aralyklara geçirilýän at çapyşyklarda ýyndam çapmaklyga, umuman at üçin agyr we kyn bolan çapuw we atçylyk sporty ýaryşlaryna ýörite seýislemek bilen atlary taýýarlamakdan ybaratdyr.

Türkmen halkynyň arasynda at seýislemegiň usullary gadym zamanlardan bäri bellidir. Toý-tomaşada at çapdyrmak bolsa türkmenlerde däbe öwrülip gidipdir. Marko Polo (1280-nji ýyllarda) aýtmyşlaýyn türkmenler at üstünde çalasyndan örän erjel oturýar, münen atyna doly erk edip çapýar diýip belleýär.

At seýislemegiň manysy atlarda çapuw hasiýetini (refleksini) ösdürmek, muskulatura, dem alyş, ýürek we gan – damar ulgamlaryny berkitmek bilen bütinleý at bedenini at çapyşyk ýaryşlarynda doly güýjünde çykyş etmäge ýörite taýýarlamakdan ybarat bolup durýar.

Türkmenistanyň Garaşsyz döwlet bolmagy, halkara bazarynda ahalteke we ýomut atlaryna bolan islegiň artmagy, türkmen atçylyk sportunyň we at çapyşyklarynyň halkara derejesine çykmagyny talap edýär.

Munuň özi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň talaby bolup, ahalteke we ýomut atlarymyzy ylmy jähtden dogry we maksada laýyk seýislemegiň ýollaryny we usullaryny çuňňur öwrenmegi we seýisçilik işine ornaşdyrmagy talap edýär.

At seýislemek biri-biri bilen arabaglanyşykly bolan, şol wagtyň özünde biri-birinden tapawutlanýan üç basgançakdan durýar.

Başlangyç döwür döwlet we hususy atçylyk hojalyklarda tutum taýlara baş öwretmek we ikiýaşar taýlary ilkinji çapuwlara çenli 6 aýlap seýisläp taýýarlamakdan durýar.

Ikinji döwür, dürli ýaşdaky atlary aýlawlarda yzygider seýislemekden we seýislemek bilen ugurdaş bir wagtda, aýlawlarda çapuw ýaryşlaryna gatnaşyp durmakdan ybarat bolup durýar.

Çapuw möwsümleri gutarandan soň atlary işletmegi kem-kemden azaldyp çapuw tabyndan çykarmak we indiki çapuw möwsümine seýislenip başlaýança olara dynç bermegi, at seýislemegiň üçünji döwri hasaplamak bolar.

## TAÝLARYŇ MÜNGÄ ÖWREDILIŞI

Atçylyk hojalyklarda, aýlawyň seýisçilik bölümlerinde tutum taýlara baş öwretmek we müngä öwretmek – olara kelleki – rişme salyp iýtmeklige, agyzdyryklap uýan salmaga we eýerläp müngä öwretmek ýaly yzygiderlikdäki bölek-bölek işlerden başlanýar.

Ýaş taýlara baş öwretmeklik, tutum taýlar bir ýarym ýaşyna ýetende (ol döwür noýabr aýlaryna gabat gelýär) taýlar seýislere paýlanylandan soň başlanýar. Soňra baş öwretmek, ilki el görmedik ýabany diýen ýaly taýlara kelleki salmakdan we idege öwretmekden başlanýar. Ilki bilen taýa 1 metre golaý ýüp dakylan kelleki salyp bir hepdä golaý nogta we ýüpe öwrenişdirmeli. Soňra baş öwredilýän taýy uzyn ýüpünden tutup meýdançada töwerekleýin aýlamaly, ýöretmeli, betlik edip ýöremejek bolsa haýbatlap yzyndan sürmeli. Ýüp bilen idege birneme öwrenenden soň agyzdyryklap uýan dakmaga öwretmeli. Eýer bilen öwrenişdirmek üçin teblehanada bir – iki gün eýerdir içirgisini goýmaly. Taýlar eýeriň ysyny alýar, görýär we oňa öwrenişýär. Şol döwürde taýlary her gün mylaýymlyk bilen syryp-süpürüp arassalap durmaly, aýaklaryny galdyryp toýnaklaryny elletmäge, ýuwmaga öwrenişdirmeli, arassalap gözegçilikde saklamaly. Şeýdilse, ol taýlar soň-soňlaram at çykanda aýagyny berip ýeňillik bilen toýnagyny gyrdyrýar, nalladýar. Türkmenler tutum taýlaryň ýalyny, maňlaý saçyny baş öwredilýän döwri bir gezek gyrkmaly diýip hasaplaýar, soňralar aňsat ýalyny gyrkmaýarlar diýen ýalydyr. Şonuň üçin hem şol döwürde taýlara gyrkman taý hem diýilýär.

Taýlar birneme idege, uýandyr agyzdyryga öwrenip ýuwaşandan soň (takmynan, iki – üç hepdeden) ýagyrnysyna içirgi salyp öwretmeli, soňra eýer goýup çekisini gowşagrak çekip eýerletmegi öwretmeli. Eýer salmaga öwrenişenden soň eýeriň üstüne horjun edip 20 – 30 kg agram götermäge öwretmeli. Eýerledip agram götermegi öwrenenden soň taýa ýeňilden ykjam at oglanlary mündürip ilki-ilkiler öwrenişýänça idegläp, öwrenişenden soň bolsa özbaşdak ýöremegi öwretmeli.

Şol döwürde taýlaryň jyrtlap üstündäki oglany ýykmagyna asla ýol bermeli däl.

Taýlar bir ýykyp öwrense soň-soňlaram jyrtlap ýykmaga endik etmegi mümkin. Taýlar bilen işlenenilende giň göwrümli bolmaly, gykylyklamaly däl, taýlary urmaly däl, ilkibaşdan olary mylaýymlyk bilen seýsiň, çapyksuwaryň erkine tabyn bolmaklyga öwretmeli. Şol döwürde taýlaryň ýaramaz gylyklary we endikleri öwrenmegine asla ýol bermeli däl. Baş öwredilýän döwri her bir taýyň häsiýetine, kejirligine üns berip aýratyn çemeleşmeli. Öňden öýde elde saklanyp ýörlen taýlar müngä ýeňil we aňsat öwrenýärler, sürüde ösen ýabany diýen ýaly taýlar kynlyk bilen baş öwrenýärler. Taýlary müngä öwretmek bir aýdan gowrak wagt alýar. Müngä öwredilen taýlary münüp, ýuwaş häsiýetli atlaryň gapdalyndan ýöretmeli. Öňünden sähelçe päsgelçilik çyksa, taýlaryň ol ýerden ýöremän kürtdürip durmagyna asla ýol bermeli däl.

Ugrukdyryp süren ýeriňden ýöremek endigi taýlara ilkibaşdan öwredilmelidir.

Bir aý çemesi wagtda taýlar agyzdyryga, jylawa, münüşe, ugrukdyryp sürmäge we saga, çepe öwrümler etmäge öwrenişýär. Taýlar müngä öwrenişenden soňra günde 20 – 30 min aýlaw ýodasynda ýa-da tekiz ýerlerde deňeçer topar taýlar bilen we toparyň öňüne ýuwaş häsiýetli uly at goşlamak bilen ýöriş sürmeli. Ýöriş ýöremegi, jylawa boýun bolup saga-sola öwrümler etmegi gowy öwrenenlerinden soňra, ilkiler ýöriş sürmek bilen yuwaş-yuwaşdan taýlary seýislemäge başlamak bolar.

Taýlar giň we ýagty seýishanalarda saklanmalydyr. Ol ýerde her bir taý aýratyn teblehanalarda durýar, olaryň içki ölçegi 11 inedördül

metrden az bolmaly däldir. Taýlar teblehanalarda eýerlenip, şol ýerden hem üstüne münülip, topar bolup daşary gezime çykarylsa gowy bolýar.

## BIR ÝARYM – IKI ÝAŞ ARALYGYNDAKY GUNANLARYŇ SEÝISLENIŞI

Müngä öwredilen taýlary seýislemegiň maksady olary ilkinji çapuw ýaryşlaryna taýýarlamakdan ybaratdyr. Ol seýislerden, çapyksuwarlardan giň göwrümliligi, seýisçilik tejribäni we her bir taýyň gylyk-häsiýetlerini gowy bilmekligi talap edýär. Taýlary seýislemek işini, olaryň ösüşine, boý alşyna, jyns aýratynlyklaryna we häsiýetlerine laýyklykda alyp barmaly. Çendenaşa ürkek we kejir taýlar seýislenilende seresap bolmak gerek.

Taýlar ilki seýislenip başlanan döwründe olaryň aýaklarynyň siňirdir et, damar ulgamlaryna we aşyklyk, dyz, bakan bogun ulgamlaryna agram düşýär, bakanlary ýellenýär. Kähalatlarda, öň injiginiň öň tarapynda barmak ýazyjy muskulyň siňir bölegininiň we süňk üsti perdäniň taýlary artykmaç işledilmesiniň netijesinde zorukmasy ýaly örän agyryly gaty çiş (bukşyn – periostit) emele gelýär. Taýlaryň aýagynda şonuň ýaly çişler emele gelende olary işletmeli däl, gowy bolýança ýatakda saklamaly. Weterinar lukmana görkezmeli we aýaklaryny bejertmeli bolýar.

Taýlary çapuwlara taýýarlamak maksady bilen seýislemegi iki döwre bölmek bolar.

Birinji taýýarlaýyş döwri – dekabr, ýanwar aýlarynda geçirilip, ýaş gunanlaryň bedenini yzygyder müngi ýöriş işlemeklige, gorgunyna ýöremegi, öwrüm hereketleri we toparlaýyn işlemegi öwretmäge, umuman münüşi kem-kemden kämmilleşdirmäge ugrukdyrylýar.

Ikinji döwür – fewral, mart aýlarynda ýaş taýlaryň siňirdir baglaýjy ulgamlaryny berkitmäge, myşsalaryny we dem alyş ýollaryny ösdürmäge, gursagyny giňeltmäge we güýjüni artdyrmaga gönükdirilýär.

Bir ýarym – iki ýaş aralygyndaky gunanlary çapuw ýaryşlaryna seýislemegiň häzirkizaman usullarynyň mysaly tertibi 16-njy maglumatnamada getirilýär.

*16-njy maglumatnama*

**Bir ýarym – iki ýaş aralygyndaky ahalteke we ýomut gunanlaryny çapuw ýaryşlaryna seýisläp taýýarlamagyň mysaly tertibi**

| Aýlar | Hepdeler | Atlar bilen gündelik gezim işletmeler | Dürli gezimde işletmegiň umuny dowamlylygy |
|---|---|---|---|
| Gezimler münüşi gowy öwrenen taýlar bilen tekiz meýdanda we aýlaw ýodalarynda geçirilýär: | | | |
| Dekabr | 1 – 2 | Ýöriş - 25 – 35 min | 35 min |
| | 3 – 4 | Ýöriş –10 min, gorgun – 5 min, Ýöriş – 25 min | 40 min |
| Ýanwar | 1 – 2 | Ýöriş –10 min, gorgun – 10 min, Ýöriş – 25 min | 45 min |
| | 3 – 4 | Ýöriş –10 min, Gorgun – 10 min, ýöriş – 10 min, öz maýdalyna ýeňil seýisleme öňürdik 200 m, ýöriş 20 min. | 50 min |
| Fewral | 1 – 2 | Ýöriş – 10 min, gorgun – 15 min, öz maýdalyna öňürdik 500 – 700 m aralyga, ýöriş – 30 min. | 55 min |
| | 3 – 4 | Ýöriş – 10 min, gorgun – 15 min, öňirdik 500 – 700 m aralyga, gorgun – 5 min, ýöriş – 30 min | 1 sagat |
| Ýaş gunanlar gündelik işledilmäge endik edýärler şeýle hem birneme bedenleri berkişip derlemesi azalýar. | | | |
| Atlary işletmeklik aýlaw ýodalarynda, tekiz we gumluk ýerlerde, beýikli-pesli ýerlerde geçirilýär. | | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Mart | 1 | Ýöriş – 10 min, gorgun – 15 min, ýöriş – 10 min, ýeňil öňürdik 700 – 1000 m, ýöriş – 10 min | 1 sagat |
| | 2-3 | Ýöriş – 10 min, gorgun – 10 min, öňürdik – 1200 m çenli, ýöriş – 10 min, hepdede bir gün 300 – 500 m çenli daruw, ýöriş 30 min | 1 sagat 5 min |
| | 4 | Ýöriş – 10 min, gorgun – 5 min, ýöriş 8 min, öňürdik 1600 m, ýöriş 8 min, hepdede bir gün daruw 500 m, ýöriş – 35 min | 1 sagat 10 min |
| Aprel | 1 | Ýöriş – 10 min, gorgun 1000 m, ýöriş – 7 min, ýeňil öňürdik 1600 – 1800 m, ýöriş – 10 min, hepdede iki gün daruw 300 – 500 m çenli atyň keýpine görä, ýöriş – 35 min | 1 sagat 15 min |
| | 2 | Ýöriş – 10 min, gorgun – 1000 m, ýöriş – 7 min, ýeňil öňürdik 2200 – 2400 m, ýöriş 40 min, şenbe günleri öňürdik azaldylyp 500 m çenli daruw işletmek geçirilýär | 1 sagat 15 min |
| | 3 | Her günki gezim öňki hepdelerdäki ýaly, ýöne seýisleme öňürdik 1000 m, öz maýdalyna daruw çarşenbe we şenbe günleri 500 – 800 m aralyga geçirilýär | 1 sagat 15 min |
| | 4 | Ýöriş – 10 min, gorgun 1000 m, ýöriş – 7 min, öňürdik 2000 – 2200 m, ýöriş – 40 min. Çarşenbe günleri seýisleme öňürdigiň aralygyny 800 – 1000 m çenli azaldyp, öz maýdalyna daruw işletmegi 1000 m-e çenli ýetirmek bolar | 1 sagat 15 min |

Taýlara noýabr aýynda baş öwredilen bolsa dekabr aýynyň üçünji ongünlüginden gorgun işledip başlamak bolar. Fewral aýynda öňürdik işletmegi başlap, mart aýyndan daruw işletmek 200 – 300 m aralyga girizmek bolar. Hepdäniň duşenbe we penşenbe günleri atlar ýoluň ters ugruna işledilýär.

Aprel aýynyň başlaryndan seýislenýän gunanlara agşamlaryna 25 – 30 min gezim berilýär. Ýokarda görkezilen mysaly tertipde seýislenende, eger şenbe günleri daruw berilse, soňra anna güni atlar ýeňil gorgun bilen ýodanyň ters ugruna işledilmelidir. Ondan öňki dört günki seýisleme öňürdikleme altynjy şenbe daruw gündäkisinden uzagrak aralyga bolmalydyr. Mysal üçin, eger gunanlar bilen dört gün 1500 m aralyga öňürdik işledilen bolsa, onda şenbe güni doly güýjüne daramak 1000 m aralyga geçirilýär.

Ýakyn aralyga daramak hepdäniň çarşenbe günleri we uly daruw Juma günleri geçirilýär. Çapuw möwsümi has golaýlanda uly aralyga daramak hepdäniň 3-nji ýa-da 4-nji gününe geçirilip ýakyn aralyga daramak 5-nji ýa-da 6-njy güne geçirilýär. Çapuw möwsümi golaýlanda we çapuw döwründe ylgawyna darap işletmek penşenbe güni we ýakyn aralyga daramak şenbe günlerinde geçirilýär.

Ýaş taýlar bilen meýdanda, tekiz ýodada işledilende azyndan 2 – 3 ýa-da topar taýlar goşulyp işledilse has gowy bolýar. Şeýle edilse gunanlarda ýaryşmak duýgusy ösýär, olar çapuwlarda ozmak üçin synanyşyga taýýar bolýar.

Ýaş gunanlary seýislemek işini her bir taýyň umumy ösüşine we aýratynlyklaryna laýyklykda alyp barmaly bolýar. Hususy atçylyk hojalyklarda ýerinde seýislenýän taýlar aprel aýynda dürli hereketlerde işlemäge gowy öwrenenlerinden soň olar hem aýlawa geçirilýär we şol ýerde seýislenmegi dowam edýär. Şeýle-de ýaş gunanlar seýislenende olary horlaman seýislemeli, sebäbi taýlar 2 – 3 ýaşlarynda-da ösmegini we boý almagyny dowam edýär, onuň üstesine-de çapuwa seýislenilýär we çapdyrylýar. Başgaça aýdylanda taý etini (agramyny) almaly bolýar. Taýlar işledilendäki energiýa harajatynyň öwezini dolar ýaly we ösüş agramyny göz öňüne tutup ýokumly ot-iýmler bilen iýmitlendirilmelidir. Taýlar iki ýaşyna ýetende (aprel aýynyň soňky

ýekşenbe gününden başlap) seýislenmek bilen ugurdaş ilkinji gezek çapuw ýaryşlaryna gatnaşyp başlaýarlar.

Aty yzygider we bütinleý seýislemek işi, ýagny ýyndamlygynyň mümkin bolan aňrybaş çägine seýislemek, aýlawda synamak – çapmak döwründe, hem çapyp, hem seýislemek bilen ugurdaş amala aşyrylýar.

## ATLARY AÝLAWDA SEÝISLEMEK WE ÇAPDYRMAK

Atlary aýlawda seýislemegiň we çapdyrmagyň maksady olary ýaşyna, toparyna we bellenilen çapuw aralyklaryna görä ol çapuwlara ýörite seýisläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň howa şertlerini göz öňünde tutmak bilen, atlar aýlawlarda ýazky we güýzki möwsümlerde çapdyrylýar – synag edilýär.

Güýzki çapuw möwsümi gutarandan soň (noýabr aýynyň ikinji ongünlüginden başlap) atlar kem-kemden ýeňil işletmek (günde 10 minut ýöriş, 10 minut gorgun gezdirmek) bilen çapuwdan çykarylýar. Soňra çapuw atlara dynç berilýär.

Ýanwar aýyndan başlap geçen ýylky ikiýaşar çapan gunanlar üçýaşarlaryň toparyna geçirilýär, üçýaşarlar bolsa dört we uly ýaşar atlaryň toparyna geçirilýär we aşakdaky tertipde seýislemäge başlamak bolar. Uly ýaşar atlar günde 10 min ýöriş 3000 – 4000 m gorgun we soňra ýene 10 min ýöriş bilen gezim tamamlanýar.

Birinji tapgyrda 2,5 ýaşly gunanlary günde 8 – 10 minut ýöriş, 15 – 20 minut gorgun, 5 minut öňürdik, 15 – 20 minut ýöriş bilen gezimi tamamlamak bolar. Jemi 1 sagada golaý işledilip, takmynan, 8 – 10 km aralyk ýol geçilýär.

Üç ýarym ýaşly atlar hem şonuň ýaly işledilip, gorgun sürmek 5 minut artyk işledilýär, seýisleme öňürdik 1600 m çenli ýetirilýär. Jemi 1 sagat 5 – 8 minut işledilip, geçilýän ýol bolsa 10 – 12 km deňdir. Soňabaka gorgun gezim bilen köpräk işledilende aralygynda 3 – 5 minut ýöriş bilen gorguny ikä bölüp gezdirmek bolar.

Ikinji tapgyrda fewral – mart aýlary 3 – 4 we uly ýaşly atlary seýislemekde esasy ünsi atyň güýjüni we çydamlylygyny, ýyndamlyk çydamlylygyny artdyrmaga ýörite işletmek bilen geçirilýär. Fewral

aýynyň ikinji hepdesinden başlap gorgun sürmegi 5000 – 7000 m ýetirip, üçünji hepdesinden öz maýdalyna öňürdik we daruw sürmek girizilýär we seýislemegi aşakdaky tertipde alyp barmak bolar. Ýöriş sürmek 10 minut gorgun 2000 m ýöriş 7 minut öz maýdalyna öňürdik – ylgaw 1500 m we 30 minut ýöriş sürmek bilen gündelik at işletmek tamamlanýar.

Üçýaşar atlar her gün 8 – 10 minut ýöriş, 10 – 15 minut gorgun, 5 minut ýöriş, öňürdikleme 2000 – 2500 metr, ýöriş 20 – 25 min, eger öňürdikleme bir gezimde ikä bölüp geçirilýän bolsa, onuň aralygy 3500 m çenli köpeldilýär, gorgun sürmegiň wagty azaldylýar.

Soňabaka atlaryň siňirdir muskulaturasy berkişdigiçe seýisleme öňürdikleme sürmegiň aralygy barha artdyrylyp mart aýynyň aýagynda 3000 – 3200 m ýetirilýär, gorgunyna sürmek tersine 1000 m çenli azaldylýar. Aprel aýynda şenbe penşenbe günleri 3000 – 3200 m gorgun işledip, öňürdigiň deregine 1000 m aralygyna doly güýjüne ylgawyna daruw geçip başlamaly. Maý aýynda atlary seýislemek aprel aýyndaky ýaly geçirilýär.

Dört we uly ýaşar atlar 8 – 10 minut ýöriş, gorgun 10 – 15 minut ýöriş 5 minut öňürdikleme 2800 – 3000 m-e (iki bölüp oňürdik sürseň aralyk 4000 m çenli köpeldilýär). Aprel aýyndan başlap, öýlänlerine ýa-da gijaralar gezim, gorgun sürmek bilen, guma, düz ýerlere çykyp gezdirmeli. Gorgun sürmegiň aralygy ikinji döwrüň ikinji ýarymynda 10 – 15 minuta çenli azaldylýar. Aprel aýyndan başlap arasynda 5 – 6 minut ýöriş sürmek bilen hepdede 3 – 4 gün öňürdik sürmegi her gezimde ikä bölüp geçirmek maslahat berilýär. Şonda ikinji bölümini ýumşak (çägesöw ýa-da sürlen) ýerlerde, ýa-da belentli-pesli, baýyrly ýerlerde geçirilse atyň nerw, ýürek, gan damar, dem alyş ulgamlarynyň kämil işlemegine we güýjüniň artmagyna ýardam edýär.

Çapuw möwsümine 1 – 1,5 aý galanda hepdede öňürdik sürmegi azaltmagyň hasabyna 1 – 2 gezek ikiýaşar atlary 200 – 500 m aralyga, üçýaşar we uly atlary 500 – 1000 m aralyga çenli doly güýjüne ylgawyna daruw sürmeli. Atlar ýeterlik seýislenip çapuw möwsümi golaýlanda birsydyrgyn işletmegiň netijesinde aty bezikdirmez ýaly, üçýaşar we uly atlarda hepdede 2 – 3 gezek aralygyny üzüp (interwal)

seýislemek bolar. Beýle edilmeginiň maksady zor işledilýän atlary arasynda dynç berip ýa-da üýtgeşigräk tertipde seýislemeli diýmekdir.

Belläp geçmeli zatlaryň biri-de tekiz (aýlaw) ýodalarda atlary gezim işletmek atyň pessaýdan uzyn ädimlemek, uzyndan gulaçlap çapmak ýaly endigiklerini artdyrýar. Çägesöw we ýumşadylan ýerlerde gezdirmek siňirdir baglaýjy, muskulatura ulgamlaryny berkidýär. Aýlawda süýndürip ylgawyna doly güýjüne seýislemek bolsa atyň güýjüne güýç goşýar, ýokary tizlikdäki çapuw häsiýetini artdyrýar. Şeýlelikde, dürli ýerlerde, dürli hereketler bilen gezim, agym, daruw, seýislemek bularyň hemmesi aty seýislemek üçin peýdaly bolup we ol gezimlerde ýerini bilip işletmegi seýisler gözden salmaly däldirler.

Çapyşygyň öň ýanyndaky günler atlary ýöriş, gorgun 8 – 12 minut öňürdik 1600 – 2200 m ikiýaşar atlarda, 2000 – 3000 m uly atlarda işledilýär. Çapyljak aralyga golaý bolan aralyga doly güýjüne daruw geçirmek bilen hepdede bir gün işledilýär.

Çapuwlara gowy taýýarlanan atlar ýeňil gopýar, münende oýnaklaýar, muskulaturasy gataňsydan çylgym-çylgym bildirip durýar, aýaklarynyň siňirdir baglaýjy bölekleri guraksydan berk bolýar. Seýsi ýeten at ýeňil suwjumak derleýär, ol der çalt guraýar.

Atlar çapuwa gatnaşyp, çapuw tabyna girenden soň olary ýyndamlygyna daruw – doly güýjine ylgaw işletmek at çapyşygyna gatnaşmagynyň hasabyna geçirilýär. Şonda olar işledilende her bir atyň mümkinçiligine görä işledilmelidir.

Bu döwri at seýislemegiň üçünji tapgyrlaýyn döwri hasap etmek bolar. Çapuw döwründe dörtýaşar we uly atlary hem şeýleräk seýislemek bolar, ýöne olary köpräk işletmeli bolýar. Mysal üçin, öz maýdalyna öňürdik 2500 – 3500 m süýndirip uzaboýuna daruw – ylgawyna seýislemegiň aralygyny hem köpeltmeli bolýar.

Çapuw döwründe seýislemekde esasy maksat atyň seýislenen tabyny saklamak bolup, ony çendenaşa ýadatmak bolmaýar. Şu maksat bilen işeňňir (intensiw) ylgaw ýa-da birnäçe agyr çapuwlara gatnaşandan soň, ata dem berip 2 – 3 gün diňe ýöriş işletmeli, soňra 7 – 10 gün ýeňil işledilip we diňe şondan soň aty hemişeki tertibinde işletmäge doly geçmek bolar.

Çapuw güni atyň irki iýmini hemişekisi ýaly bermeli, ýöne çapuwa gitmäge azyndan 5 sagatdan az wagt galanda iým bermek maslahat berilmeýär.

Çapuw gutarandan soň atyň çekisini gowşadyp ýa-da eýerini aýryp aty idip (ýa-da münüp) athana getirmeli we bir sagada golaý demini dürsäp deri gaýdýança meýdançada idip gezdirmeli. Soňra teblehana salyp süpürişdirip öňüne ot dökmek bolar.

Diňe 3 – 4 sagat geçenden soň agşamaralar aty gandyryp suwa ýakmaly, soňra iýmini berip öňüne ot dökmeli. Çapuw gününiň ertesi atlara diňe ýeňiljek gezim bermeli, soňraky günler bolsa hemişeki tertibinde seýislenilýär.

*17-nji maglumatnama*

**Seýisçilik athanalarda işleriň gün tertibi (gyş aýlary üçin)**

| Wagty (sagatda) | Ýerine ýetirilmeli işler |
|---|---|
| Daňdan<br>3:00 – 4:00-da | Atlary suwa ýakmak, iým bermek. |
| Irden sagat<br>6:00 – 10:00 çenli | Atlary seýislemek – ýöriş, gorgun, öňürdik we ýlgawyna işletmek. |
| Gündiz sagat<br>10:00 – 13:00 çenli | Athanalary, teblehanalary arassalamak, atlary arassalamak, suwa ýakmak, iým bermek, öňüne ot dökmek. |
| Öýlän sagat<br>13:00 – 15:00 çenli | Arakesme. |
| Öýleden soň sagat<br>15:00 – 18:00 çenli | Atlary tekiz ýerlerde, baýyrlyk, gumluk ýerlerde gezimine işletmek. |
| Agşam sagat<br>18:00 – 19:00 çenli | Athanalary, atlary arassalamak, suwa ýakmak, iým bermek we ot dökmek. |
| Gije sagat<br>23:00-da | Gijeki atbakar atlara bede berýär. |

Maslahat berilýän atlary işletmegiň, ot we iým bermegiň, suwa ýakmagyň gün tertibi (17-nji maglumatnama) mysalydyr we aýlawyň, seýisçilik bölümiň, seýsiň içki iş tertibine görä üýtgedilip bilner.

## UZAK ARALYKLARA AT ÇAPYŞYKLARYNA WE ATLY ÝÖRIŞLERE ATLARY SEÝISLEMEK

Uzak aralyklara (marafon) at çapyşyklaryna we atly ýörişlere atlary seýislemek ýokarda seredilip geçilen aýlaw çapuwlaryna ýakyn aralyga atlary ýyndamlygyna seýislemekden tapawutlanýar. Marafon at çapyşyklarynyň maksady gadym zamanlarda-da, häzirki wagtda-da atlaryň uzakçyllygyny, çydamlylygyny kesgitlemek maksady bilen geçirilipdir. Ol çapyşyklar 1 günlük we kop günlük wagt arasynda geçirilýär. Şonuň ýaly at çapyşyklaryna süňňi bekän 6 – 12 ýaş aralygyndaky atlar saýlanyp alynýar.

Uzak aralyklara çapuwlara atlary seýislemek köne türkmen seýisçilik ýoluna örän meňzeş bolup, atyň çydamlylygyna seýislemäge aýratyn üns berilýär.

Uzak aralyklara at çapyşyklaryna atlary seýislemegiň hepdelik we aýlyk yzygiderlikdäki mysaly tertibi, 18-nji maglumatnamada getirilýär.

Şonda atlary dört aýlap dürli hereketlerde we dürli şertlerde, ýörite düzülen meýilnama boýunça yzygiderlikde seýislemek işleri geçirilse amatly bolýar. Şeýle tertipnamada seýislenen atlar uzak aralyklara çapuwlara geçirilen marafon ýaryşlarynda taýýarlygyny üstünlikli çykyş etmek bilen görkezdiler.

Ahalteke we ýomut tohum atlarynyň gatnaşmaklarynda ilkinji marafon at çapyşygy Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň hormatyna 1945-nji ýylyň sentýabr aýynda Moskwa şäherinde 500 km aralyga geçirilýär.

Düzgün boýunça uzak aralyklara uzak aralyklara at çapyşyklarynda geçilmeli aralygy haýsy at az wagtda üstünlikli geçse we işjeňlik ukybyny we saglygyny, şonuň ýaly-da fiziologiýa – kliniki görkezijilerini bellenilen kadada saklap bilse, şol at çapuwyň ýeňijisi diýlip yglan edilýär.

1997-nji ýylda Gökdepe – Gökdere – Babarap – Owadandepe – Gurtly – Gypjak – Aşgabat 160 km aralyga geçirilen uzak aralyklara at çapyşygynda Mälik Taýlyýewiň çapan Daşaýak diýen dor aty bu aralygy 9 sagat 52 minutda geçip birinji ýeri we Peýkam atly gara dor at ikinji ýerleri eýelediler.

**Uzak aralyklara at çapyşyklara atlary 4 aýlap seýislemegiň mysaly iş meýilnamasy**

| | At işletmegiň dowamlylygy, minutlarda | | | | | | | Bir günde | | Agşamlaryna şöwür bermek, minut |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ýöriş | gorgun | ýöriş | uzyn gorgun | ýöriş | öňürdik ylgaw | ýöriş | Wagty, sagat/min | | |
| 1 – 2 hepde | 30 | 20 | 10 | 10 | 35 | – | – | 1 sag 45 min | 12 – 14 km | – |
| 3 – 4 hepde | 35 | 25 | 10 | 15 | 30 | 5 | – | 2 sag | 16 km | – |
| 5 – 6 hepde | 30 | 30 | 10 | 15 | 30 | 5 | – | 2 sag | 17 km | – |
| 7 – 8 hepde | 30 | 35 | 10 | 10 | 5 | 10 | 30 | 2 sag 10 min | 20 km | – |
| 9 – 10 hepde | 25 | 35 | 5 | 10 | 5 | 20 | 30 | 2 sag 10 min | 22 km | 30 |
| 11 – 12 hepde | 20 | 40 | 10 | – | – | 40 | 30 | 2 sag 20 min | 27 km | 45 |
| 13 – 14 hepde | 20 | 60 | 5 | – | – | 50 | 30 | 2 sag 45 min | 34 km | 60 |
| 15 – 16 hepde | 20 | 60 | 5 | – | – | 50 | 30 | 2 sag 45 min | 34 km | 60 |
| 17-hepde günde 1,5 sagatdan 2 gezek ýöriş işletmek, çapuwa 3 gün galanda öňürdik daruw 8 km aralyga. | | | | | | | | | | |

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ahalteke atlarynyň gatnaşmagynda Özbegistanda, Birleşen Arap Emirliklerinde we Russiýa Federasiýasynda uzak aralyklara geçirilen at çapyşyklarda Türkmenistanyň ahalteke atlarynyň üstünlikli çykyş edip, uly baýrakly orunlara mynasyp bolmagy teklip edilýän seýisleme usullarynyň ygtybarlylygyny görkezdi.

## ATLY ÝÖRIŞLER

Türkmen atly ýörişleri dürli döwürlerde dürli maksatlar bilen geçirilipdir. Uzak aralyklara ilkinji atly ýörişler gadymy döwürlerde Oguz hanyň guran berkarar döwletlerinde, atly nökerleriň harby ýörişlerinden başlanypdyr diýsek dogry bolar. Şeýle ýörişlere taýýarlyk işlerinde nökerler atlaryny aýlap seýisläpdirler. Geçmişde Orta Aziýanyň giň sähralarynda ýaýrap, erkana ýaşan türkmenleriň esasy ulag serişdesi aty bolup, olar atlaryny biri-birleri bilen hojalyk we beýleki özara aragatnaşyklarynda giňden ulanypdyrlar. Ol atly gatnaşyklar bolsa atly ýörişlere örän meňzeş bolupdyr.

Muňa şahyr Seýdiniň:

Pasly baharlarda seýrana gitsek,
Tükenmez ýollaryň bardyr sen çölüň,

– diýen goşgy setirleri aýdyň şaýatlyk edýär.

Uzak aralyklara ýörişlere çydamlylykda taryhyň jümmüşinden tä biziň günlerimize çenli türkmen atynyň deňi-taýy bolmandyr. Gynansak-da, dünýä atçylyk edebiýatynda uzak aralyklara türkmen atly ýörişleri barada maglumat ýok diýen ýalydyr. Oguznama kitaplarynda Oguzhanyň ýakyn we uzak ýurtlara atly harby ýörişleri barada köp aýdylýar.

Görogly şadessanynda Jygalybegiň ýaşajyk Görogly bilen artlaşyp, Rumdan (Stambuldan) Çandybile gaýtmagy, Göroglynyň Arabystana we ol ýerden Bibijan bilen artlaşyp ýene-de Çandybile, Weýeňňam şäherinden Öwez bilen artlaşyp öz ýurduna dolanyşy, Nişapurda Gyratyny seýisläp Çandybile gaýdyşy bularyň hemmesine-de uzak aralyklara atly ýörişler diýmek bolar.

1267-nji ýylda Ärtogrul Gazy Türkmenistandan çykan 500--den gowrak atlysy bilen Kiçi Aziýanyň Anadoly welaýatyna ýöriş edip, Sögüt şäherinde hemişelik mesgen tutýarlar. 1378-nji ýylda Samarkandyň emiri Teýmiriň türkmenlerden düzülen habar gatnadyjy atlylary, Samarkantdan Eýranyň Şiraz şäherine çenli 2350 km aralygy 17 günde geçipdir diýen maglumatlar bar.

Professor M.I.Belonogow Russiýada neşir edilýän “Atçylyk” žurnalynyň XIX asyryň segseninji ýyllardaky habaryna salgylanyp, Eýrandan gaýdan türkmenler ýomut atlary bilen Tährandan Türkmenistana çenli aralygy üç günde geçipdirler diýip belleýär.

Fransuz žurnalisti Genri De Blokwil “Türkmenleriňkide ýesirlikde” kitabynda 1862-nji ýylda „Oň 20 günde geçen aralygymyzy, biz türkmenler bilen 38 sagatda geçdik” diýip ýazýar.

Türkmenistanda 1930-njy ýyllarda aýal-gyzlaryň Kerki – Aşgabat, Garrygala – Aşgabat atly ýörişleri geçirilýär.

Ahalteke we ýomut tohum atlarynyň gatnaşmaklarynda 1935--nji ýylda geçirilen Aşgabat – Moskwa atly ýörişi türkmen ýigitleriniň edermenligini, ahalteke we ýomut atlarynyň çydamlylygyny, ýörişde, harby işlerde türkmen atynyň mümkinçiliginiň uludygyny görkezdiler.

Atly ýörişe gatnaşyjylar Gyzyl ýyldyz ordeni bilen sylaglanýarlar, olara altyn sagat sowgat gowşurylýar.

Bulardan daşgary atly ýörişe gatnaşanlardan 16 adam SSR Soýuzynyň Merkezi ispolnitel komitetiniň Hormat hatlary bilen sylaglanýar.

Atly ýörişe gatnaşan Begmyrat Annamyrat sowgat berlen altyn sagadyny 1941-nji ýylda goranmak gaznasyna berýär. Onuň göreldesine eýerip, şol ýörişe gatnaşan Aşyrguly Beg hem altyn sagadyny şol gazna tabşyrýar. Aşgabat – Moskwa atly ýörişi ahalteke we ýomut atlarynyň uzak we ýowuz ýollara çydamlylygyny bütin dünýä jar etdi.

1986-njy ýylda Aşgabat – Köneürgenç – Aşgabat we 1987-nji ýylda Aşgabat – Guşgy – Aşgabat atly ýörişleri geçirilýär.

1988-nji ýylda Aşgabat – Moskwa aralygyna 17 atlynyň gatnaşmagynda ikinji atly ýörişi geçirilýär.

**Uzak aralyklara atly ýörişlere atlary seýislemegiň tertibi**

| Aýýň günleri | At işletmegiň dowamlylygy | Geçilmeli aralyk | Işletmegiň sagatda tizligi | Agşamlaryna şöwür bermek | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 3 sag | 30 km | 10 km | 1 sag | Gorgun (1 km – 4,5 min tizlikde) |
| 2 | 3 sag 30 min | 35 km | 10 km | 1 sag | |
| 3 | 3 sag 30 min | 35 km | 10 km | 1 sag | |
| 4 | 4 sag | 35 km | 10 km | 1 sag | |
| 5 | 4 sag 30 min | 40 km | 10 km | 1 sag 20 min | |
| 6 | Dynç güni | | | | |
| 7 | 3 sag | 35 km | 11 km | 1 sag 20 min | Gorgun (1 km – 4 min tizlikde) 8 km öňürdik ylgaw ýokarky ýaly |
| 8 | 3 sag | 33 km | 11 km | 1 sag 20 min | |
| 9 | 3 sag | 36 km | 12 km | 1 sag 20 min | |
| 10 | 2 sag | 25 km | 12,5 km | 1 sag 20 min | |
| 11 | 2 sag | 25 km | 12,5 km | 1 sag 20 min | |
| 12 | 25 km aralyga agym işletmek | | | | |
| 13 | Dynç güni | | | 2 sag | |
| 14 | 3 sag 30 min | 35 km | 10 km | 1-sag 30 min | Gorgun (1 km – 4 min tizlikde) |
| 15 | 3 sag 30 min | 39 km | 11 km | 1-sag 30 min | |
| 16 | 4 sag. | 44 km | 11 km | 1-sag 30 min | |
| 17 | 3 sag 30 min | 35 km | 10 km | 1-sag 30 min | Gorgun (1 km – 4 min tizlikde) |
| 18 | 3 sag 30 min | 39 km | 11 km | 1-sag 30 min | |
| 16 | 4 sag | 44 km | 11 km | 1-sag 30 min | |
| 19 | Irden 2 sagat, agşam 2 sagat, gezim bermek, ýokarky ýaly | | | | |
| 20 | Atly ýörişe gatnaşmak bolar. | | | | |

1995-nji ýylda Türkmenistanyň Baýdak baýramçylygyna bagyşlanyp diýarymyzyň bäş welaýatynyň çet künjeklerinden Aşgabada çenli köpçülikleýin atly ýörişler geçirildi. Ýörişe gatnaşyjylar ýollarda oba-şäherlerde adamlar bilen duşuşyklar geçirdiler, Aşgabatda bolsa uly dabara bilen garşylandylar.

Jemläp aýdanymyzda, türkmen aty taryhyň gowgaly günlerinde ýigitlerimiz bilen ýörişlere, gowy günlerimizde seýrana çykyp münmäge taýýar bolupdyr. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk eýýamynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe dabaraly atly ýörişler, uzak aralyklara marafon at çapyşyklary täze öwüşginlerde geçirilýär. Ol bolsa halkymyzyň öz bedew atyna bolan guwanjyny artdyrýar, atlarymyzyň halkara abraýyny has belende göterýär.

Uzak aralyklara atly ýörişleri guramak we geçirmek üçin azyndan 2 aý öňünden atlary saýlap almaly. Saýlanan atlar iriden berk bedenli, sagdyn, 6 ýaşdan uly bolsa gowy bolýar. Atly ýörişe bellenilen atlar weterinar gullugy tarapyndan barlanylyp, olaryň aýaklarynda şikes bolmaly däldir, dem alyş, ýürek we gan aýlanyş ulgamynda göze görünmeýän ýetmezçilikleri bolmaly däldir.

Atlara dürli keselleriň öňüni alyş – duýduryş weterinar çäreleri – sanjym geçirilýär. Atly ýörişlere bellenilen atlar mineral we witaminlere baý bolan güýçlendirilen we ýokumly ot-iýmler bilen iýmitlendirilmelidir.

Aşgabat – Guşgy – Aşgabat atly ýörişini guramak we ýolbaşçy bolup gatnaşmak awtora miýesser etdi. Toplanan iş tejribe atly ýörişe atlary gysga wagt aralygynda, 19-njy maglumatnamadaky ýaly seýisläp taýýarlamagyň ygtybarlydygyny görkezdi. Şonda atlar ýöriş, gorgun we öňürdik işledilip, bellenilen aralyklary görkezilen ortaça tizlikde geçmek bilen işeňňir seýislenilýär.

# Türkmen at çapyşyklary

## TÜRKMEN AT ÇAPYŞYKLARYNYŇ DÖREÝIŞ TARYHY

Türkmen at çapyşyklarynyň döreýiş taryhy, türkmen seýisçilik hünäriniň döreýşi bilen deňeçerdir. Ilkinji at çapyşyklar bolan has gadymy döwürlerde, atly nökerlere harby tälim öwretmek maksady bilen oguzlarda – türkmenlerde döräpdir diýsek dogry bolar. Şonuň ýaly at çapdyryp, nökerlere tälim bermek gadymy Oguz hanyň guran döwletleriniň sap atly goşunlarynda, nökerlere tälim beriji maksatly at çapyşyklary geçirilipdir. Nökerlere tälim beriji at çapyşyklardan başga-da, türkmenler ýurduna howp abanyp, atlanha-atlan bolanda, her kim öz işiginde saklaýan atlaryny duşman üstüne ýörişe ýa-da goranyşa taýýar bolup durar ýaly, hem-de ýetginjek ýigitlerini edermen, atarman-çaparman edip ýetişdirmek maksady bilen il arasynda, häzirkizaman at çapyşyklaryna meňzeş üýşmeleňli at çapyşyklary-da geçirilip durlupdyr.

At çapyşykly ilkinji toýdur dabaralar söweşlerde gazanylan ýeňişleri dabaralandyrmak maksady bilen geçirilipdir. Abadan döwletler guranlaryndan soňra, türkmenler üçin uly toýlar tutmaga we at çapdyrmaga hemişe delil tapylypdyr. Olar ogly bolsa-da, ogul öýerse-de, ak öýler tutup ýurt tutsalar-da, galpak toýy, sünnet toýy, garaz, delil tapsa toý tutup, at çapdyryp göreş tutdurypdyrlar hem bagşy aýtdyryp, altyn gabak atdyrypdyrlar. Ýaryşlarda ýeňiş gazanan çapyksuwarlara baýraklar berip, atynyň başyna atgulak dakypdyr.

Toý-tomaşada at çapdyrmak türkmen halkynyň arasynda däbe öwrülipdir. At çapyşyklary bolsa halk köpçüligini özüne maýyl edýän türkmen milli sport ýaryşlarynyň ajaýyp bir görnüşine öwrülipdir.

Görogly şadessanynda,”Döwletýar”,”Ýusup-Ahmet” ýaly halk dessanlarynda baýrakly at çapyşyklary barada köp gürrüňler edilýär.”Gorkut ata” kitabynda (VII asyr) Salyr Gazan “At çapdyran meýdanlarym galdy” diýip, atlar çapdyranlygyny ýatlaýar.

Orta asyrlara çenli we ondan soňra, oturymly daýhan hojalygyna geçýänçäler türkmenler öz atlaryny uzak aralyklara seýisläp, uzaklara

çapypdyrlar. XVIII – XIX asyrlara türkmen at çapyşyklarynyň dogry çapgy, gelnalyjjynyň söýünji baýragy ugrunda at çapyşygy, sesýetim aralyga we gözýetim aralyklara at çapyşyklary, tommuklap 25 – 30 aýlaw aýlawlaýyn çapmak, aýlawlaýyn süýregli (Daşoguz welaýatynda 1958-nji ýylda ýatyrylýar) çapuwlar ýaly görnüşleri gelip ýetipdir.

Türkmen toýlarynda at çapyşyklaryny tertipli geçirmek üçin il arasynda abraýly adamlardan ýörite eminler saýlapdyrlar.

Halkara at çapyşyk ýaryşlarynyň talaplaryna laýyk gelýän, bellibir düzgün – takyk aralyk, çapyksuwaryň bellenen agramy (Ýewropa (iňlis) düzgüni), wagt ölçemek bilen aýlawlarda ahalteke we ýomut tohum atlaryny çapdyrmaklyk 1901-nji ýyldan başlanýar diýsek dogry bolar. Şol ýylyň 25-nji sentýabrynda atlary köpeltmegiň Zakaspiý jemgyýeti tarapyndan Aşgabat şäherinde at çapyşygy ýaryşlary geçirilýär. Şonda jemi bäş çapuw geçirilip, ikiýaşar, üçýaşar we uly ýaşar atlar öz aralarynda özbaşdak çapdyrylyp, ýaryşlarda üstün çykanlara öz wagtynda uly pul bolan 500 manada çenli baýraklar goýlupdyr.

## AÝLAW WE ONUŇ GURLUŞY

Tohum atlaryň hilini gowulandyrmak maksady bilen olary çapuwlarda we atçylyk sportunda, türkmen milli at üstündäki oýunlarda, atçylyk sportunyň nusgawy görnüşlerinde synag etmegiň – çapdyrmagyň örän uly ähmiýeti bardyr.

Aýlaw – diýlip çapuw atlaryň ýörite synag (çapuw) geçirilýän, ellips şekilli tegelek we tekiz çapuw ýodalaryndan, tomaşaçylar üçin münberden, seýishanalardan we beýleki tehniki enjamlardan ybarat bolan uly meýdança aýdylýar. Aýlawda at çapyşyklary bilen bir hatarda atly – sport ýaryşlary, milli atly sport baýramçylyklary, atlaryň sergi gözden geçirilişleri we halkara atly – sport yaryşlary geçirilýär. Şonuň bilen birlikde aýlaw tomaşa jaýy bolmak bilen, adamlar üçin köpçülikleýin medeni dynç alyş ýeri bolup hem hyzmat edýär.

Türkmenistanda 1922-nji ýyldan başlap Aşgabadyň Köşi aýlawy işläp başlaýar. Ol ýerde bellibir ýaşdaky, bellibir bellenen aralyklara we bellibir agramda Ýewropa düzgüni boýunça ahalteke we soňra ol

ýerde goşmaça ýomut atlary özbaşdak çapuwlarda çapdyrylýar. Köşi aýlawy 1959-njy ýyla çenli işleýär.

1962-nji ýylda Aşgabadyň ikinji aýlawy şäheriň gündogar çetinde salynýar we ol 1983-nji ýyla çenli işleýär.1939 – 1941-nji ýyllarda Köşi aýlawy bilen bir hatarda ahalteke atlary Lwow şäheriniň aýlawynda (1941-nji ýylda ol çapuwlara Türkmenistandan iki seýisçilik bölümiň atlary gatnaşýar) çapdyrylýar. 1960 – 1970-nji ýyllarda ahalteke atlarynyň bir bölegi Daşkendiň, Bakuwyň, Bişkegiň, Almatanyň aýlawlarynda çapdyrylýar. 1980-nji ýyllarda bolsa Aşgabadyň aýlawy bilen bir hatarda ahalteke atlary Krasnodar şäheriniň, Tbilisiniň, Pýatigorskiniň, Çimkendiň we Mahaçkalanyň aýlawlarynda çapdyrylýar.1984-nji ýylda öňki aýlawyň ornunda, Aşgabadyň häzirki işleýän üçünji aýlawy gurlup ulanylmaga berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda 1991-nji ýyldan başlap türkmen at çapdyrmak däbi täze öwüşginler bilen täzeden dikeldilýär. Türkmen atçylygyny we at çapyşyklaryny ösdürmek hakyndaky döwlet çäreleri barada kitabyň başynda giňişleýin durlup geçildi.

Aşgabat şäheriniň günorta-gündogarynda Köpetdagyň ajaýyp jülgesinde halkara ülňülerine laýyk gelýän 2004-nji ýylda gurlup ulanylmaga tabşyrylan Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumyndaky aýlaw *(63-nji surat)* Aşgabatda gurlan dördünji aýlawdyr.



**63-nji surat. Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumyndaky aýlaw we onuň gök mahmala bürelen çapuw ýodasy**

Aşgabadyň Atçylyk sport toplumy döwlet aýlawy esasy çapuw ýodadan, uzynlygy 2000 m, ini 22 m, at seýislemek üçin uzynlygy 1800 m we ini 8 m seýisçilik ýodadan we üçünji – paýtun goşulan gorgun ýüwürýän atlaryň ýaryşlaryny geçirmek üçin uzynlygy 1600 m, ini 15 m deň bolan ýodalardan durýar. Ýodalaryň uzynlygy içki çilden ýoda tarap 75 sm süýşmek bilen 20 metrlik metaldan ýasalan ölçeg tasma metr bilen, çapuw ýoluň ters ugruna takyk ölçenilýär.

Şu ýerde aýlawyň taslamasy düzülende we aýlaw gurlanda berjaý edilmeli talaplar barada durup geçeliň. Aýlawyň esasy çapuw ýodasy tekiz ellips şekilli bolup, uzynlygy 1600 metrden kelte, ini 18 metrden az bolmaly däldir. Tomaşaçylar üçin münberiň öňünde ýerleşýän çapuw ýoluň uzynlygy 350 – 400 metr aralykdaky bölegi göni ýol bolmalydyr. Ol soňky pellede atlar päsgelçiliksiz göni ýolda güýç synanyşyp çapyşmagy üçin niýetlenen. Kesetegezek şekilli çapuw ýodanyň iki çetki öwrümlerinde ýodanyň daşky erňeginiň, ýoluň içki tekiz bölegine seredeniňde beýikligi 16 gradus burç bilen iç tarapa ýapgyt bolmalydyr.



**64-nji surat. Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumyndaky athanalar**

Türkmenistanda ýelleriň, köplenç, demirgazyk günbatardan öwüsýänligini we at çapyşyklaryň günüň ikinji ýarymynda geçirilýänligini göz öňünde tutup, aýlawyň tomaşaçylar üçin münberi demirgazyk günbatardan günorta gündogara bakdyrylyp gurulsa amatly bolýar. Tomaşaçylara göni gün şöhlesi düşmeýär, şemal adamlaryň ýüzüne urmaýar. Münberiň islendik ýerinde oturyp seredeniňde çapuwlaryň gidişi tomaşaçylara gowy görünmelidir.

Aýlawdaky athanalarda *(64-nji surat)* her bir teblehananyň meýdany 11 – 12 inedördil metrden, içki (howa) göwrümi 38 metr kubdan, beýikligi 3 metrden, aýnalaryň beýikligi ýerden (atlaryň gözüne gün düşmez ýaly) 1,6 metrden az bolmaly däldir. Athananyň ortasynda giň manež ýeri bar bolsa onuň ýokarsynyň beýikligi 4,5 metrden pes bolmaly däldir.



**65-nji surat. Athanalaryň içindäki teblehanalar**

Athanalaryň ýagtylandyryş koeffisiýenti 1:10-1:12 (ýagny 10 inedördil metr içki meýdana 1 $m^2$ äpişge meýdany hasapdan), emeli yşyklandyrma bolsa 15 lýumen ýa-da yşyklandyryjy çyralaryň kuwwaty içki meýdanyň *(65-nji surat)* her bir inedördül metrine 5

watt bolmalydyr. Iýmahyrlaryň ýerden beýikligi 60 sm, çuňlugy 40 sm we ini 30 sm bolmalydyr.

Aýlawda çapuw aralyklar 500 m, 800 m (Aşgabadyň aýlawynda ol göni), 1000 m, 1200, 1400, 1500, 1600, 1800, 2000, 2400, 2800, 3000, 3200, 3800 we 4000 metr bolup, ol aralyklara sütünler dikilip onuň ýüzüne uly sanlar bilen çapuw aralyklar ýazylandyr. Tomaşaçylar üçin münberiň gapdalynda, çapuwlara gatnaşýan atlary eýerläp müner ýaly ýörite jaý – teblehanalar we onuň ýanynda çapuwyň öň ýanynda atlar aýagyny ýazar ýaly gezim meýdançasy (paddok) bar. Ol ýerden atlar eýerlenip çapuwa ugradylýar.

Şeýle-de at söýüjileriň we utluşykly oýunlary (totalizator) oýnaýanlaryň ol ýere baryp çapuwlara gatnaşýan atlary görmäge hukugy bardyr.

Toýhananyň garşysynda eminler topary işlär ýaly jaýjagaz ýerleşip, ol ýerden ähli çapuw ýodalary, çapuwlaryň gidişi gowy görünýär. Ol jaý ýörite gurallar bilen abzallaşdyrylandyr. Eminiň jaňy, wagt ölçeýän gurallar, (sekundomer), ses güýçlendiriji radio enjamlar, fotofiniş we ş.m. bardyr. Ýaryşlaryň geçişi, çapuwlaryň netijeleri, beýleki üýtgeşmeler şol ýerden radio üsti bilen tomaşaçylara habar berilýär.

Tutum taýlar aýlawa güýzüň aýagynda bir ýarym ýaşyndaka zooweterinar barlaglardan geçirilip, ýörite bellenileniş topary tarapyndan kabul edilýär. Seýisçilik bölümlerde taýlar ilki münüşe öwredilýär, soňra seýislenip başlanýar. Çapuw möwsümi başlamanka mart – aprel aýlarynda aýlawyň zooweterinar gullugy we atşynas hünärmenler tarapyndan atlar seçgilenip (bonitirlenip) tohumçylyk gymmaty kesgitlenilip derejelere bölünýär we at çapyşyklaryna gatnaşmaga atlara rugsat berilýär. At bilen birlikde aýlawa atyň resmi tohumçylyk şahadatnamasy, synag resminamasy iberilýär. Şeýle-de, atlaryň saglyk ýagdaýy we aýlawa iberilýändigi barada ykrar haty we weterinar kepilnamasy aýlawa berilýär.

## AHALTEKE WE ÝOMUT ATLARYNY AÝLAWLARDA ÇAPDYRMAGYŇ TERTIBI WE DÜZGÜNLERI

Türkmenistanyň aýlawlarynda çapuwlarda synag edilýän ahalteke we ýomut tohum atlary 2 ýaşdan 8 ýaşa çenli we gysraklar 2 ýaşdan 4 ýaşa çenli çapdyrylýar. At çapyşyklary aýlaw tarapyndan düzülen bir ýyllyk çapuw meýilnamasy esasynda ýazky we güýzki möwsümlerde geçirilýär. Şonda ikiýaşar atlary aýda 1,5 – 2 gezek, üçýaşar we uly atlary aýda 2 – 3 gezek çapdyrmak meýilleşdirilýär. Aşgabadyň aýlawynda ýazky çapuw möwsümi üçýaşar we uly atlar üçin Nowruz baýramçylygyndan 22-nji martdan başlanýar. Ikiýaşar gunanlar ilkinji gezek çapuwa aprel aýynyň soňky dynç gününden Türkmen Bedewi milli baýramçylygyndan çapuwlara gatnaşyp başlaýar.

Ýyndamlygy boýunça atlar jemi 5 toparda çapdyrylýar. Ikiýaşar atlar birinji gezek çapdyrylanda we beýleki çapuwlarda bir gezek ozmadyk atlar 4-nji toparda çapdyrylýar. Çapuwlarda bir gezek ozan at 3-nji topara, iki gezek ozan at 2-nji topara, üç gezek ozan at 1-nji topara we dört gezek ozan at topardan çykan toparda, jemi – 5 toparda çapdyrylýar. Her bir ata öz toparyndaky atlar bilen goşulyp bäsleşmäge rugsat edilýär. Şonda ikiýaşar atlar özbaşyna, üçýaşar atlar özbaşyna we 4 we uly ýaşar atlar özbaşyna we olar diňe öz toparlarynda çapdyrylýar *(66-njy surat)*.

Bellenilen çapuw günlerine, atlary çapuwa ýazmak aýlawyň zootehnigi, nobatçy seýsiň we weterinar gullugynyň wekiliniň gatnaşmagyndaky iş topary tarapyndan geçirilýär we soňra çapuw tertipnamasy düzülip ol kitapça görnüşinde çaphana usulynda neşir edilýär. Çapuw tertipnamasy degişli seýislere, eminler toparynyň agzalaryna we hünärmenlere paýlanylýar, köp sanly at söýüjiler, tomaşaçylar üçin satuwa çykarylýar.



**66-njy surat. Halkara atçylyk sport toplumynda at çapyşyklary**

Çapuw tertipnamasynda çapuwlaryň geçirilýän güni, wagty (sagady we minuty), çapuw tertibi, çapuwa ýazylan atlaryň topary, aralygy, çapuwa gatnaşýan atyň lakamy, reňki, jynsy, enesi – atasy, degişli hojalygy, seýsi, çapuksuwary we oňa talap edilýän agramyny görkezmek bilen ýazylýar.

Çapuwlarda ahalteke atlaryny aýlawlarda çapmaga rugsat edilýän aralyklar: ikiýaşar atlara – 500 m, 800, 1000, 1200, 1400 we 1600 m aralyga çenli; üçýaşar atlara – 1000 m, 1200, 1400, 1600, 1800, 2000, 2400, 2800 we 3000 m aralyga çenli; 4 we uly ýaşar atlara – 1200 metrden 4800 metr aralyga çenli çapdyrylýar.

Çapuw başlanmagyna 2 sagat galýança çapyksuwarlaryň agramlary medisina terezisinde ölçenilip, agramy edilýän talaba ýetmese, goşmaça gurşun bölekleri bilen üsti ýetirilýär (gurşun bölekleri eýeriň kisesine salynýar).

Çapuw günleri aýlawda tiz kömek lukmançylyk gullugy nobatçylyk etmelidir.

Çapuksuwarlar üçin talap edilýän agramlar: ikiýaşar atlara – 57 kg, üçýaşar atlara – 58 kg, 4 we uly ýaşar atlara – 59 kg, (eýeriň, çekiniň, içirginiň agramyny goşmak bilen) bolmalydyr (uýanyň agramy muňa girmeýär).

Gysraklar, atlar bilen goşulyp çapyşanlarynda çapyksuwaryň agramyna bolan talap 2 kg azaldylýar (gysraklaryň ýaşyna laýyklykda – 55 kg, 56 kg, 57 kg). Gysraklar üçin özbaşyna çapuwlarda ol ýeňillik berilmeýär. Atoglanlar hünärli çapyksuwarlar bilen bile goşulyp at çapanlarynda bellenilen agramdan ýene-de 2 kg (kada boýunça 53, 54, 55 kg) az agram göterýär.

Baýrakly orunlary eýelän çapyksuwarlaryň takyk agramy, çapuw geçirilen badyna, agram hasaba alyjy emin tarapyndan ýene bir gezek gaýtadan ölçenilýär. Çapuw tertipnamasynda görkezilen agrama ýetmese, çapyksuwar çapuwyň netijesi boýunça gazanan baýrakly ornundan mahrum edilýär (300 grama çenli ýetmeýän agram hasap edilýär).

Çapyksuwarlar hökmany suratda ätiýaçlandyryş gullugy tarapyndan ätiýaçlandyrylan bolmalydyr. Çapuw wagtynda olar tertipnamada görkezilen tertip belgide, çapyksuwar eşiginde we howpsuz baş geýimde bolmalydyr.

Nobatdaky çapuwyň başlanmagyna 10 min galanda çapuwa gatnaşýan atlar aýlawyň çapuw ýodasyna çykyp, tomaşaçylaryň öňünden tertip belgileri boýunça yzygiderlikde geçmelidirler.

Gaýdyş pellede badalga mehaniki badalgadan *(67-nji surat)* ýa-da atlara badalga beriji emin tarapyndan elde badalga berilýär. Badalga berlip çapuwa gatnaşýan atlar, aralyk görkeziji sütüniň deňine gelende, ol ýerde duran baýdakçy baýdagyny ýatyrandan soň (eminiň bir jaň sesi), çapuw başlandy hasap edilýär. Eger atlar çapuwa goşulyp bilmese (falstart), köp jaň kakmak bilen eminler tarapyndan çapuw saklanyp, atlara täzeden badalga berlip çapuwa goýberilýär.




**67-nji surat. Atlara çapuwa mehaniki badalga berlişi**

## ÇAPUWLARDA OÝNALÝAN BAÝRAKLAR

**Toparlaýyn** baýraklar ol ýa-da beýleki topardaky atlar üçin goýulýan ýönekeý baýraklardyr. Mysal üçin, 4-nji topardaký ikiýaşar atlar üçin, 2-nji topardaký üçýaşar atlar üçin we ş.m. baýraklardyr.

**Atly baýraklar** – ol ýa-da beýleki senä (halyçylar gününe, oba hojalýk işgärleriniň gününe we ş.m.) ýa-da il halar adamlarýň hatyrasyna bagyşlanyp goýulýan baýraklara aýdylýar.

**Däp bolan baýraklar** – uly pul utuşly baýraklar bolup, her ýylda çapuw möwsüminiň bellibir senesinde oýnalýar.

Türkmenistanyň aýlawlarynda däp bolan iň ulý baýrak Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragy 1992-nji ýyldan başlap üçýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda 2800 m aralyga her ýylyň oktýabr aýynda, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramçylygyna bagyşlanyp geçirilýän toý-baýramçylyk at çapyşyklarynda oýnalýar.

Däp bolan uly bayraklaryň biri-de Uly Aşgabat (Derbi) baýragy her ýyl güýzki at çapyşyk möwsüminde, oktýabr aýynyň başlarynda 2400 m aralyga aýlawda iň ýyndam çapan üçýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda oýnalyar.

”Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň göçme kubogy – her ýyl oýnalýan däp bolan uly baýraklaryň biri, saýlama üçýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda 2800 m aralyga güýzki çapuw möwsüminiň ahyrlarynda oýnalýar.

Däp bolan uly baýraklaryň sanawyna Uly Ahal baýragy – dört ýaşar we uly atlarda 4000 m aralyga, Eýeberdi Teleke baýragy – ikiýaşar atlarda 1600 m aralyga oýnalýan uly baýraklar we beýleki däp bolan baýraklar girýär.

Çapuwa gatnaşýan atlar ilkinji toýhana çyzygyny geçen pursadynda eminler tarapyndan bir gezek jaň kakmak bilen at çapyşygynyň tamamlanýandygy tomaşaçylara habar berilýär. Atlaryň çapuwda görkezen wagtlary minutda we sekuntda (0,01 s ülşüne çenli) hasaba alynýar.

Baýrakly orunlary eýeleýän çapyksuwarlaryň agramy goşmaça ýene bir gezek çekilýär we şol çapuwa degişli hemme maglumatlar ýygnalandan soň, eminler tarapyndan atlaryň eýelän orunlary, görkezen wagtlary – ses güýçlendiriji enjamlaryň üsti bilen tomaşaçylara ýetirilýär.

Çapuwlarda baýrakly orunlary eýelän atlara aýlawda bellenilen utuş baly berilýär we onuň möçberine görä pul baýragy, gymmat bahaly sowgatlar – ýeňil awtomaşyn, haly, telewizor we ş.m. gowşurylýar.

Ýurdumyzda we halkara derejesinde geçirilýän bedew bäsleşiklerinde ýeňiji bolan bedewlere goýulýan baýraklary paýlamak aşakdaky tertipde geçirilýär.

At çapyşyklarda we marafon ýaryşlarda at eýesine paýyň 50 %-i, seýsine 25, çapyksuwaryna 10, aty ýetişdiren hojalyga 10 we at çapyşygyny geçirýän kärhana 5 % möçberlerde paýlanylýar.

At çapyşygyna gatnaşyjylaryň hemmesi çapuw düzgünnamasyny doly berjaý etmäge borçludyrlar, şonda:

– ikiýaşar atlara gamçy ulanmak bolmaýar;

– öňdäki çapyksuwaryň yzyndan ýetip, oňa tarap gamçylap, onuň atyny ürküzmek ýa-da onuň çapuwyna päsgel bermek gadagandyr;

– yzdan gelýän at çapyşygyna gatnaşyjydan, azyndan iki at göwre aralygy ozup geçmezden, onuň öňüni kesip geçmek (krosing) bolmaýar;

– iki atly bolup dilleşip, üçünji atlyny ara gapyrjaga salyp gysmak bolmaýar;

– iki tarapa at oýnakladyp at çapmak gadagandyr;

– bilgeşleýin çapýan atynyň badyny saklap at çapmak (falşpeýs) we ozmazlyk bilen, beýleki dilleşilen çapyksuwary ozdurmak gadagandyr. At çapyşyklaryň agzalan we beýleki kadalaryny bozan çapyksuwarlara, seýislere aşakdaky ýaly temmi çäreleri görülýär:

– baýrakly orunlardan mahrum etmek;

– çapyksuwarlyk hukugyndan 1 gezek, 1 aý ýa-da bir ýyl mahrum etmek;

– duýduryş bermek we aýlawyň administrasiýasy tarapyndan beýleki temmi çäreleri görülýär.

## EMINLER TOPARY WE OLARYŇ WEZIPELERI

Eminler topary aýlawyň teklibi bilen bellenilip, “Türkmen atlary” döwlet birleşigi tarapyndan tassyklanylýar. Baş emin aýlawyň tabyn bolan ýokary guramasy tarapyndan bellenilýär. Eminler toparynyň düzümine – baş emin, kätip we çapuwyň wagtyny hasaba alýan, gaýdyş pellede çapuw atlara badalga beriji emin, çapyksuwarlaryň agramyna gözegçi eminler girýär.

Eminler toparynyň agzalary, at çapyşyklarynyň düzgüne laýyk geçirilmegine jogap berýär. At çapyşyklarynyň guramaçylykly geçirilmegine aýlawyň ýolbaşçylary, weterinar lukmany, zootehnigi kömek bermelidirler. Şeýle-de, aýlaw tarapyndan çapuwlary tala-

balaýyk guramaçylykly geçirmäge beýleki gerek bolan tehniki hyzmatlar kömek berilmelidir.

Eminler topary at çapyşyklary, atly sport ýaryşlary bellenilen kadalar boýunça berk tertip we düzgün boýunça geçirmelidir. Olar çapuwlarda gazanylan baýrakly orunlary, atlaryň görkezen wagtyny bellige almalydyrlar. Eger-de çapuwlarda düzgün bozulmalary bar bolsa, olar barada dogry netije çykarmalydyrlar.

At çapyşyklaryň netijesi barada eminler topary tarapyndan beýan görnüşinde çapuw gününiň hasabaty ýazylýar. Şol hasabata howanyň ýagdaýy, eger bar bolsa düzgün bozulmalar we olara garşy eminleriň karary we beýleki bellikler ýazylýar. Hasabata resmi maglumatlar bilen doldurylan (atlaryň gazanan ýeri, alan baýragy, görkezen wagty we ş. m. görkezmek bilen) we baş emin we kätip tarapyndan gol çekilen iki nusgadaky çapuw tertipnamasy hasabata çatylýar. Bular resmi hasabat bolup, aýlawda hemişelik saklanylmaga degişlidir.

X bölüm

# Atçylyk sporty

## ATÇYLYK SPORTUNYŇ DÖREÝIŞ TARYHY

Atçylyk sportunyň ýönekeý görnüşleri gadym zamanlarda döräp başlaýar. Orta Aziýa halklarynyň atly nökerleriniň dürli oýunlary, orta asyrlarda atly nökerleriň at üstündäki söweş tälimini beriji dürli-dürli (gylyçlaşmak, naýzalaşmak, at üstünde altyn gabagy nyşanlap atmak ýaly) oýunlary we gadymy Olimpiýa oýunlaryndaky atly sport ýaryşlary bularyň hemmesi atçylyk sportunyň geçen döwürlerdäki çylşyrymly ösüş ýollarydyr.

Atçylyk sportunyň ösüş taryhynda her hili üýtgeşmeler bolsa-da onuň soňky maksady üýtgemezden, özüne erk edip bilýän, beden taýdan sagdyn, güýçli we çalasyn hem batyrgaý adamlary terbiýelemek bolup galypdyr.

Orta Aziýada – gadymyýetde dörän berkarar türkmen döwletleriniň atly nökerleri öz atlaryny basybalyjylykly ýörişlere ýörite seýisläp taýýarlamak, at üstünde naýzalaşmagy, gylyçlaşmagy öwrenmek, atlara we nökerlere bolsa bilelikde batyrgaý hereketleri öwretmek ýaly tälimleri öwredipdirler.

Türkmen halk dessany Görogly şadessanynda Göroglybegiň Nişapur şäherinde Gyratyny alty aý ýörite seýisläp, at üstünde görkezen oýunlary, häzirkizaman atly gezimiň ýokary mekdebiniň ýaryşlaryna meňzese, soňra Nişapuryň galasynyň gädiginiň üstünden atly, galanyň daşyndaky garymyňam birgez aňyrsyna böküp geçmegi, Gyratyň Araz çaýyndan böküp geçmegi häzirkizaman atly sportunyň üç görnüşli ýaryşlaryna meňzeşdir.

“Orta Aziýa halklarynyň milli at üstündäki oýunlary häzirkizaman atçylyk sportunyň başlangyç gözbaşydyr” diýip, rus atşynas alymlary A. Krasnikow, Ýu. Barminsew bu nukdaý nazary ýene bir gezek tassyklamak bilen ýazýarlar.

Orta asyrlarda haçly ýörişler döwründe Palestinada, günorta-günbatar Türkiýede, Orta Aziýadan ol ýere kömege baran atly nökerl-

eri haçly goşunlar bilen ýüzbe-ýüz söweşenlerinde, ýewropalylar olardan at üstündäki dürli harby tilsimleri, hereketleri, çylşyrymly maşklary görüp öwrenýärler. Şeýlelikde, gündogar halklarynyň at üstündäki oýunlarydyr atly söweş tälimi emelleriniň esasynda XV – XVII asyrlarda Italiýada atçylyk sportunyň häzirkizaman görnüşleriniň biri atly gezimiň ýokary mekdebi döreýär. Şonuň bilen bir döwürde Fransiýada, Ispaniýada ýörite meýdançalarda at oýnatmagyň, päsgelçiliklerden atly bökmegiň mekdepleri döreýär. XVI – XVIII asyrlarda bolsa Angliýada atçylyk sportunyň çylşyrymly görnüşi päsgelçilikli çapuwlar – atçylyk sportunyň stipl-çez ýaryşlary döreýär.

Wagtyň geçmegi bilen dürli ýurtlarda atlary sport ýaryşlaryna seýisläp türgenleşdirmegiň usulyýetleri we ýaryşlary geçirmegiň düzgünleri kämilleşdirilýär.

Atçylyk sportunyň halkara we olimpiýa oýunlaryndaky taryhyna ser salyp geçeliň. Olimpiýa oýunlary gadymy Gresiýada uly baýramçylyk we sport ýaryşlary görnüşinde geçirilipdir. Olimpiýa oýunlary b.e. öň 776-njy ýyldan başlanýar we her dört ýyldan geçirilip 5 gün dowam edipdir. Ol biziň eýýamymyzyň 394-nji ýylynda üznüksiz uruşlar zerarly ýatyrylýar.

B.e.öň 680-nji ýyldan başlap olimpiýa oýunlarynyň tertipnamasyna at goşulan arabajyklarda ylgaw ýaryşlary boýunça bäsleşikler geçirilip başlanýar, b.e.öň 648-nji ýyldan bolsa oýunlaryň tertipnamasyna at çapyşyk ýaryşlary girizilýär.

Olimpiýa oýunlary 1896-njy ýyldan başlap täzeden dikeldilýär. Onuň tertipnamasyna 1900-nji ýylda ikinji Pariž olimpiadasyndan başlap atçylyk sporty ýaryşlaryň nusgawy görnüşleri girizilipdir.

1921-nji ýylda atçylyk sporty boýunça Halkara Federasiýasy – FEI döredilýär. Federasyýa bütin dünýäde atçylyk sportunyň, at çapyşyklarynyň ösmegine hemaýat edýär. Häzirki wagtda ol Federasiýanyň düzümine ýüzden gowrak ýurtlar agza bolup girýär. Türkmenistanyň milli Atçylyk sporty Federasiýasy 1987-nji ýylda döredildi we häzirki wagtda FEI-niň düzümine agzalyga kabul edildi. Atçylyk sportunyň Halkara federasiýasynyň edara jaýy Ženewa (Şweýsariýa) şäherinde ýerleşendir.

## ATÇYLYK SPORTUNYŇ NUSGAWY – OLIMPIÝA GÖRNÜŞLERI

Atçylyk sportunyň nusgawy görnüşleri diýlip halkara we olimpiýa oýunlarynyň ýaryş tertipnamalaryna laýyklykda geçirilýän atly sport ýaryşlaryna aýdylýar. Olara atçylyk sporty boýunça ýaryşlaryň aşakdaky görnüşleri girýär:

1. Atly gezimiň ýokary mekdebi. Aty dürli tebigy we öwredilen hereketlerde ussatlyk bilen oýnatmak boýunça ýaryşlar – 20 m · 40 m ýa-da 20 m · 60 m ölçegdäki ýörite meýdançalarda geçirilýär.

2. Päsgelçiliklerden atly bökmek (konkur ýa-da konkur-ippik).

3. Atly sportuň üç görnüşli (konnoýe troýeboryýe) ýaryşlary. Şol bir sport atyna atlanan şol bir türgen, atçylyk sportunyň üç görnüşi boýunça üç günläp ýaryşýar.

Birinji gün – manež gezimi (atly gezimiň ýokary mekdebiniň esasy hereketlerinde dürli maşklary ýerine ýetirýär);

Ikinji gün – meýdan çapuwlary – atly kros ýaryşlary, stipl-çez görnüşinde geçirilýär;

Üçünji gün – çylşyrymly päsgelçiliklerden atly bökmek boýunça ýaryşlar geçirilýär. Atçylyk sportunyň nusgawy görnüşleri barada aşakda giňişleýin durlup geçiler.

## ATÇYLYK SPORTUNA ATLARY SEÇIP ALMAK

Atçylyk sportunda üstünlige eýe bolmak şol maksat bilen saýlanyp alnan atlara bagly bolýar. Atlar seçilip alnanda olaryň tohumyna, syna – beden gurluşyna, atçylyk sportdaky işjeňligine we atyň emelli öwredilen hereketine, süňňi sagatlygyna, şikessizligine aýratyn üns berilmelidir. Şeýle-de saýlanylýan atyň ýokary nerw ulgamynyň häsiýetini (tipini) bilmek peýdalydyr.

Atly gezimiň ýokary mekdebi ýaryşlaryna taýýarlamak üçin daşky synasy görmegeý, gujurly, uzyn ädimläp, dogry we erkin ýöreýän ýeňil hereketli, beýikligi 160 – 168 sm bolan atlar saýlanylýar. Atyň reňki dor, gara, mele ýa-da al reňkli we uly bolmadyk nyşanlary bolan atlar saýlanylsa amatly bolýar. Ol atlar boýny uzyn, ýeňsesi

giň we egrelen, oýnaklap duran gamyşgulakly bolsa gowudyr. Gezim oýunlary üçin iňlis, ahalteke, arap, trakenen tohumyndan bolan atlar saýlanyp alynsa oňaýly bolýar.

Päsgelçilikden bökdürilýän atlar saýlanylanda iri we ýognasdan berk bedenli, muskulaturasy gowy ösen, güýçli we batyrgaý hereketli atlar saýlanylýar. Päsgelçilikden atly bökmek üçin iňlis, gannower, budýonnyý we ýarym ganly iňlis – ahalteke, iňlis – arap ýaly daýaw we güýçli alaşa atlar saýlanylsa gowy netijeleri görkezýärler.

Atçylyk sportunyň üç görnüşli ýaryşlary boýunça üç günläp geçirilýän ýaryşlara ýokary we ýörite çydamlylykly, ýuwaşdan batyrgaý hereketli atlar seçilip alynýar. Olaryň nerw ulgamy gowy ösen deňagramly bolmaly, tebigy we öwredilen hereketleri gowy ösen we sazlaşykly bolup, boýy 162 – 168 sm aralykda bolsa gowudyr. Päsgelçilikden bökýän we atly sportuň üç görnüşli ýaryşlaryna 5 – 6 ýaşdan kiçi bolmadyk süňňi bekän atlar, agta atlar, baýtallar, ýarymganly alaşa atlar oňaýly bolýar.

Atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça ýaryşlarda ýokary netijeleri atlar, köplenç, 8 – 16 ýaş aralygynda, päsgelçilikden atly bökmekde 8 – 14 ýaş aralygynda, atçylyk sportuň üç görnüşli we stipl-çez ýaryşlarynda 5 – 10 ýaş aralygyndaky atlar gowy netijeleri görkezýär.

## ATÇYLYK SPORTUNA BELLENEN ÝAŞ ATLARYŇ BIRINJI ÝYL SEÝISLENILIŞI

Atçylyk sportuna saýlanylan atlary, olaryň atçylyk sportunyň haýsy görnüşine taýýarlamak üçin niýetlenen hem bolsa, dürli emelli gezimleri we hereketleri öwretmek esasy şertleriň biridir. At çapyşyk ýaryşlaryna atlar 1,5 – iki ýaşyndan seýislenýän bolsa, atçylyk sportuna atlar üç ýaşyndan saýlanylýar we soňra seýislenip başlanýar. Ýaş atlary atçylyk sportuň dürli görnüşlerine dürli gezimlerde we tilsimlerde seýislemegiň maksady atlara emelli öwredilen hereketleri batyrgaý ýerine ýetirmegi öwretmek bolup durýar.

Ilkinji sport gezimleri boýunça atlary türgenleşdirmek azyndan 10 aý – 1 ýyl dowam edip, ol üç döwri öz içine alýar.

Birinji döwür – 3 aýyň dowamynda atlar ýörite meýdançada uzyn ýüpde (kordda) elde töwerekleýin aýlamak bilen hem-de münü-

lip türgenleşdirilýär. Ýaş atlary günüň dowamynda 1 sagat 20 min töweregi işletmek bilen olar ädim, gorgun, öňürdikleme hereketleriniň aralyk depginlerinde işledilýär. Elde işledilende atlar uzyn ýüpüň töwereginde terslin-oňlyn aýlanmaga we uzyn gamçy bilen berilýän ugrukdyryjy hereketleri öwredilýär.

Birinji döwürde atlary türgenleşdirmegiň yzygiderlilik tertibi aşakdaky ýaly bolmalydyr:

1) ata özüni dürsemek (razminka) üçin 5 – 10 min gezim bermek;

2) erkin hereketde öňe we yza elde töwerekleýin aýlap, 15 – 20 min töweregi işletmek;

3) uly bolmadyk 30 sm çenli beýiklikde goýlan päsgelçiliklerden elde bökdürmek ýa-da ata münüp bökdürmek;

4) elde töwerekleýin işletmek 10 – 15 min;

5) münüp 10 – 15 min ýöriş işletmek bilen atlary seýisläp türgenleşdirmek tamamlanýar.

Ikinji döwür 3 – 3,5 aýyň dowamynda, günde 1 sagat 40 min çenli atlar elde we münülip türgenleşdirilýär. Şonda öň öwredilen manež gezimleriň üstesine, atlara sekizlik görnüşli tölwerek şekilli seýisçilik ýodalarda sag we çep egnine hereket etmek, ýarym we doly öwrümler etmek, duruzmak we durmak ýaly hereketiň tilsimlerini öwretmeli bolýar. Atlary elde ýüpünden tutup, erkin 50 – 60 sm beýiklikdäki päsgelçilikden ýeňil bökmek we şonuň ýaly päsgelçilikden üstüne münüp atly bökmek ýaly hereket tilsimleri özleşdirilýär.

Atlary işletmegiň yzygiderliligi 10 – 15 min gezim, dürli hereketler we öwrümler etmek bilen işletmek 15 – 20 min göni we gapdal egilme hereketi, öň aýaklarynda duruzyp, art aýaklary bilen ýarym öwrüm hereketde öwürmek we art aýaklarynda durzup, onuň töwereginde öň aýaklaryny hereketlendirip doly öwrüm, öwrümler etmek ýaly türgenleşik 10 – 15 min, öňürdik, gorgun we ýöriş gezimler bilen işletmek 15 – 20 min türgenleşdirip, aty türgenleşdirmegiň her günki iş güni tamamlanýar.

Üçünji döwrüň dowamlylygy 4 – 5 aý. Geçen 6 – 7 aýda atlara öwredilen hereketler yzygider kämilleşdirilýär. Atlar goşmaça meýdan şertlerinde beýikli-pesli ýerlerde, çägeliklerde münülip işle-

dilýär. Şonda olar ilki çylşyrymly bolmadyk beýikli-pesli ýerlerde, çuň bolmadyk suwly päsgelçilikli ýerlerde işledilýär. Soňabaka bolsa has çylşyrymly – çarkandakly ýollarda işledilýär. Şonuň ýaly çylşyrymly ýerlerde işledip seýislemek hepdede iki gün geçirilýär. Şeýlelikde, bir ýyla golaý sporta ulanmak maksady bilen niýetlenip seýislenen atlar, atlaryň türgenleşik derejesine we mümkinçiliklerine görä, atçylyk sportunyň bellibir görnüşi boýunça paýlanylyp, ýörite seýislenip başlanýar. Uly sporta atlar 3 – 4 ýyl seýislenip, yzygider kämilleşdirmek bilen taýýarlanylýar. Şol döwürlerde ilki kiçiräk ýaryşlarda çykyş edip durmaly. Ikinji we üçünji ýyllarda bolsa atly sportuň uly ýaryşlaryna gatnaşyp durmaly. Şeýlelikde, atyň atçylyk sportundaky kämilligini ýyl-ýyldan yzygider kämilleşdirip durmaly. Sport atynyň atçylyk sportunda ýeten kämillik derejesini uzak wagtlap kämil saklamak seýisdir atly türgeniň ussatlygyna bagly bolýar.

## ATLY GEZIMIŇ ÝOKARY MEKDEBI – GEZIM OÝNATMAK

Atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça ýaryşlarda atlar gezim oýnadylanda, onuň hereketi örän dogry, ýeňilden sazlaşykly owadan we erkin bolmalydyr. Oýnadýan atynyň üstünde atly türgen jaýly, erkin we dogry oturmaly, aty ynamly we arkaýyn, daşyndan seredeniňde tomaşaça bildirmän, ata talap edilýän hereketleri oýnatmagy başarmaly. Atyň ýaly ýörite örülen we atly türgen bolsa ýörite egin-eşikli bolmalydyr.

Atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça ýaryşlarda at oýnatmak, atlaryň we türgenleriň taýýarlyk derejesine we ýaryşlaryň derejesine baglylykda, ýöriteleşdirilen açyk ýa-da ýapyk atçylyk sporty meýdançalarda geçirilýär. Atly gezimde at oýnatmagyň dürli gezimde ýerine ýetirilmeli emelleriniň we tilsimleriniň esasy görnüşleri we alamatlary aşakdakylardan ybaratdyr.

**Ädim hereketi** – orta, uzyn, gysga we erkin hereketler görnüşlerde görkezilýär. Orta ädimde atyň art aýagy öň aýagynyň basan ýerine basýar, ýöriş birmeňzeş depginde bolmalydyr.



**68-nji surat.**
**Atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça olimpiýa oýunlarynyň çempiony Absent atly ahalteke aty S.Filatowyň erk etmeginde XVII Rim olimpiadasynda**

Atyň boýny dikleňden özboluşly egrelen görnüşde bolmaly. Uzyn ädimde at art aýaklaryny öň aýaklarynyň basan yzynyň üstaşyr öňüne basýar, atyň boýny we kellesi kem-käsleýin pesräk görnüşde bolmalydyr. Gysga ädimde atyň art aýaklaryny basýan ýeri, öň aýagyny basan ýerinden yzda bolýar. Boýny dikräk, ýaly örülen we özboluşly egrelen bolmagy talap edilýän elementleridir *(68-nji surat)*.

**Gorgun hereket** – gysga gorgun, uzyn gerimli we orta gorgun hereketlerde görkezilýär. Ýeňil gorgunda atly türgen öňe egilibräk, dyzyna daýanyp oturmaly. Her depginde ýeňil eýerden galyp, ýene aşaklygyna oturýar, ýagny eýeriň üstünde atyň hereketi bilen sazlaşykda yzygider aşak-ýokaryk galyp oturmaly. Uzyn gorgunda bolsa ol eýeriň üstünde jaýly oturýar.

**Öňürdik hereketde** – at oýnatmak esasy üç görnüşde görkezilýär – orta, tijegleşdirilen we gysga, ýagny ýygjam öňürdik hereketleri görnüşinde çykyş edilýär. Öňürdik sag aýakdan ýa-da çep aýakdan bolup biler. Eger at saglakaý bolup sag aýakda gulaçlap çapýan ýa-da ädimleýän bolsa, onda ilki uly agram çep yz aýagyna (1 depgin) soňra bir wagtda diýen ýaly sag yz we çep öň aýagyna (2 depgin) we soňra sag öň aýagyna daýanyp (3 depgin) ýerden atyň aýaklary doly üzülýär we ol howada öňe gaýmak bilen hereketlenýär.

**Tijegli öňürdikde** – at giňişlikde uzyn gulaçlap, batyrgaý we çalasyn çapuw hereketini edýär. Gysga ýa-da ýygjam hereketde at

ýeňsesini tükkerdip kelteden öňürdiklemeli (türkmenleriň säpjeme atlandyrýan hereketine meňzeş). Şonda aty ýygnak saklamak üçin ýörite sport uýanyny – şenkeli ulanmaly bolýar.

**Duruzmak** – islendik görnüşdäki hereketde jylawy usullyk bilen çekeniňde at garşylyk görkezmän, ýuwaşlyk bilen durmalydyr.

**Durmak** – at bir duran ýerinde dört aýagyna birdeň daýanyp, talap edilýän ýerde arkaýyn gymyldaman durmalydyr.

**Yza ýöremek** – at kellesini we boýnuny aşagrak basyp, ýüzüni dogry tutmak bilen yzlygyna göni ýöremeli.

**Gapdal ýöremek** – bir wagtyň özünde at ümzügini öňe tutup, gezim meýdançanyň diagonal burçuna aýaklaryny gapdal basyp gapdallaýyn ýöremeli.

**Atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça yaryşlaryň çylşyrymly tilsimleri.** Öňürdikleýän wagty atyň sag aýakdan we çep aýakdan gezekli-gezegine aýaklaryny çalşyp öňürdiklemek. Şonda atyň aýaklary howada gaýýan wagty yzly-yzyna dört depginden soň, aýaklarynyň hereketlerini çepbekeý we saglakaý öňürdiklemek bilen çalyşmalydyr. Aýaklarynyň çalyşma hereketi dört depginden, üç, iki we bir depginden soň bolmalydyr.

**Ýarym öwrüm (polupiruet)** – ädimde we ýygjam öňürdikde 180 ° öwrüm etmek bilen we doly öwrüm (piruet) – 360° öwrüm edip, yzyna doly öwrülýär. Şonda at art aýagynyň üstünde durup, göwresini töwerekleýin aýlap öwrülmelidir.

**Passaž** – (gezim) ýygnakdan tertipli sazlaşykly gorgun, ýuwaş depginde, at örän ykjam, ýöne artykmaç güýjükdirilmesiz aýaklaryny has ýokardan göterip basmak bilen owadan gorgun hereketlerini görkezýär.

**Piaffe** – şol bir passaž hereketleri gorgunda, ýöne atyň bir duran ýerinde aýaklaryny gorgun hereketlendirmek bilen görkezilýär. Dogry ýerine ýetirilen piaffe hereketinde, at 10 – 12 depginde aýaklaryny has ýokary götermek bilen gorgun hereketi bir duran ýerinde ýerine ýetirmelidir.

Atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça ýaryş şertleri nirede geçirilýändigine we ýaryşlaryň derejesine baglylykda dürli-dürli bolup, ýeterlik derejede çylşyrymlydyr. Şonda her bir ýerine ýetirilmeli hereket maşklarynyň tilsimleri yzygider we dogry berjaý edilmelidir.

17. Sargyt № 1310

Gezim oýnatmaga atlary ýaryşlara taýýarlamak ýokarda belläp geçişimiz ýaly üç tapgyra bölünip, bir ýyllyk meýilnama boýunça türgenleşdirilýär. Soňra iki – üç ýyllap kämillik derejesine çenli türgenleşdirmek bilen, sport atlary dürli derejelerde (şol sanda olimpiýa oýunlaryna) geçirilýän ýaryşlara gatnaşýar.

## ATYŇ BÖKÜŞI WE BÖKÜŞIŇ TILSIMLERI

Atyň böküşi aty ýörite türgenleşdirmek bilen kämilleşdirilen atyň çylşyrymly öwredilen emeli hereketidir. Atyň böküşi bir herekete bökmäge ugrukdyrylan birnäçe basgançaklardan durýar.

**Böküşe taýýarlyk – bat almak.** Aty öňürdikledip bat alynýar. Bökmäge taýýarlygyň soňky pursady at öň iki aýagyna daýanyp, bar güýji bilen özüni ýokary itekleýär. Atyň kellesi we boýny aşak eglen, öň aýaklary ýokary galmaga taýýar.

**Böküş bölegi** – at öň aýaklary bilen göwresini ýokary itekläp, art aýaklaryny birneme epleýär we soňra art aýagyny güýç bilen ýazyp iteklenip ýokarlygyna bökýär *(69-njy surat).*



**69-njy surat. Atyň böküşi**

**Howada gaýmak böleginde** – at päsgelçiligiň ýokarsyndan öňe okdurylyp howada gaýýar, atyň ilki öň aýaklary epilen, soňra howada gaýýarka art aýaklaryny epip, öň aýaklaryny dogrulaýar.

**Ýere düşmek böleginde** – at ilki kellesini we boýnuny ýokary galdyrýar, yzyndan öň iki aýaklaryny ýere goýberýär we soňra artky iki aýaklaryny ýere basýar.

Atyň üstündäki atly türgen at bilen meňzeş we ugurdaş hereket etmelidir. At ylgawyna bat alýan wagty atly türgen eýeriň üstünde dyzyna daýanyp, ýarym oturmaly. At ýerden galyp başlanda öňe ymtylyp, bökýän wagty bolsa atyň boýnuna tarap ýapyrylybrak oturmaly. At ýere düşýärkä türgen göwresini dikläp dogrulanyp, kem-käs yza gaýşaryp ata söýget berip oturmalydyr.

1973-nji ýylda Minsk şäherinde oba atçy türgenleriň arasynda geçirilen atly-sport ýaryşlarynda Aşgabadyň atçylyk sporty merkeziniň türgeni, sport ussady Rafik Wakipowiç Pirogow Globulin atly at bilen atçylyk sportunyň päsgelçiliklerden atly bökmek ýaryşlary boýunça şahsy birinji ýeri eýeläp, spartakiadanyň çempiony diýen ada mynasyp bolýar. Atçylyk sportunyň üç görnüşli ýaryşlary boýunça bolsa ol ikinji baýrakly orny eýeläp, kümüş medala mynasyp bolýar.

Şol ýaryşlarda ol klubyň beýleki bir atçy türgeni Durdumyrat Kanaýew päsgelçilikden atly bökmekde şahsy ikinji ýeri eýeleýär.

## PÄSGELÇILIKLERDEN ATLY BÖKMEK (KONKUR – IPPIK)

Atçylyk sporty ýaryşlarda we seýislenýän, ýagny türgenleşik wagty dürli beýiklikdäki we ululykdaky ýörite goýlan päsgelçiliklerden atly bökmek, atly türgenden ýokary ussatlygy, beden taýdan güýçli bolmaklygy we özüne erk etmegi başarmagy talap edýär. Atçylyk sporty ýaryşlarynda 160 – 200 sm çenli dürli beýiklikde we çylşyrymlykda goýulýan, ýykylýan we ýykylmaýan päsgelçiliklerden atly bökmek üçin sport aty gowy türgenleşen we taýýarlanan bolmalydyr.

Päsgelçiliklerden atly bökmek boýunça ýaryşlaryň düzgünnamasyna laýyklykda ýaryşlar çylşyrymlylygy boýunça dürli derejelerde bolup biler. Ýaryşlarda näçe gezek we haýsy ölçeglerdäki we çylşyrymlylykdaky päsgelçiliklerden atyň bökmelidigi 20-nji maglumatnamadaky ýaly kesgitlenilýär.

*20-nji maglumatnama*

**Päsgelçilikden atly bökmek boýunça ýaryşlaryň toparlara bölünişi**

| Ýaryşyň derejesi | Atyň böküş sany | Päsgelçilikleriň ölçegleri, sm | | |
|---|---|---|---|---|
| | | beýikligi | ini | garymyň ini |
| Ýeňil | 8 | 90-100 | 100 | 200 |
| Orta | 12 | 100-110 | 150 | 250 |
| Kyn-A | 15 | 120-140 | 200 | 400 |
| Kyn-B | 15 | 110-130 | 200 | 350 |
| Kyn-W | 15 | 100-120 | 200 | 300 |
| Ýokary-A | 18 | 130-170 | 300 | 500 |
| Ýokary-B | 18 | 130-160 | 250 | 500 |
| Ýokary W | 18 | 130-150 | 220 | 450 |

Käbir ýaryşlarda päsgelçilikler bellibir yzygiderlikde we bellibir ýolugur boýunça geçilýär we ýeňiji iň az jerime san hasaby bilen kesgitlenilyär. Hasaba alyş jerime san deň bolan ýagdaýynda päsgelçilikleri galdyryp, ýene-de ýokarlygyna böküp, synanyşmaly bolýar ýa-da päsgelçilikli aralygy haýsy atly türgen az wagt sarp edip geçse şoňa birinji orun berilýär.

Atlaryň böküş güýjüni kesgitleýän päsgelçiliklerden atly bökmek ýaryşlary örän gyzykly bolup, şeýle ýaryşlar päsgelçiligi ýzygider ýokary galdyrmak bilen, atyň soňky iň beýik böküş nokadyna çenli dowam etdirilýär. Soňky böküşiň beýikligi kähalatlarda 220 sm-e çenli baryp ýetýär.

Olimpiýa oýunlarynyň päsgelçilikden atly bökmek boýunça uly baýragy ugrundaky ýaryşlar, ýaryş meýdançasynda goýlan beýikligi

160 sm-e çenli we ini 250 sm-e çenli dürli beýiklikde goýlan 13 sany päsgelçilikli ýolugry iki gezek geçmek bilen, toparlaýyn ýaryşlar görnüşinde geçirilýär.

Haýsy ýaryşdaş topar geçilmeli ýolugry az wagtda geçse we az jerime hasap san gazansa, şol topar hem ýeňiji hasaplanýar. Şonuň bilen bir hatarda haýsy atly türgen ýaryşda iň ýokary netije görkezse, ol şahsy birinji ýeri eýeleýär.

Päsgelçilikden atly bökmekde atly türgeniň ýalňyşlary üçin jerime san baha (utuş) hasaplanylýar. Päsgelçilikden at birinji gezek bökmese 3 san jerime, ikinji gezek bökmese 6 san we üçünji gezek bökmese ol atly türgen aty bilen ýaryşdan aýrylýar. Päsgelçilige atyň aýagy degip ony ýyksa, 4 san jerime, türgen atdan ýykylsa, 8 san jerime hasaby ýöredilýär. Haýsy atly türgen az san jerime baly alan bolsa şol hem ýeňiji hasaplanýar.

## PÄSGELÇILIKLERDEN BÖKMEK BOÝUNÇA ATLARYŇ TAÝÝARLANYLYŞY

Ýokary derejeli böký än atlary yzygider we köp wagtlap taýýarlamaly bolýar. Atyň saglygyna zeper ýetirmezden, bedenini berkitmek maksady bilen olary dürli gezimlerde taýýarlamak, böküşiň dogry tilsimlerini öwretmek we atyň ýolugurlar boýunça arkaýyn we batyrgaý hereketini yzygider özleşdirip kämilleşdirmeli bolýar. Sport atlarynyň birinji ýyl, ýagny dört ýaşyna çenli türgenleşdirmegiň usulyýetlerini ýokarda öwrendik. Sport atynyň birinji ýyl taýýarlygy bolsa-da, täzeden elde töwerekleýin işletmek, ýerde goýlan päsgelçiliklerden ýöriş we gorgun hereketde arkaýyn artlap ötmek, soňra 25 – 30 sm beýikliklerden bökmek ýaly böküşiň emellerini çuňňur berkitmeli.

Agzalan ýönekeý çylşyrymlykdaky atyň böküş hereketleri gowy özleşdirilenden soňra, atlara böküşiň çylşyrymly we kyn usullaryny öwretmäge girişmek bolar. Mysal üçin, päsgelçiligiň beýikligini we inini 1 metre çenli galdyrmak we giňeltmek bilen, ol beýiklikden atyň duran ýerinden, ýöriş hereketde, gorgun hereketde we bat alyp öňürdik hereketlerde atyň ýeňil we arkaýyn bökmegini özleşdirmeli.

Atlar ikinji ýyl dört – bäş ýaş aralygynda seýislenýärkä, olara garaşylmadyk oňaýsyz ýagdaýlarda päsgelçilige gapdallaýyn gelip, ýa-da has ýakyn gelip we yzyna öwrülip gelip päsgelçiliklerden bökmegi öwretmeli. Wagtal-wagtal dürli çylşyrymlykdaky atçylyk sporty ýaryşlaryna gatnaşyp, ata bökmegiň öwredilen emellerini yzygider berkidip durmak gerek. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň ýanynda päsgelçilikden atly bökmek üçin uzynlygy 80 m, ini 50 m ýörite abzallaşdyrylan meýdança gurlandyr. Ol ýerde atçylyk sportunyň halkara ussatlary Durdymyrat Kanaýewiň, Saparmyrat Meredowyň sapak bermeklerinde, atly türgenler päsgelçiliklerden atly bökmek boýunça türgenleşik işlerini geçýärler. Atçy türgenleriň hemmesi ýaşlar bolup, olar sport atlaryny türgenleşdirip taýýarlamagyň we päsgelçiliklerden atly bökmegiň çylşyrymly tilsimlerini öwrenýärler (70-nji surat). Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda atçylyk sportuň päsgelçiliklerden atly bökmek görnüşi boýunça, ýurdumyzda toparlaýyn we şahsy birinjilik ugrunda ýaryşlar geçirilip durulýar.



**70-nji surat. Atly türgenler päsgelçilikden atly bökmegiň tilsimlerini owrenýärler.**

## ATÇYLYK SPORTUNYŇ ÜÇ GÖRNÜŞLI ÝARYŞLARY

Atly sportuň üç görnüşli ýaryşlary (konnoýe troýeborýe) atçylyk sportunyň iň kyn we iň çylşyrymly görnüşidir. Ol ýaryşlar atly türgeniň münmegindäki şol bir atda, bölekleýin üç günüň dowamynda geçirilýär.

Ýaryşyň birinji güni manež gezimi boýunça ýönekeý atly gezim oýunlary görkezilýär. Atly türgen 20 m · 60 m ölçegdäki manež meýdançada atly gezimiň ýokary mekdebiniň dürli emellerini dürli hereketlerde we öwrümlerde, hem-de aty duruzmak bilen çykyş edýär. At oýnadylyşynyň usullarynyň dogry ýerine ýetirilişine, hiline – 6 derejeli bal ulgamy boýunça baha bermek bilen ýaryşdaşlaryň gazanan orunlary kesgitlenilýär.

Ýaryşyň ikinji güni meýdan çapuwlarynda beýikli-pesli tebigy päsgelçilikli we emeli päsgelçilikli dört bölekden ybarat bolan ýaryş ýollarynda ýaryşmak bilen bäsleşilýär.

I bölüm (A) – 4500 – 8100 m aralyga çapuw ýaryşy. Ol ýaryşyň tizligi minutda 240 metrden az bolmaly däldir.

II bölüm (B) stipl-çez – 1800 metrden 4200 metr aralyga çenli bolýar. Her 1 kilometr aralykda beýikligi 140 sm, ini 2 m-e çenli bolan 3 sany dürli päsgelçilikler goýulýar.

Ýaryşda her bir tygşytlanan wagtyň 1 sekundyna goşmaça 0,8 bal san baha hasap edilýär.

III bölüm (W) – 1-nji bölüm ýaly.

IV bölüm (G) – beýikli-pesli päsgeçilikli ýollarda 4500 – 8100 m aralyga kros çapyşmak bilen geçirilip, şonda her kilometrde goýlan 1,2 m beýikligi we 2 m ini bolan we ini 3 m bolan (garym, suwly ýap) 4 päsgelçilikden bökmeli bolýar.

Krosda her bir tygşytlanan sekunt üçin gözegçilik wagtda görkezilene goşmaça 0,4 bal baha berilýär. Uly halkara atly sport ýaryşlarynda düzgün boýunça kros 8 km we stipl-çez 4,2 km aralyga geçirilýär.

Atçylyk sportuň üç görnüşli ýaryşlary ýaş (4 – 5 ýaşly) atlarda geçirilende, stipl-çez ýaryşlary 1800 m aralyga, meýdan kros çapuw-

lary bolsa 4000 m köp bolmadyk aralyga geçirilýär. Hasaba alynýan gözegçilik wagtdan gijä galanlara her bir gijä galan sekundyna jerime bal berilýär. Mysal üçin, 1 we 3-nji aralykda1 jerime bal, ikinji (B) aralykda – 0,8 jerime bal we 4-nji (G ) aralykda – 0,4 jerime bal berilýär.

Ýaryşyň 3-nji güni – manežiň içinde, ýolugry 750 metrden 900 metre çenli bolan we goýlan päsgelçiliklerden atly bökmek boýunça geçirilýär. Dürli päsgelçiliklerden atly bökmekde az jerime san baha bermek tertibi bar. Minutda 400 metrden az wagtda geçmezlik şerti bilen görkezilen aralykda 120 sm beýikligi we ini 180 sm-e çenli 12 päsgelçilik oturdylýar.

Atlar manež geziminden, päsgelçilikli kros çapuwdan we päsgelçiliklerden atly bökmezden öňürti we ýaryşlaryň arasynda weterinar gullugy tarapyndan barlagdan geçirilýär. Diňe şondan soňra fiziologiýa kliniki görkezijileri kadaly bolanda atlar bilen ýaryşlary dowam etmäge rugsat berilýär.

Päsgelçilikden atly bökmekligiň tertibini ýokarda öwrendik. Ýöne atly üç görnüşli ýaryşlaryň öz baha beriş tertibi bar. Mysal üçin, päsgelçiligi ýyksa 10 jerime san hasap, atly türgen atdan ýykylsa 10 jerime san hasap, 2-nji gezek ýykylsa, 10 we 3-nji gezek atly türgen atdan ýykylsa ýaryşdan aýrylýar.

## ATÇYLYK SPORTY ÝARYŞ MEÝDANÇALARYŇ GURLUŞY WE ENJAMLAŞDYRYLYŞY

Atly manež gezimiň ýaryşlary açyk ýa-da ýapyk, ölçegleri 60 m · 20 m bolan manež meýdançalarda geçirilýär. Meýdançanyň ýaryş geçirilýän ýeri gowy synlap bolar ýaly ýerde eminleriň oturýan ýeri bolmaly. Päsgelçilikden atly bökmek ýaryşlary ýörite abzallaşdyrylan meýdançada geçirilýär. Meýdançanyň ölçegi 80 m · 50 m bolup, töweregi tagta haýat ýa-da ala ýüp bilen, ýa-da her 3 – 5 metr aralykdan gyzyl baýdak dikilip bellenilen bolmalydyr. Meýdançada at hereketiniň ýolugurlarynda ylalaşylan tertipde dürli ölçegdäki ýykylýan we ýykylmaýan päsgelçilikler goýulýar.

Ol päsgelçilikler alabeder reňklenen bolmalydyr. Ýaryşyň başlanýan ýeri we gutarýan ýeri, atly böküş meýançasynyň içinde ýer-

leşýär. Sport meýdançanyň içinde ýaryş ýolugurlaryň çygry düzülende aşakdaky talaplar berjaý edilmelidir.

– Ýaryşyň başlanýan ýerindäki we ahyrky, ýagny çetki päsgelçilikleri çylşyrymly bolmaly däldir;

– Dik päsgelçilikler giňeldilen päsgelçilikler bilen gezekleşdirilip goýulmalydyr;

– Ýaryş hereketi ýolugurlaryny sekizlik görnüşli ýol bilen öwrümlerini saga we çepe üýtgetmek bilen bellenmelidir;

– Meýdançanyň golaý ýerinde ýaryşdan öňürti atlaryň aýagyny ýazar ýaly gezim meýdança bolmaly. Ol ýerde 3-den 5-e çenli ýeňil pasgelçilik goýulmalydyr.




**1960-njy ýylda Rim olimpiadasynda atçylyk sportunyň päsgelçiliklerden atly bökmek ýaryşlary üçin päsgelçilikli ýolugruň nusga görnüşi.**

Atly sportuň üç görnüşli ýaryşynyň meýdan çapuwlary 2 bölek ýoldan – stipl-çez we kros üçin ýoldan ybarat bolmalydyr. Stipl-çez ýoly aýlawyň ortasyndaky meýdanda töwerekleýin ýa-da sekizlik görnüşde ugruny üýtgetmek bilen gurnalsa gowy bolýar we ol ýollarda päsgelçilikler goýulýar.

Kros çapuw ýolugurlary beýikli-pesli, suwly umuman, çylşyrymly ýollardan bellenilýär.

## TÜRKMEN MILLI AT ÜSTÜNDÄKI OÝUNLARY

Türkmen milli at üstündäki oýunlary gadym zamanlarda massagetleriň, gunlaryň, parfiýanlaryň, abdallaryň, gadymy Oguz we soňky Oguz döwletleriniň sap atly goşunlarynda, atly nökerlere söweş tilsimlerini öwretmek maksady bilen döräpdir. At üstündäki oýunlar örän çalasynlygy, edermenligi talap edipdir. Ol oýunlaryň aglabasy orta asyrlarda ýitip gidipdir.

Ýene-de, Görogly şadessanyna ýüzleneliň. Göroglynyň Nişapur şäherinde Gyratyny seýisläp, oňa her hili oýunlar öwredişi, soňra Gyratyny birkemsiz bezäp, şäher meýdançasynda her hili oýunlar oýnadyşy türkmen milli oýunlarynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. “Göroglynyň at oýnadyşy” halk sazy ýokarda aýdylanlara güwä geçýär.

’’Wellemşaha” – oýny gadymy at üstündäki oýunlaryň biridir. Ol söweş tälimi, söweş taktikasy bolup, Görogluda at üstundäki oýun görnüşinde hem-de atly söweş tilsimleriniň bir görnüşinde görkezilýär. Oýun çar tarapa dabyradyp, at çapmak, söweş meýdanynda bolsa eline uzyn kepje ýa-da taýak hada alyp, pyýada goşunyň üstüne atly dabyramak görnüşinde bolupdyr.

“It urşy” – oýny Görogly şadessanynda Göroglynyň “Gaçyşym bar kowuşyma bermenem” diýip belleýşi ýaly, “gaçdym-kowdum” görnüşinde söweş tilsimleriniň biri bolanlygyna şaýatlyk edýär.

Ilkinji at üstündäki oýunlara “At üstünde gylyçlaşmak”, çapyp barýan at üstünde “Naýza zyňmak” uzyn, üç boý derek dikilen beýiklikden suw kädisini asyp, “Altyn gabak”atyşmak, dokuz pilden ok geçirmek ýaly harby terbiýeçilikli ýaryşlar görnüşinde geçirilipdir.

“Wellemşaha”, “It urşy” we beýleki gadymy oýunlaryň geçirilenligine şübhe bolup bilmez. Sebäbi Görogly we beýleki türkmen serdarlary söweş tälimlerini diňe atyň üstünde geçiripdir. Mysal üçin, Göroglynyň pyýada urşan wagty ýok diýen ýalydyr. Bu barada “Görogly Gyratsyz güýçsüzdir” diýlip bellenilýär.

“Atyň gapdalyna bukulyp çapmak” dürli kyn ýagdaýlarda, çapyp barýan ata bukulyp, duşmanlaryň arasyndan çykmaga kömek edipdir.

Bu emel Ata Gowşudowyň “Dordepel” hekaýasynda gowy berlipdir. Şonuň ýaly beýleki bir oýun, atyň üstünde ýapyrylyp çapmakdyr.

“Telpek gapdy” – oýny ýüzin ugra çapyp barýan atyň üstünde telpegiňi ýokary oklap, aşaklygyna kelemenläp gaýdanda ony gapmak görnüşde oýnalýar. Bu oýun ýigitlerde çalasynlygy terbiýeläpdir (71-nji surat).



**71-nji surat. Çapyp barýan atyň üstünde - telpek galdyrmak.**

“Çowgan” – oýny iki ýaryşdaş atly topar bolup top oýnamak, orta asyrlarda Gündogar halklarynyň arasynda, şol sanda türkmenleriň arasynda hem giň ýaýran oýun bolupdyr. Soňra Çowgan oýny Ýewropada medenileşdirilip “Atly polo” ýaryşlary görnüşinde oýnalýar. Oýun 200 m X 150 m ölçegdäki meýdançada geçirilýär. Derwezäniň ini 3 m deňdir. Oýun iki topara bölünen atly türgenleriň arasynda, her toparda 6 sany atly oýunçynyň gatnaşmagynda oýnalyar. Oýunçylaryň dördüsi hüjümçi we ikisi goragçy bolup, goragçylar düzgün boýunça öz tarapyna degişli ýarym meýdançadan çykmaly däldir. Oýnuň dowamlylygy 15 min bolup arasynda 15 min dynç almak üçin arakesme bilen iki tapgyrda, jemi 30 minut oýnalýar.

“Çowgan” oýny Atly polo görnüşinde Päkistanda, Eýranda, Ýewropada we soňky ýyllarda bolsa arap ýurtlaryna hem ýaýraýar.

“Owlak çapdy” – ýa-da “Gök böri”oýny iki topar atly bolup oýnalýar. Şonda meýdançanyň ortasyna atylan geçiniň läşini bäsdeş oýnaýan topar atlylar, bellenilen pellehana ýerine eltip taşlamaly. Bellibir wagt arasynda haýsy topar derwezä geçiniň läşini köp gezek eltip taşlasa, şol bäsdeş topar hem ýeňiji hasaplanýar. Oýun örän çekeleşikli we gyzgalaňly geçýär. Owlak çapdy ýaryşlaryna ýognasdan uly bolmadyk ýöne güýçli, çekeleşikli halatlarda hem deňagramlylygyny saklap bilýän we ýykylmaýan atlar ulanylsa has amatly bolýar. Atlara we oýunçylara şikes ýetýän wagtlary hem bolýar. Bu oýun Amyderýanyň aşaky akymynda ýaşaýan türkmenleriň arasynda we Owganystanda ýaşaýan türkmenleriň arasynda ýaýrap biziň günlerimize gelip ýetipdir. Owlak çapdy oýny Täjigistanda, Gyrgyzystanda, Özbegistanda, Gazagystanda häzirki döwürde hem milli oýun hasaplanylýar.

At üstünde ýigitler oýny – çapyp barýan atyň üstünde her hili çylşyrymly aşyrymlar, öwrümler etmek, dürli maşklary ýerine ýetirmek ýaly görnüşlerde geçirilýär. Türkmenistanyň halk artistleri Döwlet Hojabaýewiň, Amandurdy Annaýewiň, Batyr Annaýewiň we beýleki türkmen ýigitleriniň atly sirkde çykyş edip görkezen at üstündäki oýunlaryny, gadymy türkmen milli at üstündäki oýunlarynyň dowamaty hasaplamak bolar.

Talantly ýaşlarymyzyň ýerine ýetirmeklerinde milli at üstündäki oýunlaryň atyň gapdalyna bukulyp çapmak, ata süýrenip çapmak, atyň boýnunda, eýeriň üstünde dürli aşyrymlar etmek, telpek gapmak, çapyp barýan atyň aşagyndan geçmek, atly piramida ýaly görnüşlerini ýerine ýetirýärler, milli oýunlaryň täze görnüşlerini oýlap tapýarlar.

2010-njy ýylyň 25-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen milli sirkini at üstündäki oýunlar bilen çykyş edip dabara bilen açmagy, türkmen atly sirkiniň, milli at üstündäki oýunlaryň uly geljeginiň alamatydyr. Häzirki wagtda türkmen atşynaslary atlary türgenleşdirmegiň (dressirlemegiň) täze usullaryny ulanyp dürli çylşyrymly hereketleri, oýunlary etmegi atlara öwredýärler, ýaş atşynaslar hünär ussatlygyny kämilleşdirýärler.



**72-nji surat. Galkynyş toparynyň atly ýigitleri Türkmenistanyň Döwlet baýdagyny asmana parladýar.**

XI bölüm

# Ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işleriniň esaslary

Ahalteke sap ganly tohum atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerini häzirki döwrüň talabyna laýyk gurnamak, ahalteke bedewleriniň gadymyýetden gelýän asyl bedew at nusgalaryny dikeltmek we olary köpeltmek bilen mundan beýläk-de yzygider kämilleşdirmek, atçylyk hojalyklarynda alnyp barylýan tohumçylyk işlerine önümçilikde gözegçilik etmek we döwrüň talabyny kanagatlandyrýan mynasyp taýlary ösdürip ýetişdirmek ýaly köptaraplaýyn meseleleri öz içine alýar. Agzalan meseleleri we atçylyk ylmynyň atlary köpeltmekde gazanan öňdebaryjy iş tejribelerini we usulyýetlerini türkmen atçylygyna ornaşdyrmak häzirki döwürde ahalteke atlaryny köpeltmekde derwaýys meseleleriň biri bolmagynda galýar.

Ahalteke sap ganly tohum atlaryny köpeltmekde seçgi – tohumçylyk işleriniň esasy maksady ahalteke atlarynyň asyl bedew at keşbini, çapuw we sport häsiýetlerini nesilden nesle yzygider gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Beýleki sap arassa ganly tohum atçylykda bolşy ýaly ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerini alyp barmak üçin her bir atyň we hemme tohum atlaryň tohumçylyk işleriniň doly we dogry hasabaty ýöredilýär. Her bir aýrybaşga at “Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň hünärmenleri tarapyndan hasaba alynýar, gözegçilikde saklanýar. Tohum taýlar enesinden doglan hepdesinden hasaba alynýar, olara (at) lakam dakylýar, reňki kesgitlenilýär, surata düşürilýär, wideoýazga geçirilýär, ganyny immunogenetiki barlamhanalarda barlamak bilen ene-atasy goşmaça ýene bir gezek takyklanyp resmi ýazgylara geçirilýär. Döwlet möçberinde bar bolan ahalteke atlarynyň hemmesiniň dogry we doly hasabaty ýöredilýär. Höwür atlar we ene baýtallar nesil taýlary berip başlanyndan soňra döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylyp atlaryň hasabatyny ýöretmek nesilden-nesle, asyrdan-asyrlara dowam etdirilýär.

## Ahalteke atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitaplary barada maglumatlar

Ahalteke sap ganly tohum atlarynyň dogry hasabyny ýöretmekde, şejere arkasy – gelip çykyşy, ugurlary barada maglumatlary toplamakda, şonuň ýaly-da her bir aýrybaşga ata seçgilemegiň esasynda berlen bal bahalary, seçgi – tohumçylyk alamatlary – gelip çykyşy we asyl bedew at görnügi, daşky syna we beden gurluşy, göwresiniň ölçegleri, çapuw we atçylyk sportda görkezijileri, nesliniň hili ýaly maglumatlary ýöretmekde ahalteke atlarynyň *Döwlet tohumçylyk kitaplarynyň (gysgaça AA DTK) ähmiýeti örän uludyr.* Ahalteke atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitaplaryna arassa ganly nesil taýlary almakda ulanylýan höwür atlar we ene baýtallar we olara degişli ýokarda agzalan maglumatlar doly ýazylýar. Baýtallardan alnan tohum taýlar, doglan senesini we atasyny, reňkini görkezmek bilen enesiniň aşagynda ýazylýar.

Ahalteke tohum atlarynyň dürli ýyllarda neşir edilen Döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylan höwür atlaryň we ene baýtallaryň baş sany we olaryň aýrybaşga (indiwidual) tertip belgileri aşakdaky maglumatlarda getirilýär. Atlaryň we baýtallaryň lakamlarynyň öňünde görkezilen aýrybaşga tertip belgileri boýunça olary şol kitaplardan tapyp – ady, doglan senesi we hojalygy, enesi-atasy, çapuw görkezijileri we sergide gazananlary, göwresiniň ölçegleri, nesil taýlary we ş.m. olar baradaky doly maglumatlary şol kitaplardan almak bolar.

Ahalteke sap ganly tohum atlarynyň dürli ýyllardaky neşir edilen Döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylan atlaryň tertip belgileri boýunça maglumatlary ulanmagy we olar bilen işlemegi seleksionerler, atçy hünärmenler, talyplar bilmelidirler.

**Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby,**
**III tom, Moskwa, 1941-nji ýyl.**

I bölüm: atlar – tertip belgisi 1a-dan 10a çenli ahalteke atçylygynda nesil galdyryp Döwlet tohumçylyk kitaplary neşir edilip başlanmanka ölüp giden atlar we olar baradaky maglumatlar.

II bölüm: atlar – tertip belgisi 1-den 287-ä çenli;

III bölüm: ene baýtallar – tertip belgisi 1-den 468-e çenli;

IV aýratyn bölüm: atlar – tertip belgisi 01-den 046-a çenli;

ene baýtallar – tertip belgisi 01-den 086-a çenli;

V bölüm: Kitaba goşundy – Demirgazyk Kawkaza äkidilip, ene-atasynyň ady ýiten 109 atlaryň lakamlary we sanawy berilýär. (Ol atlar 1919-njy ýylda ak gwardiýaçylar tarapyndan äkidilen (60 at) atlaryň nesilleri bolmaly. Öňki Zakaspiý athanasynyň iş dolandyryjysy Mazanyň atlary alyp gitmekde eli bolmaly. Ol ak gwardiýaçylar bilen 1919-njy ýylda Demirgazyk Kawkaza gidýär. Ol atlaryň köpüsi Bäherdengaranyň (Woronyň) iň gowy nesilleri bolmaly diýip M.I.Belonogow aýdardy.

K.Gorelow 1925 – 1928-nji ýyllarda Türkmenistanyň çäginden daşary 270 atyň äkidilenligini habar berýär.

Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby, IV tom, Moskwa, 1952-nji ýyl.

1. Esasy bölüm: atlar – tertip belgisi 288-den 665-e çenli;

2. Esasy bölüm: ene baýtallar – tertip belgisi 469-dan 1091-e çenli.

Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby, V tom, Moskwa, 1975-nji ýyl.

1. Esasy bölüm: atlar – tertip belgisi 666-dan 849-a çenli;

2. Ene baýtallar – tertip belgisi 1092-den 1406-a çenli.

Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby, VI tom, Moskwa, 1981-nji ýyl.

1. Esasy bölüm: atlar – tertip belgisi 850-den 936-a çenli;

2. Esasy bölüm: ene baýtallar – tertip belgisi 1407-den 1706-a çenli.

3. Goşmaça bölüm: AA DTK III, IV we V tomlaryna ýazylan 697 baş ene baýtallar we olaryň nesil taýlary barada goşmaça maglumatlar berilýär.

Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby VII tom, Moskwa, 1983-nji ýyl.

1. Esasy bölüm: atlar – tertip belgisi 937-den 972-ä çenli;

2. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň V – VI tomlaryna ýazylan 177 atlar we olaryň soňky nesil taýlary barada goşmaça maglumatlar;

3. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň VI tomuna nesil taýlary ýazylan 97 höwür atlar barada goşmaça maglumatlar;

4. Esasy bölüm: ene baýtallar – tertip belgisi 1707-den – 1884-e çenli;

5. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň V – VI tomlaryna ýazylan 675 ene baýtallar we olaryň nesil taýlary barada goşmaça maglumatlar.

Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby, VIII tom, Moskwa, 1989-njy ýyl.

1. Esasy bölüm: atlar – tertip belgisi 973-den 1017-ä çenli;

2. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň ýokarky sanawy getirilen kitaplaryna we VIII tomuna ýazylan 57 atlar we olaryň soňky nesil taýlary barada goşmaça maglumatlar;

3. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň VIII we öňki tomlaryna ýazylan höwür atlaryň nesil baýtallary barada goşmaça maglumatlar.

4. Esasy bölüm: ene baýtallar – tertip belgisi 1885-den 2087-ä çenli.

5. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň öňki tomlaryna ýazylan 325 ene baýtallar we olaryň nesil taýlary barada goşmaça maglumatlar.

Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby, I tom, Aşgabat, 2003-nji ýyl (türkmen dilinde).

1. Esasy bölüm: atlar – tertip belgisi 1018-den 1086-a çenli;

2. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň 1-nji we öňki neşir edilen tomlaryna ýazylan hem-de ene baýtallardan taýlary bar bolan 46 baş höwür atlar barada maglumatlar;

3. Esasy bölüm: ene baýtallar – tertip belgisi 2088-den 2291-e çenli;

4. Goşmaça bölüm: AA DTK-nyň 1-nji we öňki neşir edilen tomlaryna ýazylan 221 baş ene baýtallar we olaryň soňky alnan taýlary barada maglumatlar.

Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby, II tom, Aşgabat, 2007-nji ýyl (golýazma, türkmen dilinde).

1. Esasy bölüm: atlar – tertip belgisi 1087-den 1153-e çenli;

2. Esasy bölüm: ene baýtallar – tertip belgisi 2292-den 2579-a çenli.

## AHALTEKE ATLARYNY DÖWLET TOHUMÇYLYK KITABYNA (AA DTK) ÝAZMAGYŇ TERTIBI

Döwlet tohumçylyk kitaplary (DTK) diýlip her bir aýrybaşga (indiwidual) tohum at baradaky doly we takyk maglumatlary, olaryň ulanylyşy baradaky hasabatlary özünde jemleýän, bir ýa-da birnäçe dilde yzygider neşir edilýän resmi tohumçylyk kitaplara aýdylýar.

Ahalteke atlary sap arassa ganly tohum atlar toparyna degişli bolany üçin olara ýapyk Döwlet tohumçylyk kitaplary ýöredilýär. Ene we ata tarapynyň şejere arkasy ahalteke atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitaplarynyň III, IV, V tomlaryna ýazylmadyk atlar we baýtallar sap arassa ganly tohum aty hasap edilmeýär we ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitabyna ýazylmaýar. Döwlet tohumçylyk kitaplary – milli bir döwlet üçin we halkara ähmiýetli birnäçe dillerde kitap görnüşinde neşir edilip bilner.

Ahalteke atlarynyň resmi tohumçylyk hasabat ýazgylary aşakdaky görnüşlerde alnyp barylýar we olar atlary Döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazmak üçin maglumatlaryň çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Döwlet tohumçylyk kitabyna birinji gezek ýazylýan höwür atlar we ene baýtallar, şoňa çenli dürli ýaşlarynda birnäçe gezek seçgilenip (bonitirlenip) tohumçylyk klasy kesgitlenen hem bolsa, goşmaça nesil taýlarynyň hiline baha bermek bilen ýene bir gezek (7 we ondan uly ýaşlarynda) seçgilenmäge degişlidir. Olaryň soňky ölçegleri, tohumçylyk alamatlaryna berlen bal bahalary we klasy Döwlet tohumçylyk kitabyna ýazylýar.

Ýokarda agzalan maglumatlar bilen bir hatarda atlaryň we baýtallaryň tohumçylyk resmi ýazgylary atlar üçin forma № 1a we baýtallar üçin forma № 2 b, tohumçylyk şahadatnamasy ýaly degişli maglumatlary özünde jemleýän we öň neşir edilen Döwlet tohumçylyk kitaplaryndaky maglumatlary, synag çapuwlarynda, atçylyk sportda görkezen netijelerini we beýleki bar bolan resmi ýazgylary ulanmak bilen atlary Döwlet tohumçylyk kitabyna ýazgylary taýýarlamak at eýesi hojalygyň we “Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň hünärmenleri tarapyndan geçirilýär.

Nobatdaky Döwlet tohumçylyk kitabyna ýazylýan atlaryň sanawy we olara degişli maglumatlar “Türkmen atlary” döwlet birleşigi

tarapyndan ýa-da Halkara döwlet tohumçylyk kitaby bolsa Halkara ahalteke assosiasiýasy tarapyndan tassyklanýar we neşir edilýär.

Döwlet tohumçylyk kitabyna höwür atlar we ene baýtallar we olara degişli maglumatlar aşakdaky tertipde ýazylýar.

**I. Esasy bölüm.** Döwlet tohumçylyk kitabyna birinji gezek ýazylýan höwür atlar we ene baýtallar esasy bölümlerde aýratynlykda ýazylýar. Şonda, olaryň Döwlet tohumçylyk kitabynda bellige alnan tertip belgisi, lakamy (ady), eger bar bolsa tagma belligi we at eýesi – degişli hojalygy görkezilýär. Onuň aşagynda reňki, doglan senesi we doglan hojalygy; ýaý içinde bolsa Döwlet tohumçylyk kitabynyň neşir edilen haýsy tomunda enesiniň ýanynda hasaba alnanlygy baradaky maglumatlar sahypasyny görkezmek bilen ýazylýar.

Atasy we enesi baradaky maglumatlarda Döwlet tohumçylyk kitabyndaky tertip belgili lakamy, ýaý içinde bolsa olaryň ene-atalarynyň atlary (atlar üçin gözenek şejere görnüşinde bolup biler), ugruny görkezmek bilen ýazylýar. Onuň aşagynda soňky alnan esasy ölçegleri, tohumçylyk alamatlaryna berlen bal bahalary, klasy we aýlaw (çapuwda, atçylyk sportda) synaglarynyň netijeleri, ýyndamlygy, uly baýrakly ýaryşlarda, halkara ýaryşlarda we sergilerde gazananlary görkezilýär. Maglumatlaryň soňunda satylan, sowgat berlen ýa-da atlaryň duran ýeriniň üýtgänligi baradaky maglumatlar bellenilýär.

a) agzalan maglumatlardan soň höwür atlaryň ýazgylarynyň aşagynda olardan dürli ýyllarda alnan nesil taýlar lakamyny, jynsyny, reňkini, doglan senesini we taýyň enesiniň adyny görkezmek bilen ýazylýar.

b) esasy bölüme ýazylan ene baýtallaryň aşagyna ýokarda agzalan maglumatlardan daşgary – haýsy hojalykda haýsy höwür atdan haýsy taýlary berenligi – lakamyny, jynsyny, reňkini, taýyň atasyny tertip belgili lakamyny görkezmek bilen ýa-da haýsy atdan gysyr çykanlygyny ýa-da taý atanlygyny we ş.m. görkezmek bilen degişli maglumatlar ýazylýar.

**II. Goşmaça bölüm.** Ahalteke atlarynyň öň neşir edilen Döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylan atlar we baýtallar, soňraky ýyllarda höwürde ulanylyp nesil taýlary beren bolsalar, olar baradaky maglumatlar Döwlet tohumçylyk kitabynyň goşmaça bölümlerinde aýratyn-

lykda ýazylýar. Şonda atlar we ene baýtallar baradaky maglumatlar gysgajyk ýazylyp olaryň tertip belgili lakamy, reňki, doglan senesi we ýaý içinde Döwlet tohumçylyk kitabyndaky tertip belgili enesiniň we atasynyň lakamlary görkezilýär.

a) höwür atlaryň aşagyna soňky ýyllarda olardan alnan taýlar lakamyny, reňkini, jynsyny, doglan senesini we enesiniň döwlet tohumçylyk kitabyndaky terip belgili lakamyny görkezmek bilen we;

b) baýtallaryň aşagyna geçen ýyllarda olardan alnan taýlar lakamyny, reňkini, jynsyny, doglan senesini we olaryň atasyny döwlet tohumçylyk kitabyndaky tertip belgili lakamyny görkezmek bilen ýazylýar.

Döwlet tohumçylyk kitabynyň başynda düşündirmeler, atlar bilen geçirilýän seçgi – tohumçylyk işleriniň ýakyn ýyllar üçin maksatnamasyny ýazmak bolar.

## AHALTEKE WE ÝOMUT TOHUM ATLARYNYŇ SEÇGILENILIŞI

**Seçgilemek.** Köpeltmäge niýetlenen höwür atlary we ene baýtallary seçip almak – önümçilik iş tejribesinde atlary tohumçylyk alamatlary boýunça seçgilemek (bonitirowka etmek) bilen geçirilýär.

Hakyky iş ýüzünde atlaryň seçgisi, tohum atlary hiline görä baha berip seçgilemek (bonitirlemek) bilen amala aşyrylýar. Şonuň ýaly maksatlar bilen ahalteke we ýomut atlaryny häsiýetlendirýän esasy tohumçylyk alamatlary boýunça köptaraplaýyn we jemleýji baha berip seçgilemek, degişli tohumçylyk klaslara bölmek bilen olaryň tohumçylyk gymmatyny anyklamak we tohumçylyk işlerine, çapuwa, atçylyk sporta, satuwa ýa-da beýleki maksatlar üçin atlaryň ulanyljak ýerlerini kesgitlemek, tohum atlary seçgileýän hünärmenler toparynyň esasy wezipesi bolup durýar.

Özünde ahalteke we ýomut tohum atlaryny ösdürip ýetişdirýän her bir hojalygyň (döwlet we daýhan birleşik atçylyk athanalaryň we hususy hojalyklaryň) tohum atlary seçgilenmäge degişlidir.

Ahalteke we ýomut atlaryny seçgilemek "Türkmen atlary" döwlet birleşigi tarapyndan bellenilen seçgileýji toparyň gatnaşmagynda geçirilýär.

Tohum atlary seçgilemek hukugy bolsa atçylyk kärhanasynyň degişli ýokary guramasynyň buýrugy bilen, ahalteke we ýomut tohum atçylygynda azyndan bäş ýyl iş tejribesi bolan, ahalteke we ýomut atlarynyň beden gurluşyny, syna – sypatyny, aýratynlyklaryny we häsiýetlerini gowy bilýän, ýokary bilimli tejribeli atçy hünärmenlere, şu ugurdan işleýän ylmy işgärlere berilýär. Ahalteke we ýomut atlaryny seçgilemegi ýokarda belleýşimiz ýaly, atçy hünärmenlerden düzülen seçgileýji topar geçirýär.

Tohum atlary seçgileýjilerden ahalteke we ýomut atlaryna mahsus bolan ajaýyp bedew at syna – sypatyny, olaryň biologiýa we beden gurluşynyň aýratynlyklaryny gowy bilmekleri talap edilýär.

Seçgileýjiler – atyň aýaklarynda we göwresinde duşýan ýetmezçilikleri gowy seljermelidirler, baglaýjy ulgamlaryny, süňkdür siňirlerini sypalap barlamak, agzyny açyp dişlerini görmek bilen göze görünýän we görünmeýän kemçilikdir ýetmezçilikleri bar bolsa olary belgä almalydyrlar.

Seçgileýji topar tohum atlara baha berenlerinde we seçgilemäge degişli işleri ýerine ýetirenlerinde özbaşdak we jogapkärçilikli çemeleşmelidirler.

Atlary seçgilenýän hojalyklaryň jogapkär wekiliniň, şol hojalygyň atlaryny seçgilemäge gatnaşmagy we gerekli kömekleri bermegi hökmanydyr.

Her bir tohum at seçgilenilende olaryň gelip çykyşyna (şejeresine) we asyl görnügine, göwresiniň ölçeglerine, syna beden agzalaryna, işjeňligine (çapuw görkezijilerine, atçylyk sportda, atly ýörişlerde gazananlaryna), höwürde ulanylýan atlar we ene baýtallar üçin bolsa goşmaça nesil berijiligine we nesliniň hiline köptaraplaýyn we jemleýji baha bermek bilen seçgilenmelidir. Seçgileýji topar baha bermek bilen atyň tohumçylyk gymmatyny anyklap klasyny kesgitleýär.

Ahalteke we ýomut tohum atlary bäş sany esasy tohumçylyk alamatlary boýunça seçgilenilýär. Ol alamatlar aşakdakylardyr:

1. Atlaryň gelip çykyşy – 4 arka hatar şejeresi we ahalteke atlary üçin asyl bedew at görnügi (tipi);

2. Göwresiniň ölçegleri boýunça;

3. Daşky synasy (eksterýeri) boýunça;

Agzalan 3 alamat boýunça ahalteke we ýomut tohum taýlary 1,5 – 2,5 ýaş aralygyndan seçgilenilýär.

4. Işjeňligi boýunça ahalteke atlary çapuwlarda, atçylyk sportda, atly ýörişlerde we marafon ýaryşlarda gazananlaryna baha bermek bilen geçirilýär. Ýyndamlygyna baha bermek, atlar, esasan, çapuwlara we sport ýaryşlaryna gatnaşyp başlandan soň: 3 – 7 ýaş aralygynda geçirilýär.

5. Nesil berýän höwür atlar we ene baýtallar uly ýaşlarynda ýokarda görkezilen 4 tohumçylyk alamatlaryna ýene bir gezek gaýtadan seredip baha bermek we goşmaça alamat – nesil berijiligi we nesliniň hiline baha bermek bilen seçgilenilýär.

Şeýlelikde, ahalteke we ýomut tohum atlary tohumçylyk alamatlaryna 10 bally ulgam boýunça baha bermek bilen seçgilenilýär we tohumçylyk işindäki gymmatyna we ähmiýetine görä naýbaşy ýa-da saýlama, birinji we ikinji klaslara bölünýär.

Uly ýaşyndaky her bir atyň we ene baýtalyň soňky seçgilemesiniň netijesi we görkezijileri – şejere arkasy, ölçegleri (4 ölçegi), aýlawlarda görkezen ýokary ýyndamlygy we eýelän uly baýrakly orunlary, alnan nesil taýlary we 5 sany tohumçylyk alamatlary boýunça berilýän bal bahalary we olaryň esasynda berilýän tohumçylyk klasyny görkezmek bilen, ahalteke we ýomut tohum atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylýar.

Ahalteke we ýomut tohum atlaryny seçgilemegiň häzirkizaman usulyýetleri “Ahalteke we ýomut tohum atlaryny seçgilemegiň ugurlary baradaky gollanmada” (B.Meredow, “Türkmen atlary” döwlet birleşigi, Aşgabat, 2003) giňişleýin berlendir.

Ahalteke we ýomut atlarynyň tohum arassalygy we gelip çykyşy (şejeresi) zootehniki we Döwlet tohumçylyk kitabyndaky we atyň resmi ýazgylaryndaky maglumatlaryň esasynda anyklanylýar.

Ahalteke sap ganly tohum atlarynyň tohum we gan arassalygy, gelip çykyşy (enesi – atasy) hojalykda ýöredilýän ýörite höwre çekmek we baýtallaryň gulanlamasyny hasaba alyş depderçelerdäki we heniz taýka enesiniň ýanynda reňkini, nyşanlaryny, doglan senesini görkezmek bilen bellenilen resmi ýazgylaryň we atlaryň immunogenetiki barlamhanasynyň ene-atasynyň dogrulygyna resmi tassyklaýjy maglumatlaryň esasynda takyklanýar. Şonda seçgilenilýän ahalteke

tohum atlaryň ene-atalary ýa-da ata-babalary Döwlet tohumçylyk kitabynyň neşir edilen kitaplarynda ýazylan bolmagy hökmanydyr.

Gelip çykyşy (enesi we atasy) näbelli, ýa-da şol ugurdan takyk ýazgylary ýok atlar ahalteke sap ganly tohum aty hasap edilmeýär we ahalteke tohum aty hasabyndan aýrylmaga degişlidir.

Ýomut atlarynyň gelip çykyşy (enesi we atasy) zootehniki we tohumçylyk ýazgylaryň esasynda kesgitlenilýär.

Gelip çykyşy barada takyk maglumatlary bolmadyk ýomut atlary – beden gurluşynyň, göwresiniň ölçegleriniň we olaryň aýratynlyklaryny hem-de ýomut atlaryna syna – sypatynyň meňzeşligini göz öňüne tutmak bilen, seçgileýji toparyň ýörite teklibi esasynda ýomut aty hasap etmek we seçgilemek bolar. Ýöne şeýle atlara ikinji klasdan ýokary baha berilmeli däldir.

3,5 ýaş we ondan kiçi ýaşdaky ahalteke we ýomut atlary seçgilenende olaryň göwresiniň ölçeglerine edilýän talaba, oňa ýakyn ýaşdaky atlara berilýän ýeňillik düzedişler (seret 27-nji maglumatnama) berilýär. Mysal üçin, 2 ýaş 2 aýlyk atlara ikiýaşar atlaryň ölçegine; 2 ýaş 8 aýlyk bolsa, 2 ýaş 6 aýlyga, 2 ýaş 10 aýlyk bolsa üçýaşar atlara berilýän ýeňillikler we düzedişler berlip, şol düzedişleri goşmak bilen 18-nji maglumatlardaky görkezijilere laýyklykda klasy kesgitlenilýär.

Her bir seçgilenýän we esasy bäş sany alamatlaryna baha berilýän tohum atlar üçin seçgileýji hünärmen – atlar üçin 1a we baýtallar üçin 2 b görnüşdäki atyň tohumçylyk resmi kagyz ýazgysyny we gerek bolsa resmi tohumçylyk şahadatnamasyny doldurýar. Seçgilemegiň netijesi boýunça iş topary jemleýji resmi ýazgy hasabatlary doldurýar we degişli ýerine tabşyrýar.

Seçgilenen her bir ahalteke arassa ganly we ýomut tohum atlary hil taýdan gymmatyna görä aşakdaky tohumçylyk klaslara bölünýär:

Naýbaşy we saýlama klasa – ahalteke we ýomut atlaryna bildirilýän talaby seçgilenilýän alamatlary boýunça artykmajy bilen kanagatlandyrýan, iň gowy asyl görnükli jyns atlara;

I klas – ahalteke we ýomut atlaryna bildirilýän talaby doly kanagatlandyrýan;

II klas – atlaryň tohumçylyk işinde ähmiýeti bolan beýleki atlara bölünýär.

Görkezilen üç klasyň hiç birine bildirilýän talaplary kanagatlandyrmaýan atlar klassyz we tohum at hasap edilmeýär.

Seçgilenýän tohum aty klaslara bölmek üçin talap, atyň bäş sany baha berilýän alamatlaryna, bellenilen 10 bal derejeli ulgam boýunça seçgilemekde gazanan bal bahalary bilen kesgitlenilýär.

Şonda tohum atyň ol ýa-da beýleki klasa degişlidigini kesgitlemek 21-nji maglumatnamada görkezilen bal bahalaryň haýsy klasa laýyklygyna görä geçirilýär.

Seçgilemek bilen ata bal bahalary berlende olaryň baha berilýän alamaty boýunça haýsydyr bir klasa geçirmek üçin ýokarky derejelere edilýän talaba bir bal ýetmeýän bolsa, şol baly hasaba almazdan, aty degişli klasda galdyrmaga seçgileýji topara hukuk berilýär.

*21-nji maglumatnama*

**Atlaryň we baýtallaryň seçgilenilýän alamatlary boýunça ol ýa-da beýleki klasa geçirmek üçin iň aşak bal bahalar**

| Atyň seçgilenýän alamatlary | Saýlama klas | | I klas | | II klas | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | atlar | baýtallar | atlar | baýtallar | atlar | baýtallar |
| 1. Gelip çykyşy we asyl görnügi | 8 | 7 | 6 | 5 | 4 | 3 |
| 2. Ölçegleri | 8 | 7 | 6 | 5 | 4 | 3 |
| 3. Bedeniniň daşky synalary | 8 | 7 | 6 | 5 | 4 | 3 |
| 4. Işjeňligi | 8 | 4 | 5 | 3 | 2 | – |
| 5. Nesliniň hili | 8 | 7 | 6 | 5 | 4 | 3 |

Her bir klasdaky tohum atlar, öz şol bir klasara öz içinde, artykmaçlyk ýa-da kemterlik edýän taraplaryny nazara almak bilen üç topara bölünýär.

Birinji derejeli naýbaşy topara geçirilýän atlar mysal üçin, saýlama klasly birinji derejeli topar, baha berilýän bir ýa-da ondan köp alamatlary boýunça artykmaç bal bahalary alan we galan alamatlary boýunça saýlama klasa edilýän talaby doly kanagatlandyrýan atlar girýär.

Ikinji derejeli topar atlara ähli bal baha berilýän alamatlary boýunça şol klas üçin aňryçäk talaby kanagatlandyrýan, şeýle-de bir ýa--da iki alamatyna artykmaç bally, beýleki bir alamaty boýunça bolsa şol klas üçin bir bal bahasy ýetmeýän atlar geçirilýär.

Bal bahalary şol klas üçin edilýän talaby kanagatlandyrýan, ýöne haýsydyr bir baha berilýän alamaty boýunça bir bal baha kem alan (şol klasa şertli geçirilen) atlar öz klaslarynda 3-nji derejeli atlaryň toparyna geçirýär.

Çapuw synaglaryny geçýän 2-nji we 3-nji derejeli topardaky klasly atlar, olaryň işjeňligine berilýän bal bahasy talaby kanagatlandyrýan bolsa, onda şol at öz klasynyň içinde bir dereje ýokary geçirilýär.

Şeýlelikde, seçgilenen tohum atlar öz tohumçylyk klaslarynyň içinde aşakdaky derejeli klaslara bölünýär:

| | |
|---|---|
| 1 – saýlama klasly atlar | 1 derejeli naýbaşy; |
| | 2-nji derejeli saýlama; |
| | 3-nji derejeli saýlama. |
| 1-nji klasly atlar | 1-nji derejeli 1 klas; |
| | 2-nji derejeli 1 klas; |
| | 3-nji derejeli 1 klas; |
| 2-nji klasly atlar | 1-nji derejeli 2 klas; |
| | 2-nji derejeli 2 klas; |
| | 3-nji derejeli 2 klas; |

Atlar satylanda, sergi gözden geçirilişlere gatnaşanda dereje klaslary göz öňünde tutulýar, ýokary dereje klasly atlaryň gymmaty ýokary bolýar.

Tohum atlaryň gelip çykyşyna we asyl görnügine baha bermek, ahalteke sap ganly we ýomut atlarynyň gelip çykyşyna, ýagny tohum arassalygyna we asyl görnügine baha berlende seçgileýjilerden olaryň her birine mahsus bolan özboluşly tohum we beden synasynyň aýratynlyklaryny, häzirki döwürde ahalteke atlarynyň asyrlardan gelýän aýratyn owadan we asyl keşbini gorap saklamaga edilýän talaplary berjaý edilmelidir.

Ahalteke atlarynyň gelip çykyşynyň tohum arassalygy we olara häsiýetli bolan asyl görnügi aşakdaky (22-nji maglumatnama) ballar bilen bahalanylýar.

*22-nji maglumatnama*

**Ahalteke atlarynyň gelip çykyşyna we görnügine bal bahalary bermek**

| Tohum arassalygy | Ahalteke atlaryna häsiýetli asyl bedew at görnükliligi | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | örän oňat | gowy | kanagatlanarly | ýaramaz | pes |
| Şejeresi Döwlet tohumçylyk kitabyna ýazylan ahalteke sap ganly tohum atlary | 8-9 | 7 | 6 | 5-4 | 3-2 |

Ýomut tohum atlarynyň gelip çykyşynyň tohum arassalygy we olara mahsus bolan göwre synasynyň görnügi aşakdaky derejeli bal (23-nji maglumatnama) boýunça bahalanylýar.

*23-nji maglumatnama*

**Ýomut atlarynyň gelip çykyşyna we göwre synasynyň görnügine bal bahalary bermek**

| Tohum arassalygy | Ýomut atlarynyň häsiýetli görnügi (tipi) | | | |
|---|---|---|---|---|
| | örän oňat | gowy | kanagatlanarly | ýaramaz |
| Tohumy arassa ýomut atlary | 8 | 7 | 6 | 5 |
| Gany 15/16 bölek ýomut atlary | 7 | 6 | 5 | 4 |
| Gany 7/8 bölek ýomut atlary | 6 | 5 | 4 | 3 |
| Gany 3/4 bölek ýomut atlary | 5 | 4 | 3 | 2 |

Ahalteke atlarynyň gelip çykyşynyň şejeresiniň 4 arka ene-atasy we ata-babalarynda ýokary klasly atlaryň duşýanlygyna baglylykda, aşakdaky derejelerde (24-nji maglumatnama) bal bahalar berilýär.

**Ahalteke atlarynyň 4 arka şejeresinde duşýan ýokary klasly atlaryň sany boýunça berilýän bal bahalar**

| Şejeresinde saýlama klasly | I – klasly | II – klasly | Bal bahasy |
|---|---|---|---|
| Azyndan: | | | |
| 7 – 8 ýokary klasly | 6 – 7 | – | 8 |
| 5 – 6 ýokary klasly | 8 – 9 | – | 7 |
| 3 – 4 ýokary klasly | 10 – 11 | – | 6 – 5 |
| 2 – 3 ýokary klasly | 9 – 10 | 1 – 2 | 4 – 3 |

Mysal üçin, ahalteke atynyň asyl bedew at görnügi örän gowy bolsa (22-nji maglumatnama), 8 bal, şonuň ýaly-da şol atyň dört arka şejeresinde 10 sany saýlama klasly ata-babalary duşýan bolsa (24-nji maglumatnama), 9 bal, şonda seçgilenýän atyň baha berilýän alamatlary bolan, gelip çykyşy we asyl görnügine iň aşak – 8 bal baha berilýär.

## ATYŇ DAŞKY SYNA AGZALARYNA WE BEDEN GURLUŞYNA BAHA BERMEK

Atlaryň we baýtallaryň resmi tohumçylyk ýazgysynda (1a we 2 b görnüş) olaryň beden – synasynyň agzalary üç topara bölünýär: 1) kelle, boýun, göwre; 2) öň we artky aýaklary; 3) beden gurluşy, muskulaturasy, siňir we baglaýjy agzalary we gujurlylygy.

Seçgileýji topar tarapyndan atlaryň göwresiniň syna agzalaryna baha bermek, 1a we 2 b resmi tohumçylyk ýazgylarynda ýazylan agzalarynyň dürli aýratynlykdaky görnüşleriniň aşagyny çyzmak bilen geçirilýär.

Şonda ahalteke sap ganly tohum atlara mahsus bolan asyl görnügine, häsiýetlerine we alamatlaryna aýratyn üns berilmelidir. Atyň daşky syna agzalary «gowy», «kanagatlanarly» we «ýaramaz» bahalar bilen bahalanylýar. «Gowy» baha berlen syna agza – 2 bal, «Kanagatlanarle» – 1, «Ýaramaza» – 0,5 bal baha goýulýar. Bahalaryň jemi atyň synasynyň şol topar agzasyna berilýän baha bolup hyzmat edýär. Atyň

daşky synasyna umumy jemleýji bal baha, topar agzalaryna berilýän bahalaryň jemi bilen hasaplanylýar. Mysal üçin, eger at aşakdaky ýaly bal bahalar bilen bahalanan bolsa, onda mysal üçin, kelle we boýun kanagatlanarly, gerşi we pilçe gowy, ýagyrnysy we bili kanagatlanarly, sagrysy kanagatlanarly, döş kapasasy – gowy. Şonda birinji topar beden agzalarynyň bal bahasy – 7 (1 – 2 – 1 – 1 – 2). Öň aýaklary: aýaklaryny goýşy – gowy, dyz we goşar bogun birleşigi, injik, bakan – kanagatlanarly. Art aýaklary: aýaklarynyň durşy we aşyklygynyň gurluşy – kanagatlanarly, art injiginiň söbüginiň gurluşy – gowy, toýnak – gowy, şonda bu topar agzalara jemleýji – 8 (2 – 1 – 1 – 2 – 2) bal baha berilýär. Beden gurluşy – kanagatlanarly, atyň umumy gurluşy – gowy, muskulaturasy – gowy, siňirlerdir baglaýjy agzalary – kanagatlanarly, gujurlylygy – kanagatlanarly bolsa bu topara jemleýji – 7 (1 – 2 – 2 – 1 – 1) bal baha berilýär.

Şonuň ýaly baha berlende atyň daşky synasynyň agzalaryna we beden gurluşyna umumy jemleýji iň pes – 7 bal baha berilýär.

Eger seçgilenilýän atyň aşyklygynyň iç tarapyndan süňk çykyp (şpat), art aýagyny silkip ýöremek (horaz ýörişli), bakanyna süňk çykma (žabka), syýkyldyly bogulma (rorer), ýeke inek, aşaky äňi bir barmak we ondan köp kemlik ýaly ýetmezçilikleri bolsa, şeýle atlara II klasdan ýokary baha berilmeýär. Aýagy (aşyklygynyň yz tarapy) wahaly (kurba) atlar gowy çapýan bolsa, şertli ýagdaýda I klasa geçirilip bilner. Ineksiz (kriptorh), ala atlar seçgilenmeýär we tohum atlaryň hasabyndan (brak edilip) aýrylýar. Atyň çaýkanma, aýaklarynda ýumşak we gaty çiş keselleri, ýaramaz gylyklary (depýän, dişleýän) we beýleki ýetmezçilikleri bar bolsa, olar atlaryň resmi tohumçylyk ýazgylarynda doly belgä alynýar.

## ATYŇ IŞJEŇLIGINE BAHA BERMEK

Ahalteke we ýomut tohum atlarynyň işjeňligine baha bermek, olaryň aýlawlarda geçirilýän synag çapuwlaryndaky gazanan netijelerine, atçylyk sportda gazananlaryna, sirklerdäki çykyşlaryna, uzak aralyklara atly ýörişlere we marafon at çapyşyklaryna gatnaşyp üstünlikli çykyşlaryna baha bermek bilen geçirilýär.

Atlaryň işjeňligine baha bermek, aýlawlaryň ýöredýän çapuw atlaryň resmi synaglarynyň ýazgysy, aýlawlaryň her ýylda hasabat berýän ýa-da neşir edýän çapuwlaryň hasabat kitapçalarynda (sprawoçniklerinde), atyň ol ýa-da beýleki işjeňligini görkezýän zootehniki ýazgylaryň we ykrarnamalaryň esasynda geçirilýär.

Ahalteke we ýomut atlarynyň işjeňligine baha bermek aşakda bellenilen derejeler (25-nji maglumatnama) boýunça geçirilýär.

*25-nji maglumatnama*

**Ahalteke we ýomut atlarynyň işjeňligine berilýän bal bahalar**

| Atlaryň çapuw netijeleri | Bal bahalary |
|---|---|
| Topardan çykan we I topar atlaryň arasynda birinji ýeri eýelän | 6 |
| Topardan çykan we I topar atlaryň arasynda çapan | 5 |
| Toparlaýyn çapuwlarda azyndan iki gezek ýeňiji bolan | 4 |
| Toparlaýyn çapuwlarda bir gezek ýeňiji bolan | 3 |
| Çapuwlara gatnaşyp birinji ýeri eýelemedik | 2 |

Däp bolan uly baýraklaryň ýeňijilerine goşmaça berilýän bal bahalar:

Türkmenistanyň Prezidentiniň, Uly Aşgabat baýragynyň we «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň göçme kubogynyň ýeňijilerine – 3 bal;

däp bolan uly baýrakly çapuwlarda ýeňiş gazananlara – 2 bal.

**Uzak aralyklara geçirilýän atly ýörişlere gatnaşan we marafon çapuwlarda eýelän orny üçin goşmaça:**

– 1-nji ýeri eýelänlere – 3 bal;
– baýrakly orunlara mynasyp bolanlara – 2 bal;
– baýrakly orunlary eýelemese-de şol aralyklary üstünlikli geçen bolsa – 1 bal.

**Ahalteke we ýomut atlary atçylyk sportuň klassyky görnüşlerinde:**

– 1-nji ýeri eýelese, goşmaça – 3 bal;
– 1-nji ýeri eýelemese-de üstünlikli çykyşyna – 2 bal;
– Atçylyk sporta seýislenende – 1 bal;
– Sirk sahnasynda üstünlikli çykyş edýänligine – 3 bal.

Mysal üçin, at topardan çykan, ýa-da I toparda çapan bolsa (25-nji maglumatnama) 6 – 5 bal, 60 km aralyga çapyp, birinji ýeri eýelän bolsa, goşmaça 3 bal, şeýlelikde, atyň işjeňligine jemleýji – 8 bal baha berilýär.

## ATLARA NESLINIŇ HILI BOÝUNÇA BAHA BERMEK

Ahalteke sap ganly we ýomut tohum atlaryň we baýtallaryň ýokary nesil berijilik häsiýetine, olardan alnan we kanagatlanarly şertlerde ösdürilip ýetişdirilen tohum taýlaryň hiline baha bermek bilen geçirilýär. Şonuň bilen birlikde Döwlet tohumçylyk kitabyna 1-nji gezek ýazylýan tohum atlar we ene baýtallar aşakdaky şertleri berjaý etmek bilen goşmaça seçgilenmelidir.

Höwür atlardan we baýtallardan alnan taýlaryň hili, hojalyklardaky we döwlet tohumçylyk gullugyndaky ýöredilýän zootehniki ýazgylaryň, seçgilenen nesil taýlaryň klaslaryna görä, şonuň ýaly-da, 1,5 ýaşdan kiçi ýaşdaky nesil taýlary seçgileýjiler tarapyndan gözden geçirmek bilen kesgitlenilýär.

Atçylyk athanalara, fermalara we hususy at eýelerine degişli höwür atlar we ene baýtallar seçgilenende, olaryň nesliniň hili aşakdaky ýaly bal bahalar bilen bahalanylýar.

Atlara we baýtallara nesliniň hili boýunça baha bermegiň bal bahalary:

Höwür atlardan, alnan we seçgilenen 10 taýynyň azyndan 5-si saýlama, galanlary I klasdan pes bolmasa – 8 – 9 bal;

Tohum baýtallardan azyndan 2 taý alnan we olar saýlama we I klasdan pes bolmasa – 8 – 9 bal;

Atlardan we baýtallardan alnan taýlaryň köpüsi ýokarda görkezilen sandaky I klasly, 3 – 4 baş saýlama we az sanda II klasda bolsa – 6 – 7 bal;

Eger-de alnan taýlar esasan I we II klaslarda bolsa – 3 – 5 bal.

## ATLARYŇ GÖWRE ÖLÇEGLERINE BAHA BERMEK

Ahalteke sap ganly we ýomut tohumly atlary göwresiniň ölçegleri boýunça seçgilemek, atlar we baýtallar üçin aýratynlykda bellenilen ülňi – ölçegleriň (santimetrlerde) we olara berilýän bal bahalar boýunça (26-njy maglumatnama) geçirilýär.

*26-njy maglumatnama*

**Ahalteke sap ganly we ýomut tohum atlaryna göwresiniň ölçegleri boýunça bal bahalary bermegiň tertibi**

(ölçegleri santimetrde)

| Atlar | | | | Baýtallar | | | | Bal |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| gerşine çenli beýikligi | göwresiniň keseleýin uzynlygy | döş göwrüminiň aýlawy | Injiginiň ýogynlygy | gerşine çenli beýikligi | göwresiniň keseleýin uzynlygy | döş göwrüminiň aýlawy | injiginiň ýogynlygy | |
| **1. Ahalteke sap ganly tohum atlary** | | | | | | | | |
| 160 | 163 | 176 | 19,5 | 158 | 160 | 178 | 19,0 | **9** |
| 158 | 160 | 174 | 19,5 | 156 | 158 | 176 | 19,0 | **8** |
| 156 | 158 | 172 | 19,0 | 154 | 156 | 175 | 18,5 | **7** |
| 155 | 156 | 170 | 19,0 | 153 | 154 | 172 | 18,5 | **6** |
| 154 | 154 | 168 | 18,5 | 152 | 152 | 170 | 18,0 | **5** |
| 152 | 152 | 167 | 18,5 | 151 | 151 | 168 | 18,0 | **4** |
| **2. Ýomut tohum atlary** | | | | | | | | |
| 156 | 157 | 170 | 19,5 | 154 | 155 | 170 | 19,0 | **9** |
| 155 | 155 | 168 | 19,5 | 153 | 154 | 168 | 19,0 | **8** |
| 154 | 154 | 167 | 19,0 | 152 | 153 | 167 | 19,0 | **7** |
| 153 | 153 | 166 | 19,0 | 151 | 152 | 166 | 18,5 | **6** |
| 152 | 152 | 165 | 18,5 | 149 | 150 | 165 | 18,5 | **5** |
| 151 | 151 | 164 | 18,5 | 148 | 149 | 164 | 18,0 | **4** |

Seýislenýän atlarda döş göwrüminiň aýlawynyň ölçegine bolan talaby 5 sm çenli pes bolanda ony hasaba almazlyga seçgileýjilere hukuk berilýär.

3,5 we ondan kiçi ýaşdaky ahalteke we ýomut atlary seçgilenende, ýaşyna görä olaryň ölçeglerine bolan talaplara aşakdaky ýaly goşmaça düzedişler berilýär we şoňa laýyklykda olaryň göwre synalarynyň ölçeglerine düzedişleri goşup (27-nji maglumatnama) talap edilýän bal bahalary berip seçgilenilýär.

*27-nji maglumatnama*

**Ýaş atlaryň göwresiniň ölçeglerine berilýän goşmaça ýeňillik – düzedişler**

(santimetrlerde)

| Atyň ýaşy | Gerşininiň beýikligine | Göwresiniň keseleýin uzynlygyna | Döş göwrüminiň aýlawyna | Injiginiň ýogynlygyna |
|---|---|---|---|---|
| 3,5 | 1,0 | 2,0 | 3,0 | - |
| 3,0 | 2,0 | 3,0 | 5,0 | 0,5 |
| 2,5 | 3,0 | 4,0 | 8,0 | 0,75 |
| 2,0 | 7,0 | 8,0 | 15,0 | 1,0 |
| 1,5 | 10,0 | 11,0 | 20,0 | 1,5 |

Eger-de atyň döş göwrüminiň ölçegi bildirilýän talapdan 5 sm we injiginiň ýogynlygy talapdan 0,5 sm hem-de ondan köp bolsa, onda şol ölçeg üçin goşmaça 0,5 bal baha berilýär.

Şonuň ýaly-da atyň göwresiniň kese uzynlygy gerşiniň beýikliginden 3 sm we ondan ýokary kem bolsa (ýygnak atlarda) onuň bal bahasy talaba garanyňda 1 bal kemeldilýär.

Dört we ondan uly ýaşdaky atlarda gerşiniň beýikliginiň talapdan 1 sm pes bolmagy hasaba alynmaýar.

Tohum atlary seçgilemegiň netijesi – atyň resmi ýazgylary we jemleýji hasabat ýazgysy, şonuň ýaly-da seçgileýjiler toparynyň geçiren işleri baradaky ýazmaça hasabat makullanyp, atçylyk hojalygyna we onuň degişli ýokary guramasyna tabşyrylýar.

Seçgilemegiň netijeleriniň maglumatlary ahalteke sap ganly we ýomut tohum atlarynyň seçgi tohumçylyk işleri üçin ýokary klasly tohum atlary seçip almakda, ýaşyna, reňkine we garyndaşlyk derejesini seljerip jübütleşdirip höwre goýmakda, höwür atlary we ene baýtallary gelip çykyşyny we seçgilenýän alamatlaryna soňky berilýän bal bahalaryny, klasyny we göwre synasynyň ölçeglerini goşmaça anyklap görkezmek bilen Döwlet tohumçylyk kitabyna ýazmakda, tohum atlara halkara talaplary kanagatlandyrýan sertifikat (pasport) bermekde, satyn almak ýa-da satmak we beýleki maksatlar üçin atlaryň pul gymmatyny kesgitlemekde we atçylyk hojalyklarda tohum atlaryň hilini gowulandyrmakdaky gazanan netijelerine baha bermekde giňden ulanylýar.

Şonuň ýaly-da seçgilemek (bonitirlemek) bilen atlaryň ýaşyna, klasyna, çapuw häsiýetlerine görä, olaryň aýlawdaky synag çapuwlarynda, atçylyk sportda, sirkde ulanmaga, satuwa çykarmaga degişliligi ýa-da beýleki mümkin bolan ulanyljak ýerleri kesgitlenilýär we olar at eýelerine teklip edilýär.

## ATLARY HATARDAN ÇYKARMAGYŇ (BRAK ETMEGIŇ) WE REJELEŞDIRMEGIŇ TERTIBI

Ahalteke we ýomut tohum atçylygynda garry, tohumçylyk häsiýetleri pes, işjeňlik we tohumçylyk ukybyny peseldýän uly şikesli, at eýesi hojalygyň atlarynyň seçgi tohumçylyk işlerinde ähmiýeti bolmadyk atlar we baýtallar hatardan çykarylyp brak edilýär, rejeleşdirilýär (wyranžirlenýär). Şeýle etmek bilen tohum atçylykda ýokary derejeli seçgi – tohumçylyk işlerini alyp barmak, atlaryň hilini yzygider kämilleşdirmek bolar.

Garran atlar we baýtallar, dürli ýaşdaky döwük-ýenjik bejerip bolmaýan uly şikesli hojalyga hiç hili peýda getirmeýän, şeýle-de nesil bermeýän, işde ulanyp bolmaýan dürli ýaşdaky atlar we baýtallar atçy hünärmenlerden düzülen iş topary tarapyndan seljerilip, tohum atlaryň hasabyndan aýrylyp hatardan çykarylýar (brak edilýär).

Bellibir tohum atçylyk hojalygynda geçirilýän seçgi tohumçylyk işlerinde ähmiýeti bolmadyk atlar, şol hojalygyň esasy tohum sürüsinden aýrylyp rejeleşdirilýär. Rejeleşdirilen atlar özbaşyna topara geçirilip, şol atlary tohumçylyk işinde ulanmaga mümkinçiligi bolan beýleki hojalyklara satyn alyp ulanmak maslahat berilýär.

Ahalteke we beýleki tohum atlary önümçilikden aýryp hatardan çykarmak hem-de, bellibir atçylyk hojalygyň içinde geçirilýän seçgi – tohumçylyk işinde talaby kanagatlandyrmaýan atlary seljerip rejeleşdirilen hojalygyň degişli ýokary guramasynyň wekiliniň we hojalygyň hunärmenleriniň, zooweterinar gullugynyň gatnaşmaklarynda we olaryň ykrarnamasy esasynda geçirilýär.

Tohum atçylykda esasy serişdäniň hasabyndaky atlary hatardan çykarmak her bir hatardan çykarylýan ata aýrybaşga ykrarnama ýazmak bilen geçirilýär. Ol resmi kagyzlara atyň zootehniki maglumatlary – tohumy, ýaşy, ene-atasy, önüm berijiligi we ýetmezçiliklerini seljerip seretmek bilen hatardan çykarylmagynyň sebäpleri ýazylýar.

Atlary hatardan çykarmak (brak etmek) ýaşy, saglygy, önüm berijiligi we ýetmezçilikleri sebäpli aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär.

– Uly ýaşly baýtallar 18 ýaşdan ýokary we yzygider üç ýyl taý bermedik ýagdaýlarynda;

– Ýatgysy bejerip bolmaýan keselli we 10 ýaşyna çenli taý bermese;

– Atlar örän garran halatlarynda ulanmaga ýarawsyz, aýaklary şikesli agsak, atçylyk sportda, çapuwda, müngi iş ulagy hökmünde ulanmaga mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýlarynda hatardan çykarmak bolar;

Ýokarda görkezilen sebäplere görä tohum atlar hataryndan aýrylan atlar Türkmenistanyň şertlerinde özbaşdak topara geçirilip işçi atlar hasabynda saklanylýar. Ol atlary özara ylalaşylan bahadan satmak maslahat berilýär.

Ahalteke we ýomut tohumyny ösdürip ýetişdirýän hojalyklarda, şol hojalygyň atlaryny köpeltmegiň seçgi tohumçylyk işlerinde ähmiýeti bolmadyk, seçgilenilende klasy pes ýa-da klassyz atlar, gysraklar, nesil bermeýän ýa-da nesliniň hili pes 14 ýaşdan uly baýtal-

lar, syna – sypaty talaby kanagatlandyrmaýan we dürli sebäplere görä ösmedik göýdük dürli ýaşdaky atlar we gysraklar esasy tohumçylyk sürüden rejelenip bilner. Rejelenen atlar hojalykda özbaşdak topara geçirilýär we olary ylalaşylan nyrhdan beýleki atçylyk hojalyklara ulanmak üçin satmak bolar.

XII bölüm

# Ahalteke sap ganly tohum atlaryny köpeltmegiň usulyýetleri

Atlary köpeltmekde Türkmenistanyň şertlerinde atlary köpeltmegiň usullaryny öwrenmekligiň zerurlygy ýüze çykýar. Ahalteke atlary sap ganly tohum atlar toparyna degişliligi bilen baglylykda sap arassa ýa-da gany arassa köpeldilýär. Bütin dünýäde tohum atlaryň diňe üçüsi – ahalteke, arap we iňlis atlary gany arassa köpeldilýär.

Atlary sap arassa köpeltmek ýa-da gany arassa köpeltmek diýmek – atlaryň we baýtallaryň ene we ata tarapy düýp başdan ahalteke atlaryna saýylýan we tohumçylyk kitaplaryna ýazylan hem-de olaryň diňe ahalteke tohum içinde öz-özüne köpeldilmegine aýdylýar. Haýsydyr bir derejede gany gatyşan ýa-da seçgilenilende ahalteke atlarynyň tohum arassalygyna ýa-da haýsydyr bir ýetmezçiligi zerarly häzirki döwürde edilýän talaby kanagatlandyrmaýan atlar, ahalteke sap ganly tohum aty hasap edilmeýär we ahalteke atlary bilen geçirilýän tohumçylyk işinden aýrylmaga degişlidir.

Ahalteke atlaryny sap arassa köpeltmekde atlary köpeltmegiň ýokary derejedäki aşakdaky usullary ulanylýar.

1. Ugurlar boýunça köpeltmek;
2. Ugrara çakyşdyrmak (kros) usuly bilen köpeltmek;
3. Dürli derejedäki garyndaşlykda köpeltmek;
4. Garyndaş däl köpeltmek;
5. Ene baýtallar maşgalasyny göz öňünde tutup köpeltmek ýaly atlary sap arassa köpeltmegiň ýokary derejedäki dürli usulyýetleri ulanylýar.

## AHALTEKE ATLARYNYŇ UGURLAR BOÝUNÇA KÖPELDILIŞI

Türkmen atçylygynyň seçgi – tohumçylyk işlerine taryhy nukdaý nazary bilen ser salsak, Keý-Kabusyň «Kowusnama» kitabynda atlary saýlap almak barada, Görogly şadessanynda Jygalybegiň at seýislemek bilen bir hatarda olary köpeltmek we hilini gowulandyrmak, at tohumyny döretmek bilen iş salşanlygy barada köp gürrüňler edilýär.

Görogly şadessanynda Jygalybegiň Rumda (Wizantiýada) seýisçilik edip Rum patyşasynyň buýrugy bilen iň gowy at tohumyny dö-

retmek wezipesini goýanda ol şeýle aty köp ýurtlary söküp gözläp tapmandyr. Ahyrynda onuň seredýän baýtallarynyň birine derýadan çykan suw aty (ol derýadan ýüzüp geçen ýabany at bolmaly) böküp, ony demden çykarýar. Şeýdibem Gyratyň enesi dogulýar. Jygalybegiň Rumuň patyşasyna atyň iň gowy tohumy şu gysrakdan dörär diýenligi bize mälimdir.

Atçylyga degişli ylmy çeşmelerde türkmenler, atlary köpeldenlerinde höwür atyň we ene baýtalyň gelip çykyşyna – şejeresine aýratyn üns bermek bilen, ol atlaryň ugur arkasyny ýatdan ýöredipdirler. Şeýlelikde, atlary arassa köpeltmekde ugurlar boýunça köpeltmek usuly türkmenlerde has ir döwürlerden bäri ulanylypdyr.

Ugur diýlip ahalteke atyna bolan talaby ýokary derejede kanagatlandyrýan, asyl bedew at görnükli, gelip çykyşynda – şejeresinde, beden gurluşynda we nesliniň ýokary hilliligi, ýyndamlygy boýunça aýratyn tapawutlanýan ady belli, il arasynda adygan atyň peýdaly gowy häsiýetleri boýunça meňzeş nesil toplum atlaryna aýdylýar. Ugruň düýbüni tutan ata bolsa urugbaşy diýilýär. Ugur atlar syna – sypaty, ýyndamlygy, peýdaly tohumçylyk alamatlary we gowy häsiýetleri boýunça ugurbaşy atlara çalymdaşdyrlar.

Atlar ugurlar boýunça köpeldilende haýsydyr bir derejede garyndaşlykda köpeldilýär.

Professor Kislowskiý medeni at tohumyny durnukly saklamak we köpeltmek, garyndaş köpeltmegiň netijesinde ýüze çykmagy mümkin bolan “gan gyzgynlygyndan” (inbred depressiýadan) gaça durmak üçin, tohum atçylykda azyndan 9 sany ugruň bolmalydygy we şol ugurlara degişli höwür atlaryň sany 140-dan az bolmasa gowy hasaplaýar. Nemes alymy Iogansen “sap arassa” ugry döretmegiň üstünde işlemek bilen nusgawy usul bilen atlar köpeldilende şonuň ýaly ugry döredip bolmaýanlygy anyklanylýar (häzirki wagtda nazary taýdan genetiki klon ýoly bilen arassa ugry almak bolar).

Ugurlar boýunça köpeldilende atlary köpeltmegiň ýakyn we daş garyndaşlykda köpeltmek, ata (höwür at) tarapy garyndaşlyk ýoly bilen alnan ata tarapy boýunça birtaraplaýyn garyndaşlykda ýa-da ikitaraplaýyn garyndaşlykda köpeltmek ýaly atlary köpeltmegiň inçe usulyýetleri ulanylýar.

Ugurlar – ugurbaşy atlardan 5 – 7 arka aýlanandan soň nesil toplum atlara (geneologiki ugra) öwrülmek bilen, olaryň nazary taýdan

ähmiýeti bolsa-da, atlary köpeltmegiň iş tejribesinde ol ugurlaryň ähmiýeti azalýar. Şonuň üçin döwrüň has gowy höwür atlarynyň üstünde işlemek bilen täze ugurlary döretmeli bolýar. Muňa mysal edip, häzirki döwürde döredilen Garaderiň ugruny aýtmak bolar.

Ahalteke atçylygynda ugurlar boýunça köpeltmegiň soňky 120 ýyl içinde ösüş ýollaryna seredip geçeliň.

K.I.Gorelow (Ahaltekinskaýa loşad Turkmenistana, Aşgabat, 1928) ahalteke atlaryny 1925 – 1927-nji ýyllarda ýerlere gidip barlamak we hasaba almak bilen olaryň arasynda bäş ugry tapawutlandyrýar. Olaryň nesil (geneologiki) şahamçalaryny we olara degişli atlaryň sanaw hataryny düzýär.

Olar aşakdaky ugurlardyr:

1. Boýnowyň ugry. Ugurbaşy 2 a Boýnow – mele at (1885-nji ýylda doglan) *(73-nji surat)*, gelip çykyşy boýunça Läläniň çepi atly ahalteke atynyň nesli bolup, Läläniň çepi Garamçadan, Garamça bolsa Gutlysakar (takmynan, atlaryň bir arkasy biziň hasaplamalarymyz boýunça 12,5 ýyla deňdir we şonda, üç arka aňyrsynyň doglan senesi 1848-nji ýyllara gabat gelýär) ýaly atlardan gaýdýar.



**73-njy surat.**

**2 a Boýnow ahalteke atlarynyň arasynda nesilbaşy we ugurbaşy atlaryň biri. 1885-nji ýylda doglan. Onuň ata ugrunyň şejeresiniň üç arkasy Läläniň çepi, Garamça, Gutlysakar ýaly atlardan gaýdýar**

2. Soltanguly – Gökpişigiň taýy. Gökpişik Gutlysakaryň ogly Gyllytowyň taýy şejere arkasynda gapdallaýyn aýlanyp ol hem Gutlysakaryň (çowlugy bolmak bilen) Boýnow bilen garyndaş bolýar;

3. Nedirbaý – Nedirbaý 1902 – 1908-nji ýyllarda Zakaspiý athanasynda höwürde ulanylýar. Atlaryň Daşkentde geçirilen sergisinde pul baýragy bilen sylaglanýar.

4. Çoparkel (Herrikgala 2);

5. Geçili *(74-nji surat)* – gelip çykyşy boýunça Öwezmyrat däli diýen atyň taýy bolup, ol hem Ýarajy atly atyň neslidir. Geçili 1926--njy ýylda Gazagystana satylýar.

Özbaşyna ugur diýlip hasap edilmese-de K.I.Gorelow 1a Baba Ahuny Bäherdengaranyň (Woronyň) taýy, Bäherdengara bolsa Nedirbaý atly ugurbaşy atdan gaýdýar diýip hasaplaýar.

M.I.Belonogow (AA DTK, 3-nji tom, 1941) bolsa bu meseläni delillendirmek bilen aýdyňlaşdyryp, 1a Baba Ahuny ahalteke aty bolan Gurbannyýazyň taýy, Gurbannyýaz bolsa nesilbaşy 2 a Boýnowdan gaýdýar diýip hasaplaýar. Şeýlelikde, M.I.Belonogow 2 a Boýnowdan beýleki dört ugurlary ykrar etmek bilen, Boýnowyň ugrundan bölünip şahamçalan – goşmaça bäş ugry, jemi dokuz ugry häsiýetlendirýär.



**74-nji surat. Geçili, goňur al reňkli ugurbaşy atlaryň biri**

Olar aşakdaky ugurlardyr (AA DTK, 3-nji tom, 1941):

1. 175 Meleguş – mele, 1909-njy ýylda doglan Boýnowyň taýy (2 a Boýnow we Oraznyýaz Garadaşlynyň baýtalyndan), 1914-nji ýylda Zakaspiý athanasyna satyn alynýar we 1915-nji ýyldan ol ýerde

höwürde ulanylýar. 1923-nji ýylda Moskwada Bütinsoýuz sergide uly baýrak bilen sylaglanýar;

2. 8 a Meleçep – gurt mele, 1910-njy ýylda doglan, Boýnowyň taýy (2 a Boýnow we ahalteke baýtalyndan) 1915-nji ýyldan Bekrewedäki ahalteke atçylyk athanasynda höwürde ulanylyp başlanýar;

3.6 a Döwletişan – gyr, 1903-nji ýylda doglan (Nazarbeleňdor we ahalteke baýtalyndan). – Nazarbeleňdor bolsa Boýnowyň taýydyr;

4. 1a Baba Ahun – gyr, 1909-njy ýylda doglan (Gurbannyýaz we ahalteke baýtalyndan) – Gurbannyýaz Boýnowyň taýydyr. Baba ahunyň taýy Melehajynurdan – Toporbaý, Tugurbaý, Dordepel ýaly atlar şol ugra degişli adybelli atlardyr. Melehajynur soňra Jüneýit hana düşýär.

5. Begnazaral – Kepbanyň taýy bolup ol hem üçünji nesil arkasynda Akýalmeläniň üsti bilen Boýnowa barýar. Agzalan täze ugurlara bölmek bilen M.I.Belonogow ýene-de öňden gelýän aşakdaky özbaşdak ugurlaryň barlygyny kepillendirýär, olar:

6. Soltanguly – (Gökpişigiň taýy. Gökpişik Gutlysakaryň ogly Gyllytowyň taýy),

7. 3 a Bäherdengara (Woron) – gara, 1898-nji ýylda doglan, Hojagara (Nedirbaýyň ogly) we Aýly diýen ahalteke baýtalyndan. Şeýlelikde, Bäherdengara Nedirbaýdan özbaşdak ugra bölünýär. Bäherden garanyň nesilleri beýleki ugurlara degişli atlardan has iri we ahalteke tohum atlaryna mynasyp owadan bedew atlar bolup, ol ugra degişli atlaryň hemmesini diýen ýaly 1919-njy ýylda iňlisler Hindistana we akgwardiýaçylar Demirgazyk Kawkaza alyp gidýärler.

8. Çoparkel;

9. Geçili – goňras al (buryý) reňkli, gerşine çenli beýikligi 164 sm (1918-nji ýylda Kiýewde geçirilen sergide birinji baýraga mynasyp bolýar) ýaly ugurbaşy atlary M.I.Belonogow jemi dokuz ugry özbaşdak ugurlar diýip kesgitleýär.

M.I.Belonogow “Ahalteke tohum atlarynyň tohumçylyk işleriniň esaslary” kitabynda (Aşgabat, 1955) ýokarda agzalan dokuz ugra täze ugurlary goşmak bilen 21 ugur barada häsiýetnama ýazsa-da, şolaryň 17 ugrunyň ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerinde ähmiýetiniň bardygyny belleýär.

Ol ugurlar aşakdakylardyr:

1. 175 Meleguşuň ugrunyň barlygyny ykrar etmek bilen, M.I. Belonogow onuň agtygy.

2. 213 Saparhany – altynsow mele, 1932-nji ýylda doglan, 268 Çomuç we 312 Melezor diýen atlaryň neslinden, özboluşly aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, özbaşdak ugra bölüp aýyrýar.

3. 6 a Döwletişanyň (gyr,1903-nji ýylda doglan, Nazarbeleňdor (Boýnowyň ogly) we ahalteke baýtalyndan) ajaýyp owadan we ýyndam nesilleriniň ahalteke atçylygynyň tohumçylyk işlerindäki ähmiýetine uly orun bermek bilen ondan täze iki ugry bölüp aýyrýar, olar:

4. 269 Eýeberdi Teleke – mele *(75-nji surat)*, 1914-nji ýylda doglan (6 a Döwletişan we Eýeberdi Telekäniň baýtaly, ol hem 2 a Boýnowyň gyzy);

Eýeberdi Teleke şejeresiniň III – II hatar ene we ata arkasynda 2 a Boýnowa ýakyn garyndaşlyk ýoly bilen alnan at. Oba toýlarynda we Aşgabadyň aýlawynda örän gowy çapýar. Ol ilki Gökdepäniň obalarynda, 1929-njy ýyldan bolsa Ahalteke atçylyk athanasynda



**75-nji surat. 269 Eýeberdi Teleke, ugurbaşy, gurtmele reňkli at, 1914-nji ýylda Gökdepe etrabynda dogulýar. 6 a Döwletişan we Eýeberdi Teleke diýen atlaryň neslinden**

höwürde ulanylýar. Häzirki wagtda Eýeberdi Telekäniň ugruny üç ugur Eýeberdi Teleke, Skak we Pereň ýaly ugurlar dowam etdirýär. Ol ugurlara degişli atlar ahalteke atlaryna mahsus bolan ajaýyp owadanlygy we asyl bedew at görnügi bilen tapawutlanýarlar.

5. 10 a Toýçy – gyr, 1911-nji ýylda doglan, 6 a Döwletişan we ahalteke baýtalyndan;

6. 1a Baba Ahunyň ugruny ykrar etmek bilen M.I.Belonogow onuň agtygy;

7. 244 Toporbaýy – mele, 1918-nji ýylda doglan, Melehajynur we Hojabal diýen atlaryň neslinden, özbaşyna ugur we,

8. 100 Ýeli – altynsow dor, 1932–nji ýylda doglan, Baba Ahundan gaýdýan onuň çowlugy 247 Tugurbaýyň ogly – enesi 177 Ýalkap, özbaşdak täze ugur hasaplaýar.

9. 8a Meleçep;

10. Begnazaralyň ugruny özbaşdak ugur diýip bellese-de, ondan aşakdaky iki ugry bölüp aýyrýar, olar:

11. 44 Begnazardor – dor 1913-nji ýylda doglan (Begnazaral we Ylýasgara diýen atlaryň neslinden), 1933-nji ýyldan başlap ahalteke atçylyk athanasynda höwürde ulanylyp başlanýar we,

12. 198 Posman – gyr, 1919-njy ýylda doglan, Begnazaral we Gulmyrat şahyr diýen atlaryň neslinden. Posman ilki Demirgazyk Kawkaza äkidilýär, soňra Gazagystana geçirilýär we höwürde ulanylýar.

13. Çoparkel we ondan bölünip özbaşdak ugur hasaplanýan onuň çowlugy –

14. 85 Dorbaýramy – gara dor, 1925-nji ýylda doglan, (Gurtbaýgara ol hem Çoparkeliň ogly Gurtbaýgyrdan we Iňliskürre atly baýtal, ol hem Dikaýak (garry) we Gaýypgaradaşly diýen atlaryň neslinden) özbaşdak ugra bölüp aýyrýar.

15. 020 Garagunan 1 – gara, 1917-nji ýylda doglan, köne ugurbaşy 3a Bäherdengaranyň agtygy, Möwlambaýyň ogly – enesi Babaorazyň baýtaly. 020 Garagunan Türkmenistanda ady belli höwür aty bolup, gynansak-da ol 1927-nji ýylda Demirgazyk Kawkaza äkidilýär.

16. Soltanguly we onuň çowlugy –

17. 220 Sluçaý – gär, 1923-nji ýylda doglan. Atasy Kömekçerkezli, Gaýypbaýyň ogly ol hem Soltanguludan we enesi Abakuly atly baýtal, ol hem Begnazardordan gaýdýar.

18. Geçili;

19. 9 Akbilek 1932-nji ýylda doglan. Atasy Atahojanak ýaş, ol hem Atahojanak garrydan, enesi Hoçjakör atly baýtal).

Agzalan ugurlary bellemek bilen M.I.Belonogow aşakdaky täze iki ugry häsiýetlendirip, olar bilen işlemegiň tilsimlerini kesgitleýär, olar:

20. 11 Akguş – gyr, 1928-nji ýylda doglan. (Baýmyrat we Boýnow atly ahalteke baýtaly). Akguş 1935-nji ýylda Aşgabat – Moskwa atly ýörişine gatnaşýar.

21. 13 Aksakal – gyr, 1930-njy ýylda Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynda doglan (Aksakal atly ahalteke aty – Ylýas atly ahalteke baýtaly) (1935-nji ýylda Aşgabat – Moskwa atly ýörişine gatnaşan) nesil topar atlaryny häsiýetlendirip, olaryň geljekde özbaşdak ugur boljakdygyny M.I.Belonogow öňünden kesgitleýär.

13 Aksakalyň ugrundan 518 Moskwa we 744 Garagyr (Garagunan) ýaly ahalteke atlaryny seçgi – tohumçylyk işlerinde giňişleýin ulanmagy teklip edýär. Hakykatdanam, häzirki wagtda seçgi – tohumçylyk işlerinde Aksakalyň ugruna degişli atlaryň örän uly ähmiýeti bardyr.

Ahalteke tohum atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitabynda (V tom, 1975) M.I.Belonogow Meleçepiň ugruny 26 Arap we 448 Gyrsakaryň ugurlary bilen çalyşýar. Eýeberdi Telekäniň ugruny özbaşdak iki ugra – 269 Eýeberdi Teleke we 569 Skagyň ugurlaryna bölýär.

Şeýlelikde, ol ahalteke atlarynyň ugurlarynyň on ikisine (AA DTK, V tom, 1975) häsiýetnama bermek bilen (269 Eýeberdi Teleke, 569 Skak, 244 Toporbaý, 100 Ýel, 213 Saparhan, 26 Arap, 448 Gyrsakar, 85 Dorbaýram, 220 Sluçaý, 44 Begnazardor, 198 Posman we 9 Akbilek) esasy işlemeli we giň ýaýran ugurlary – 9 ugur hasaplaýar. Ol ugurlar: 269 Eýeberdi Teleke, 569 Skak,

244 Toporbaý, 448 Gyrsakar, 26 Arap, 213 Saparhan, 85 Dorbaýram, 220 Sluçaý we 9 Akbilek. Beýleki ugurlary dowam etdirer ýaly mynasyp höwür atlaryň bolmanlygy üçin “baýtal toparyna giden” ugurlar diýip hasaplaýar.

Häzirki döwürde ahalteke tohum atçylygynda 17 ugruň barlygy ykrar edilýär. Olar: 26 Arap, 13 Aksakal, 9 Akbilek, 432 Garlawaç *(76-njy surat),* 448 Gyrsakar, 721 Gaplaň, 269 Eýeberdi Teleke, 569 Skak, 779 Pereň, 220 Sluçaý, 828 Pakyrpälwan, 175 Meleguş, 213 Saparhan, 497 Gelşikli, 198 Posman, 100 Ýel we 85 Dorbaýramyň ugurlarydyr.



**76-njy surat. 432 Garlawaç, gurt mele reňkli ugurbaşy at we onuň seýsi Muhammetguly Çapar, 1939-njy ýylda Akbugdaý etrabynyň Gämi obasynda doglan. 347 Wezir we 60 Barok diýen atlaryň neslinden**

Agzalan ugurlaryň sanawyna 448 Gyrsakardan bölüp aýyrmak bilen täze, 18-nji 989 Garaderiň ugruny goşmak bolar. Garaderden gaýdýan höwür atlar (2006-njy ýylda 9 baş), ene baýtallar we olardan alnan we ugry dowam etdirýän nesil atlar (154 baş ) syna – sypaty, ýyndamlygy we beýleki tohumçylyk häsiýetleri boýunça ugurbaşy

Garadere örän çalymdaş atlardyr. Biz şu ýerde Garaderiň ugruna häsiýetnama bermek bilen Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe döredilen bu ugur bilen seçgi – tohumçylyk işlerini geçirmegiň ýollary barada durup geçmegi ýerlikli hasaplaýarys.

## GARADERIŇ UGRY

Garaderiň bize mälim bolan on arka şejeresi – nesil daragty görnüşinde getirilýär. Onuň ugrunyň nesil çeşmesi – Gutlysakar, Garamça, läläniňçepi, 2 a Boýnow ýaly ahalteke atlarynyň gözbaşy bolan atlardan alyp gaýdýar.

Garaderiň aňyrsynda onuň ata tarapynyň şejere arkasyny tutýan, türkmen halk seçgi ýoly bilen döredilen we ykrar edilen ugurlaryň üçüsi bar. Olar 2 a Boýnow, 8 a Meleçep, 448 Gyrsakar ýaly ugurbaşy atlaryň adyny göterýän we häzirki döwürde nesil (geneologiki) toplumlara öwrülen ugurlardyr. Olardan diňe 448 Gyrsakaryň ugry geneologiki toplum bolsa-da, özbaşdak ugur häsiýetini ýitirmän, Türkmenistanyň ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerinde ýokarda belläp geçişimiz ýaly ähmiýetiniň uly bolmagynda galýar.



**77-nji surat. 989 Garader. Gara at. 1977-nji ýylda Ahalteke atçylyk athanasynda doglan, 894 Kerwen (736 Keýmir – 1355 Talant) we 1520 Ýelsona (685 Angar – 1524 Ýeňiş) diýen atlaryň neslindendir**


Garaşa gara, 1995
Ýantar g,dor, 1990
Garader gara, 1990
Kursant gara, 1988
Gaharly mele, 2003
Gyrgyguş gyr, 1990
Gaýduwsyz gara, 1990
Garawekil-5 gara, 1986
Gyzgyn, gara,1990
Görmegeý, dor, 1992
Gadam, gara,1996
Garlawaç, gara,1999
Gerçek, gara, 1996
Garaýap, g.mele, 1996
Garazor, gara, 1999
Garador, dor, 1999
Ýagmyrly mele, 2003
Ýetimhan, mele, 2000
Bereket, mele, 2000
Gerkez, dor, 2001
Gülüstan, dor, 2001
GAÝRAN, DOR, 2002
Gamkeser, g.dor,1998
Gelemen, dor, 1999
Gala, dor, 1999
Garahan, gara, 2000
Garamaşal, dor, 2002
Garaşsyz, gara 2002
Galkynyş, g.dor. 2002
Akbilek dor, 2002
Gagşal,gara, 2003
Gerçek, al, 2003
Garlawaç, gara,1999
Şagadam, gara, 2000
Saryk,g.dor,m2000
Dordepel, dor, 2000
Gandymguş, g.dor,1988
Garadaşly, gara,1986
Gazanjyk, gara,1990
Gunan mele, 1988
Garadil gara,1993
Gahryman gara,1991
Gaýduw, gara, 1993
Ýapalak, dor,1988
Garasekil, Gara, 1988
989 Garader, gara , 1977 (894 Kerwen-1520 Ýelsona)
894 Kerwen, gara, 1967 ý.d.
736 Keýmir, altynsow dor,1952 ý.d.
448 Gyrsakar, gyr,1936 ý.d.
16 Algyr, dor, 1930 ý.d.
4a Ak-Işan,gara mele,1919 ý.d.
8a Meleçep, mele, 1900 ý.d.
2a Boýnow, mele at, 1885 ý.d.
Läläniň çepi
Garamça
Gurtly-Sakar

Garaderiň 4 hatar arka şejeresi 28-nji maglumatnamada getirilýär. Ugurbaşy 989 Garader, gara reňkli at, 1977-nji ýylda S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda dogulýar. Ol 894 Kerwen (736 Keýmir – 1355 Talant) we 1520 Ýelsona (685 Angar – 1524 Ýeňiş) diýen atlaryň neslidir. Garader gelip çykyşy boýunça 448 Gyrsakara IV – III arkasynda garyndaşlyk ýoly bilen alnan at bolup onuň şejeresiniň ata tarapynda Gyrsakar, Saparhan ýaly we üçünji arka ene tarapynda Skak, Pereň, Ýel ýaly ady belli ugurbaşy atlar duşýar.

*28-nji maglumatnama*

**Garader, gara, 1977-nji ýylda doglan**

| **1520 Ýelsona, gara, 1972. Skagyň ugry** | | | | | | | | **894 Kerwen, gara, 1967. Gyrsakaryň ugry** | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1524 Ýeňiş, gara dor, 1964 | | | | 685 Angar, dor, 1959 | | | | 1355 Talant, dor, 1960 | | | | 736 Keýmir, altynsow dor, 1952 | | | |
| 1184 Ýylan | | 779 Pereň | | 1244 Gaçgyr | | 687 Arsenal | | 1249 Kelte | | 593 Tebit | | 931 Sinitsa | | **448 Gyrsakar*** | |
| 740 Kädi | 100 Ýel | 1321 Pobeda | 711 Ýerguş | 831 Mah | **448 Gyrsakar *** | 471 Adaý | 569 Skak | 645 Dursun | 142 Gyzyl | 184 Enegül | 044 Tyllaguş | 026 Weherzen | 213 Saparhan | 8 Aýden | 16 Algyr |

Garaderiň zootehniki häsiýetnamasy – beýikligi 162 sm, göwresiniň uzynlygy 162, döş aýlawy 180 we injiginiň ýogynlygy 19,5 sm-e deňdir. Öz döwründe Garaderi her ýyl ölçäp seçgilemek awtora miýesser etdi. Tohumçylyk alamatlaryna 10 ballyk ulgam boýunça baha berlende seçgileme bal bahalary – gelip çykyşy we asyl bedew görnügi 9 bal, göwresiniň ölçegleri boýunça 9, syna – beden gurluşy 9, çapuw ukyby boýunça 10 we nesliniň hili boýunça 9 bal gazanýardy. Munuň özi ahalteke atlaryna şu ugurdan edilýän talaby göz öňünde tutsaň, örän ýokary bal bahalardyr. Ol birinji derejeli naýbaşy klasly atdy.

Syna beden aýratynlyklary barada aýdylanda Garaderiň kellesi örän kiçidi, keýerjekläp duran çüri gulakly, ýeňsesi giň, boýny dik we uzyn, gursagy örän giň we çapýan wagty öňe omzaýan giň gursagy we dik boýny ony owadan görkezýärdi, owadan çapardy.

Garaderiň togalagrakdan muskula baý, giň sagrysy bardy. Onuň kiçiräkden dikleň ýerleşen örän berk toýnagy bardy, aýaklarynyň siňirdir baglaýjy ulgamlary örän berkdi. Garader köp sanly uly çapuwlara gatnaşyp örän ýyndam atlar bilen bäsleşip çapyşsa-da hiç ýerinden şikes tapmady, agsamady. Ol örän berk beden gurluşly atdygyny *(77-nji surat)* subut etdi.

Garaderiň göwresiniň ölçeglerinden görnüşi ýaly, ol ini-boýy des-deň, inedördül gurluşly, örän görmegeý, owadan atdy.

1982-nji ýylda Aşgabatda Garader 1-nji derejeli attestat bilen we 1984-nji ýylda Krasnodar şäherinde geçirilen ahalteke atlarynyň sergi gözden geçirilişinde ýörite Diplom bilen sylaglanýar. 1986-njy ýylda Türkmenistanyň oba hojalygynyň gazananlarynyň maldarçylyk boýunça geçirilen sergisinde Garader ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

Garader Aşgabadyň aýlawynda 2 – 5 ýaş aralygynda 21 gezek çapuw ýaryşlaryna gatnaşyp 14 gezek 1-nji baýrakly orunlara we 5 gezek beýleki baýrakly orunlara mynasyp boldy. 1980-nji ýylda Uly Aşgabat baýragynda 1-nji ýeri eýeläp 2400 m aralygy 2 min 49,7 s-de geçipdir.

Garader 6 – 7 ýaşlarynda Russiýanyň Krasnodar şäheriniň aýlawynda diňe däp bolan uly baýrakly çapuwlara 10 gezek gatnaşyp, ol ýerdäki çapuwlara gatnaşýan Türkmenistanyň, Russiýanyň, Gazagystanyň atlaryndan ozmak bilen 10 gezek hem 1-nji baýrakly orny eýeläp şöhrat gazanýar. Garaderiň üýtgeşik çapuw, ýöriş, säpjeme, gara daşdan sünnälenip ýasalan heýkel ýaly gyýa bakyp doňup durmak ýaly özboluşly hereketleri bardy, çapanda gursagyny öňe omzadyp we boýnuny dik tutup, köp sanly bäsdeşlerinden aýratyn tapawutlanardy.

Garader Uly Aşgabat, SSSR Oba hojalyk Ministrliginiň Baş atçylyk bölüminiň baýragyna 3 gezek, Saýlama atlaryň baýragyna 2

gezek, Türkmenistan SSR-iň Ýokary sowetiniň baýragyna 2 gezek, Halklaryň dostlugy baýragyna 3 gezek, Krasnodar ülkesiniň baýragyna we Gelşikli baýragynda 2 gezek, Budýonnyý baýragynda, Giriş, Deňeşdirme, Hoşlaşyk baýraklarynda 2 gezek 1-nji uly baýrakly ýerleri eýeläp ýeňiji boldy we şöhrat gazandy. Meleguş, Absent, Deňeşdirme, baýraklarynda ikinji baýrakly orny, Uly tomusky baýrakda 3-nji baýrakly orny eýeledi.

Garaderi beýleki atlar bilen deňeşdireniňde – üýtgeşik çapuw, ýöriş, säpjeme, dabyrama ýaly özboluşly hereketleri bardy, kükregini öňe omzadyp, kellesini, uzyn boýnuny dik tutup, keýik ylgaýşyny edip, çapuwa gatnaşýan bäsdeş atlaryndan hemişe uzakdan saýlanar durardy. Ol seýislenýän we çapuwlara gatnaşýan ýyllarynda-da, höwür aty hökmünde ulanylyp athanada saklanylýan döwründe-de hemişe özüniň seýislenen derejesini, durkuny saklamagy başarýan atdy.



**78-nji surat. Gaýduwsyz, gara reňkli 1990-njy ýylda doglan, Garader (894 Kerwen – 1520 Ýelsona) we 1917 Garataý (885 Gammar – 1451 Garaçaý) diýen atlaryň neslinden. Ölçegleri:162 – 161 – 172 – 19,5 sm; Seçgileme bal bahalary: 8 – 8 – 7 – 8 – 8; Derejeli: Naýbaşy. Syna – sypaty asyl görnükli bedew at**

Garader bilen işleýän seýisler onuň gündelik mezilme-mezil berilýän ot-iýmleriniň diňe özüne gerek möçberini iýip, gereginden artygyny hiç iýmezdi diýip belleýärler.

Bagtyýarlyk döwründe ahalteke atçylygynyň seçgi – tohumçylyk işlerinde özüniň gowy häsiýetleri bilen 989 Garader we onuň nesil toplum atlary nusgawy atlar bolup uly ähmiýete eýedir. Olaryň ahalteke atçylygyny hil taýdan gowulandyrmakda uly geljegi bardyr.

Garaderiň köp sanly Garadere meňzeş nesil toplum ugur atlary we olaryň Türkmenistanyň atçylyk hojalyklarynda giňden ýaýramagy (78-nji surat), ony türkmen atşynaslary, seýisleri tarapyndan Bekarar döwletiň  bagtyýarlyk döwründe döredilen özbaşdak ugur diýip ykrar etmäge doly esas bar.

Garaderiň ugruna degişli höwür atlardan Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda höwürde ulanylmaga bellenilen – Gazanjyk, Gaýduwsyz, Kursant, Gerden ýaly atlar bar. Şeýle-de, ol ýerde Garaderiň ugruna degişli dürli ýaşdaky atlaryň we gysraklaryň 2004-nji ýylda 19 başy bardy. Türkmenistanyň beýleki atçylyk hojalyklarynda Garaderiň ugruna degişli 10 sany höwür aty we dürli ýaşdaky beýleki atlaryň we gysraklaryň 188-si bar. Olar Garaderiň ugruna degişli höwür atlar we olaryň nesilleri boýunça aşakdaky ýaly paýlanylýar (29-njy maglumatnama).

1989-njy ýylda Ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen respublikan sergi gözden geçirilişde Garadaşly (Garader we Saryýagdan) ahalteke atlarynyň çempiony diýlip yglan edilýär. Şol sergide Begres, mele gysrak (1986-njy ýylda doglan Garader we Bilbilden) 1-nji derejeli diplom bilen sylaglanyp, gysraklaryň arasynda çempion ady berilýär.

1990-njy ýylda Garaderiň gyzy Düwme, gara gysrak, 1987-nji ýylda doglan (Garader we Dilşatdan) atlaryň sergi gözden geçirilişinde gysraklaryň arasynda "gözelligi" üçin ýörite diplom bilen sylaglanyp çempion boldy.

**989 Garaderiň ugur atlar boýunça nesilleriniň (2004-nji ýylda) paýlanylyşy**

| 989 Garaderiň ugruna degişli höwür atlar | Ugur atlaryň nesli, baş | |
|---|---|---|
| | atlar | gysraklar |
| 989 Garader | 46 | 47 |
| Garadaşly | 15 | 16 |
| Ýapalak | 10 | 8 |
| Gahryman | 9 | 6 |
| Gunan | 5 | 8 |
| Gaýduwsyz | – | 4 |
| Gaýduw | 3 | – |
| Kursant | – | 2 |
| Gazanjyk | 1 | 2 |
| Garasekil | 1 | – |
| Gamkeser | 1 | 1 |
| Ýantar | 1 | – |

Hangözel – mele gysrak, 1999-njy ýylda doglan (Garader we Hwaladan) 2000-nji ýylda geçirilen ahalteke atlarynyň “Altyn asyr” gözellik sergi gözden geçirilişinde çempion ady berildi, hem-de, 2001-nji ýylda “Soltanyň güli” gözellik sergi gözden geçirilişinde ikinji gezek çempion diýlip yglan edildi.

Goldstar – gara at 1997-nji ýylda doglan (Garader we Arktikadan) 1999-njy ýylda geçirilen “Soltanyň güli”gözellik sergi gözden geçirilişinde ahalteke atlarynyň çempiony boldy.

Seçgi tohumçylyk işleri üçin owadan ajaýyp asyl bedew atlary seçip almak maksady bilen 2009-njy ýylda Türkmen döwlet aýlawynda geçirilen sergide Garaderiň ugrundan Garagum diýen altynsowmele aty (2003-nji ýylda doglan, Gamkeser we Gülperiden) ikinji ýeri eýeläp Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragyna mynasyp boldy. Garagum 2006-njy ýylda Türkmen döwlet aýlawynda çapuwlara gatnaşýan atlaryň arasynda hem çempion diýlip yglan edildi. Garagum häzirki döwürde Garaderiň ugruny dowam etdiriji esasy höwür atlaryň biridir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda, S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda we beýleki

döwlet we hususy atçylyk hojalyklarda Garaderiň ugruna degişli höwür atlardan Garadaşly, Gahryman, Gaýduwsyz, Gazanjyk, Gyrgyguş, Garaşa, Kursant, Ýapalak ýaly atlar höwürde ulanyldy. Ol atlaryň nesilleri tohum atçylyk hojalyklara ýaýrap ahalteke atlaryny köpeltmekde giňden ulanylýar.

Garaderiň ugry bilen seçgi tohumçylyk işleri geçirilende ol ugra degişli ene baýtallara hem aýratyn üns berilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynda ugra degişli, maşgala başy baýtallardan Gaýtar (Garader – Mamagözel), Maýsa (Garadaşly – Mähek), Sarygül (Garadaşly – Sabyrly) ýaly naýbaşy tohum baýtallaryň on başy, S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda Täze 2 (Garader Tomaşa), Gylykly (Garader – Garataý), Menekli (Garadaşly – Maral ) ýaly ugur baýtallaryň ýigrimi bäşi bar.

2008-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Pýatigorsk şäherinde Russiýanyň Prezidentiniň baýragy ugrunda geçirilen uly halkara at çapyşyk ýaryşlarynda Garaderiň agtygy, Garademiň taýy Maýa atly dor gysrak hormatly üçünji baýraga mynasyp bolýar.

Garaderiň ugruna degişli ajaýyp bedew atlardan 2009-njy ýylyň 3-nji maýynda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde “Türküstanyň ýyldyzy” atly atlaryň halkara sergisinde we atçapyşyklarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda 2007-nji ýylda doglan Gerden diýen dor aty (Gaýduwsyz (Garader – Garataý) we Güleken (Garadaşly – Güleý) diýen atlaryň neslinden) *(79-njy surat)* birinji ýeri eýeleýär. Ol görenleri haýrana goýup iň owadan argamak bedew at “Türküstanyň ýyldyzy” we atlaryň arasynda halkara ýeňijisi diýlip yglan edilýär. Ýörite Kubok we uly pul baýragy bilen sylaglanýar.

Belläp geçmeli zatlaryň biri-de 2006-njy ýylda awtoryň gatnaşmagynda höwür atlara baýtallary jübütleşdirme meýilnamasy düzülende dor reňkli we Garadere meňzeş taý almak, hem-de nesle güýçli (dominant) geçýän enesi Güleken atly al reňkli nyşanlak baýtalyň reňkini nesilde basmak maksady bilen garyndaşlykda köpeltmek usuly bilen jübütleşdirme meýilnamasyny düzüp, Gerden şejere arkasynda Garadere II – III derejede garyndaşlyk ýoly bilen alnan atdyr.



**79-njy surat. Gerden, altynsow dor reňkli at.**
**“Türküstanyň ýyldyzy” baýragynyň ýeňijisi**

Şol ýerde 60 km aralyga geçirilen marafon atçapyşygynda GDA--nyň ýurtlaryndan baran on at ýaryşy dowam etdirip bilmän ýolda galyp Maýa diýen dor gysrak birinji baýrakly orny ýene-de Garaderiň (agtygy) ugruna degişli Garador (1999-njy ýylda doglan, Garadaşly we Olimpiadan) ikinji baýrakly orna mynasyp bolýarlar.

Hormatly Prezidentimiz ahalteke bedew atçylygynyň seçgi tohumçylyk işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek hem-de Bagtyýarlyk döwrüne mynasyp atlary ösdürip ýetişdirmegiň meselelerini öz gözegçiliginde saklaýar. Seçgi tohumçylyk işleri üçin owadan ajaýyp asyl bedew atlary seçip almak we ol atlary gelejekde tohumçylyk işinde giňden ulanmak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylda ahalteke atlarynyň arasynda iň owadan atlaryň we gysraklaryň Gözellik sergi bäsleşigini geçirmek barada karar çykardy.

Türkmen döwlet aýlawynda geçirilen şol sergide saýlama atlaryň arasynda Garaderiň çowlugy, B.Beşerowyň hususy hojalygyna degişli Garagum diýen altynsow mele aty (2003-nji ýylda doglan, Gamkeser (Garaderiň ogly) we Gülperi diýen atlaryň neslinden) ikinji uly baýrakly ýere – hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp

boldy. Garagum 2006-njy ýylda Türkmen döwlet aýlawynda çapuwlara gatnaşýan ahalteke atlarynyň arasynda hem çempion diýlip yglan edilipdi.

Häzirki wagtda ahalteke atlarynyň tohumçylyk işlerinde Garaderiň ugruna degişli atlardan Kursant 2, Gaýduw, Gamkeser, Gaýduwsyz, Ýalta, Golçynar, Garadem, Garadil, Garador, Garasekil, Garagum ýaly atlar ahalteke atlaryny köpeltmekde we olaryň asyl bedew at nusgawy keşbini kämilleşdirmekde giňden ulanylyp, şöhratly Garaderiň ugruny dowam edýän naýbaşy ugur atlardyr.

Garaderiň ugruna degişli atlaryň biri-de hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Şagadam diýen gyr reňkli atydyr *(80-nji surat)*. Ol 2006-njy ýylda Türkmenistanyň Nebitgaz toplumynyň Baharly athanasynda doguldy. Onuň atasy Gyrgyguş ata tarapynyň 4-nji arka şejeresinde 736 Keýmire garyndaşlyk ýoly bilen alnan atdyr. Onuň şejere arkasynyň ene tarapynda 100 Ýeliň ugruna degişli Arkadag, ata tarapynda Garader, Gaplaň, Agişan, Boýnow ýaly ugurbaşy we nesilbaşy atlar duşýar. Şagadamyň şejeresi aşakdaky ýalydyr.

**Şagadam, gyr at 2006-njy ýylda Türkmenistanyň Nebitgaz toplumynyň Baharly athanasynda doglan**

<table>
<tr><th colspan="4">Ýelmik, al, 1994 ý.d.</th><th colspan="4">Gyrgyguş, gyr, 1990 ý.d.</th></tr>
<tr><td colspan="2">Ýedigen, gara, 1999 ý.d.</td><td colspan="2">Gündogar, al, 1986 ý.d.</td><td colspan="2">1920 Gezerli</td><td colspan="2">989 Garader</td></tr>
<tr><td>2182 Ýelpaý</td><td>973 Abdulrahman</td><td>1479 Gülälek</td><td>977 Arkadag</td><td>448 Garadolan</td><td>896 Görogly</td><td>1520 Ýelsona</td><td>894 Kerwen</td></tr>
</table>

Şagadamyň 5 ýaşyndaky beden ölçegleri aşakdaky ýalydyr:

1.Gerşine çenli beýikligi 161 sm;

2.Göwresiniň keseleýin uzynlygy 163 sm;

3.Döş aýlawy 185 sm;

4.Injiginiň ýogynlygy19,0 sm.

Seçgileme (bonitirleme) bal bahalary: Gelip çykyşy we asyl bedew at görnügi (tipi) – 8,5 bal, daşky syna gurluşy – 8,5 we beden ölçegleri – 8,5 bal. Klasy naýbaşy. Garaderiň ugry.

Garaderiň ugruna degişli atlar syna – sypatynyň owadanlygy, göwresiniň ölçegleri, halkara ýaryşlarda, sergilerde gazananlary bilen tapawutlanyp ahalteke atlaryny kämilleşdirmekde,mynasyp asyl bedew nusgalyk atlary ösdürip ýetişdirmekde uly ähmiýete eýedir.



**80-nji surat. Şagadam, gyr at.**
**Gyrgyguş we Ýelmik diýen atlaryň neslinden. Garaderiň ugry**

## UGRARA ÇAKYŞDYRMAK (KROS) ÝOLY BILEN KÖPELTMEK

Ugrara çakyşdyrmak ýoly bilen köpeldilende bir ugra degişli atyň artykmaç tarapyny göz öňünde tutup, beýleki ugra degişli baýtalyň ýetmez ýa-da gowy tarapyny nesil almaga niýetlenen taýda doldurmak we şeýlelikde, nesliniň hilini gowulandyrmak maksady bilen geçirilýär. Şeýle, usul ene we ata tarapy biri-birine garyndaş däl berk bedenli taýlary almaga kömek edýär. Ýokarda şejere arkasy getirilen Şagadam hem 894 Garaderiň ugruny 100 Ýeliň ugry bilen ugrara

çakyşdyrylyp alnan atdyr. Şonda nesil atlarda haýsydyr bir derejede ugrara nesil güýji (geterozis) hadysasy ýüze çykýar.

Ugrara çakyşdyrmakda biri-birine gowy duşýan ugurlary nesilde barlamak we çakyşdyrar ýaly maksada laýyk ugur atlary we baýtallary saýlap almaga we olary jübütleşdirmäge aýratyn üns bermek gerek. Diňe şonda, ugrara çakyşdyrmak bilen nesil güýji ýüze çykan bedew at sypatly we berk beden gurluşly, çapuwa, atçylyk sporta we milli at üstündäki oýunlara, uzak aralyklara çapuwlara we atly ýörişlere örän çydamly atlary ösdürip ýetişdirmek bolar.

Atlary köpeltmegiň iş tejribesinde – iki ugur ugrara çakyşdyrma (kros) ýoly bilen köpeltmekde Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynyň tohum atçylyk athanasynda 100 Ýeliň ugruna degişli Şahy we Bahar ýaly atlaryň üsti bilen, 269 Eýeberdi Telekäniň ugruna degişli Alwanyň üsti bilen gaýdýan tohum baýtallary Şaha we Bahara we onuň tersine ata ugry Şahydan we Bahardan gaýdýan baýtallary Alwana we ondan gaýdýan höwür atlara jübütleşdirilip ugrara çakyşdyrma ýoly bilen nesil alnanda gowy netijeleri ýyndam (Şahydan (Ýeliň ugrundan) gelýän ýyndamlyk) we, asyl bedew at görnükli (Alwandan (Eýeberdi Telekäniň ugrundan) gaýdýan owadanlyk) taýlary berdi.

Şeýle usul bilen köpeltmekde S. A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda 2002 – 2008-nji ýyllarda seçgi – tohumçylyk işleri geçirilende 448 Gyrsakaryň ugruna degişli atlary Pereňiň, Eýeberdi Telekäniň, Skakyň ugurlaryna degişli baýtallara, Pereňiň, Garlawajyň ugurlaryna degişli höwür atlary Gyrsakaryň ugruna degişli baýtallara jübütleşdirilende gowy netijeleri berdi. Iki ugrara çakyşdyrmak bilen bir hatarda, amatly hasap edilse, üç ugrara we seýrek halatlarda dört ugur ugrara çakyşdyrmak ýoly bilen köpeltmek ýaly usullary hem gowy netijeleri berýär.

### GARYNDAŞ DÄL KÖPELTMEK

Garyndaş däl köpeltmek diýlip atyň ene we ata tarapynyň şejeresinde garyndaşlyga getirýän şol bir at ýa-da baýtal iki we ondan köp duşmasa aýdylýar. Şeýle ýol bilen alnan atlaryň özleri nesil güýjüniň ýüze çykmagy bilen nazary taýdan ýaşaýşa ukyply berk bedenli, çydamly bolýar diýlip hasap edilýär. Şeýle ýol bilen alnan baýtallara

garyndaşlyk ýoly bilen alnan atlary höwürde ulansaň gowy netijelere garaşmak bolar.

## DÜRLI DEREJEDÄKI GARYNDAŞLYKDA KÖPELTMEK

Atlary garyndaş köpeltmek tohum atlary köpeltmegiň çuňňur we çylşyrymly usuly bolup, ol garyndaşlyga getirýän atlaryň gowy alamatlaryny we häsiýetlerini nesil alnan atlarda has gowy (konserwatiw nesle geçirijilik) häsiýetini berkitmäge ýardam edýär.

Atlary köpeltmekde garyndaşlyk derejesi ýönekeý görnüşde Şaporužyň formulasy boýunça hasaba alnyp ýazylýar. Şonda haýsydyr bir atyň şejeresinde – şol bir at ýa-da baýtal näçenji arka hatarynda duşýan bolsa, ol rim sany bilen bellenilýär. Ortadaky kese çyzygyň çep tarapy ene tarapyndaky garyndaşlygy, sag tarapy bolsa ata tarapyndaky garyndaşlygy aňladýar. Mysal üçin III, III – III, IV bolsa, şol bir atyň ýa-da baýtalyň ene tarapynyň şejeresiniň III hatarynda 2 gezek we ata tarapynda III we IV hatarynda iki gezek, ýagny IV hatar şejeresinde dört gezek duşýanlygyny habar berýär.

Ahalteke sap ganly tohum atçylygynda iň gowy atlaryň nesle geçirijilik häsiýetini geljekki nesillerde berkitmek maksady bilen ýakyn garyndaşlyk, aralyk garyndaşlyk we daş garyndaşlykda atlary köpeltmek usuly türkmen atçylygynda öň hem ulanylypdyr, häzirki döwürde-de baýtallary höwür atlara jübütleşdirilende diňe maksada laýyk hasaplanylanda ol usullar ulanylýar.

Garyndaş köpeltmekde atyň şejeresiniň II – II, II – III ýa-da 111 – 11, III – I arka ene we ata tarapynda şol bir at ulanylsa ýakyn garyndaşlykda köpeltmek, III – IV, IV – IV hatar şejere arkasynda ulanylsa aralyk garyndaşlykda we V – V we ondan ýokary şejere arkasynda duşsa daş garyndaşlykda köpeltmek hasap edilýär. Belläp geçmeli zatlaryň biri-de garyndaşlykda köpeldilip alnan atlardyr – baýtallar höwürde ulanylanda gowy häsiýetlerini indiki nesline durnukly geçirýär, ýagny atyň nesle geçiriji häsiýeti güýçli bolýar. Atlary köpeltmegiň ýakyn we daş garyndaşlykda köpeltmek, ata (höwür at) tarapy garyndaşlyk ýoly bilen alnan ata tarapy boýunça birtaraplaýyn garyndaşlykda (mysal üçin, ýokarda getirilen Şagadamyň 4-nji hatar şejeresiniň ata tarapynda 448 Gyrsakar iki gezek duşýar ), ene

tarapy garyndaşlyk ýoly bilen alnan we ene tarapy boýunça birtaraplaýyn garyndaşlykda, ikitaraplaýyn garyndaşlykda, ýagny şol bir at ýa-da baýtal ene we ata tarapynda ulanylan bolsa, iki taraplaýyn garyndaşlykda köpeltmek diýlip atlandyrylýar.

Ahalteke atlarynyň arasynda ady belli atlar bolan Eýeberdi Teleke 2 a Boýnowa II – III, 989 Garader 448 Gyrsakara IV – III dereje arkasynda ikitaraplaýyn garyndaşlyk ýoly bilen alnan atlardyr. Şeýle garyndaşlyk ýoly bilen alnan atlar ahalteke tohum atçylygynda köp duşýar. Garyndaşlykda köpeltmekde ýokarda getirilen usullardan başga-da ikitaraplaýyn – iki we ondan köp atlara we baýtallara toplum (kompleks) garyndaşlykda köpeltmek ýaly çylşyrymly usullary hem ulanylýar.

## ENE BAÝTAL MAŞGALASYNY GÖZ ÖŇÜNDE TUTUP KÖPELTMEK

Baýtal maşgalasy diýlip haýsydyr bir ady belli tohum baýtaldan örňän, syna – sypaty boýunça maşgalabaşy ene baýtala meňzeş, ýokary önümli asyl bedew görnükli owadan we ýyndam taý bermekde tapawutlanýan maşgalabaşy baýtaldan önen baýtallar toparyna aýdylýar.

Mysal üçin, 351 Pel diýen al reňkli 1932-nji ýylda Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynda doglan, atasy Hatjabaý atly Bäherdenli Hatjabaýyň ahalteke aty we enesi 59 Bamy hem Hatjabaýyň öz baýtaly. Eýesi Hatjabaý baý diýlip onuň atlary, şolaryň içinde Bamy atly baýtaly hem bogazlygyna onuň elinden alynýar we Ruhabadyň Garadaşaýak obasyna düşýär (AA DTK-nyň 3 we 6-njy tomlarynda Pel baýtal Gökdepe etrabynda doguldy diýlip ýalňyşlyk gidipdir, şol ýalňyşlygy düzetmek biziň borjumyz hasaplaýarys, awtor). 1935-nji ýylda üçýaşar ýyly ýarym iňlis gysrak bilen çapyşyp Pel ikinji ýeri eýeleýär. Soňraky ýyllarda Pel örän ýyndam çapanlygy üçin Köşi aýlawynyň şol döwürdäki zootehnigi Ýe. Potehinanyň awtora beren gürrüňine görä gelip çykyşyna ynamsyzlyk edilip Pel çapuwlardan aýrylýar.1989-njy ýylda Garadaşaýak obasynyň seýsi 1914-nji ýylda

doglan Aman Garagul oglundan Pel baýtalyň gelip çykyşy barada anyk düşündiriş alanymyzdan soň 351 Pel baýtalyň şejeresi anyklanyp Hatjabaý atly ahalteke atyndan diýlip, ol hakda AA DTK-nyň IX (1 tomunda) tomunda düzediş berildi.

Maşgala başy 351 Pel, al baýtal we onuň taýlary barada maglumat:

1937-nji ýylda 624 Ülker, al at, 161 Mämetden (244 Toporbaýyň taýy); Ülker 2 – 9 ýaşlarynda Aşgabatda, Daşkentde, Moskwada halkara derejedäki uly baýrakly çapuwlaryň 12-sinde birinji ýerleri eýeläp ýyndamlykda türkmen ahalteke atlarynyň şöhratyna şöhrat goşýar.

1938-nji ýylda 732 Garlawaç, mele gysrak, 248 Tüýliden;
1939-njy ýylda, Tawus, dor gysrak, 371 Dordepelden;
1940-njy ýylda, Dorja, dor gysrak, 371 Dordepelden;
1942-nji ýylda 532 Owlaksakar, gyr at, 338 Bürgütden;
1943-nji ýylda 579 Synok, gyr at, 213 Saparhandan.

Synok 1945-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda gowy çapyp, şol sanda üçýaşarlar üçin Uly Aşgabat baýragynda birinji ýeri eýeleýär. Ahalteke atlarynyň sergisinde Synok 1945-nji ýylda I derejeli Attestat bilen sylaglanýar.

1944-nji ýylda 357 Derbi, gyr at, 338 Bürgütden;
1945-nji ýylda 1357 Tawus, dor gysrak, 338 Bürgütden;
1947-nji ýylda 1321, Pobeda, gyr gysrak, 338 Bürgütden;
1948-nji ýylda Plançy, dor gysrak, 644 Çalydan;
1949-njy ýylda 1318 Peýdaçy, dor gysrak, 644 Çalydan;
1951-nji ýylda 1315 Parahatly, al gysrak, 549 Saýwandan;
1952-nji ýylda Ülker 2, al at, 549 Saýwandan;
1953-nji ýylda 1317 Peýdaly, dor gysrak, 711 Ýerkusdan;

Belli alym zurnalist Allaguly Nursähedow Pel baýtaly 1959-njy ýylda eli bilen belli ýere jaýlandygyny awtora habar berdi.

351 Pel baýtal we onuň nesil baýtallarynyň we atlarynyň ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerinde geçen 60 ýyl içinde we şu güne çenli uly ähmiýeti bar.

1471 Gülsary – al baýtal1968-nji ýylda Gökdepe etrabynyň Ahal obasynyň atçylyk fermasynda doglan, 869 Gandikap we 1617 Merýem diýen atlaryň neslinden. Gülsary öz wagtynda Türkmenistanyň at ga-

zanan atşynasy, hormatly il ýaşulusy Geldimämmet Annalyýewiň seýisçilik etmeginde Aşgabadyň aýlawynda ýyndam çapyp köp sanly däp bolan uly baýraklaryň eýesi bolýar. Gülsarynyň taýlaryndan Gökleň (876 Derbi-2 (onuň enesi 351 Pel) we Gülsarydan), Perzi, dor at, 1982-nji ýylda doglan (964 Pelleçi – Gülsary), Gülýaýdy al gysrak, 1978-nji ýylda doglan (876 Derbi 2 we Gülsarydan) we beýleki ýokary klasly atlar bolup, ahalteke atlarynyň hilini gowulandyrmakda bu maşgaladan örňän atlar we baýtallar uly ähmiýete eýedir. Gülsarynyň mazary Gökdepe etrabynyň "Ahal" daýhan birleşiginiň at meýdançasynda ýerleşip, mazar daşyň ýüzüne onuň ady ýazylypdyr.

1520 Ýelsona – gara, 1972-nji ýylda S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda doglan. 685 Angar we 1574 Ýeňiş diýen atlaryň neslinden.

Ol 1977-nji ýylda 6 ýaşynda 894 Kerwenden Garader diýen ajaýyp bedew aty berdi.

1979-njy ýyldaÝelçi, gara gysrak 875 Gürgenden;

1980-nji ýyldaÝylgyn, gara gysrak 894 Kerwenden (köp sanly tohum atlaryň enesi);

1981-nji ýylda Kelleli, gara at 894 Kerwenden;

1982-nji ýylda Garadag, gara at 894 Kerwenden;

1983-nji ýylda Ýelken, gara gysrak 894 Kerwenden;

1984-nji ýylda Garamaşal, dor at 957 Köpelden;

1985-nji ýylda Ýetilmez, gara gysrak 894 Kerwenden;

1986-njy ýylda Ýeňiş 235, gara gysrak 894 Kerwenden;

1987-nji ýylda Keýmir 2, gara at 894 Kerwenden;

Ýokarda sanawy getirilen atlaryň we gysraklaryň hemmesi hem ahalteke tohum atlarynyň tohumçylyk işlerinde uly ähmiýete eýe bolan atlardyr.

Häzirki döwürde Alasar, Atlas, Aýdere ýaly baýtallardan alnan topar nesil baýtallaryň we atlaryň ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işlerinde ähmiýeti uludyr. Şonuň ýaly maşgala baýtallary belli-belli atlara jübütleşdirip ýokary klasly täze ugurbaşy atlary we naýbaşy tohum maşgalabaşy gysraklary almak bolar.

## HÖWÜR ATLARA ENE BAÝTALLARY JÜBÜTLEŞDIRIP HÖWRE BELLEMEGIŇ USULYÝETLERI

Baýtallary jübütleşdirip höwre goýmagyň maksady olardan ahalteke atlaryna mahsus bolan asyl bedew at görnükli owadan we ýyndam taýlary almak, türkmeniň Altyn asyryna mynasyp keşbi nusgalyk ahalteke atlaryny ösdürip ýetişdirmek bolup durýar. Maksada laýyk höwür atlar saýlanylanda olaryň gelip çykyşyna – şejeresine, asyl bedew at keşbine, aýlawlarda görkezen ýyndamlygyna, reňkine, göwresiniň ölçeglerine, tohumçylyk klasyna we haýsy ugra degişlidigine aýratyn üns berilmelidir. Höwür atlaryň seçilip alnyşy barada ýokarda durlup geçildi.

**Jübütleşdirme** diýlip höwre goýmak üçin höwür atyň we ene baýtalyň biri-birine esasy seçgilenilýän alamatlary boýunça seçilip, köpeltmäge bellenilen höwür at we ene baýtal jübütine aýdylýar.

Ahalteke tohum atçylygynda her bir höwürde ulanmaga bellenilen ata, islenilýän nesil taýy berip biljek baýtal jübütleşdirilip, şu ugurdan öňünden ýörite meýilnama düzülýär. Jübütleşdirmekde atlaryň we baýtallaryň degişli ugurlary, ýaşy, reňki, garyndaşlyk gatnaşygy, klasy we garaşylýan netije – alynjak nesil taýyň hili, ýagny onuň nazary taýdan görkezip biljek ýyndamlygy, owadanlygy we asyl bedew at görnügi göz öňünde tutulýar.

Mysal üçin, 2003 – 2008-nji ýyllarda höwürde ulanmaga bellenilen atlar saýlanylanda olaryň şejere – arkasyna, reňkine, degişli ugruna aýratyn üns berildi. Ol atlaryň arasynda türkmeniň Altyn asyrynyň aty Ýanardag, keşbi asyl nusgalyk Pyýada, meşhur Garaderiň taýlary Gamkeser, Gazanjyk, Gaýduwsyz, Keýtun, çapuwlarda aýlawlary baglan Keýmir 2, Garaşsyz, Garaşsyzlyk (Garadaşaýak) ýaly dürli ugurlara degişli höwür atlar bar.

Türkmenistanyň çäklerindäki ahalteke sap ganly tohum atçylyk hojalyklarda 2003-nji we we ondan soňraky ýyllarda höwürde ulanmak maksady bilen, nesliniň hili barlanylan hem-de ilkinji gezek nesliniň hilini barlamak we höwürde ulanylmaga teklip edilýän ahalteke atlarynyň 18 (Garaderiň ugruny goşmak bilen) ugruna degişli 100-den gowrak saýlama höwür atlar seçilip saýlanyldy.

Seçilip saýlanylan höwür atlar degişli ugurlary we baş sany boýunça aşakdaky ýaly paýlanylýar:

| | |
|---|---|
| 1. 448 Gyrsakar | 18 baş |
| 2. 989 Garader | 9 – \|\| – |
| 3. 432 Garlawaç | 9 – \|\| – |
| 4. 697 Gelşikli | 9 – \|\| – |
| 5. 269 Eýeberdi Teleke | 8 – \|\| – |
| 6. 721 Gaplaň | 7 – \|\| – |
| 7. 779 Pereň | 6 – \|\| – |
| 8. 100 Ýel | 7 – \|\| – |
| 9. 175 Meleguş | 4 – \|\| – |
| 10. Posman | 4 – \|\| – |
| 11. 828 Pakyrpälwan | 2 – \|\| – |
| 12. 569 Skak | 2 – \|\| – |
| 13. 6 Arap | 1 – \|\| – |
| 14. 13 Aksakal | 1 – \|\| – |
| 15. 9 Akbilek | ene baýtallara gitdi |
| 16. 85 Dor Baýram | 1 – \|\| – |
| 17. 213 Saparhan | 1 – \|\| – |
| 18. 220 Sluçaý | 1 – \|\| – |

Ahalteke tohum atçylygynda jübütleşdirmegiň dürli we köptaraplaýyn toplumlaýyn usulyýetleri we görnüşleri ulanylýar. Jübütleşdirmegiň agzalan usullary aşakdaky görnüşlerde bolup biler.

1. Tohumçylyk gymmaty boýunça dürli häsiýetli atlary jübütleşdirmek – haýsydyr bir peýdaly islenilýän häsiýetli höwür aty, beýleki oňa meňzeş bolmadyk başga gowy taraplary bolan baýtallara jübütleşdirmek. Şeýle usuldaky jübütleşdirme garawly, sagat taýlary almaga we olaryň gerek bolan gowy häsiýetlerini nesil taýda ýüze çykarmaga kömek edýär. Şonda atlaryň we baýtallaryň hil taýdan dürlüligi, dogumly we gujurly mysal üçin, işjeňligi, çapuwlarda uzakçyllygy we ýyndamlygy boýunça gowy taýlary almaga kömek edýär.

2. Meňzeş häsiýetli atlary jübütleşdirme – tohumçylyk alamatlary we syna – sypaty boýunça meňzeş we gowy atlary we baýtallary biri-biri bilen jübütleşdirmek. Şonda, esasy tutalga "gowy bilen gowy" gowulandyrýar hasap edilýär we syna meňzeşligi, ölçegleri,

ýokary ýyndamlygy boýunça meňzeş häsiýetli atlar we baýtallar biri-biri bilen jübütleşdirilýär. Bu usulda alnan taýlaryň gowy häsiýetleri berkeýär we güýjeýär. Meňzeş häsiýetli jübütleşdirmekde köp halatlarda aralyk derejedäki garyndaşlykda köpeltmeli hem bolýar.

3. Tohumçylyk klasyny göz öňünde tutup jübütleşdirilende – ýokary klasly naýbaşy höwür atlara – naýbaşy baýtallar, naýbaşy atlara 1 klasly baýtallar we ş.m. jübütleşdirilýär. Şonda höwür atyň derejesi baýtalyňkydan ýokary bolmagy maslahat berilýär. Nesil berijiligi boýunça barlanylan ýokary klasly taýlary berýän atlar, mümkin bolan aňryçäk derejede giňden höwürde ulanylmaga degişlidir.

4. Ahalteke atçylygynda reňk aýratynlyklary hem göz öňünde tutulyp köpeldilýär. Şonda maksat ahalteke atlaryna mahsus bolan dor, hurmaýy dor, altynsow mele, gurtmele, akýal mele we gara reňkli atlary almak bolup durýar. Al, çakan we aşa nyşanlak taýlary bermegi mümkin bolan we garadömme (melanosorkoma) we süňk gowşaklygy duýulýan atlary baýtallara jübütleşdirmekden hemişe gaça durmaly bolýar.

5. Asyl bedew at görnügini göz öňünde tutup jübütleşdirmek. Ahalteke atlarynyň arasynda tohumara ýaýran üç görnükli (tipli) atlar özboluşly aýratynlyklary bilen seçgi – tohumçylyk işlerinde biri-biriniň üstüni doldurýar, atlaryň nesil çeşmesini baýlaşdyrýar. Olar atlaryň seçgi – tohumçylyk işlerinde asyl bedew at görnükleri boýunça köpeltmek we görnügara çakyşdyrmak bilen ahalteke atlaryny köpeltmekde we hilini gowulandyrmakda uly ähmiýete eýedir.

Asyl görnükli atlar bilen seçgi – tohumçylyk işleri olaryň asyl bedew at görnügini kämilleşdirmek bilen, beden gurluşynyň, nerw ulgamynyň berkligini gazanmaga, ýokary we uzakçyllyk ýyndamlygyny gowulandyrmaga ugrukdyrylmalydyr. Şonuň ýaly-da, asyl görnükli näzigräk beden gurluşly baýtallara jübütleşdirmek üçin owadandan ýognas görnükli höwür atlary ulanmak maslahat berilýär.

Orta görnükli atlar we baýtallar bilen işlenilende esasy maksat alynjak nesil taýlarynyň asyl at görnükli bolmagyny gazanmak, süňklekligini we ýyndamlygyny gowulandyrmak, guraksydan owadanlyk we beden berkligini, çydamlylygyny artdyrmaga ugrukdyrylmalydyr. Orta görnükli baýtallara asyl görnükli berk bedenli atlar höwre bellenilse, ol baýtallardan asyl görnükli taý almaga garaşmak

bolar. Beden gurluşy gowşagrak dar gursak, näzigräk bedenli orta görnükli baýtallara höwürde ulanmaga berk bedenli ýognas atlary bellemek maslahat berilýär. Şonda asyl görnükli taýlary almaga garaşmak bolar.

Ýognas sypatly atlar bilen seçgi – tohumçylyk işleri geçirilende olary kämilleşdirmegiň soňky maksady asyl at görnükli, berk bedenli, çapuwda ýyndam, uzakçyl, gujurlydan saýhally häsiýetli we sporta ulanmak üçin atlary almak bolup durýar. Ýognas sypatly baýtallara näderejede ýognaslygyna baglylykda asyl we orta görnükli atlary jübütleşdirmäge belleseň, asyl görnükli taýlary almaga mümkinçilik döreýär. Ýognasdan owadan aralyk asyl görnükli atlary bolsa orta görnükli we näzigräk, asyl görnükli baýtallara jübütleşdirip ulanmak gowy netijeleri berip biler. Bedeni we süňk gowşaklygy duýulýan baýtallara ýognasdan berk bedenli, gujurly atlary jübütleşdirmek maslahat berilýär.

6. Atlaryň ýaşyna görä jübütleşdirmek. Birinji gezek höwre goýberilýän we garry baýtallara dogumly, orta ýaşlaryndaky gujurly atlara jübütleşdirmek maslahat berilýär.

7. Birinji gezek höwre bellenilen atlara ýuwaşrakdan uly ýaşly baýtallary (taýly baýtal bolsa has gowy) jübütleşdirmek maslahat berilýär.

Baýtallar höwür atlara jübütleşdirilende olaryň geçen ýyllarda haýsy ugra degişli atlardan, hil taýdan nähili taýlary berenligini seljermek bilen, olaryň dürli baýtallarda nesliniň netijesi hili göz öňünde tutulmalydyr.

## ATÇYLYGY ÖSDÜRMEKDE DÖWLET ÇÄRELERI

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen atçylygyny halkara derejesine çykarmak maksady bilen 2010--njy ýylyň awgustynda Halkara ahalteke assosiasiýasyny döretmek barada teklip bilen çykyş etdi.

Assosiasiýanyň guramaçylyk mejlisinde onuň Prezidentiligine Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň biragyzdan saýlanylmagy türkmen atçylygyna we ýurduň Preziden-

tine halkara derejesinde goýulýan belent sarpadyr. Ahalteke assosiasiýasynyň edara jaýynyň Aşgabatda ýerleşmegi we bu ýerde ahalteke atlarynyň halkara derejesinde merkezleşdirilen hasabatynyň ýöredilmegi, halkara sergileriniň, at çapyşyklarynyň geçirilmegi ahalteke atlarynyň şan – şöhratynyň bütin dünýä ýaýramagyna ak ýol açýar.

“Türkmen atlary” döwlet birleşigi. Türkmenistanda ahalteke we ýomut tohum atçylygyny ösdürmekde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzda atçylgy ösdürmek baradaky kararlaryny ýerine ýetirmekde “Türkmen atlary” döwlet birleşigi ýurdumyz boýunça bitewi bir döwlet syýasatyny ýöredýär. Birleşigiň garamagynda ahalteke we ýomut tohum atçylyk hojalyklary we atçylyk kärhanalary – Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy, S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasy, Marynyň (Lebap welaýat athanasy bilen) döwlet ahalteke atçylyk athanasy, Daşogzuň döwlet ýomut tohumy athanasy hereket edip, ol hojalyklar, Birleşigiň gözegçiliginde merkezleşdirilen hasabaty we tohumçylyk işlerini alyp barýarlar. Birleşik ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaplaryny neşir etdirýär. Birleşigiň hünärmenleri döwlet atçylyk athanalarda, welaýat athanalarynda, daýhanbirleşik we hususy atçylyk hojalyklarda, döwlet aýlawlarynda tohumçylyk işlerini, tohum atlaryň hasabatyny ýöretmäge usuly taýdan we iş tejribesinde kömek berýär. Ol hojalyklary ýokary derejeli höwür atlary bilen üpjün etmäge ýardam edýär. Türkmen atlary döwlet birleşiginiň ýanynda jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda “Atlaryň tohumçylyk işleri boýunça Geňeşlik” işleýär. Geňeşlik howür atlary seçip almaga, ahalteke we ýomut atlaryny daşary ýurt bazarlaryna çykarmaga, hususyýetdäki atçylyk hojalyklaryň tohumçylyk işlerine usuly kömekleri bermäge we beýleki atçylyga degişli derwaýys meseleleri çözmäge ýardam edýär.

Döwlet atçylyk athanalarynda atlary ugurlar boýunça köpeltmek, yzygider seçgilemek, sap arassa ganly köpeltmek we aýrybaşga jübütleşdirip höwre goýmak, atlary aýlawlarda synag etmek we çapuw görkezijilerini tohumçylyk işlerinde ulanmak, döwlet tohumçylyk kitaplaryna tohum atlaryň resmi ýazgylaryny taýýarlamak ýaly çuňlaşdyrylan seçgi – tohumçylyk işleri alnyp barylýar. Türk-

menistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy ajaýyp asyl bedew ahalteke atlaryny ösürip ýetişdirmekde türkmen atşynaslary üçin göreldeli – nusgalyk mekdep bolup durýar we ol atşynaslaryň halkara merkezine öwrüldi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň goldaw we hemaýat bermeginde türkmen atşynaslary ahalteke atlary bilen halkara sergilere gatnaşýar. Atlarymyz görenleri haýran edip ol sergilerde iň ýokary derejelere mynasyp bolmak bilen halkara çempiony diýlip yglan edilýär. Russiýada, Özbegistanda, arap ýurtlarynda geçirilýän halkara at çapyşyklaryna gatnaşyp ahalteke atlarynyň şöhratyna şöhrat goşýarlar.

**Döwlet aýlawlary.** Türkmen aýlawlary döwletimiziň hemaýaty bilen maliýeleşdirilýär Olaryň esasy wezipeleri ahalteke we ýomut atlarynyň çapuw häsiýetlerini kämilleşdirmek, işjeňligine baha berip saýlamak üçin ýyndamlygy boýunça çapuwlarda synag etmek, adamlaryň köpçülikleýin dynç alýan ýeri bolmak bilen aýlawa gelýän janköýerlere, tomaşaçylara ruhy lezzet bermek bolup durýar. Şonuň bilen bir hatarda aýlawlar ýurdumyzda atçylyk medeniýetini ýaýratmakda, atçylyk sportunyň, milli at üstündäki oýunlaryň ösmegine we ilat arasyna köpçülikleýin ýaýramagyna kömek edýär. Halkara derejesinde we döwletimiz we welaýatlar derejesinde atçylyk boýunça dürli ýaryşlary, atly şüweleňleri guraýar, türkmen milli baýramçylyklaryny geçirmeklige işeňňir gatnaşýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda Türkmen döwlet merkezi aýlawy, Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň ýanyndaky aýlaw hereket edýär. 2011-nji ýyldan başlap Ruhabatda, Maryda, Balkanabatda, Daşoguzda we Lebapda gurulýan häzirkizaman aýlawlary işläp başlady. Ol aýlawlarda türkmen at çapyşyklaryny halkara ülňülerine laýyklykda guramaga we geçirmäge, halkara atçylyk sporty ýaryşlary geçirmäge doly şertler döredilendir. Aýlawlar ilatyň medeniýetli dynç almagyna, şäher ilatyna atly medeni hyzmatlary etmäge, beden we ruhy taýdan sagdyn jemgyýeti terbiýelemäge kömek etmelidir.

**Atlaryň sergileri we gözden geçirilişleri.** Döwletimiziň goldaw bermeginde tohum atçylykda geçirilýän sergileriň, gözden geçirilişleriň, atçylyk sporty ýaryşlarynyň maksady nusgalyk ahalteke bedew atlaryny ösdürip ýetişdirýän hojalyklary, atşynaslary maddy we moral

taýdan höweslendirmek, atçylykda öňdebaryjylaryň iş tejribesini köpçülikleýin önümçilige ornaşdyrmak maksady bilen geçirilýär. Sergilerde baýrakly orunlary eýelän at eýeleri höweslendiriji baýraklar bilen sylaglanýar, çempion atlar bolsa seçgi – tohumçylyk işlerinde giňden ulanylýar.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň karary bilen 2009-njy ýyldan başlap 3 ýaşdan 10 ýaşa çenli iň owadan atlaryň arasynda her ýyl ahalteke atlarynyň "Gözellik bäsleşigi" geçirilýär. Düzgünnama boýunça gözellik bäsleşige döwlet, daýhanbirleşik we hususy atçylyk kärhanalarda ösdürilip ýetişdirilen naýbaşy atlar we gysraklar gatnaşýar. Bäsleşik üç tapgyrda geçirilip soňky jemleýji tapgyra 10 at gatnaşýar. Ol on atyň arasyndan iň owadan keşbi nusgalyk asyl bedew görnükli naýbaşy at çempion diýlip yglan edilýär we ýörite Kubok we gymmat bahaly baýraklar bilen sylaglanýar.

Ajaýyp ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdiren at eýelerine ýokary derejeli gymmat bahaly ýeňil awtoulaglar gowşuryldy. Soňky tapgyra gatnaşan atlaryň hemmesine gymmat bahaly baýraklar gowşurylyp, diplomlar bilen sylaglanýarlar.

Aýlawlarda çapuwlara gatnaşýan üçýaşar we uly atlaryň we gysraklaryň arasynda güýzki çapuw möwsüminiň ahyrlarynda çapuw atlaryň sergisi geçirilýär. Serginiň soňky tapgyryna 6 sany gysrak we 6 sany atlar gatnaşýar. Iň owadan we ýyndam çapan bir at we bir gysrak çepion diýlip yglan edilýär. Galan 5 sany at we 5 sany gysrak diplomlar bilen sylaglanýar. Ýeňijilere gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar, atyň üstüne ýeňijiniň atlas july ýapylýar.

Bulardan başga-da atçylyk hojalyklarda hojalyk ýylyň jemlerine bagyşlanyp ösdürilip ýetişdirilýän taýlaryň, taýly baýtallaryň, çapuw, sport we höwür atlaryň gözden geçirilişleri geçirilýär. Gözden geçirilişiň maksady atçylyk hojalyklarda atlaryň idegine, seýislenişine we hojalyk ýylyň netijesine baha bermek bolup durýar.

Bagtyýarlyk ýyllarynda Türkmenistan döwleti her ýyl ahalteke atçylygy boýunça halkara ylmy maslahatlary guraýar. Maslahatda dürli ýurtlardan gelen atçylykda işleýän ýokary derejeli hünarmenler we türkmen atçy hünärmenleri, alymlar çykyşlar edip, özara pikir we

tejribe alyşýarlar, ylmy-onümçilik baradaky barlaglaryň, çykyşlaryň netijesi döwlet tarapyndan türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilip köpçülikleýin ýaýradylýar, önümçilige ornaşdyrylýar.

Döwletimizde halkara üç dilde "Behişdi ahalteke atlary" žurnalyny atçylyga degişli okuw kitaplary, "Ahalteke bedewleri" žurnaly, Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaplary yzygider neşir edilýär. Bu ugurdan hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz" kitaby talyplar, alymlar, köp sanly at söýüjiler üçin gollanma bolup hyzmat etmek bilen bir hatarda, ahalteke bedewlerimiz baradaky maglumatlary, olaryň şan-şöhratyny bütin dünýä ýaýmakda hem uly ähmiýete eýedir.

Maldarçylyk we atçylyk boýunça işlär ýaly ýokary bilimli maldarçylyk we atçylyk boýunça hünärmenleri we weterinar lukmanlary taýýarlamakda, atçylyga degişli ylmy işleri alyp barmakda we önümçilige ornaşdyrmakda S.A.Nyýazow adyndaky türkmen oba hojalyk uniwersiteti uly işleri alyp barýar.

"Türkmen atlary" döwlet birleşiginiň ýanynda 2003-nji ýyldan başlap jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda atşynas hünäri okuwlary hereket edýär. Ol okuwlarda ýaşlarymyz çapyksuwar we at üstündäki oýunlary boýunça hünär ussatlygyny kämilleşdirýärler, atbakarlyk hünärini ele alýarlar. Turkmen döwlet medeniýet institutynda milli at üstündäki sirk oýunlary boýunça hünärmen artistleri taýýarlamak ýola goýldy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň goldawy we hemaýaty bilen atçylygy ösdürmek baradaky döwlet çäreleri, ilerlenilýän atçylyk pudagynyň Garaşsyz diýarymyz bilen birdeň gülläp ösmegine kömek edýär.

## ATLARY UZAK ÝERLERE ÄKITMEGIŇ TERTIBI

Halkara at çapyşygy we sport ýaryşlaryna, halkara sergilere gatnaşýan atlary, satylan ýa-da satyn alnan atlary, şeýle-de sowgat berlen we beýleki maksatlar bilen atlary uzak ýerlere, çet ýurtlara äkitmeli

bolýar. Şonuň ýaly ýerlere atlary äkitmek üçin öňünden zooweterinar we ýörite taýýarlyk işlerini geçirmeli bolýar. Şonda esasy bildirilýän talaplaryň biri-de ol atçylyk hojalyklarda ýokanç keseller bolmaly däldir. Ol barada hojalygyň weterinar gullugy tassyklaýjy weterinar kepillendirme bermelidir.

Uzak ýerlere äkidiljek atlar azyndan bir aý öňünden saýlanylyp aýratyn ýerde (karantinde) saklanmalydyr.

Atlarda duşýan dürli ýokanç kesellere, gany boýunça we içege gurçuklaryna hökmany suratda barlanmalydyr. Atlaryň kesel däldigi anyklanandan soňra olara ýokanç keselleriň garşysyna (grip, sibir başy, maňka we s.m.), weterinar öňüni alyş (profilaktika) çärelerine laýyklykda sanjym geçirilmelidir. Bulardan başga-da at äkidilýän ýurduň weterinar departamentiniň talaplary bilen ylalaşykda – atlarda afrikan gyrgyny, ýokanç gan azlyk (inan), maňka (sap), ýokanç ýatgy alawlamasy (infeksion endometrit) we s.m. weterinar barlamhanasynda barlaglaryň kömegi bilen ol keselleriň ýoklugy kepillendirilýär. Ol barlaglaryň netijesine we resmi weterinar güwänamalara esaslanmak bilen Türkmenistanyň Baş weterinar gullugy äkidilýän atyň sagatlygy we Türkmenistanyň çäginden çykarmaga rugsat berýän weterinar sertifikat – kepilnama berýär. Diňe şondan soňra, atlary dürli maksatlar bilen başga ýurtlara, uzak ýerlere äkitmäge rugsat berilýär.

Atyň haýsy ulag serişdesi bilen äkidilýänligine garamazdan, atyň ýany bilen "Türkmen atlary" döwlet birleşigi tarapyndan tassyklanyp berlen atyň Tohumçylyk sahadatnamasy we ýokarda agzalan weterinar sertifikaty, ýollarda we baran ýerlerinde beýleki talap edilmegi mümkin bolan (gümrük haty, çakylyk haty, söwda palatasynyň rugsatnamasy we ş.m.) resminamalar ugradylýar.

Äkidilýän ýerine we ulag mümkinçiligine görä, atlar ýük awtomaşynlarda, ýörite at çekýän awtofurgonlarda, demir ýol bilen wagonlarda, suw ýoly bilen gämilerde we howa ýollary arkaly uçarlarda ugradylýar.

Ýük awtomaşynlaryna at ýüklenende onuň ergenegini 1 m 20 sm çenli galdyrmaly. Zil 130 maşynlara iki at ýüklemek bolýar. Şonda atyň boýnundan syrtmaklap, arkan bilen nogtalamaly ýa-da kelleki salyp, maşynyň öň ergenegine örän berk daňmaly. Iki at ýüklenilýän

bolsa atlaryň hersini ergenegiň öň tarapynyň iki burçuna aýratynlykda daňmaly.

At çekýän ýörite awtofurgonlarda atlary äkitmek has amatlydyr. Olaryň içi atlar biri-birinden aýratyn durar ýaly bölünendir. Atlary awtofurgonlara mündürmek üçin, aşaklygyna goýberilýän uly ergenek gapy hyzmat edýär. Awtofurgonlar 4, 6, 9, 12 at ýerlik görnüşlerde goýberilýär. Şonuň ýaly-da atlary äkitmek üçin 1 we 2 atlyk at ýüklenýän tirkeg awtofurgonlary hem ulanylýar.

Demir ýol wagonlaryna at ýüklemezden öňürti wagonlar gyzgyn suw bilen ýuwlup dezinfeksirlenmelidir. Wagonyň içi atlaryň durjak ýerlerini biri-biri bilen depişmez ýaly, tagta ýa-da hada bilen arasyny bölmeli we bir-birine bakdyryp, iki-ikiden dört at wagonyň öň tarapyna we dört at yz tarapyna ýüklenilýär. Dört köçerli wagonlara sekiz at ýüklemek bolar. Wagonyň ortasynda gapa golaý ýerde, ýolda atlary iýmitlendirer ýaly gerek mukdardaky ot we iým, suw ýüklemeli bolýar. Ýolda ugradyjy atbakarlar hökmany suratda atyň ýanynda bolmalydyr.

Uçarlarda atlary uzak ýerlere äkitmek üçin bir ýa-da iki at ýüklemäge niýetlenen ýörite teblehanalar hem ulanylýar. Teblehananyň esasy 60 mm metal turbadan, uzynlygy 2 m, ini 0,95 m we beýikligi 1,8 m ululykda ýasalyp, gapdallary tagta bilen ýapylýar. Teblehananyň öň we yz tarapynda erkin açylyp ýapylýan gapysy bar. Teblehananyň düşegi tagtadan ýasalýar ýa-da transportýoryň galyň rezin lentasyny laýyklap düşemeli bolýar. Atlar teblehanada nogtalanyp kelteden teblehana daňylýar. Teblehana bolsa zynjyr bilen uçara berkidilýär. Agzalan teblehanalarda dürli kysymly uçarlarda daş ýurtlara onlarça at ýüklenip äkidilmegi onuň ygtybarlylygyny görkezdi.

Uly uçarlara ýüklenip atlar äkidilende bir ýa-da iki at ýüklenýän tirkeg at ýüklenýän awtofurgonlara ýükläp, olary bolsa uçarlara ýükläp äkitmek amatly bolýar.

Uçarlara atlar ýüklenende ätiýaçlygy elden bermeli däl. Sebäbi, atlar uçaryň sesine we içine mündüriljek bolnanda ürkmegi we garşylyk görkezip tolgunmagy, baş bermezligi, uçýan wagty uçaryň sesine birahatlanmagy mümkin. Şeýle halatlarda we uçuş wagty olara rahatlandyryjy derman sançmak maslahat berilýär.

Atlar uzak ýerlere ugradylanda ýoluň näçe günlükdigine görä, olaryň ýany bilen ätiýaçlyk ot-iým we suw götermeli. Şonda atyň bir günlük ortaça iýmitlik harjy – bede 7 kg, arpa 4 kg we suw 50 litr götermeli bolýar. Atlar ýolda mezilme-mezil iýmitlendirilip suwa ýakylmalydyr. Ýolagçy atlara bedäniň hasabyna gündelik iým paýyny azaltmak maslahat berilýär.

## ATÇYLYK DERSINE DEGIŞLI ADALGALAR

**Absent** – 26 Arap we Bakgara diýen atlaryň neslinden bolan ahalteke aty. Üç gezek olimpiýa oýunlarynda atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça ýaryşlara gatnaşyp 1960-njy ýylda Rim olimpiadasynda Altyn medala we 1964-nji ýylda Tokioda bürünç medala mynasyp bolýar. Mehikoda geçirilen Olimpiýa oýunlarynda Absent asyryň aty diýlip yglan edilýär.

**Ahalteke aty** – türkmen milleti tarapyndan döredilen, müngi atlar toparyna degişli iň gadymy, sap arassa ganly tohum at. Halkara ahmiýete eýedir.

**Ahalteke atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaplary (AA DTK) –** aýrybaşga her bir ahalteke atlary barada maglumatlar ýazylan we täze maglumatlar bilen üsti ýetirilip döwlet tarapyndan yzygider neşir edilýän kitaplar.

**Arap aty –** Arabystan ýarym adasynda VII asyrlarda araplar tarapyndan döredilen sap arassa ganly tohum at. X asyrlarda we soňralar bütin dünýä ýaýrap halkara ähmiýete eýedir.

**Atyň yzygider hereketi –** bir meňzeş depginde we tizlikde, atyň dowamly yzygider gaýtalanýan hereketi.

**At esbaplary –** dürli maksatlar üçin ulanylanda atlara salynýan we dakylýan esbaplar. At esbaplaryna kelleki, uýan agyzdyrygy we jylawy bilen, eýer, içirgi, tekilik, çeki, gursakça, guşgun, jul, nal, gamçy we ş.m. girýär.

**Atyň tebigy hereketleri –** dogabitdi bolup, oňa ýöriş ýa-da ädim, gorgun ýorga we öňürdik – ylgaw hereketleri girýär.

**Atly gezimiň ýokary mekdebi –** atçylyk sportuň nusgawy bir görnüşi. Atyň her hili öwredilen (emeli) hereketlerde dürli oýunlary ýerine ýetirmegi.

**Attorba –** halyça ýa-da kilimçe görnüşde dokalan torba. Bir mezillik iým salyp atyň agzyna geýdirilip at iýmlenýär.

**Atyň öwredilen hereketleri** – aty seýislemek, türgenleşdirmek bilen ýörite öwredilen hereketleri, ýokarlygyna we uzynlygyna böküş, her hili gezim oýunlary, milli at üstündäki we sirkde görkezýän hereketleri girýär.

**Atly türgen –** sport atlaryny türgenleşdirip, atçylyk sportunyň ýaryşlaryna taýýarlaýan we ol ýaryşlara gatnaşýan türgen.

**Atyň atlanary –** atyň çep tarapy.

**Atoglan –** at münmäge we çapmaga ukyply ýetginjek.

**Atgulak –** ýaryşlarda ýeňiş gazanan atyň çekgeligine (kähalatlarda boýnuna) daňlan ýaglyk (türkmen atgulak däbiniň esasynda dörän ýewropa ýurtlarynda atyň çekgeligine bant dakylýar).

**Atgulan –** at bilen gulany çakyşdyrylyp alynýan gibrid.

**At güýji –** Atyň dartuw güýji bilen ýerine ýetirýän işi. Halkara kuwwat birligi 1 at güýji – 75 kg m/s deň.

**Aýlaw –** at çapdyrmak we atçylyga degişli dürli ýaryşlaryň we döwlet çäreleriniň geçirilýän ýeri. Aýlaw niwelirlenen tekiz ellips şekilli çapuw ýodalardan, tomaşaçylar üçin münberden, atlary saklamak üçin seýishanalardan we ýörite enjamlardan durýar.

**Aşgabat – Moskwa atly ýörişleri** 1935-nji we 1988-nji ýyllarda geçirilýär.

**Alaşa –** ata tarapy arassa tohumly we ene tarapy tohumy näbelli işçi atlar ýa-da onuň tersine çakyşdyrylyp alnan goşmak atlar. Alaşa atlar çydamlylygy bilen tapawutlanýar. B. Kerbabaýewiň “Aýgytly ädim” romanynda Halnazar baýyň Meleguş atly tohum aty, Artygyň bolsa alaşasy bar.

**Aýgyr –** ýabany atlaryň sürüsini dolandyrýan höwür aty.

**Badalga –** Atlary çapuwa goşup ugradýan mehaniki badalga – enjam. Mehaniki enjamyň ýok wagtynda atlara çapuwa ugradyjy emin tarapyndan badalga berilýär.

**Boýnow –** 1885-nji ýylda doglan Läläniňçepi atly atyň neslinden bolan ahalteke atlarynyň arasynda nesilbaşy atlaryň biri. Häzirki döwürde ahalteke atlarynyň aglaba köpüsiniň şejere arkasy Boýnowdan gaýdýar.

**Çapuw taby** – çapuw atyň seýsi ýetip çapuw bäsleşiklerine taýýar ýagdaýy.

**Çapuw hereketi –** öňürdikleme hereketiniň bir görnüşi, atyň doly güýjüne ýokary tizlikde ylgaw hereketi.

**Çapuw ýoda –** aýlawyň ellips şekilli we tekiz at çapylýan ýodasy.

**Çowgan –** atly top oýny.

**Çydamlylyk –** bellibir döwür wagt aralygynda atyň ýokary işeňňirlik ukybyny saklamagyna aýdylýar.

**Garader –** 1977-nji ýylda doglan, Kerwen we Ýelsona diýen atlaryň neslinden bolan ahalteke aty. Türkmenistanyň we Russiýanyň aýlawlarynda at çapyşyklara gatnaşyp şöhrat gazanan at. Ahalteke atlarynyň arasynda esasy ugurbaşy atlaryň biri.

**Gaýdyş pelle –** çapuw we atçylyk sporty ýaryşlara badalga berilýän ýer. Gaýdyş pellede uly sanlar bilen çapuw aralygy görkezilen sütünler dikilendir.

**Gatyr –** at bilen eşegi çakyşdyrylyp alnan gibrid – enesi baýtal atasy eşek. Örän çydamly we köp ýaşaýar.

**Gunan –** iki – üç ýaşyndaky atlar.

**Gulan –** gylýallar maşgalasynyň ýarym eşekler toparyna degişli, täk toýnakly ýabany haýwan.

**Depgin (temp) –** atyň dört aýagynyň gezekli-gezegine ýa-da jübüt-jübütden bir aýlaw hereketi.

**Debsilemek –** atyň böwrüne aýagyň bilen ýeňil kakyp, hereketini ugrukdyrmak.

**Deme gelmek –** baýtalyň jyns taýdan oýanyp, bogaz bolmaga ukyply möwriti.

**Marafon at çapyşyklary –** 25 kilometrden 160 kilometre çenli uzak aralyklara geçirilýän at çapyşyklar.

**Prżewalskiniň aty –** Mongol sähralarynda ýaýran ýabany at. Rus syýahatçysy S.Prżewalskiý tarapyndan öwrenilipdir.

**Rişme, teble –** atyň kellekisine salyp itmek, töwerekleýin aýlamak we daňmak üçin enjam.

**Emin –** at çapyşygy, atçylyk sporty ýaryşlarynyň düzgüne laýyk geçirilmegine gözegçilik ediji.

**Seçgilemek –** seçgi – tohumçylyk alamatlaryna baha berip atlary tohumçylyk gymmatyna görä tohumçylyk derejelere bölme – seçgilemek (bonitirowka etmek) bilen geçirilýär.

**Seýis** – atlary çapuw ýaryşlaryna seýisläp taýýarlaýan gadymy hünär eýesi, atçy hünärmen.

**Seýishana** – at ýatak, athana. Seýishananyň içi atlary biri-birinden aýrybaşga saklar ýaly teblehanalara bölünendir.

**Sport aty** – ýörite türgenleşdirmek bilen atçylyk sportunyň ýaryşlaryna gatnaşýan at.

**Tarpan** – adamlar tarapyndan gyrlyp gutaran ýabany at. Atçylyk edebiýatynda ýewropa we aziýa tarpany tapawutlandyrylýar. Gündogar halklaryň arasynda olara tulpar hem dipilýär.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragy** – 1992-nji ýyldan başlap aýlawlarda üçýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda 2800 m aralyga oýnalýan däp bolan uly baýrak.

**Türkmen eýeri** – oguz türkmenleri tarapyndan ýasalyp ata salnan ilkinji at esbaby.

**Toýhana** – at çapyşygynyň ýeňijileriniň hasaba alynýan ýörite sütün bilen bellenen soňky pellesi.

Toýhana sütüni tomaşaçylara we eminlere gowy görner ýaly münberiň öňünde ýerleşdirilýär.

**Ýanardag** – 1991-nji ýylda doglan, Ýalkymly we Dabaraly diýen atlaryň neslinden bolan ahalteke aty.1999-njy ýylda ahalteke atlarynyň halkara çempiony diýlip yglan edilýär.Ýanardagyň şekili 2000-nji ýyldan Türkmenistanyň döwlet Tugrasynda ýerleşdirilendir.

**Ýabanylaşan atlar** – öý atlarynyň özbaşyna meýdana kowlup örülerde köpelip, ýabany häsiýetleri ýüze çykan atlar.

**Ýomut aty** – müngi atlar toparyna degişli türkmen milleti tarapyndan döredilen gadymy oguz – türkmen atynyň bir şahamçasy. Uzakçyllygy we çydamlylygy bilen tapawutlanýar.

**Iňlis aty** – XVII asyrlarda Angliýada türkmen, arap atlary we gündogar ganly iňlis we golland baýtallary bilen çakyşdyrylyp döredilen sap arassa ganly müngi tohum aty. Dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýran we örän ýyndam at.

**Iýmahyr** – athanalaryň içindäki teblehanalarda iým salnyp, at iýmlenýän ahyr.

**Jübütleşdirme –** esasy seçgilenilýän alamatlary boýunça seçilip, köpeltmek üçin höwürlendirmäge bellenilen höwür at we baýtal jübüti.

**Ugur atlar –** beden gurluşy we nesliniň ýokary hilliligi, ýyndamlygy boýunça aýratyn tapawutlanýan, peýdaly gowy häsiýetleri boýunça meňzeş, ady belli atyň nesil toplum atlary.

**Ugurbaşy at –** ugruň düýbüni tutan at.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2009.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer.Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2011.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2011.

4. Ganatly bedewler. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2011.

5. Bedew – Galkynyşyň ganaty. W.M.Hramowyň redaksiýasy bilen. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.

6. *M.I.Belonogow.* Gylýalçylyk. Türkmenistan döwlet neşirýaty, Aşgabat, 1955.

7. *М.И.Белоногов.* Основные положения племенной работы с ахалтекинской породой лошадей. Aşgabat, 1955.

8. *К.В.Свечин и др.* Коневодство. Москва,1992.

9. *А.С.Красников.* Коневодство. Москва,1973.

10. *В.Сарианиди.* Древнее коневодство Маргианы. Behişdi – ahalteke atlary. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2007.

11. *B.Meredow.* Atçylyk sporty. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2009.

12. *B.Meredow.* Bedewlerimiz atçylyk sportda, milli at üstündäki oýunlarda we atly syýahat gezelençlerde. Behişdi – ahalteke atlary, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2008.

13. Государственная племенная книга ахалтекинской породы лошадей. Том V, Москва, 1975.

14. Sap ganly ahalteke tohum atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby. “Türkmen atlary” döwlet birleşigi. Aşgabat, 2003.

15. Behişdi ahalteke bedew atlary. “Türkmen atlary” döwlet birleşiginiň ýörite neşiri. 2002, 2007, 2008, 2009 ý.ý.

16. Türkmenistanyň aýlawlarynda ahalteke we ýomut tohum atlaryny synagdan geçirmegiň Kadalary. “Türkmen atlary” döwlet birleşigi, Aşgabat, 1997.

17. *Wolfgang Konig.* Achal-Teke zur Wirtschaft un Geseltschaf Einer Turkmenen. Berlin: Akademiye – Werlag. 1962.

18. *Todd Keith.* Auge Akhal-teke Brodmare Catalog studbuks. Florida – 2006.

19. *Horses.* Animal Genetik resurses of the USSR. FAO and UNEP. Rome, 1989.

**M A Z M U N Y**

Giriş ........................................................................................... 7
Garaşsyzlyk zamanasyna çenli Türkmenistanda
atçylygyň ýagdaýy ........................................................................... 15

**I bölüm. Türkmenistanda medeni atçylygy ösdürmegiň**
**döwlet maksatnamalary** ......................................................... 20

**II bölüm. Gylýallar maşgalasynyň ewolýusiýasy,**
**öýdekileşdirilişi**............................................................................ 28
Gylýallar maşgalasynyň ösüş ýoly ............................................. 28
Atlar maşgalasy we olaryň aýratynlyklary ................................ 31
Atlaryň eldekileşdirilişi we öýdekileşdirilişi ............................. 36
Atlaryň öý şertlerinde üýtgeýşi.................................................. 39
At barada düşünje ......................................................................... 40
Atçylygyň taryhy ösüş ýollary...................................................... 42
At tohumlaryny toparlara bölmegiň esaslary............................ 44

**III bölüm. Atlaryň anatomiýasynyň**
**we fiziologiýasynyň esaslary**...................................................... 48
Atyň skeleti ...................................................................................... 48
Skelet muskulaturasy .................................................................... 53
Deri örtügi......................................................................................... 56
Dem alyş organlary ........................................................................ 57
Gan we gan aýlanyş ...................................................................... 58
Atyň nerw ulgamy we gujurlylygy
(temperamenti)............................................................................... 60

**IV bölüm. Atlaryň beden gurluşy we daşky synasy** ............ 62
Atyň beden gurluşy ........................................................................ 62

Atyň synasy, syna agzalary ........................................................ 63
Atyň daşky synasyny öwrenmegiň ähmiýeti ........................................ 69
Atlarda duşýan ýetmezçilikler we kemçilikler ..................................... 82
Atlaryň gurluşynda jyns we ýaş aýratynlyklary.................................... 87
Atlaryň reňki, nyşanlary, lakamy ........................................................ 88
Atlary resmi ýazga almak, lakam (at) dakmak ...................................... 95
Atlaryň ýaşynyň kesgitlenilişi............................................................... 96
Atlaryň göwresiniň ölçegleri we ölçegleriniň
biri-birine gatnaşyklary ...................................................................... 104
Atlaryň diri agramynyň kesgitlenilişi .................................................. 108
Atlaryň semizligi we kondisiýasy........................................................ 108
Atlary gözden geçirmegiň we baha bermegiň tertibi ........................... 109
Atyň usully yzygider hereketleri......................................................... 111

**V bölüm. Atlaryň iş öndürijiligi we azyk önümliligi** ...................... 119
Iş atlary we olaryň ulanylyşy .............................................................. 119
Atlaryň iş öndürijiligi............................................................................ 119
Müngi atlaryň ulanylyşy ...................................................................... 128
Ata münmegiň tertibi ........................................................................... 130
Atlaryň atly syýahatda ulanylyşy.Atly syýahatyň ähmiýeti.................. 133
Atly syýahat ýörişiň gün tertibi............................................................ 136
At esbaplary ........................................................................................ 137
Gylýallaryň azyk önümliligi.et önümliligi............................................. 142
Baýtallaryň süýt önümliligi.................................................................. 144
Gymyz.................................................................................................. 146
Senagat usulda gymyz öndürmek ...................................................... 147

**VI bölüm. Atlaryň tohumlary** ........................................................... 149
Ahalteke sap ganly tohum aty ............................................................ 149
Döreýiş taryhy, türkmen medeni atçylygynyň bütindünýä
taryhy ähmiýeti ................................................................................... 149
Ahalteke atlarynyň syna – beden gurluşynyň aýratynlyklary............... 153
Ahalteke atlarynyň işjeňligi, halkara atçylyk sporty
ýaryşlarda gazananlary........................................................................ 156

Ahalteke atlarynyň dürli aralyklara görkezen
ýokary (rekord) ýyndamlyk görkezijileri ........ 161
Ahalteke atlarynyň içki tohumara görnükleri ........ 164
Ýomut tohum aty ........ 171
Arap arassa ganly tohum aty ........ 174
Iňlis arassa ganly tohum aty ........ 177
Atlaryň ýerli tohumlary ........ 180
Sähra atlary ........ 180
Daglyk ýerli atlary ........ 183
Tokaý atlary ........ 185
Gorgunly tohumlar ........ 186
Agyr ýük çekýän atlar ........ 188

**VII bölüm.Atlaryň köpelişi** ........ 189
Baýtallaryň köpeliş – biologik aýratynlyklary ........ 189
Jyns sikli ........ 191
Atlaryň we baýtallaryň jyns taýdan ýetişenligi
we höwürde ulanmagyň möhletleri ........ 193
Höwür möwsümine taýýarlyk işleri ........ 193
Höwre goýmagyň usullary ........ 194
Baýtallaryň bogaz – gysyrlygyny barlamak ........ 196
Baýtallaryň bogazlygy ........ 197
Gulunlamak ........ 198
Baýtallaryň taý atmagynyň öňüni almak ........ 199
Höwür atlaryň saklanylyşy
we iýmitlendirilişi ........ 200
Bogaz we taýly baýtallaryň saklanylyşy
we iýmitlendirilişi ........ 201
Taýlaryň ösdürilip ýetişdirilişi ........ 204

**VIII bölüm. Atlaryň seýislenilişi we aýlawlarda synag edilişi
(çapdyrylyşy)** ........ 214
Türkmen seýisçilik ýoly ........ 214
Seýisçilik barada nazary düşünje ........ 217
Atlary seýislemegiň häzirkizaman usulyýetleri ........ 220

Häzirkizaman türkmen seýisçilik ýoly ........ 220
Taýlaryň müngä öwredilişi ........ 221
Bir ýarym – iki ýaş aralygyndaky gunanlaryň seýislenişi ........ 223
Atlary aýlawda seýislemek we çapdyrmak ........ 227
Uzak aralyklara at çapyşyklaryna we atly ýörişlere atlary seýislemek ........ 231

**IX bölüm.Türkmen at çapyşyklary** ........ 237
Türkmen at çapyşyklarynyň döreýiş taryhy ........ 237
Aýlaw we onuň gurluşy ........ 238
Ahalteke we ýomut atlaryny aýlawlarda çapdyrmagyň tertibi we düzgünleri ........ 243
Çapuwlarda oýnalýan baýraklar ........ 246
Eminler topary we olaryň wezipeleri ........ 248

**X bölüm. Atçylyk sporty** ........ 250
Atçylyk sportunyň döreýiş taryhy ........ 250
Atçylyk sportunyň nusgawy – olimpiýa görnüşleri ........ 252
Atçylyk sportuna atlary seçip almak ........ 252
Atçylyk sportuna bellenen ýaş atlaryň birinji ýyl seýislenilişi ........ 253
Atly gezimiň ýokary mekdebi – gezim oýnatmak ........ 255
Atyň böküşi we böküşiň tilsimleri ........ 258
Päsgelçiliklerden atly bökmek (konkur – ippik) ........ 259
Päsgelçiliklerden bökmek boýunça atlaryň taýýarlanylyşy ........ 261
Atçylyk sportunyň üç görnüşli ýaryşlary ........ 263
Atçylyk sporty ýaryş meýdançalaryň gurluşy we enjamlaşdyrylyşy ........ 264
Türkmen milli at üstündäki oýunlary ........ 266

**XI bölüm. Ahalteke atlarynyň seçgi – tohumçylyk işleriniň esaslary** ........ 270
Ahalteke atlaryny Döwlet tohumçylyk kitabyna (AA DTK) ýazmagyň tertibi ........ 274
Ahalteke we ýomut tohum atlarynyň seçgilenilişi ........ 276
Atyň daşky syna agzalaryna we beden gurluşyna baha bermek ........ 283

Atyň işjeňligine baha bermek ..................................................................284
Atlara nesliniň hili boýunça baha bermek ..............................................286
Atlaryň göwre ölçeglerine baha bermek.................................................287
Atlary hatardan çykarmagyň (brak etmegiň)
we rejeleşdirmegiň tertibi ..........................................................................289

**XII bölüm.Ahalteke sap ganly tohum atlaryny**
**köpeltmegiň usulyýetleri** ........................................................................292
Ahalteke atlarynyň ugurlar boýunça köpeldilişi...................................292
Garaderiň ugry ..........................................................................................301
Ugrara çakyşdyrmak (kros) ýoly bilen köpeltmek................................311
Garyndaş däl köpeltmek ..........................................................................312
Dürli derejedäki garyndaşlykda köpeltmek ..........................................313
Ene baýtal maşgalasyny göz öňünde tutup köpeltmek ..........................314
Höwür atlara ene baýtallary jübütleşdirip höwre
bellemegiň usulyýetleri.............................................................................317
Atçylygy ösdürmekde döwlet çäreleri ...................................................320
Atlary uzak ýerlere äkitmegiň tertibi ....................................................324
Atçylyk dersine degişli adalgalar...........................................................327
Peýdalanylan edebiýatlar ........................................................................332

Bazarbaý Meredow

# ATÇYLYK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *J. Amanowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *Ö. Annamuhammedow* |

Çap etmäge rugsat edildi 24.08.2012. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy.
Edebi garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 20.5.
Şertli reňkli ottiski 82.25. Hasap-neşir listi 19.21.
Çap listi 20,5. Sargyt 1310. Sany 3000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.